

# Kazylaryň, aklawçylaryň we prokurorlaryň garaşsyzlygy we hasabatlylygy baradaky halkara ýörelgeleri

Birinji amaly gollanma

International Commission of Jurists

**Hukukçylaryň halkara komissiýasy**

Hukukçylaryň Halkara Komissiýasy (HHK), hökümete degişli bolmadyk guramasy hökmünde, dünýä böýunça kanunyň ýokary tutulmagyna düşünmek we bu ýörelgäni berjaý etmek hem-de adam hukuklaryny kanun tarapyndan goramak ýörelgelerini öňe sürýän guramadyr. Onuň esasy edarasy Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde ýerleşýär we dünýä boýunça onuň 85 milli bölümleri we şähamçalary wekil bolup işleýärler. Bu gurama Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Sosial Geňeşi, BMG-nyň Bilim, Ylym we Medeniýet guramasy, Ýewropa Geneşi hem-de Afrika Bileleşigi guramasy bilen maslahatçylyk aragatnaşyklardan peýdalanýar. HHK Amerikan döwletleriniň guramasynyň dürli bölümleri bilen hyzmatdaşlyk aragatnaşyklary saklaýar.

International Commission of Jurists

P.O. Box 91
33 Rue des Bains
CH-1211 Geneva 8
Switzerland
E-mail: info@icj.org
www.icj.org

# Kazylaryň, aklawçylaryň we prokurorlaryň garaşsyzlygy we hasabatlylygy baradaky halkara ýörelgeleri

Birinji amaly gollanma

© Hukukçylaryň Halkara Komissiýasynyň awtorlyk hukugy, 2007

HHK öz islendik çap edilen materiallaryndan aýratyn parçalary mugt çap etmekligi rugsat edýär we degişli salgylanmalaryň bellenilmegini hem-de çap edilen parçalaryň nusgasyny aşakdaky salgyda ýerleşýän HHK-nyň düýp edarasyna ugradylmagyny talap edýär:

**International Commission Of Jurists**
P.O. Box 91
33 Rue des Bains
CH-1211 Geneva 8
Switzerland
E-mail: info@icj.org
www.icj.org

® Kazylaryň, aklawçylaryň we prokurorlaryň garaşsyzlygy we hasabatlylygy baradaky halkara ýörelgeleri — Amaly gollanmasy (Ikinji neşir).

ISBN: 978-92-9037-118-8

Ženewa, 2007 ý.

Terjime. Ženewa, 2013 ý.

ISBN: 978-92-9037-245-5

# Kazylaryň, aklawçylaryň we prokurorlaryň garaşsyzlygy we hasabatlylygy baradaky halkara ýörelgeleri

Birinji amaly gollanma

International Commission of Jurists

Bu gollanma José Zeitune tarapyndan taýýarlanyldy we ýazyldy.
Federico Andreu-Guzmán tarapyndan hukukçylyk syny berildi we
Priyamvada Yarnell tarapyndan çap edilmegine ýardam berildi.

# MAZMUNY

Sözbaşy xi

BIRINJI BÖLÜM 1

Giriş 3

Halkara kanunda adyl kazyýet baradaky hukugyň berjaý edilmegi: bütindünýä we sebitleýin usullar 5

“Adaty kazy” barada ýörelge 8

Harby tribunallar 11

A. Kazylar 17

1. Garaşsyzlyk 17

Syn 17

Halkara standartlary 17

Häkimiýetiň bölünişigi baradaky ýörelge 18

Guramaçylyk garaşsyzlygy 20

Şahsy garaşsyzlyk 23

2. Ýüz görmezlik 27

Syn 27

Hakyky we emeli ýüz görmezlik 28

Kazynyň iş almazlyk baradaky hukuky borjy 29

3. Maliýe özbaşdaklygy we serişdeleriň ýeterligi 31

Syn 31

Maliýe özbaşdaklygy baradaky halkara standartlary 32

4. Esasy azatlyklar 35

Syn 35

Bileleşik baradaky azatlyk 35

Öz pikiriňi beýan etmek azatlygy 36

5. Kazylaryň wezipä bellenmegi 39

Syn 39

Wezipä bellemekligiň talaplary 39

Wezipä bellemek düzgünleri 42

Ses berme saýlawy 46

6. Iş möhletiniň we ýokary wezipelere çekilmegiň şertleri 47

Syn 47

Iş möhletiniň halkara standartlary 47

Iş möhletine täsir edýän tejribeler 48

Hünär boýunça ýokary wezipelere çekilme 49

7. Hasabatlylyk 51

Syn 51

Hasabatlylyk baradaky halkara düzgünleri 51

Halkara hadysalar kanun 55

B. Aklawçylaryň orny 59

Giriş 59

Aklawçylaryň garaşsyzlygy 59

Hukuk hünäriniň amala aşyrylmagynyň ähmiýetli kepillikleri 60

Hünärmenlik borçlary 62

Öz pikiriňi beýan etmek we bileleşme baradaky azatlyklary 63

Hasabatlylyk 64

C. Prokurorlaryň orny 67

Giriş 67

Ýüz görmezlik we obýektiwlik 67

Hünär başarnyklary, saýlanma düzgünleri we okuw taýýarlygy 68

Prokurorlaryň işiniň kepillikleri 68

Öz pikiriňi beýan etmek we bileleşik baradaky azatlyklary 69

Hünärmenlik borçlary 69

Düzgün-nyzam önümçiligi 71

IKINJI BÖLÜM 73

1. Birleşen Milletler Guramasy 75

A. Kazylaryň, aklawçylaryň we prokurorlaryň garaşsyzlygy boýunça ýörite standartlary 75

Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça Esasy Ýörelgeler 75

Aklawçylaryň orny boýunça Esasy Ýörelgeler 79

Prokurorlaryň orny boýunça Esasy Ýörelgeler 84

Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça esasy ýörelgeleri netijeli amala aşyrmak üçin düzgünler 90

Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça ählumumy Jarnamanyň Taslamasy 94

B. Ylalaşyk kadalary 107

Raýat we syýasy hukuklar boýunça halkara Pakty 107

Ähli migrant işçileriň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklarynyň goralmagy baradaky halkara Konwensiýasy 108

Çaganyň hukuklary boýunça Konwensiýasy 109

Ähli adamlaryň zorluk bilen ýitirim edilmezden goramak baradaky halkara Konwensiýa 110

C. Deklaratiw kadalar 111

Adam hukuklarynyň ählumymy Jarnamasy 111

Umumy ykrar edilen adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny goldamakda we goramakda aýratyn şahsyýetleriň, jemgyýet toparlaryň we guramalaryň hukuklary we borçnamalary baradaky Jarnama 112

D. Beýleki standartlar 113

Adam hukuklary boýunça Komissiýanyň 2004/33 belgili Kararnamasy 113

Adam hukuklary boýunça Komissiýanyň 2003/39 belgili Kararnamasy 114

Halkara jenaýat kazyýetinde aklawçylaryň özlerini hünär taýdan alyp barmak baradaky Kodeksi 115

Adyl kazyýeti harby tribunallar tarapyndan dolandyrmagyň ýörelgeleriniň Taslamasy 131

2. Beýleki ähumumy standartlar 133

Kazylaryň özüni alyp barmak baradaky Bangalor Ýörelgeleri 133

Kazylaryň ähumumy Hartiýasy 140

Halkara kazyýet edaralarynyň garaşsyzlygyna degişli Ýörelgeler ("Burg-Öýüniň Ýörelgeleri") 143

3. Ýewropa Geňeşi 149

A. Kazylaryň, aklawçylaryň we prokurorlaryň garaşsyzlygyna degişli ýöriteleşdirilen standartlar 149

Ministrler Komitetiniň kazylaryň garaşsyzlygy, netijeliligi we orny barada agza-döwletlere R (94) 12 belgili Maslahaty 149

Ministrler Komitetiniň aklawçy hünärini alyp barmagyň azatlygy barada agza-döwletlere R (2000) 21 belgili Maslahaty 154

Ministrler Komitetiniň agza-döwletlere jenaýat hukuk ulgamynda prokurorlaryň orny barada R (2000) 19 belgili Maslahaty 159

Kazylaryň statuty barada Ýewropa Hartiýasy we Düşündiriş Memorandumy 167

B. Şertnamalaýyn kadalar 183

Adam hukuklary we esasy azatlyklar boýunça Ýewropa Konwensiýasy 183

C. Beýleki standartlar 184

Adam hukuklary we terrorçylyga garşy göreşe degişli Ýewropa Geňeşiniň Ministrler Komitetiniň ýol görkeziji Ýörelgeleri 184

4. Amerikanyň döwletara ulgamy 185

A. Şertnamalaýyn kadalar 185

Adam hukuklary boýunça Amerikan Konwensiýasy 185

B. Deklaratiw kadalar 186

Adam hukuklarynyň we borçnamalarynyň Amerikan Jarnamasy 186

Amerikan döwletara demokratik Hartiýasy 187

5. Afrikan düzgünnamasy 188

A. Kazylaryň, aklawçylaryň we prokurorlaryň garaşsyzlygynyň ýörite talaplary 188

Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň Ýörelgeleri we Düzgünnamalary 188

B. Ylalaşyk kadalary 198

Adamyň we halklaryň hukuklary baradaky Afrikan Hartiýasy 198

Çaganyň hukuklary we abadançylygy baradaky Afrikan Hartiýasy 199

6. Ýewropa Bileleşigi 200

Ýewropa Bileleşiginiň esasy hukuklar baradaky Hartiýasy 200

7. Aziýa-Ýuwaş Umman 201

LAWASIA sebitinde kazyýet ulgamynyň garaşsyzlyk Ýörelgeleri baradaky Pekin Beýannamasy 201

8. Arkalaşyk döwletleriň milletleri 207

Parlamentiň ýokary tutulmagy we kazyýetiň garaşsyzlygy baradaky arkalaşygy boýunça Latimer Öýüniň Düzgünnamalary 207

Hökümetiň üç şahamçasynyň arasyndaky aragatnaşyklary we hasabatlylygy boýunça Arkalaşygyň Ýörelgeleri 210

9. Halkara gumanitar kanuny 213

1949-njy ýyldaky dört Ženewa Konwensiýalaryna degişli 3-nji madda 213

1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýasyna goşmaça we Halkara bolmadyk ýaragly söweşde ejir çeken adamlaryň goragy barada Resminama (Resminama I) 214

1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýasyna goşmaça we Halkara bolmadyk ýaragly söweşde ejir çeken adamlaryň gorag barada Resminama (Resminama II) 215

## Sözbaşy

50 ýyldan bäri, ýagny, döredilen ýylyndan başlap, Hukukçylaryň Halkara Komissiýasy (HHK) dünýä boýunça adam hukuklarynyň esasy goragy bolan adalat önümçiligini dogry hem-de peýdaly berjaý edilmegini öňe sürýär. Hyzmatdaş hukukçylar topary bolup, HHK hemişe adam hukuklary bozulmagyň pidasy bolup biljek adamlar üçin peýdaly maslahatlary hem-de goragy elýeterli etmekligi, we adam hukuklarynyň bozujylaryny jogapkärçilige çekmekligi kepillendirýan adalat ulgamynyň eýe bolýan ornuna esasy üns berýärler. Bu topar jenaýatda gümana edilen her bir adamyň işine kazyýet tarapyndan halkara standartlaryna laýyklykda adyl seredilmegini, we häkimiýetiň ýerine ýetiriji hem-de kanun çykaryjy şahamçalary tarapyndan halkara adam hukuklaryna we kanunyň ýokary tutulmagyna laýyklykda berjaý edilmegini goraýandyr.

Dürli sebitlerde we cägi degişli territoriýalarda, HHK her bir şahsyýetiň işine garaşsyz we ýüz görmezli adyl kazyýet tarapyndan seredilmegini üpjün edýän standartlaryny ösdürmeginiň we berjaý edilmeginiň dürli ýollaryny tapmaklyga çalyşýär.

Kanunçylyk ulgamynyň garaşsyzlygyny we adam hukuklaryny işjeň goramak baradaky meseleleriniň üstünde işlemekde HHK guramasy 25 ýyldan gowrak baý tejribe gazanandyr. Onuň Kazylaryň we aklawçylaryň garaşsyzlygy baradaky Merkeziniň kömegi bilen, HHK kazyýetiçiligiň we kanunçylygyň garaşsyzlygyny, hem-de BMG-nyň kazyýetçiligiň garaşsyzlygy we aklawçylaryň orny baradaky Esasy Ýörelgelerini öňe sürýan we goraýan amaly usullary taýýarlamagyna synanyşýar.

Bu amaly gollanmanyň ikinji, täzelenen neşiri kazylaryň, aklawçylaryň we prokurorlaryň garaşsyzlygy we hasabatlylygy boýunça halkara ýörelgelerinden peýdalanmak baradaky amaly düşündirişleri içine alýar. Ähli degişli standartlary we kazyýetçilik işiniň tejribesinden mysal alnan ýagdaýlaryň seljermeginiň üsti bilen, bu Gollanma döwletleriň dolandyryjy edaralarynyň adyl kazyýeti berjaý etmek syýasatyny ösdürmekde we ýurduň kanunçylyk ulgamyna baha bermekde hem-de halkara standartlaryny berjaý etmekligi göz öňünde tutýan teklipleri anyk düzmekde ýardam berýär. Munuň bilen bilelikde, Gollanma şu mowzuga degişli halkara standartlarynyň tekstleri bilen üpjün edýär we, şeýlelikde, HHK-nyň 1990-njy ýylda çap edilen ýygyndysynyň täze neşirini hem-de öňki neşiri öz içine alýar.

Gollanma adam hukuklarynyň syýasaty we goramaklygy boýunça usulyýet hökmünde, kazylar, amaly aklawçylar, karar çykaryjylar, okuw jaýlary we adam hukuklaryny goraýan guramalary üçin olaryň işlerinde, ýagny kazylaryň okuw taýdan taýýarlanmagyndan başlap, halkara standartlaryna laýyk kanunlary we öňde görüjilik syýasatyny kabul etmegi öz içine alýar.



Nicholas Howen (1960–2010)
Baş Sekretar

# BIRINJI BÖLÜM

## Kazylaryň, aklawçylaryň we prokurorlaryň orny

*"Kazyýet önümçiligi, onuň içinde hukuk goraýjy we prokuratura edaralary, we, ylaýtada, garaşsyz kazyýetçilik we aklawçy edaralaryň işgärleri üçin, adam hukuklary baradaky halkara şertnamalarda bellenen degişli standartlaryna doly derejede laýyklykda, adam hukuklaryny ählitaraplaýyn we kemsitmeýän usulda berjaý etmek üçin aýratyn ähmiýeti bardyr we demokratiýa we durnukly ösüş bilen bagly işleriň aýrylmazys bölegidir"*[1].

# Giriş

Her bir döwletde kanunçylyk ulgamy adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramakda merkezi oruny tutýandyr. Kazyýetler adam hukuklary bozulan pidalara ýada pida bolup biljek adamlara peýdaly goldaw we gorag bermekde, adam hukuklarynyň bozujylaryny jogapkärçilige çekmekde, hem-de jenaýatda gümana edilen adamlaryň halkara standartlaryna laýyklykda adyl kazyýet tarapyndan işlerine seretmegini üpjün etmekde uly orun tutýandyr. Kazyýet ulgamy hökümetiň beýleki şahamçalarynyň arasynda esasy barlag we deňagramlylyk saklaýan bolup hyzmat edyar we kanun çykaryjy edaralaryň kabul eden kanunlarynyň hem-de ýerine ýetiriji edaralaryň amala aşyrýan işleriniň halkara adam hukuklaryna we kanunyň ýokary tutulmagyna degişli resminamalaryna gabat gelýandigini üpjün edýär.

Bu aýgytly orun adam hukuklary bilen bagly meseleleriň üstünde işleýän ähli hökümetara ulgamlarynda aýratyn bellenilendir. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy bu barada birnäçe gezek nygtady, ýagny "kanunyň ýokary tutulmagy we adyl kazyýetiň dogry ýerine ýetirilşi [...] adam hukuklaryny goramakda merkezi orun tutýandyr"[2] hem-de "adam hukuklary baradaky halkara şertnamalarda bellenen degişli standartlaryna doly derejede laýyk hereket edýän,kazyýet önümçiligi, onuň içinde hem hukuk goraýjy we prokuratura edaralary, we, ylaýtada, garaşsyz kazyýet we aklawçy edaralar, adam hukuklaryny ählitaraplaýyn we kemsitmeýän usulda berjaý etmek üçin aýratyn ähmiýeti eýeleýändir we demokratiýa we durnukly ösüş bilen bagly işleriň aýrylmazys bölegidir"[3].

"Adam hukuklaryny berjaý etmekde kanunyň ýokary tutulmagynyň ähmiýeti barha güýçlenýär, hem-de adam hukuklaryny goramakdaky kazylaryň we aklawçylaryň orny indi has-da giňden tanalýar"[4] diýip, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary aýratyn belläp geçdi.

Bu babatda Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy şeýle belledi: "Hukuklary kepillendirmeklik diýmek hukuklary kesgitlemek we goramak

---

1 *Wena Jarnamasy we Iş Meýilnamasy*, 1993-nji ýylyň 25-nji iýunynda Wenada geçirilen Adam hukuklary boýunça bütindünýä Konferensiýasy, 27-nji paragraf.

2 Mysal üçin, ser.: 1993-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky 50/181 belgili, we 1992-nji ýylyň 20-nji dekabryndaky 50/181 belgili, "Adalaty berjaý etmekde adamyň hukuklary" atly kararnamalar.

3 Şol ýerde.

4 *Kanunyň ýokary tutulmagyny güýçlendirmek — Baş Sekretaryň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna hasabaty*, BMG-nyň resminamasy A/57/275, 41-nji paragraf.

üçin degişli kanunçylyk serişdeleriň bolmagyny, hem-de mümkinçilik, kanunylyk we oýlanyşyklylyk talaplarynyň çaklerinde bellenilen, kadalaşdyryjy ýörite ygtyýarlygy boýunça hereket edýän, hökmany suratda kanunçylygy berjaý edýän, bilermen, garaşsyz, we ýüz görmez kazyýet edarasynyň gatnaşmagyny aňladýandyr"[5]. Şuňa meňzeşlikde, "kazyýet ulgamyň garaşsyzlygy adam hukuklary hakykatda berjaý edilmeginiň esasy şertidir"[6] diýip Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy belläp geçdi. Şunuň bilen bilelikde, Komissiýa "[k]azyýet tarapyndan işe adyl seredilmek hukugy demokratik jemgyýetiň esasy söýegleriň biridir" diýp öz pikirini bildirdi. "Bu hukuk Konwensiýada bellenilen beýleki hukuklarynyň berjaý edilmeginiň esasy kepilligidir, sebäbi bu hukuk hökümet ygtyýarlygyny bikanun ulanmaklygyny çäklendirýär"[7].

## Garaşsyzlyk we ýüz görmezlik

Garaşsyz we ýüz görmez kazyýetleriň bolmaklygy ýuridiki ulgamynyň özenidir we ol adam hukuklaryny doly möçberde halkara adam hukuklary baradaky kanuna laýyklykda kepillendirýändir. Her bir ýurduň konstitusiýasy, kanunlary we döwletiň esasy ugur düzgünleri kazyýet ulgamynynyň döwletiň beýleki şahamçalaryndan garaşsyzlygyny kepillendirmelidir. Kazyýet ulgamynyň içinde kazylar, aklawçylar we prokurorlar öz hünärlerine degişli borçlaryny syýasy goşulmasyz ýerine ýetirmäge erkin bolmalydyrlar hem-de kanun boýunça we durmuşda, adam hukuklaryny goramak bilen bagly öz hünärlerine degişli işleri ýerine ýetirmekde, hüjümden, zorlukdan ýada aňtamadan goralmalydyr. Olar öz gezeginde adam hukuklaryny işjeň goramalydyrlar, adamlaryň öňünde hasabat bermeli we milli we halkara kanun tarapyndan laýyk gelýän ahlak taýdan ýokary derejede bolmalydyr.

Emma kazylar, aklawçylar we prokurorlar, köplenç, ýeterlikli hünär boýunça başarnyklarynyň, okuw taýýarlygynyň we serişdeleriň ýetmezçiligi sebäpli, we şolaryň arasynda halkara adam hukuklary boýunça kanunlary barada hem-de olary öz ýurtlarynda ýerine ýetirmekligiň usullary barada ýörelgeleriniň ýetmezçiligi sebäpli, adamyň hukuklaryny goramak bilen bagly wezipelerini doly derejede ýerine ýetirip bilmeýärler.

Kazylar, aklawçylar we prokurorlar, edil beýleki adamlar ýaly, adam hukuklaryndan peýdalanýarlar we, muňa garamazdan, olar ýörite goralmalydyr, sebäbi olar ilat üçin adamyň hukuklarynyň esasy kepillendirijileri bolup hyzmat edýärler. Eger kazylar delilleri dogry kesgitläp bilmeseler, we olara degişli milli ýa-da halkara kada kanunlary ulanyp bilmeseler, kazyýet önümçiligi öz erkine we nädogry hereket edýär. Aklawçylar öz müşderileri bilen erkin gürleşip bilmeseler, jenaýat önümçiligine gatnaşýan iki tarapyň deň seredilmegini talap edýän, gorag baradaky hukuk we iki tarapyň deňligi baradaky hukuk berjaý edilmeýär. Eger prokurorlar öz işleri bilen bagly howpa sezewar bolanda goralmasa, olaryň jenaýat işi derňemek borçlary berjaý edilmegine negatiw täsir edýär.

Emma, bu ýörite goranmaklyk ýorite jogapkärçilikler bilen baglydyr. Kazylaryň garaşsyzlygy baradaky ýörelgesi olara şahsy peýda görmek üçin niýetlenen däldir; onuň esasy maksady şahsy adamlary häkimiýeti bikanun ulanmakdan goramakdyr.

---

[5] *Çaganyň kanuny ýagdaýy we adam hukuklary*, Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Kazyýetiniň (AHADK) tamamlaýyjy maslahaty OC-17/2002, 2002-nji ýylyň 28-nji awgusty, 120-nji paragraf.

[6] *Kubada adamyň hukuklary baradaky ýagdaý: Ýedinji hasabaty*, OEA/Ser.L/V/II.61, doc. 29, rev. 1, OAS resminamasy, 1983, IV bap, 2-nji paragraf.

[7] 78/02 belgili Hasabat, 11.335 iş, *Gaý Malary Gaiti garşy,* 2002-nji ýylyň 27-nji dekabry, 53-nji paragraf.

Netijede, kazylar çozgüt çykaranlarynda delilsiz, öz şahsy pikirlerine dälde, ýagny, kanuny delillere esaslanmalydyr. Prokurorlaryň borjy bolsa, kimiň edenine garamazdan, adam hukuklarynyň bozulmagy bilen baglanyşykly ähli işleri derňemek we aňtamakdan ybaratdyr. Aklawçylar bolsa, öz gezeginde, işlerinde elmydama aklanyjylaryň bähbitlerini göž öňüňde tutmalydyrlar.

Şonuň üçin kazylar, aklawçylar we prokurorlar adyl kazyýet baradaky hukugy berjaý edilmeginiň özenidirler. Eger olar öz wezipelerini dogry usulda ýerine ýetirmäge mümkinçilikleri bolmasa, kanunyň ýokary tutulmagy we adyl kazyýet baradaky hukugyň berjaý edilmegi uly howp astyna salynýar.

## Halkara kanunda adyl kazyýet baradaky hukugyň berjaý edilmegi: bütindünýä we sebitleýin usullar

Adam hukuklaryna degişli ähli umumy bütindünýä we sebitleýin usullar, garaşsyz we adyl kazyýet ýada tribunal tarapyndan işe seredilmegi (jenaýat, raýat, düzgün-nyzam we administratiw meseleler boýunça) baradaky hukugyň berjaý edilmegini kepillendirýärler.

### Halkara şertnamalar

Halkara şertnama — döwletleriň arasynda we/ýada döwletara guramalaryň arasynda baglaşylan, halkara ýazgyda bellenilen, we halkara kanun tarapyndan kadalaşdyrylýan ylalaşykdyr[8]. Taraplaryň halkara şertnama berýän ady (ylalaşyk, konwensiýa, şertnama, protokol we ş. m.) bu ýerde ähmiýetli däldir; esasy üns şertnamanyň mazmunyna we kesgitlemelerine hem-de taraplaryň ylalaşygy baglaşmaga bolan meýillerine berilýär. Şertnamada hemişe gol çekýän taraplaryň şertnamanyň hukuk taýdan borçlandyrýanlygy barada maddalar bardyr.

Şertnamanyň taraplary, halkara kanuna laýyklykda, şertnamanyň düzgünlerini wyždanlylyk bilen berjaý etmäge we amala aşyrmaga borçludyrlar, şol bir wagtda döwlet öz içki kanunyň düzgünlerine salgylanyp, halkara şertnamany ýerine ýetirmekden boýun gaçyryp bilmeýär[9].

160 dowletler tarapyndan gol çekilen we tassyklanan, *Raýat we syýasy hukuklar baradaky halkara Pakty (RSHHP)*, 14(1) maddasynda aýratyn belläp geçýär, ýagny "ähli adamlar kazyýetleriň we tribunallaryň öňünde deňdirler" we "kazyýetde her bir adama garşy jenaýat günäkärligi, ýada onuň hukuklary we borçlary kesgitlenende, onuň işine, jemgyýet üçin açyk, kanuna laýyk bellenen tertipde düzülen, doly ygtyýarly, garaşsyz we adyl kazyýet tarapyndan seredilmegine hukugy bardyr". Adam hukuklary baradaky komiteti, Paktyň düzgünlerini döwletler tarapyndan berjaý edilşine gözegçilik edýän edarasy hökmünde, "bu hukuk adamyň aýratyn hökmany hukugydyr, we hiç bir özgertmelere tabyn däldir"[10], diýip, garaşsyz we adyl kazyýet hukuk barada aýdyň we takyk

---

[8] Ser. *Şertnamalaryň kanunlary baradaky Wena Konwensiýasy*, 1-nji madda, we *Döwletleriň we halkara guramalaryň arasynda ýa-da halkara guramalaryň arasyndaky şertnamalaryň kanunlary baradaky Wena Konwensiýasy*, 2-nji madda.

[9] *Şertnamalaryň kanunlary baradaky Wena Konwensiýasy*, 26-njy we 27-nji maddalar.

[10] 263/1987 belgili Habar, *M. Gonzalez del Río Peru garşy* (1992-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda kabul edilen pikirler, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/46/D/263/1987 (Ýurispridensiýa), 5.2 paragraf.

belleýär. Komitet goşmaça şeýle belleýär: uruş ýada adatdan daşary ýagdaýyň bolan wagtynda “diňe kazyýet adamyň işine seredip, jenaýat etmişi üçin hökum çykaryp we jogapkärçilige çekip biler” [11]. Bu hukuk adaty ýada ýörite ýagdaýlara garamazdan, ähli halatlara we ähli kazyýetlere, ýagny adaty we ýörite kazyýetlere hem, degişlidir.

Şuna meňzeşlikde, *Ähli migrant işçileriň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklarynyň goralmagy baradaky halkara Konwensiýasynyň* 18(1) maddasyna laýyklykda, “[m]igrant işgärler we olaryň maşgala agzalary [...] kanuna laýyk bellenen tertipde işlerine doly ygtyýarly, garaşsyz, adyl we jemagatda açyk seredilmegine hukugy bardyr”.

Sebit derejesinde bolsa, *Adam hukuklary baradaky Amerikan Konwensiýasynyň* 8(1) maddasy şeýle belleýär: “her bir adam, belli bir jenaýatda günäkärlenen halatynda, ýada adamyň raýatlyk, zähmet, maliýe ýada beýleki hukuklaryny we borçlaryny dikeltmek maksady bilen, degişli kepillikleri bolan hem-de tiz wagtyň içinde, öňünden kanun tarapyndan bellenilen, doly ygtyýarly, garaşsyz, adyl we jemagata açyk tertipde işine seredilmegine hukuklydyr”.

Başga sözler we meňzeş terminler bilen aýdanymyzda, *Adamyň we halklaryň hukuklary baradaky Afrikan Hartiýasynyň* 7(1) maddasyna laýyklykda, “her adam öz işiniň derňewlenmegine hukugy bar” we bu hukuk “doly ygtyýarly kazyýet ýada tribunal tarapyndan günäkärligi subut edilýänçä günäsiz hasaplanmak” we “göwnejaý wagtyň içinde doly ygtyýarly, garaşsyz we adyl kazyýet ýa-da tribunal tarapyndan seredilmegine hukugy” öz içine alýandyr. Bu madda Hartiýanyň 26-njy maddasynda bellenilen beýannamasy bilen bilelikde okalmalydyr, ýagny agza döwletler “kazyýetleriň garaşsyzlygyny doly derejede upjün etmäge borçludyr”. Adamyň we halklaryň hukuklary baradaky Afrikan hartiýasy “raýatlara iň pes derejede gorag” bilen üpjün edýandigi sebäpli, 7-nji maddasynyň “üýtgedilmesiz diýlip hasaplanylmalydyr” [12], diýip belleýär.

*Adam hukuklary baradaky Ýewropanyň Konwensiýasynyň* 6(1) maddasy: “her bir adamyň raýatlyk hukuklaryny we borçlaryny dikeltmek üçin ýada belli bir jenaýatda günälemäni kesgitlenmek üçin, ähli adamlar delilli wagtyň içinde kanun tarapyndan bellenilen doly ygtyýarly, garaşsyz, adyl kazyýet tarapyndan we jemagat üçin açyk tertipde işine seredilmegine hukuklydyr”, diýip ýörite kesgitleýär.

Adyl kazyýet tarapyndan işe seredilmek hukugy halkara gumanitar kanunda hem bellenilendir. Ženewa konwensiýalarynyň Birinji Protokolynyň 75(4) maddasynda şeýle belleýär: “ýüz görmez we adaty tertipde, umumy kazyýet önümçiliginiň düzgünlerini berjaý etmek bilen düzülen kazyýet tarapyndan höküm çykarylan halatlaryndan daşary, ýaragly söweş ýagdaýynda jenaýat etmişde günäkärligi subut edilen adama hiç bir höküm çykarylyp we hiç jeza ýerine ýetirilip bilinmez” [13].

---

11 Adam hukuklary baradaky Komitet, *29 belgili Umumy Düşündiriş—Adatdan daşary hadysalar* (4-nji madda), CCPR/C/21/Rev. 1/Add. 11, 2001-nji ýylyň 31-nji awgusty, 16-njy paragraf.

12 Adamyň we halklaryň hukuklary baradaky Afrikan Komissiýasy, *Raýat azatlyklar guramasy, Ýuridiki goragyň merkezi, Ýuridiki gorag we kömek baradaky taslama Nigeriýa garşy*, 218/98 belgili Habar, 29-njy nobatdaky Sessiýasynda kabul edilen çözgüt, 2001-nji ýylyň 23-nji aprel—7-nji maý arasy, 7-nji paragraf.

13 Bu Ýörelgeler aşakdykary içine alýar, ýagny: “(a) düzgünler boýunça günäkärlenýän adam, oňa garşy yglan edilýän jenaýatyň aýratynlyklary barada habarly edilmeli we suddan öň we dowamynda ähli hukuklary we goranmak serişdeleri bilen üpjün edilmelidir; (b) hiç bir kişi şahsy jenaýat jogapkärçilikden daşary, jenaýat üçin ýyl kesilip bilinmez; [...]; (d) her bir kişiň jenaýat üçin günäkärligi kanun boýunça subut edilýänçä günäsiz hasaplanylýar, we (e) jenaýatda günäkärleýän her bir kişiniň öz gatnaşmagynda işine seredilmek hukugy bardyr”.

### Deklaratiw (düşündiriji) düzgunnamalar

Deklaratiw düzgünnamalaryň hökmany hukuky jogapkärçilik häsiýeti ýokdur, emma olar adam hukuklary baradaky birnäçe mowzuklaryň giňden tanalýan standartlaryny kesgitleýärler. Umuman, bu düzgünnamalar, ylaýtada, Birleşen Milletler Guramasynyň çäginde kabul edilenler, halkara kanuny hem içine alýandyr.

Bu düzgünnamalaryň köpüsi şertnamalarda we, kä halatlarda, umumy halkara kanunda bellenilen kadalary hem içine alýarlar. Meselem, *Aklawçylaryň orny boýunça BMG-nyň esasy Ýörelgeleriniň* 1-nji Ýörelgesi (ýuridik wekilçiligi baradaky hukuk boýunça) RSHHP-nyň 14-nji maddasynyň 3(d) paragrafynda belenen hukugy gaýtalaýar.

Deklaratiw düzgünnamalaryň birnäçesi garaşsyz we adyl kazyýet tarapyndan işe seredilmek hukugy barada maddalary içine alýarlar. 1948-nji ýylda BMG-nyň Baş Assambleýasynda kabul edilen *Adam hukuklary baradaky ählumumy Jarnamasy* "Her bir adam, kazyýetde oňa garşy jenaýat günäsi, ýada onuň hukuklary we borçlary kesgitlenende, onuň işine, jemagat üçin açyk, kanuna laýyk bellenen tertipde düzülen, doly ygtyýarly, garaşsyz we adyl kazyýet tarapyndan seredilmegine hukuklydyr". *Adam hukuklary hem-de terrorizme garşy göreş baradaky Ýewropa Geňeşiniň Ministrler Komitetiniň Düzgünleriniň* IX ýörelgesiniň [14] belleýşine görä, "[t]errorçylyk hereketlerde günäkärlenen adam [...] kanun tarapyndan bellenilen, adyl we garaşsyz kazyýet tarapyndan işine seredilmegine [...] hukuklydyr", diýip nygtaýar. *Ýewropa Bileleşiginiň esasy hukuklaryň Hartiýasynyň* 47-nji maddasy şeýle nygtap geçýär: "Her bir adamyň kanun tarapyndan bellenilen adyl we ýüz görmez kazyýet tarapyndan öz işine seredilmegine hukugy bardyr". *Adam hukuklary we borçlary baradaky Amerikan Jarnamasynyň* XXVI maddasy "[...] Jenaýat etmişde günäkärlenen her bir adam hereket edýän kanunlara layyklykda öňünden bellenilen kazyýetler tarapyndan işine seredilmegine [...] hukuklydyr".

> *Garaşsyz we adyl kazyýet tarapyndan işine adalatly seredilmek baradaky hukuk diňe halkara şertnamalarda bellenilmän, ol umumy halkara kanunyň hem bir bölegidir. Şonuň üçin bu şertnamalara goşulmadyk ýada olary tassyklamadyk döwletler şonda-da bu hukugy berjaý etmeli we öz kazyýet ulgamlaryna degişli özgertmeleri girizmelidirler.*

## "Adaty kazy" barada ýörelge

"Adaty kazy" *(juez natural)* ýörelgesi adyl kazyýet baradaky hukugynyň esaslandyryjy kepillendirijisidir. Bu ýörelge bilen laýyklykda her bir adamyň işine diňe adaty, öňünden bellenilen, doly ygtyýarly tribunal ýada kazy tarapyndan seredilmelidir we ondan daşary edaralaryň we guramalaryň işe seretmäge ygtyýarlyklary ýokdur. Bu ýörelgäniň netijesinde ähli adatdan daşary, ýörite belli bir ýagdaýa gabatlap gurnalýan, nobatdan daşary, *ex post facto* we ýörite kazyýetler gadagandyr. Emma bu gadagan etmeklik ýöriteleşdirilen ygtyýarlyk (ýurisdiksiýa) meselesi bilen çalşyrylmaly däldir. "Adaty kazy" baradaky ýörelge kanunyň we kazyýetleriň öňünde Iki taraplaýyn deňlik

[14] 2002-nji ýylyň 11-nji iýulynda Ýewropa Geňeşiniň ministrler orunbasarlarynyň 804-nji Sessiýasynda kabul edilen *Adam hukuklary hem-de terrorizme garşy göreş baradaky Ýewropa Geňeşiniň Ministrler Komitetiniň Düzgünleri*.

ýörelgesine esaslanýar, we bu, öz gezeginde, kanunlaryň adam hukuklaryny kemsitmeli däldigini ýada kazylar tarapyndan hukuklary kemsidýän usulda ulanmaly däldigini aňladýandyr. Muňa garamazdan, Adamlaryň hukuklary baradaky Komitetiň belleýşine görä, “[k]anunyň öňünde deň bolmak hukugy hem-de hiç hili kemsitmesiz kanun tarapyndan deň gorag bilen üpjün edilmek hukugy, adamlara ýüzlenmekde we gatnaşmakda her bir tapawutlylyk kemsidiji diýlip hasaplanylýan däldir”[15]. Emma, Komitetiň birnäçe gezek gaýtalap düşündirişine görä, bu tapawutlylyk diňe delilli we obýektiw talaplara esaslanan halatlarynda ýerlikli diýlip hasaplanylýandyr[16].

Adam hukuklary baradaky komissiýasy öz kararnamalarynyň birnäçesinde “adaty kazy“ baradaky ýörelgesini gaýtalap nygtaýar. Meselem, 1989/32 belgili Kararnamada, Komissiýa *Singhwi Jarnamasy* at bilen tanalýan, *Kazyýetiň garaşsyzlygy baradaky ählumumy Jarnamasynyň Taslamasynda*[17] bellenen ýörelgelerini göz öňünde tutmaklygy döwletlere maslahat berýär. Jarnamanyň 5-nji maddasynda şeýle aýdylýar: “(b) Kazyýete berlen degişli ygtyýarlyklarynyň ornuny tutmak maksady bilen hiç hili ýörite *(ad hoc)* belli bir ýagdaýa gabatlap gurnalýan kazyýet edaralary döredilmeli däldir; (c) Her bir adam, işine delilli wagtyň içinde, hem-de bikanun sebäplere görä gijikdirilmän, adaty kazyýet ýada kazyýet tribunaly tarapyndan seredilmegine hem-de kanuna laýyk bellenilen tertipde, täzeden seredilmegine hukuklydyr; [...] (e) Şular ýaly adatdan daşary ýagdaýlarda döwlet her bir jenaýatçylykda günäkärlenen raýatlaryň işlerine adaty raýat kazyýetler tarapyndan seredilmegine çalyşmalydyr”. Ýene-de “kazyýet ulgamynyň dogruçyllygy we para almazlygy” baradaky iki kararnamalary belläp geçmelidir, ýagny “her bir adamyň işine, kanun tarapyndan bellenen tertipde, adaty kazyýet ýada kazyýet tribunaly tarapyndan seredilmegine hukugy bardyr hem-de adaty kazyýetlere ýada kazyýet tribunallara berlen, degişli ygtyýarlyklarynyň ýerine çalyşmak maksady bilen agzalan düzgünleri berjaý etmeýän kazyýetler döredilmeli däldir”[18] Komissiýa gaýtalap nygtaýar.

- Ýöriteleşdirilen kazyetleriň ýada ygtyýarlyklaryň ulanylmagy giňden ýaýrandyr hem-de seredilýän meseleleriň aýratynlygy bilen şertlendirilýändir. Meselem, ýöriteleşdirilen ygtyýarlyklar köp hukuk ulgamlarynda zähmet, administratiw, maşgala we täjirçilik meseleler bilen işlemek üçin ulanylýandyr. Goşmaça hem, ýöriteleşdirilen ygtyýarlyklar jenaýatçylyk işlerde adatdan daşary ýagdaýlarda, belli bir ýerde asly oturymly ilat toparlary ýada kämillik ýaşyna ýetmedik ýaşlar ýaly, belli bir taraplar üçin, halkara kanuna laýyklykda ulanylýar hem-de seredilýän jenaýat seljeriş işleri alnyp barylýan adamlaryň aýratynlyklary bilen şertlendirilýär.

---

15 172/1984 belgili Habar, *S. W. M. Brooks Niderland Patyşalygyna garşy*, (1987-nji ýylyň 9-njy aprelinde kabul edilen aňlamalar), BMG-nyň resminamasy, Supp. 40 (A/42/40) at 139, VIII.B goşulma, 13-nji paragraf. Ser. hem-de, geýlekileriň arasynda: 182/1984 belgili Habar, *Zwaan-de-Vries Niderland Patyşalygyna garşy*, (1987-nji ýylyň 9-njy aprelinde kabul edilen aňlamalar), BMG-nyň resminamasy, Supp. No. 40 (A/42/40) at 160, VIII.B goşulma; 196/1985 belgili Habar, *Ibrahima Gueye we beýlekiler Fransiýa garşy* (1989-njy ýylyň 3-nji aprelinde kabul edilen aňlamalar), BMG-nyň resminamasy CCPR/C/35/D/196/1985; we 516/1992 belgili Habar, *Alina Simunek Çehiýa Respublikasyna garşy* (1996-njy ýylyň 19-njy iýulynda kabul edilen aňlamalar, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/54/D/516/1992.

16 Şol ýerde.

17 *Singhwi Jarnamasy* Kazyýetiň garaşsyzlygy baradaky Birleşen Milletler Guramasynyň Esasy Ýörelgelerine esas bolup durdy.

18 2002-nji ýylyň 22-nji aprelindäki 2002/37 belgili we 2003-nji ýylyň 23-nji aprelindäki 2003/39 belgili Kararnamalarynyň 2-nji kararnama paragrafy.

Adam hukuklary baradaky komiteti tarapyndan “adaty kazy” ýörelge barada täsirli derejede hukuk ylmy ösdürilen däldir. Emma, Komitet “adatdan daşary” ýada ýörite kazyýet meselelerine belli bir derejede seredip çykdy. Adatça, ýörite kazyýetleriň “Paktyň 14(1) maddasyna aslyýetinde deň gelmeýänligini” bellemeýär.

- 1984-nji ýylda kabul edilen, *13-nji Umumy Düşündirişinde* Adam hukuklary baradaky Komiteti şeýle belleýär: “14-nji maddasynyň düzgünleri ähli adaty ýada ýöriteleşdirilen kazyýetlere we tribunallara, şol maddanyň çäklerinde degişlidir. Komitet köp ýurtlarda raýatlaryň işine seredýän harby we ýörite kazyýetleriň barlygyny belläp geçýär. Bu ýagdaý deň hukukly, adyl we garaşsyz adalatyň berjaý edilmekligine howp döretmegi mümkindir. Köplenç bular ýaly kazyýetleriň döredilmegi adalatyň adaty düzgünlerine gabat gelmeýän, adatdan daşary düzgünleri berjaý etmeklik bilen baglydyr. Pakt bu kazyýetleriň toparlaryny gadagan etmese-de, ol raýatlaryň işine bu kazyýetde seredilmegi örän seýrek ýagdaýda bolmalydygyny hem-de 14-nji maddada bellenen kepillikler doly möçberde berjaý edilmegine şert döredilmegini anyk düşündirýär. [...] Eger döwletler, ýurt derejesinde adatdan daşary ýagdaý dörän wagtynda 4-nji maddada aýdylşy ýaly, 14-nji maddada talap edilýän adaty düzgünleri ýatyrmaklygy karar etseler, olar bu adatdan daşary ýagdaýyň talabynyň çäginden çykmaly däldir hem-de 14-nji maddanyň 1-nji paragrafynda bellenen şertlerini göz öňünde tutumalydyr” [19].

Soňky ýyllarda Komitet birnäçe gezek gaýtalap, ýörite kazyýetleriň ulanmaklygy barada öz aladasyny beýan etdi [20] we birnäçe halatlarda bu kazyýetleriň ýatyrylmagyny [21] maslahat berdi. Komitet birnäçe ýörite kazyýetleriň ýatyrylmagy, *Raýat we syýasy hukuklar baradaky halkara Paktynyň* [22] milli derejesinde ýerine ýetirilmeginde kanagatlanarly goşant goşýandygyny belledi.

- Komitet Nigeriýa “ýörite tribunallaryň döredilmegini düzgünleşdirýän, ýada adaty konstitusiýa tarapyndan kepillendirilýän esasy hukuklary ýatyrýan, ýada adaty kazyýetleriň ygtyýarlyklaryny ýatyrýan ähli kararlaryň ýatyrylmagyny” [23] maslahat berdi.

---

19 Adam hukuklary baradaky komitet, *13-nji Umumy Düşüňdiriş*: Kazyýetleriň we tribunallaryň öňünde deňlik hem-de kanuna laýyklykda ygtyýarly, garaşsyz we ýüz görmeýän kazyýet tarapyndan işe adyl we jemgyýetiň gatnaşmagyna açyk seredilmegi (Paktyň 14-nji maddasy), 4-nji paragraf, BMG-nyň resminamasy HR1/GEN/1/Rev. 3, s. 17.

20 328/1988 belgili Habar, *Roberto Zelaya Blanco Nikaragua garşy* (1994-nji ýylyň 20-nji iýulynda kabul edilen aňlamalar), BMG-nyň resminamasy CCPR/C/51/D/328/1988. Ser. hem: *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Nigeriýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamalary CCPR/C/79/Add. 65, we CCPR/C/79/Add. 64; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Morokko boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy A/47/40, 48–79 paragraflar, we CCPR/C/79/Add. 113, 18-nji paragraf; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Fransiýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 80, 23-nji paragraf; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Yrak boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 84, 15-nji paragraf; we *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Müsür boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy A/48/40, 706-njy paragraf.

21 Ser. mysal üçin: *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Gabon boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/70/GAB, 11-nji paragraf.

22 Ser. mysal üçin: *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Gwineýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 20, 3-nji paragraf, we *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Senegal boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 10, 3-nji paragraf.

23 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Nigeriýa boýunça ilkinji tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 64, 11-nji paragraf.

- Nikaragua garşy alnyp barylýan işde barada Komitet şeýle kesgitledi: "Tribunales Especiales de Justicia [ýörite, belli bir ýagdaýa gabatlap döredilen, tribunallar] tarapyndan kazyýet işlere seredilmegi Paktyň 14-nji maddasynda bellenilen adyl kazyýet baradaky hukugynyň kepilligini berjaý etmedi" [24] diýip belledi.

- Komitet adyl kazyýet baradaky hukugynyň bozulandygyny kesgitledi, ýagny günäkärlenen adamyň işine kazyýetde seredilip, oňa birinji tapgyrda höküm çykaryldy; arza boýunça işe şahsysyz kazylardan düzülen kazyýetde täzeden seredilen tapgyrynda bolsa, degişli jemgyýetiň gatnaşmagy hem-de gapma-garşylykly önümçilik bilen üpjün edilmedi, günäkärlenen adamyň özüne ýada wekiline gatnaşmak, öz bähbidini goramak, hem-de günä şaýatlaryna sorag bermek mümkinçiliginiň [25] berilmedigini, Komitet beýan etdi.

- Peru döwletine degişli şuňa meňzeş halatynda, Komitet aşakdaky ýagdaýy ýüze çykardy, ýagny bir çolalykda ýerleşen tussag ýerde işe seredilende, "şahsysyz kazylardan" düzülen kazyýet önümçiligi aslyýetinde jemgyýetiň gatnaşmazlygyna esaslanýardy. Bu ýagdaýda günälenýänler öz işlerine seredýän kazylary tanamaýardylar we olara aklawçylyk goragyna taýýarlanmak we aklawçylar bilen aragatnaşygy saklamak üçin bikanun päsgelçilikler döredildi. Mundan başga-da, bu düzgün adyl kazyýetiň düýpli talabyny kepillendirmegi başarmady, ýagny [...]: kazyýet hökmany suratda garaşsyz we ýüz görmeýän bolmalydyr we bu talaplar anyk, aýan görünmelidir. "Şahsysyz kazylar" seljeriş düzgüninde kazylaryň garaşsyzlygy ýada adyllygy kepillendirilmeýär, sebäbi kazyýet ýörite belli bir ýagdaýa gabatlap gurnalýar we onuň düzümine ýarag güýçlerde gulluk edýän agzalar girýär [26], diýip belläp geçdi.

Ýörite tribunallar *Raýat we syýasy hukuklar baradaky halkara Paktynyň* 14-nji maddasynyň talaplaryny berjaý etmekligi hökmandyr diýip, Adam hukuklary baradaky Komitet aýratyn belläp geçdi. Muňa garamazdan, Komitet "köplenç bu kazyýetleri döredilmeginiň maksady, adalatyň adaty talaplaryny berjaý etmän, adatdan daşary düzgünleri ulanmakdan ybaratdyr" [27] diýip nygtady.

Adam hukuklary baradaky Ýewropanyň Kazyýeti hem-de Adam hukuklary baradaky Ýewropanyň Komissiýasy, olaryň "adaty kazylar" ýörelgesine ýörite salgylanmadyklaryna garamazdan, kanuny tertipde düzülen tribunal tarapyndan işe seretmek barada karar çykardylar.

- *Zand Awstriýa garşy* atly iş baradaky hasabatynda, [Adam hukuklary baradaky halkara Konwensiýasynyň] 6(1) maddasyna laýyklykda, tribunallaryň

24 328/1988 belgili Habar, *Roberto Zelaya Blanco Nikaragua garşy*, resm. salg., 10.4 paragraf.

25 1298/2004 belgili Habar, *Manuel Francisco Becerra Barney Kolombiýa garşy* (2006-njy ýylyň 11-nji iýulynda kabul edilen aňlamalar), BMG-nyň resminamasy CCPR/C/87/D/1298/2004, 7.2 paragraf.

26 577/1994 belgili Habar, *Víktor Alfredo Polay Campos Peru garşy* (1997-nji ýylyň 6-njy noýabrynda kabul edilen aňlamalar), BMG-nyň resminamasy CCPR/C/61/D/577/1994, 8.8 paragraf. Ser. hem: 1126/2002 belgili Habar, *Marlem Carranza Alegre Peru garşy (*2005-nji ýylyň 28-nji oktýabrynda kabul edilen aňlamalar), BMG-nyň resminamasy CCPR/C/85/D/1126/2002, 7.5 paragraf.

27 Adam hukuklary baradaky Komitet, *29-njy Umumy Düşündiriş* — Adatdan daşary hadysalar (4-nji madda), resm. salg., 4-nji paragraf.

> kanun tarapyndan döredilmeligini talap edýän paragrafyň maksady, demokratik jemgyýetde kazyýetiň gurluşy parlamentiň kanuny bilen kadalaşdyrylmagynyň gazanmagyny hem-de ýerine ýetiriji häkimiýetiň garamagyna tabyn bolmazlykdan ybaratdyr diýen garaýşyny Ýewropa Komissiýasy goldady. Emma, bu, kazyýet ulgamynyň gurnalmagyna degişli ygtyýarlygyň geçirilmegi aslyýetinde ýerliksiz diýmegi aňladýan däldir. 6(1) madda boýunça, eger kazyýet ulgamynyň azyndan umumy çäkleri bellenilen bolsa, bu ugurda her bir meseläni resmi kanun arkaly kadalaşdyrmagyny kanunçylykdan talap etmeýär[28].

Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy hem "adaty kazy" ýörelgesine salgylanýar. Komissiýanyň garaýşy öz agza döwletlerine 1997-nji ýylda umumy maslahatlarynda anyk jemlenendir, ýagny "Ýurisdiksiýa meselelerinde Komissiýa agza döwletlerine olaryň raýatlaryň işleri hökmany suratda adaty kanun we adalat boýunça hem-de öz adaty kazylar tarapyndan seredilmelidir"[29].

## Harby tribunallar

Harby jenaýat tribunallaryň barlygy adyl kazyýet baradaky hukugyna degişli düýpli meseleleri ýüze çykarýar. Birnäçe halatlarda Adam hukuklary baradaky Komiteti ýurtlara jemleýji duýduruşlaryny berende, raýatlaryň işleri harby tribunallaryň üsti bilen dälde, ýagny raýatlyk kazyýetler tarapyndan seredilmegini üpjün edýän, kanunçylyk kodifisirleme düzgüne salynmalydyr[30] diýip maslahat berdi.

- Adam hukuklary baradaky Komiteti "Liwanda harby tribunallaryň giň ýurisdiksiýasy barada, esasan-da, olaryň düzgün-nyzam meselelerinden daşary hem hereket edýändigi barada, we raýatlar üçin hem ulanylýandygy" barada aladasyny bildirdi. "[Şunuň bilen birlikde], Komitet harby tribunallaryň ulanýan düzgünleri barada, hem-de adaty kazyýetler tarapyndan harby ka-

28 1978-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda berlen hasabat, *Primncv Zand Awstriýa garşy* iş, 7360/76 belgili Arza, 70-nji paragraf.

29 *Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasynyň ýyl hasabaty* — 1997, OAS resminamasy OEA/Ser.L/V/II.98, resm. 6, VII Düzgünnama, I Maslahat, 4-nji paragraf.

30 Ser. mysal üçin, *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Peru boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 67, 12-nji paragraf; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Özbegistan boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/71/UZB, 15-nji paragraf; *Adam hukuklary baradaky komitetiniň Siriýa Arab Respublikasy boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/71/SYR, 17-nji paragraf; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Kuweýt boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/69/KWT, 10-njy paragraf; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Müsür boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 23, 9-njy paragraf, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/76/EGY, 16-njy paragraf; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Russiýa Federasyýasy boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 54, 25-nji paragraf; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Slowakiýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 79, 20-nji paragraf; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Wenesuella boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 3, 8-nji paragraf; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Kamerun boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 116, 21-nji paragraf; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Alžir boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 1, 5-nji paragraf; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Polşa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 110, 21-nji paragraf; we *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Çili boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 104, 9-njy paragraf.

zyýetleriň düzgünlerine we çykarylýan hökümlerine gözegçiligiň ýetmezçiligi barada, öz aladasyny bildirdi. Harby tribunallaryň ygtyýarlyklarynyň döwlet tarapyndan hökmany suratda barlanylmagyny, raýatlara degişli ähli işleri we harby agzalaryň adam hukuklaryny bozan halatlaryna degişli ähli işleri boýunça ygtyýarlygy harby tribunaldan adaty kazyýete geçirilmegini”[31], [Komitet maslahat berdi].

- Peru degişli ýagdaý barada, raýatlaryň işlerine harby kazyýet tarapyndan seredilmegi RSHHP-nyň 14-nji maddasy bilen gabat gelmeýändigini, “we bu bolsa adyl ýüz görmeýän we garaşsyz kazyýet işini ýerine ýetirmegine garşy gelýändigini”[32] Komitet nygtady.

- Täjigistana degişli ýagdaýda, “harby tribunallaryň harby we raýat adamlara degişli jenaýat işleri derňemäge ygtyýarlygynyň barlygyny” ýüze çykarandan soň, Komitet “harby tribunallaryň ygtyýarlygy diňe harby adamlara çäklendirilmegini, bu tejribäni gadagan etmekligi, hem-de”[33] Jenaýatçylyk Prosessual Kodeksine düzedişleri salmaklygy maslahat berdi.

Kazylaryň we aklawçylaryň garaşsyzlygyny nazarda tutup, Ýörite Dokladçy şeýle belledi: “Halkara kanuny raýat adamlaryň işlerini derňemäge harby tribunallaryň ulanylmagy barada, hem-de bu tejribäni düýpli çäklendirmek, ýada düýbünden gadagan etmek barada ylalaşygyň üstünde işleýändigini”[34] nygtady.

Harby tribunallaryň ulanylmagy ýene-de bir meseläni ýüze çykarýar, ýagny olaryň ýurisdiksiýasynyň çäkleri *ratione materiae* (“*ratione materiae*” immuniteti) we, ylaýtada, bu mesele tribunallaryň seredip biljek jenaýatçylyklaryň tebigaty bilen baglydyr. Adam hukuklary baradaky komitet we Gynamaklyga garşy komiteti bilen bilelikde, birnäçe ýurtlarda, harby tribunallara giň ýürisdiksiýasyny berilýändigine, we ýaragly güýçleriň agzalarynyň adam hukuklaryny bozýan halatlaryna salgylandy, hem-de bu berlen şeýle ýurisdiksiýasy diňe harby jenaýatlara çäklendirilmekligini, we adam hukuklaryny doly berjaý edilmegini maslahat berdi.

- 1992-nji ýylda, Adam hukukllary baradaky Komitet Wenesuella, “Paktda kepillendirilen hukuklaryny bozan ýaragly güýçleriň ýada polisiýanyň ähli agzalaryny raýatlyk kazyýetler tarapyndan sud edilmegi we jeza berilmegi barada çäre görmekligi”[35] maslahat berdi.

---

31 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Liwan boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 78, 14-nji paragraf.

32 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Peru boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/70/PER, 11-nji paragraf.

33 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Täjigistan boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/84/TJK, 18-nji paragraf. Ser. hem: *Adam hukuklary baradaky komitetiniň Serbiýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/81/SEMO, 20-nji paragraf, haçanda Komitet “raýatlaryň döwlet syrlaryny açmaklyga meňzeş jenaýatlar üçin harby tribunal tarapyndan sud edilmegi” barada öž aladasyny bildirdi we Serbiýa “raýatlary harby tribunal tarapyndan sud edilmezlige çalyşmalydyr” diýip nygtady. Ser. hem-de: *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Ekwatorial Gwineýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/79/GNQ, 7-nji paragraf.

34 *Kazylaryň we Aklawçylaryň garaşsyzlygy baradaky Ýörite Dokladçynyň Peru missiýasy boýunça Hasabaty*, BMG-nyň E/CN.4/1998/39/Add. 1 resminamasy, 78-nji paragraf.

35 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Wenesuela boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 13, 10-njy paragraf.

- Braziliýa halatynda Komitet “adamyň hukuklaryny bozanlygy üçin harby polisiýanyň işgärlerini tribunal etmek tejribesi barada” öz aladasyny bildirdi we “bu ýagdaýlara seretmek ýurisdiksiýasy raýatlyk kazyýetlere geçirilmedigi barada”[36] gynanç bildirdi.
- 1992-nji ýylda Kolumbiýanyň tabşyran hasabatyny seljerilende, Komitet “polisiýanyň, howpsyzlyk we harby işgärleriň temmisizlik aýratyn ýagdaýy barada” aladasyny bildirdi. “Şonuň bilen birlikde berlen hökümini bikanun ulanýan we raýatlaryň hukuklaryny bozýan ýaragly güýçleriniň ähli agzalaryny sud edip jeza bermekligi kepillendirmekde geçirilen çäreleriň ýeterlikli däldigini görkezdi. Harby sudlar harby işgärleriniň özleri bu hukuklary bozan halatlarynda raýatlaryň hukuklaryny goramak üçin ýerlikli däl hasaplanylýarlar”[37] diýip belledi.
- Gwatemala kongresine tabşyrylan harby ýurisdiksiýa baradaky kanunyň taslamasynda, harby işgärleri adaty jenaýatlar üçin sud etmeklikde harby tribunallara ýurisdiksiýasynyň berlendigi barada Gynamaklyga garşy Komiteti bu kanunyň taslamasyna “harby sudlaryň ýurisdiksiýasyny harby işgärleriniň diňe harby häsiýetli jenaýatlara çäklendirmek maksady bilen”[38] diýen düzedişiň girizilmegini maslahat berdi.
- 2006-njy ýylda Adam hukuklary baradaky komitet Kongo Demokratik Respublikasynda “harby kazyýetleriň barlygynyň dowam etdirilmegi barada hem-de bu kazyýetlerde adyl kazyýet baradaky hukugynyň kepillendirilmeginiň berjaý edilmeýänligi” barada öz aladasyny beýan etdi we agza-döwlete adaty jenaýatlar üçin harby kazyýetleriň ulanylmagyny ýatyrmaly diýip maslahat berdi[39].
- Gynamaklyga garşy Komitet öz agza döwletleriniň birine “adamyň hukuklaryny bozmak, ylaýtada, gynamak we sütem salmak, ynsana degişli bolmadyk ýada kemsidiji usulda alyp barmaklyk bilen baglanyşykly jenaýatlary, harby gulluga degişli bolsa-da, olary raýat kazyýetlerinde seredilmeklik bilen üpjün edilmegini”[40] maslahat berdi.

---

36 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Braziliýa boýunça tamamlaýjy synlary (1996)*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 66, 315-nji paragraf. 2005-nji ýylda Komitet bu ýagdaý barada öz aladasyny şu şertlere laýyklykda gaýtalap belledi, ýagny: “[...] Adaty kazyýetleriň harby polisiýa tarapyndan adam hukuklarynyň bozulmagy bilen bagly, güýçlerini bikanun ulanmak we adam öldürmek üçin, hem-de halkara adam öldürmek bilen bagly, ähli uly jenaýatçylyk işlere seretmäge ýurisdiksiýasy bolmalydyr”. *Adam hukuklary baradaky komitetiniň Braziliýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/BRA/CO/2, 9-njy paragraf.

37 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Kolombiýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 2, 393-nji paragraf.

38 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Gwatemala boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CAT/C/GTM/CO/4, 14-nji paragraf. Ser. hem-de: “Gwatemala — Adam hukuklary bilen deň gelmeýän harby adalatynyň kanunlarynyň taslamasy” KHK-nyň 2006-njy ýylyň 31-nji maýynda çykaran pres relizi, we ispan dilinde Kongresse tabşyrylan kanuny memorandumy.

39 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Kongo Demokratik Respublikasy boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/COD/CO/3, 21-nji paragraf.

40 *Gynamaga garşy Komitetiniň Meksika boýunça netijeleri we maslahatlary*, BMG-nyň resminamasy CAT/C/MEX/CO/4, 14-nji paragraf. Ser. hem: *Gynamaklyga garşy komitetiniň Peru boýunça Netijeleri we Maslahatlary*, BMG-nyň resminamasy CAT/C/PER/CO/4, 16-njy paragraf: “Döwletiň borjy (a) Döwlet agentleri tarapyndan edilen gynamak we ýaramaz seredilmek, hem-de adamlaryň zorluk bilen ýitirim edilmek baradaky ähli hasabatlaryň tiz wagtyň içinde, ýüz görmezlik bilen we doly derejede derňewiň geçirilmegini kepillendirmelidir. Bu derňew harby jenaýatçylyk kazyýetçilik ulgamy tarapyndan geçirilmeli däldir”.

Birleşen Milletler Guramasynyň delilsiz tussag etmek barada Iş topary harby tribunallara degişli anyk düzgünleri beýan etdi, ýagny “harby adalatyň belli bir görnüşi dowam etdirilen halatynda dört sany düzgün berjaý edilmedir diýip nygtady:

- Raýatlary sud etmek üçin harby kazyýetleriň hiç bir ygtyýarlyklary bolmaly däldir;
- Pidalary raýat bolan halatynda harby işgärleri sud etmek üçin harby kazyýetleriň hiç bir ygtyýarlyklary bolmaly däldir;
- Gozgalaň, öjükdirmek ýada demokratiki režime howp döredýän ýada howp mümkinçiligi bolan beýleki jenaýatlar üçin harby işgärleri we raýatlary sud etmek üçin harby kazyýetleriň hiç bir ygtyýarlyklary bolmaly däldir;
- Her hili şertler bolsada, ölüm jezasyny çykarmak gadagan edilmelidir”[41].

Adam hukuklary baradaky Ýewropanyň Kazyýeti birnäçe halatlarda harby kazylary we tribunallary boýunça meselä degip geçdi. Kazyýetiň düzgünlerine görä, harby kazylar öz degişli bolan guramasynyň tebigaty sebäpli, garaşsyz we adyl diýip kesgitlenilip bilinmez.

- *Findlay Birleşen Patyşalyga garşy* işinde Ýewropanyň Kazyýeti şikaýatçy tarapyndan harby meýdany kazyýeti garaşsyz ýada adyl däldigini ýüze çykardy, sebäbi onuň agzalary öz derejeleri boýunça kazyýete çagyryjy serkerderine tabyndygyny we bu “tassyklaýjy serkerde” kazyýetiň çykaran hökümini üýtgetmäge mümkinçiligi bolandygyny nygtady[42].

Umuman, Adamyň we halklaryň hukuklary baradaky Afrikan Komissiýasy (AHHAK) “harby tribunal öz aslyetinde Hartiýada bellenilen hukuklara garşy gelmeýär we işi garaşsyz bolmadyk ýada adyl bolmadyk usulda alyp barmaklygy aňlatmaýar” diýen ýörelgesini goldaýar. Emma Komissiýa “harby tribunallar edil beýleki kazyýetler ýaly işleriň alnyp barlyşyny, adyllyk, açyklyk, adalatlylyk, garaşsyzlyk we dogry alnyp barylmak talaplary boýunça berjaý etmelidir”[43] diýip belläp geçdi. AHHAK bu kazyýetlerden soralmaly esasy sowaly olaryň her bir kazyýetden talap edilýän garaşsyzlyk we adyllyk talaplaryny berjaý edýändiklerini kesgitlemeli diýip belledi[44].

“[H]arby kazyýetleriň maksady harby işgärleriň eden jenaýatlarynda harby aslyýetini kesgitlemekden we seredilmeginden ybaratdyr” diýip, AHHAK belleýär. “Bu wezipäni ýerine ýetirende harby kazyýetler adyl kazyýet baradaky düzgünlerini sylamalydyrlar. Olaryň hiç bir halatlarda hiç haçan raýatlary sud etmek ýurisdiksiýasy bolmaly däldir.

41 *Delilzis tussag etmek boýunça iş toparynyň Hasabaty*, BMG-nyň resminamasy E/CN.4/1999/63, 80-nji paragraf.

42 *Findlay Birleşen Patyşalyga garşy*, Adam hukuklary baradaky Ýewropanyň Kazyýetiniň 1997-nji ýylyň 25-nji fewralynda çykaran kararnamasy (AHÝK), seriýa 1997-I, 74–77 paragraflar. *Incal Türkiýä garşy* işinde, döwlet howpsyzlyk kazyýetinde harby kazynyň bolmagy adyl kazyýetiň derwaýys şertleri bolan garaşsyzlyk we ýüz görmezlik ýörelgelerine garşy gelýändigini Kazyýet kesgitledi. *Incal Türkiýä garşy*, 1996-njy ýylyň 9-njy iýunynda AHÝK-nyň çykaran kararnamasy, seriýa 1998-IV, 67–73 paragraflar.

43 2001-nji ýylyň maý aýynyň çözgüdi, 218/98 belgili Habar (Nigeriýa), 44-nji paragraf.

44 Ser.: 2000-nji ýylyň çözgüdi, 223/98 belgili Habar (Sýerra Leone); 1997-nji ýylyň aprel aýynyň çözgüdi, 39/90 belgili Habar (Kamerun); 1999-njy ýylyň noýabr aýynyň çözgüdi, 151/96 belgili Habar (Nigeriýa); 1999-njy ýylyň noýabr aýynyň çözgüdi, 206/97 belgili Habar (Nigeriýa); 1995-nji ýylyň çözgüdi, 60/91 belgili Habar (Nigeriýa) 15-nji paragraf; we 1995-nji ýylyň çözgüdi, 87/93 belgili Habar (Nigeriýa).

Şuňa meňzeşlikde, ýöriteleşdirilen tribunallar adaty kazyýetleriň ýurisdiksiýasy bolan jenaýatlara seretmeli däldir” [45].

Nigeriýa ýagdaýynda bolsa Afrikan Komissiýasy “Raýatlaryň Tolgunmalary baradaky kanuna” laýyklykda düzülen ýörite harby tribunallar tarapyndan birnäçe raýatlaryň işlerine sud edilşine we çykarylan hökümlere seredip çykdy. Bu tribunallaryň agzalary ýerine ýetiriji häkimiýet tarapyndan bellenildi. Höküm çykarylan adamlara bolsa işe täzeden seretmeklik barada şikaýat etmäge mümkinçilik berilmedi hem-de berlen hökümleri tassyklaýjy edarasy ýaragly güýçleriň agzalaryndan ybarat Wagtlaýyn Dolandyryjy Geňeşi (WDG) boldy. Işleri adaty kazyýetleriň ýurisdiksiýasyndan aýyrmaklyk, hem-de ýerine ýetiriji häkimiýet edarasyna geçirilmeklik, Afrikan Hartiýasynyň şertlerinde talap edilýän adyllygyň berjaý edilmegini howp astynda goýdy diýip, AHHAK nygtady. AHHAK-yň ýenede bir belläp geçen meselesi tassyklaýjy edarasynyň, WDG garaşsyz hem adyl däl bolandygy üçin onuň doly ygtyýarly gurama hökmünde tassyklaýjy edara bolup hasap edilmegi hem ähtibar däldigini belledi. Munuň esasynda, ýörite tribunallar we WDG geňeşi garaşsyz däl diýip, AHHAK nygtady we, netijede, Afrikan Hartiýasynyň 26-njy maddasynda bellenilen kazyýetleriň garaşsyzlygyny kepillendirmek borjuny Nigeriýa berjaý etmedi diýip kesgitledi. Bu mesele boýunça beýleki talaplaryň arasynda adyl kazyýet baradaky hukugyň bozulandygyny AHHAK beýan etdi [46].

“Adaty kazy” baradaky ýörelgelerini täzeden tassyklanyndan soň, Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy şeýle belledi, ýagny “[...] raýatlar Harby Tribunallar tarapyndan sud edilmeli däldir. Harby adalatynyň diňe düzgün-nyzam aýratynlygy bolup, diňe şol wagtyň özünde gulluk edýän Ýaragly Güýçleriň işgärlerini edýän gulluklaryna degişli uly bolmadyk günä ýada jenaýat iş edenleri üçin sud etmek üçin ulanmalydyr. Her hili ýagdaý bolsa-da bu ýörite ýurisdiksiýa adamzada garşy we adamyň hukuklaryny bozmak bilen bagly jenaýatlar girmeli däldir” [47].

Terrorizm we Adam hukuklary baradaky barlag işinde Komissiýa “Amerikanyň döwletara ulgamynyň kazyýet tejribesi adaty kazyýetlere we kazyýet tribunallara degişli ýurisdiksiýany beýleki edaralara geçirýän, hem-de kanun tarapyndan bellenen tertipde kadalaşdyrylan kanunçylyk düzgünlerini berjaý etmeýän ýörite kazyýetleriň we tribunallaryň döredilmegini bireýýam ýazgardy” diýip ýatladýar. “Munuň içine, ylaýtada, adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda, howpsyzlyk bilen bagly jenaýatlary üçin raýatlaryň işine seredýän ýörite belli bir ýagdaýa gabatlap gurnalýan, ýada

---

45 Afrikada adyl kazyýet baradaky Dakar okuw Maslahatynda kabul edilen, *Afrikada adyl kazyýet baradaky Jarnama we Maslahatlar*, 3-nji paragraf. Ser. hem: Afrika Bileleşiginiň Döwlet Baştutanlarynyň ýokary derejede geçirilen 2-nji Ýygnagynda Afrikanyň Komissiýasynyň iş hasabatynyň bölegi bolup kabul edilen, *Afrika ýurtlarynda adyl kazyýet we kanunçylyk kömegine bolan hukuk baradaky Ýörelgeleriniň we Maslahatlarynyň* L Ýörelgeşini, Maputo, 2003-nji ýylyň 4–12 iýuly: “a) Harby sudlaryň ýeketäk maksady harby işgärler tarapyndan edilen diňe harby aslyýetli jenaýatlara seretmekden ybarat bolmalydyr; c) Harby sudlara hiç bir ýagdaýda raýatlaryň işine seretmek ýurisdiksiýasy berilmeli däldir. Şuňa meňzeşlikde, Ýörite tribunallar hem adaty kazyýetleriň ýurisdiksiýasyna düşýän işlere seretmeli däldir”.

46 1998-nji ýylyň 31-nji oktýabryň çözgüdi, 137/94, 139/94, 154/96 we 161/97 (Nigeriýa) belgili Habarlar, 86-njy, 93-nji we 95-nji paragraflar.

47 *Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasynyň ýyl hasabaty*—1997, VII Bap, 1-nji Maslahat, 4-nji paragraf: “Komissiýa agza Döwletlere öz ýurisdiksiýalary çäklerinde adalatyň berjaý edilmegini güýçlendirmekligi maslahar berýär”. Adaty kazy ýörelgesi barada ser. hem: 2000-nji ýylyň 13-nji aprel aýynyň 50/00 belgili Hasabaty, Iş 11,298 *Reinaldo Figueredo Plançart Wenesuela Boliwar Respublikasy garşy* we *Çilide adam hukuklarynyň ýagdaýy baradaky hasabat*, OAS resminamasy OEA/Ser.L/V/II.77, rev. 1, Doc. 18.

ýörite kazyýetleri, ýada harby tribunallary ulanmaklygy içine alýan tejribe Amerikanyň döwletara Kazyýet, Komissiýa we beýleki halkara guramalar tarapyndan ýazgaryldy. Tankytlaryň esasy uly bölegi bu tribunallaryň ýerine ýetiriji häkimiýetinden garaşsyzlygynyň ýetmezçiligi we iş alnyp barylanda adyl kazyýeti kepillendirýän minimal talap edilýän düzgünleriniň üpjün edilmezligi bilen baglanyşyklydyr”[48].

Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Kazyýeti *Castillo Petruzzi we beýlekiler Peru garşy* işinde harby tribunallar tarapyndan raýatlaryň işine seredilmek meselesi barada öz garaýşyny anyk we kesgitli beýan etdi. 1999-njy ýylyň 30-njy maýynda çykarylan, resmi bolmadyk belliginde Kazyýet şeýle nygtaýar, ýagny: “kazyýetleriň garaşsyzlygynyň esasy ýörelgesi her adamyň öz delillerini kanuna laýyklykda öňünden gurnalan adaty kazyýet tarapyndan seredilmegine hukugynyň barlygyny aňladýandyr”[49].

> *Ýörite kazyýet ýada tribunal tarapyndan işe seretmeklik öz aslyýetinde garaşsyz we adyl kazyýet baradaky hukugy bozmaklygy aňlatmasa-da, adaty ýurisdiksiýasynyň geçirilmegi we kazyýet tarapyndan belli bir işe adalatsyz seredilmegi bilen çylşyrymly baglanyşygyň bolmaklygy mümkindir. Halkara hukugyna laýyklykda harby tribunallar hiç hili şertlerde raýatlaryň işine seretmeli däldir, olaryň ýurisdiksiýasy diňe harby jenaýatlary bilen çäklendirilmelidir we adamlaryň bozulan hukuklaryna degişli halatlar bu ýurisdiksiýasyndan çykarylmalydyr.*

[48] Adam hukuklarywe terrorizm baradaky hasabat, OAS resminamasy OEA/Ser.L/V/ll.116, Doc. 5 red. 1 corr., 2002-nji ýylyň 22-nji oktýabry, 230-njy paragraf.

[49] *Castillo Petruzzi we beýl. Peru garşy*, 1999-njy ýylyň 30-njy maýynda çykarylan AHADK-nyň kararnamasy, Seriýa C No. 52, 128-nji paragraf. Ser. hem: *Cantoral Benavides Peru garşy* işi, 2000-nji ýylyň 18-nji awgustynda çykarylan AHADK-nyň kararnamasy, Seriýa C No. 69, 112-nji paragraf.

# A. Kazylar

## 1. Garaşsyzlyk

### Syn

Kazyýet işiniň adyl bolmagy üçin, kazynyň ýada kazylaryň işe seredilmegi garaşsyz bolmalydyr. Ähli halkara Adam hukuklary baradaky resminamalar "garaşsyz we adyl kazyýet" tarapyndan adalatly işe seretmekligi göz öňünde tutýarlar. Adam hukuklary baradaky Komiteti garaşsyz we adyl kazyýet baradaky hukugy "doly möçberde, özgertmesiz berjaý edilmegini"[50] birnäçe gezek gaýtalap aýtdy.

Belli bir işde kazy garaşsyz bolup, adyl kazyýet baradaky adamyň hukugy ýerine ýetirilen bolsa hem, kazyet ulgamy häkimiýetiň garaşsyz şahamçasy bolmasa, döwlet öz halkara bolrçlaryny berjaý etmedi diýip hasaplanylýar. Şonuň üçin bu baglanyşykda garaşsyzlyk kesgitlemesi her bir şahsy kaza hem-de bütin ulgama degişlidir.

### Halkara standartlary

*Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça BMG-nyň Esasy Ýörelgeleriniň* birinji Ýörelgesinde garaşsyzlygyň gerekli bölegi şertlendirilýändir, ýagny:

> "*Kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygy döwlet tarapyndan kepillendirilmelidir we ýurtlaryň Konstitusiýasynda ýada kanunlarynda berkidilmelidir. Kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygyny hormatlamak we berjaý etmeklik her bir hökümet we beýleki guramalaryň borjydyr"*[51].

Ýewropa Geňeşiniň *Kazylaryň garaşsyzlygy baradaky Maslahaty* şeýle nygtaýar, ýagny kazylaryň garaşsyzlygy kostitusiýa ýada beýleki kanunlara aýdyň düzgünnamalaryň girizilmegi bilen kepillendirilmelidir hem-de "ýerine ýetiriji we kanunçylyk häkimiýetler kazylaryň garaşsyzlygyny üpjün etmeli we kazylaryň garaşsyzlygyna zyýan ýetirip biljek çärelere ýol bermeli däldir"[52].

Kazyýetçiligiň garaşsyzlygy beýleki sebitlerde hem, ýagny Afrika we Aziýa-Ýuwaş Umman sebitlerinde hem ykrar edilýär. Afrika degişli ýagdaýa seredilse, 1999-njy ýylda Adamyň we halklaryň hukuklary baradaky Afrikan Komissiýasy tarapyndan kazyýetçiligiň garaşsyzlygyny hormatlamak we güýçlendirmek baradaky kararnamanyň kabul edilmegi[53] aýratyn bellenilmelidir.

---

50 263/1987 belgili Habar, *Miguel González del Río Peru garşy* işi, resm. salg., 5.2 paragraf.

51 *Birleşen Milletler Guramasynyň kazyýetiň garaşsyzlygy baradaky Esasy Ýörelgeleri*, 1986-njy ýylyň 26-njy awgust – 6-njy sentýabr aralygynda Milanda geçirilen Jenaýatlaryň öňüni almak we jenaýatçylaryň saklanylşy baradaky Birleşen Milletler Guramasynyň ýedinji Kongressinde kabul edilen, we 40/32 belgili 1985-nji ýylyň 29-njy noýabrynda, we 40/146 belgili 1985-nji ýylyň 13-nji dekabrynda çykarylan General Assambleýasy tarapyndan goldanylan Kararnamalary. Mundan beýläk *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*.

52 Ýewropa Geňeşi, *Agza döwletleriniň Ministrler Komitetiniň Kazylaryň garaşsyzlygy, netijeliligi we orny baradaky R (94) 12 belgili Maslahaty*, 1994-nji ýylyň 13-nji oktýabry, 2(b) Ýörelge

53 1996-njy ýylyň aprelinde Adamyň we halklaryň hukuklary baradaky Afrikan Komissiýasynyň 19-njy sessiýasynda kabul edildi.

Aziýa-Ýuwaş Ummanyna degişli, *LAWASIA sebitinde kazyýet ulgamynyň garaşsyzlyk Ýörelgeleri baradaky Pekin Beýannamasynyň* (*Pekin Ýörelgeleri*) belleýşi ýaly, "Kazyýetçiligiň garaşsyzlygy [k]azylardan delillere öz adyl bahasyny bermekligi, ýagny her bir çeşmeden bolsa-da, göni ýada aýlawly ýollar bilen daşyndan täsiriň edilmezligi bilen öňünde goýlan meseleleri çözmekligi talap edýär" [54].

Dünýä boýunça ähli sebitleriniň kazylary tarapyndan kabul edilen resminamasy, *Kazynyň Ählumumy Hartiýasy*, şeýle diýip belleýär: "[k]azynyň garaşsyzlygy kanuna laýyklykda adyl kazyýeti amala aşyrmak üçin gerekdir. Ol garaşsyzlyk bütewidir. Ähli guramalar we häkimiýetler, milli we halkara, şu garaşsyzlygy hormatlamaly, goramaly we saklamalydyr" [55].

## Häkimiýetiň bölünişigi baradaky ýörelge

Garaşsyz kazyýetçiligiň ýörelgesi kanunyň ýokary tutulmagy baradaky esasy ýörelgelerinden, esasan-da häkimiýetiň bölünişigi baradaky ýörelgesinden gelip çykýar. Adam hukuklary baradaky Komiteti kanunylyk ýörelgesi we kanunyň ýokary tutulmaklygy RSHHP-na içgin degişlidir diýip nygtaýar [56]. Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy hem: "kanunylyk ýörelgesi, demokratik guramalary we kanunyň ýokary tutulmaklygynyň arasynda bölünmeýän baglanyşygyň barlygyny" aýratyn belläp geçdi [57]. Bu ýörelgä laýyklykda, ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet ulgamlary hökümetiň üç sany aýratyn we garaşsyz şahamçalaryny düzýärler. Döwletiň dürli guramalarynyň aýratyn özüne mahsus we aýdyň çäklendirilen jogapkärçilikleri bardyr. Bu bölünmegiň netijesinde hökümetiň her bir şahamçasy biri-biriniň ugruna we ygtyarlygyna goşulmaly däldir [58].

Häkimiýetiň bölünişigi baradaky ýörelgesi garaşsyz we adyl kazyýet ulgamynyň düýp özenidir.

- Kazyýetden daşary, umumylaşdyrylan we delilsiz ölüm jezasy boýunça Ýörite Dokladçysy we Kazylaryň hem-de Aklawçylaryň garaşsyzlygy baradaky Ýörite Dokladçysy "[g]araşsyz we adyl kazyýetiň netijeli işi üçin hökmany şerti *(sine qua non)* häkimiýetiň bölünişig[i] we ýerine ýetiriji häkimiýet tarapyndan bu bölünişigiň berjaý edilmegi bolup durýandyr" diýip bellediler [59].

---

54 *LAWASIA sebitinde kazyýet ulgamynyň garaşsyzlyk Ýörelgeleri baradaky Pekin Beýannamasy*, LAWASIA sebitiň baş kazylary we Aziýa hem Ýuwaş Umman ýurtlarynyň kazylary beýleki tarapyndan, 1955-nji ýylda kabul edildi, hem-de LAWASIA Geňeşi tarapyndan 2001-nji ýylda kabul edildi, 3.a kararnama paragrafy.

55 *Kazynyň Ählumumy Hartiýasy*, 1999-njy ýylyň 17-nji noýabrynda Kazylaryň Halkara Birleşigi (KHB) tarapyndan kabul edildi, 1-nji madda. KHB 1953-nji ýylda şahsy kazylary dälde, kazylaryň milli toparlaryny jemleýän, syýasy bolmadyk hünärmenleriň halkara guramasy hökmünde döredildi. 67 milli birleşikleri we wekil toparlaryndan ybarat bolup, Birleşigiň esasy maksady kazyýetiň işini berjaý etmekligin we adamyň hukuklaryny we azatlyklary kepillendirýän, kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygyny goramakdyr.

56 Adam hukuklary baradaky Komiteti, *29 belgili Umumy Düşündiriş—Adatdan daşary ýagdaýlar* (4-nji madda), resm. salg., 16-njy paragraf.

57 *Habeas corpus adatdan daşary ýagdaýlarda (27.2, 25.1 we 7.6 maddalar, Adam hukuklary baradaky Amerikan Konwensiýasy*), AHADK-nyň Maslahat kararnamasy OC-8/87, Seriýa A No. 8, 24-nji we 26-njy paragarlar.

58 Ser.: *Amerikan Demokratik Hartiýasy*, OAS Baş Assambleýasy tarapyndan 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda kabul edildi, 3-nji we 4-nji maddalar.

59 *Ýörite Dokladçylaryň Nigeriýada adam hukuklary baradaky ýagdaýynyň Hasabaty*, BMG-nyň resminamasy E/CN.4/1997/62/Add. 1, 71-nji paragraf.

- Kazylaryň hem-de aklawçylaryň garaşsyzlygy baradaky Ýörite Dokladçysy "häkimiýetiň bölünişigi baradaky ýörelgesi [...] kazyýetçiligiň garaşsyzlyk we adyllyk talaplarynyň esasy ýörelgesidir diýip belledi. Häkimiýetiň bölünişigi baradaky ýörelgesine düşünmeklikwe berjaý etmeklik demokratiki döwlet üçin *sine qua non* hökmany şertidir"[60]. Muňa laýyklykda "garaşsyz we adyl adalatyň talaplary ählumumy we tebigy hem-de kanagatlanarly kanundan kök alýandyr, diýip Dokladçy belledi. Halkara derejesinde bu kanunyň düýbi şertnama kadalarda, adaty kanuna esaslandyrylan borçnamalarda we hukugyň umumy ýörelgelerinden gelip çykýandyr. [...] [K]azyýet garaşsyzlygynyň we adyllygynyň düýp düşüňjeleri [...] ösen döwletler tarapyndan kabul edilen ýagny *Halkara Kazyýetiniň Düzgünnamalarynyň* 38(1)(c) maddasynda kabul edilen kanunyň umumy ýörelgesidir"[61].

Adam hukuklary baradaky Amerikan Komissiýasy *Konstitusion Kazyýetiň (Peru)* işi barada öz kararynda şeýle belledi "jemgyýetçilik häkimiýetiň bölünişiniň esasy maksatlarynyň biri kazylaryň garaşsyzlygyny kepillendirmekden ybaratdyr".[62] Şonuň üçin Kazyýet "kanunyň ýokary tutulmagyna laýyklykda ähli kazylaryň garaşsyzlygyny kepillendirmelidir [...]"[63] diýip tamamlady.

BMG-nyň Adam hukuklary baradaky Komiteti hem häkimiýetleriň bölünişiniň ýörelgesine salgylanyp "ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýetçilik ulgamlaryň bölünişinde degişli ygtyýarlyklaryň çäklendirilmegi aýan bolmasa, kanunyň ýokary tutulmak ýörelgesiniň we adam hukuklary barada durnukly syýasatynyň ýerine ýetirilmegine howp döredilýändir"[64] diýip nygtady. Komitet, ýerine ýetiriji häkimiýet kazyýet häkimiýetiniň ygtyýarlygyna degişli soraglara goşulmaz ýaly hökümetiň ýerine ýetiriji we kazyýet şahamçalarynyň arasynda, biri biriniň işlerine goşulmasyz ýaly, tapawudynyň aýan bolmalygyny üpjün edýän kanunlary we çäreleri kabul etmekligi döwletlere birnäçe gezek gaýtalap belledi[65].

- Demirgazyk Koreýa halatynda Komitet "konstitusiýa we kanunçylyga degişli düzgünleri kazyýet ulgamynyň adyllygyna we garaşsyzlygyna uly howp salýandygy barada, ylaýtada, Merkezi kazyýetiň Ýokary Halk Assambleýasynyň öňünde hasabatlylygy barada"[66] öz aladasyny bildirdi.

---

60 *Ýörite Dokladçysylaryň kazylaryň we aklawçylaryň garaşsyzlygy barada Hasabaty*, BMG-nyň resminamasy E/CN.4/1995/39, 55-nji paragraf.

61 Şol ýerde., 32-nji we 34-nji paragraflar.

62 *Konstitusion kazyýetiň işi (Aguirre Roca, Rey Terry we Revoredo Marsano Peru garşy)*, 2001-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda bellenilen AHADK-yň garaýşy, Seriýa C No. 55, 73-nji paragraf.

63 Şol ýerde., 75-nji paragraf.

64 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Slowakiýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 79, 3-nji paragraf.

65 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Rumyniýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 111, 10-njy paragraf. Ser. hem: *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Peru boýunça tamamlaýjy synlary,* BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/70/PER, 10-njy paragraf; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Salwador boýunça tamamlaýjy synlary*, CCPR/C/79/Add. 34, 15-nji paragraf; *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Tunis boýunça tamamlaýjy synlary*, CCPR/C/79/Add. 43, 14-nji paragraf; we *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Nepal boýunça tamamlaýjy synlary*, CCPR/C/79/Add. 42, 18-nji paragraf.

66 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Koreýa Halk Demokratik Respublikasy boýunça tamamlaýjy synlary*, CCPR/CO/72/PRK, 8-nji paragraf. Demirgazyk Koreýanyň kanunçylyk häkimiýeti Ýokary Halk Assambleýasydyr.

Öz gezeginde, Adam hukuklary baradaky Ýewropanyň Kazyýeti häkimiýetiň bölünişigi baradaky ýörelgesini göz öňünde tutýandygyny, bu ýörelgäni berjaý etmek demokratiýanyň amala aşyrylmagyna esas bolup durýandygyny hem-de bu barada hiç hili şübhe döremeli däldigini tassyklady[67].

Halkara hukuga laýyklykda, döwletler öz apparatyny gurnanda, halkara hukuk tarapyndan goralýan hukuklaryň we azatlyklaryň kepillendirilmegini we olaryň durmuşda peýdalanylmagny üpjün etmäge borçludyr. Munuň bilen baglylykda Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Kazyýeti şeýle mälim etdi: "adamyň hukuklaryny goramak döwlet häkimiýetiniň amala aşyrylmagyny çäklendirilmek düşünjesini hem hökmany suratda içine almalydyr"[68]. Döwlet apparatynyň düzüminde aýan we güman edilýän halkara borçnamalaryna laýyk gelmek üçin onuň ukyplylygyny göz öňünde tutmalydyr. Bu barada Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Kazyýeti şeýle belledi: "[Adam hukuklary baradaky Amerikan Konwensiýasynyň] 1(1) maddasy tarapyndan agza döwletlerden talap edýän hukuklary berjaý etmek we kepillendirmek borçnamasy, [...] hökümet apparaty hem-de, umuman, jemgyýetçilik häkimiýetini ýerine ýetirýän ähli guramalar gurnalanda, olaryň hukuky taýdan erkin bolmaklygyny hem-de adamyň hukuklaryndan peýdalanmaklygyny üpjün edilmegini döwlet taraplaryny borçly edýär"[69].

Adamyň hukuklaryny berjaý etmek we kepillendirmek borjy bilen laýyklykda, beýleki işleriň arasynda döwlet öz gurluşynda döwlet häkimiýetiniň düzüminde hem-de işinde, ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýetçilik şahamçalarynyň hakyky bölünişigini üpjün etmäge, garaşsyz we adyl kazyetleriň bolmagy we olaryň işlerinde kanunyň ýokary tutulmagyny we kanunçylyk ýörelgesiniň berjaý edilmegini hem esas edip almaga borçludyr.

Häkimiýetiň bölünişigi baradaky ýörelgesi adalatyň dogry usulda berjaý edilmeginiň esasy talapydyr. Hakykatdan-hem, hökümetiň beýleki şahamçalaryndan garaşsyz kazyýet ulgamy adalatyň dogry berjaý edilmeginiň we kanunyň ýokary tutulmagynyň zerur şertidir.

## Guramaçylyk garaşsyzlygy

Garaşsyzlyk we ýüz görmezlik biri biri bilen ýakyn baglanyşyklydyr we köp halatlarda kazyýetler bu ýörelgeleri bilelikde berjaý edýärler[70]. Şonda-da her bir ýörelgäniň öz

---

67 *Chevrol Fransiýa garşy*, 2003-nji ýylyň 13-nji fewralynda bellenen AHÝK-niň garaýşy, Seriýa 2003-III, 74-nji paragraf.

68 *Adam hukuklary baradaky Amerikan Konwensiýasynyň* 30-njy maddasynda berlen "kanunlar" sözi, 1986-njy ýylyň 9-njy maýynda bellenen AHADK-yň maslahat aňlatmasy OC-6/86, Seriýa A No. 6, 21-nji paragraf. Ser. hem: *Velásquez Rodríguez işi*, 1988-nji ýylyň 29-njy iýulynda bellenilen AHADK-yň garaýşy, Seriýa C No. 4, 165-nji paragraf; we *Godínez Cruz işi*, 1989-njy ýylyň 20-nji ýanwarynda bellenilen AHADK-yň garaýşy, Seriýa C No. 5, 174-nji paragraf.

69 *Içerki dermanlaryň gutarylmagy kadasyndan çykmalary (Adam hukuklary baradaky Amerikan Konwensiýasy, 46.1, 46.2.a we 46.2.b maddalar)*, 1990-njy ýylyň 10-njy awgustynda bellenilen AHADK-yň maslahat garaýşy, OC-11/90, Seriýa A No. 11, 23-nji paragraf. Ser. hem: *Velásquez Rodríguez işi*, resm. salg., 166-njy paragraf; we *Godínez Cruz işi*, resm. salg., 175-nji paragraf.

70 Ser. mes.: *Gynamaklyga garşy Komitetiniň Burundi boýunça tamamlaýjy synlary we maslahatlary*, BMG-nyň resminamasy CAT/C/BDI/CO/1, 12-nji paragraf: "Komitet kazyýetiň ýerine ýetiriji häkimiýetden *de facto* garaşlylygy barada aladasyny bildirýär sebäbi ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýurisdiksiýasynda gynamaklygyň bardygyna ynandyrýan ähmiýetli sebäpleriň bar bolan halatlarynda, ol ýüz görmezlik bilen sorag geçirmek üçin uly päsgelçilikleri döredýär".

anyk kesgitlenen manysy bardyr. Umumy aýdanymyzda, “garaşsyzlyk” sözüniň manysy belli bir kazynyň ýada kazyýetiň seredýän işlerinde kanuny bar bolan delillere gabatlap, özbaşdak çözgüt çykarmaklygy aňladýandyr. Garaşsyzlygyň bu görnüşi kazyýet ulgamyna hem (ýagny, häkimiýetiň beýleki şahamçalaryndan garaşsyzlygy, “guramaçylyk garaşsyzlygy” diýip hem atlandyrylýar) hem belli bir kaza degişlidir (ýagny, kazyýet ulgamynyň beýleki agzalaryndan garaşsyzlygy, ýada “şahsy garaşsyzlyk” diýip atlandyrylýar) hem ulanylýar.

“Garaşsyzlyk” kazyýetiň we kazylaryň beýleki häkimiýetlere garaşly bolmazlygyny talap edýär. “Ýüz görmezlik” ýörelgesi bolsa kazynyň ýada kazyýetiň seredýän işine hem-de gatnaşyjylara tarap öz garaýysy bilen baglydyr. Adam hukuklary baradaky Komitet RSHHP-nyň 14.1 maddasynda şeýle belleýär: “kazyýetiň ýüz görmezlik ýörelgesi, kazylaryň işe ynamsyzlyk bilen çemeleşmeli däldigini hem-de olar diňe bir tarapynyň bähbidini öňe sürýän hereket etmeli däldigini aňladýandyr”[71].

Guramaçylyk garaşsyzlygy baradaky ýörelge *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleriniň* 1-nji Ýörelgesiniň ikinji sözleminde, ähli guramalaryň borjy garaşsyzlygy hormatlamagyny we ýerine ýetirmekligi kepillendirmek diýip, bellenendir. Bu düşünje kazyýetçilik hökümetiň beýleki şahamçalaryndan, ýagny, ýerine ýetiriji häkimiýetden we parlamentden garaşsyz bolmagyny we beýleki döwlet edaralary ýaly hem, kazyýetiň permanlaryny we kararlaryny berjaý etmelidigini, aňladýar. Bu düşünje beýleki guramalaryň kazyýetiň kararlaryna garşy mümkin bolan närazylyk bildirmek we olary ýerine ýetirmäge boýun gaçyrmakdan goragy kepillendirýändir. Bu garaşsyzlyk hem-de karar çykaryjylaryň garaşsyzlygy, kanunyň ýokary tutulmagyna we adamyň hukuklaryny berjaý edilmegine ýardam edýändir.

Adam hukuklary baradaky Ýewropa Kazyýeti kazyýetler hökümetiň ýerine ýetiriji şahamçasyndan we suda gatnaşýan taraplardan garaşsyz bolmalydyr diýip nygtady[72].

Guramaçylyk garaşsyzlyk düşünjesi birnäçe meseleler bilen baglanyşyklydyr. Bu barada Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy şeýle belleýär:

- ”Garaşsyzlyk talaby [...] kazyýetçiligiň beýleki hökümet şahamçalaryndan özbaşdak bolmagyny, haýsy bir tarapdan we haýsy bir sebäpden edilýän täsirden, howpdan we işine goşulmakdan erkin bolmagyny we kazyet wezipelerini dogry we garaşsyz berjaý edilmegini üpjün edýän iş ýeňillikleriden, ýagny iş möhleti we hünäri boýunça okuwlary içine alýan, şertlerden peýdalanmaklygyny zerur edýändir”[73].

Adam hukuklary baradaky Komiteti hem guramaçylyk garaşsyzlygyna degişli talaplarynyň birnäçesine seredip çykdy. Mysal üçin, ol iş hakynyň gijä galyp tölenmegi we kazylaryň iş möhletiniň dowamynda ýeterlikli howpsyzlygynyň ýetmezçiligi kazyýetiň garaşsyzlygyna ýaramaz täsir edýändigini görkezdi[74]. Şunuň bilen birlikde, kazylary işe almak we düzgün-nyzam jogapkärçilige çekmek bilen bagly garaşsyz

---

71 387/1989 belgili Habar, *Arvo. O Karttunen Finlandiýa garşy* (1992-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda kabul edilen garaýyşlar), BMG-nyň resminamasy CCPR/C/46/D/387/1989 (Ýurisprudensiýa), 7.2 paragraf.

72 *Ringeisen Awstriýa garşy*, 1971-nji ýylyň 16-njy iýulynda bellenen AHÝK-niň garaýşy, Seriýa A13, 95-nji paragraf.

73 *Terrorizm we adam hukuklary barada Hasabat*, resm. salg., 229-njy paragraf.

74 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Gruziýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/74/GEO, 12-nji paragraf.

mehanizmleriň ýetmezçiligi kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygyny çäklendirýändir diýip, Komitet belledi[75].

Halkara hukugy kazyýetiň guramaçylyk garaşsyzlygynyň möhüm taraplaryna degişli birnäçe düzgünnamalary içine alýandyr. Belli bir işleriň netijesine gözegçilik etmekligiň mümkin bolaýjak ýollaryň biri — işi belli bir bähbitlere tarap çözgüt çykaryp biljek ýörite kazylara geçirmekdir. Bu bikanun goşulmaklygyň öňüni almak üçin *BMG-nyň Esasy Ýörelgelerinde* "kazyýetiň içinde, oňa degişli kazylara işi bellemeklik kazyýet dolandyryşyň içki işidir"[76] diýip belleýär.

- Adam hukuklary baradaky Komitet Rumyniýa degişli halatynda şeýle karara geldi — Adalat ministrliginiň kazyýetçilige degişli meselelere ygtyýarlyklary, ýagny şikaýatlar boýunça işlere täzeden seretmekligi hem-de kazyýetleri barlamak ygtyýarlygy ýerine ýetiriji häkimiýeti tarapyndan goşulmagyny aňladýar we kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygyna howp döredýär[77].

Mundan başga-da, kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygy kazyýete mahsus bolan ähli meselelere aýratyn ýurisdiksiýasynyň bolmagyny we belli bir meseläniň kazyýete degişliligini kesgitlemekligi talap edýär. Netijede, jezany gowşatmak, ýeňilleşdirmek we jezany üýtgetmek we günäni bagyşlamak halatlaryndan beýleki kazyýet kararlary kazyýete degişli bolmadyk edaralary tarapyndan üýtgedilip bilmez.[78]

Adam hukuklary baradaky Ýewropa Kazyýeti kazyýet we kanun çykaryjy häkimiýetleriň arasyndaky aragatnaşygy içgin seljerip, kazyetleriň garaşsyzlygy kanun çykaryjy häkimiýetleri tarapyndan goralmaly we hormatlanmaly diýip netijä geldi.

- Parlament hökümet tarapyndan ýitginiň öwezini doldurmak baradaky belli bir şikaýatlara degişli kazyýetleriň ygtyýarlygyny ýatyrýan, hem-de kanun boýunça bellenen zyýanyň güýjüni ýitiren we ýatyrylan hasap edilmegini yglan edýän kanuny kabul eden işinde, Ýewropa Kazyýeti kazyýet garaşsyzlygynyň bozulanlygyny kesgitledi. "6-njy maddada berkidilen kanunyň ýokary tutulmagy baradaky ýörelgesi hem-de adyl kazyýet düşünjesi, kazyýet tarapyndan dawanyň çözülmesine täsir etmegine ugrukdyrylan kanun çykaryjy häkimiýetiň adalatyň amala aşyrylmagyna islendik gatyşmaklygynyň bolmaly däldir[79] diýip belledi.

- *Papageorgiou Gresiýa garşy* işinde, Ýewropa Kazyýeti şeýle karara geldi: degişli parlamentiň kazyýetleriň belli bir işlere seretmäge ygtyýarlygynyň

---

75 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Kongo boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 118, 14-nji paragraf.

76 *Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri* resm. salg., 14-nji Ýörelge.

77 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Rumyniýa boýunça tamamlaýjy synlary*, CCPR/C/7 9/Add. 111, 10-njy paragraf.

78 *Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, resm. salg., 3-nji we 4-nji Ýörelgeler. 3-nji düşüňjesine laýyklykda: "Kazyýet ulgamy ähli kazyýet meseleleri boýunça ygtyýarlygy bar we onuň garamagyna berlen her bir meseläni kanuna laýyklykda onuň ygtyýarlygyna girýändigini kesgitmelek üçin aýratyn ygtyýarlygy bardyr". 4-nji Ýörelgede şeýle bellenilýär: "Kazyýetiň işe seredilmegine degişli hiç hili ygtyýarsyz ýa-da bikanun gatyşmaklyk bolmaly däldir we kazyýetiň çykaran çözgütlerine täzeden seredilmeli däldir. Bu düşunje kazyýet tarapyndan kanuna laýyklykda işe täzeden seretmeklige we kazyýetiň çykaran çözgütlerini gowşatmagyna garşy gelýän däldir".

79 *Stran Greek Refineries we Stratis Andreadis Gresiýa garşy*, 1994-nji ýylyň 9-njy dekabrynda çykarylan AHÝK-nyň kararnamasy, Seriýa A301-B, 49-njy paragraf.

ýoklugyny yglan edýän, hem-de alnyp barylýan kazyýet prosessleriň togtadylmagyny buýurýan kanuny kabul etmek bilen, kazyýetçiligiň garaşsyzlygynyň bozulandygyny kesgitledi[80].

- *Findlay Birleşen Patyşalyga garşy* işinde kazyýetçilige degişli bolmadyk wezipeli adamlar we guramalar tarapyndan kazyýet kararlarynyň üýtgedilmeli däldigi baradaky giňden tanalýan ýörelgesi barada Ýewropanyň Kazyýeti ýatladýär. Beýleki sözler bilen aýdanymyzda, kazyýet kararlarynyň hukuky güýji we olaryň res judicata hukuk ýagdaýy beýleki hökümet şahamçalaryň hereketlerine bagly bolup bilýän däldir. Şol sebäpden, kazyýetleriň kararlary wezipeli adamlar ýada ýerine ýetiriji şahamçasyna degişli edaralar tarapyndan üýtgedilýän bolsa, we bu kararlar diňe bu wezipeli edaralar tarapyndan tassyklanan halatynda, *res judicata* diýlip hasaplanylýan bolsa, onda kazyýetleriň garaşsyzlygy bozulan diýip, Ýewropanyň Kazyýeti kesgitleýär[81]. Kazyýetiň ýörelgesine görä, kazyýet kararlarynyň yzyna gaýtarylmazlygy, olaryň kazyýetden daşary häkimiýetler tarapyndan üýtgedilip ýada tassyklanylyp bolmazlygy — öňden bäri bellenilen ýörelgesidir, hem-de ol “kazyýetleriň’ düýp düşünjesinden aýrylmasyz hem-de [...] garaşsyzlygyň [...] bölegi diýlip hasaplanylýan ýörelgesidir”[82].

## Şahsy garaşsyzlyk

Guramaçylyk garaşsyzlygy esasy kepil diýlip hasaplanylsa-da, ol diňe bir özi adyl kazyýet baradaky hukugynyň her bir halatda berjaý edilmek üçin ýeterlikli däldir. Şahsy kazylar belli bir işe seredenlerinde delilsiz goşulmaklykdan erkin bolmasalar, adyl kazyýet baradaky şahsy hukugy bozulýandyr.

Kazyýetiň garaşsyzdygyny kesgitleýän birnäçe faktorlar bardyr we olaryň käbirine biz aşakda serederis. Umumy talap hökmünde, Adam hukuklary baradaky Ýewropanyň Kazyýeti şeýle belleýär: “Goşmaça seredilmeli meseleleriň arasynda, ylaýtada, kazylaryň işe bellenilmek usullaryna we olaryň gulluk möhletine, daşyndan goşulmakdan goraýan kepillikleriň barlygyna, hem-de kazyýetiň garaşsyzlygyna syn edilende, onuň diňe barlyk görnüşini döredilýanligi”[83] bilen bagly meseleleri belleýär. “Kazylaryň ýerine ýetiriji edaralar tarapyndan çalyşyp bolmaýanlygy olaryň garaşsyzlygynyň netijesi hökmünde hasaplanylmalydyr“[84], diýip Kazyýet dowam edýär. Kazyýet ýada kazy diňe bu bellenen obýektiw wezipeleri ýerine ýetirmek bilen çäklenmeli dälde, onuň garaşsyzlygy hakykatda-hem daşky synçylar üçin aýdyň bolmalydyr, diýip Kazyýet goşmaça belleýär[85].

---

80 *Papageorgiou Gresiýa garşy*, 1997-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda çykarylan AHÝK-nyň kararnamasy, Seriýa 1997-VI.

81 *Findlay Birleşen Patyşalyga garşy*, resm. salg., 77-nji paragraf. Ser hem: *Campbell we Fell Birleşen Patyşalyga garşy*, 1984-nji ýylyň 28-nji iýunda çykarylan AHÝK-nyň kararnamasy, Seriýa A80, 79-njy paragraf.

82 Şol ýerde.

83 *Incal Türkiýa garşy*, resm. salg., 65-nji paragraf. Beýl. arasynda ser. hem: *Findlay Birleşen Patyşalyga garşy*, resm. salg., 73-nji paragraf, we *Bryan Birleşen Patyşalyga garşy*, 1995-nji ýylyň 22-nji noýabrynda çykarylan AHÝK-nyň kararnamasy, Seriýa A No. 335-A, 37-nji paragraf.

84 *Campbell we Fell Birleşen Patyşalyga garşy*, resm. salg., 80-nji paragraf.

85 Ser. beýl. arasynda: *Incal Türkiýa garşy*, resm. salg., 65-nji paragraf, we *Findlay Birleşen Patyşalyga garşy*, resm. salg., 73-nji paragraf.

Bu garaşsyzlyk kazylar öz şahsy isleglerine görä, işlere seredip, karar çykaryp bilýärler diýmegi aňladýan däldir. Onuň tersine, kazylar berlen işlere kanuna laýyklykda hem-de ar almaklykdan gorkman seretmäge hukuklydyr we borçludyr. *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleriniň* 1-nji Ýörelgesinde şeýle bellenilýär, ýagny "Kazyýet öz öňünde goýlan işlere ýüz görmän, delliller esaslanyp, hem-de kanuna laýyklykda, hiç hili çäklendirilmesiz, göni we aýlawly usullar bilen, her bir tarapdan ýada belli bir sebäpden ýerliksiz täsir, hödür, gyssama, gorkuzma ýada goşulma edilmän, sereder". Gynansak-da, dünýä boýunça köp kazylar ölüm howpy, zorluk, gorkuzulmak, başga işe geçirilmek, öz hünärmen wezipelerini ýerine ýetirmek üçin aňtalmak hem-de işden bikanun çykarylmak bilen bagly gizlin we gizlin bolmadyk zor salmadan ejir çekýärler[86].

BMG-nyň dürli guramalary birnäçe gezek gaýtalap, döwletler tarapyndan kazylary öz borçlaryny erkin ýerine ýetirmek üçin gerekli çäreleri amala aşyrmalydyklaryny nygtadylar.

- BMG-nyň Adam hukuklary baradaky Komissiýasy ähli hökümetleri "kazylaryň we aklawçylaryň garaşsyzlygyny hormatlamaklyga we berjaý etmeklige, hem-de şunuň bilen baglylykda, netijeli kanunçylyk, hukuk goraýjy we beýleki zerur bolan çäreleri geçirmeklige, ýagny bu guramalar öz hünärleri bilen bagly borçlaryny hiç hili azarsyz we gorkuzmasyz ýerine ýetirmekligini üpjün etmeklige" [87] çagyrdy.
- Kolombiýa halatynda BMG-nyň Adam hukuklary baradaky Ýokary Komissary "prokurorlaryň, kazylaryň, kazyýet polisiýanyň wezipeli adamlarynyň, pidalaryň we şaýatlaryň günäkärlenenleriň esasy hukuklaryny bozman, janlaryny we eldegirmesizligini goramaklygyny" [88] döwlete erjellik bilen maslahat berdi.

Şahsy garaşsyzlygy tarapyndan seredilende, kazylaryň iýerarhiýa boýunça ýerine ýetiriji ýada kanunçylyk guramalara garaşly hem-de olaryň bu guramalaryň raýat işgärleri bolmazlygy örän zerurdyr. Kazyýet garaşsyzlygynyň esasy talaplarynyň biri ähli derejelerde işleýän kazylar kazyýetçilik ulgamyna degişli bolmalydyrlar we hökümetiň beýleki şahamçalaryna, ylaýtada, ýerine ýetiriji şahamçasyna garaşly ýada hasabat beriji bolmaly däldir.

- *Findlay Birleşen Patyşalyga garşy* işinde, talapkäriň işine sereden harby meýdany tribunaly garaşsyz we ýüz görmeýän däl diýip, Ýewropanyň Adam hukuklary baradaky Kazyýeti kesgitledi, sebäbi onuň agzalary iýerarhiýa boýunça "suda çagyryjy" we prokuror wezipelerini ýerine ýetirýän, ýagny "tassyklaýjy serkerde" wezipesini, çykarylan çözgüdi üýtgetmäge ygtyýarlygy bolan prokurorlyk wezipesinde serkerdä hasabat bermelidiler[89].

---

86 Ser.: "Kazyýete hüjüm: Kazylaryň we aklawçylaryň garaşsyzlygy baradaky hasabat", 11-nji neşir, Hukukçylaryň Halkara Komissiýasy, Ženewa, 2002, www.icj.org internet salgyda görüp bolýar.

87 Adam hukuklary baradaky Komissiýasynyň 2004/33 belgili Kararnamasy, 7-nji kararnama paragrafy.

88 *Birleşen Milletler Guramasynyň Kolombiýa wekilçiliginiň Adam hukuklary boýunça Ýokary Dokladçysynyň Hasabaty*, BMG-nyň resminamasy E/CN.4/2000/11, 189-njy paragarf. Ser. hem: *Birleşen Milletler Guramasynyň Adam hukuklary boýunça Ýokary Dokladçysynyň Adam hukuklary boýunça Komissiýasy üçin Hasabaty*, BMG-nyň resminamasy E/CN.4/1998/16, 200-nji paragraf, haçan-da Ýokary Dokladçy Kolombiýa hökümetini "kazyýet ulgamynyň doly işini amala aşyrmaklygyny kepillendirmek üçin, esasan-da, kazyýetiň agzalaryny [...] goramak üçin haýal etmän çäre görmeklige" çagyrdy.

89 *Findlay Birleşen Patyşalyga garşy*, resm. salg., 74–77 paragraflar. Ser. hem: *Coyne Birleşen Patyşalyga garşy*, 1997-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda çykarylan AHÝK-nyň kararnamasy, Seriýa 1997-V, 56–58 paragraflar.

- Delilsiz tussag etmek baradaky Birleşen Milletler Guramasynyň iş topary Jibuti Respublikasynyň Howpsyzlyk Tribunalynda oturan kazylaryň köpüsi hökümetiň wezipeli işgärdigini we bu ýagdaýyň kazyýetleriň garaşsyz bolmalydygyny talap edýän, RSHHP-nyň 14-nji maddasyna garşy gelýänligini ýüze çykardy[90].
- Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy kazyýetiň ýerine ýetiriji şahamçasynda işleýän resmi adamlardan düzülendigini we bu işgärler gulluk edýän harby serkerderligini anyklady we bu hadysanyň garaşsyz tribunal tarapyndan işe seretmek hukugyň bozýandygyny kesgitledi[91].

*Her bir döwlet kazylar garaşsyz bolup işlere seretmeklerine mümkinçiligi berýän gerekli düzgünleri bilen üpjün etmeklige borçludyr. Kazyýetiň garaşsyzlygy onuň işine gatyşmaklykdan saklanmak we onuň çykaran kararlaryny berjaý etmek bilen goralmalydyr. Kazyýet häkimiýet guramaçylyk (institusional) garaşsyzlygyndan we aýratyn kazylar şahsy garaşsyzlygyndan kazyýet ulgamynyň içinde we beýleki guramalar bilen aragatnaşykda peýdalanmalydyrlar.*

---

90 40/1993 belgili Kararnama (Djibouti), 1993-nji ýylyň 29-njy sentýabry, BMG-nyň resminamasy E/CN.4/1994/27.

91 78/02 belgili Hasabat, Iş 11.335, resm. salg., 76-njy paragraf.

## 2. Ýüz görmezlik

### Syn

Adyl kazyýet baradaky hukuk kazylaryň ýüz görmezligini talap edýändir. Ýüz görmeýän kazyýet tarapyndan sud edilmek hukugy kazylaryň (ýada oturdaşlaryň) belli bir işde şahsy bähbitleriniň ýada paýynyň bolmazlygyny we şol iş ýada işe gatnaşýan taraplary barada öňünden dörän pikirleriň bolmazlygyny aňladýandyr. Işleriň diňe "delillere esaslanyp kanuna laýyklykda we hiç hilli çäklendirilmän çözülmegi hökmandyr" [92]. Bu maksat bilen döwlet, beýleki guramalar we hususy taraplar belli bir karar çykartmak üçin kazylary gysmakdan ýada zorluk etmekden saklanmalydyrlar we kazylar öz gezeginde özlerini ýüz görmezlik bilen işleri alyp barmak borçlaryny berjaý etmelidirler. *BMG-nyň Esasy Ýörelgelerinde* bu talap jikme-jik düşündirilýär, ýagny, "[...] kazylar hemişe öz işiniň abraýyny hem-de kazyýetiň ýüz görmezligini we garaşsyzlygyny goraýan şekilde özlerini alyp barmalydyrlar" [93]. Ýewropanyň Maslahaty birnäçe gezek "Kazylar işlere öz wyjdanlaryna laýyklykda we delillere düşünişlerine görä, hem-de kanunyň ýokary tutlmak ýörelgesini berjaý edip seretmek üçin ýüz görmez, hiç hili çäklendirilmesiz erkin bolmalydyrlar" diýip, belläp geçdi" [94].

Adam hukuklary baradaky Komiteti kazyýetiň ýüz görmezligi hem-de işleriň seredilmeginiň jemgyýetçilik üçin açyklygy 14-nji maddasynyň 1-nji paragrafy boýunça adyl kazyýet baradaky hukugyň derwaýys taraplarydyr diýip nygtady.

- "Kazyýetiň ýüz görmezlik ýörelgesi, kazylaryň işe ynamsyzlyk bilen çemeleşmeli däldigini hem-de olar diňe bir tarapynyň bähbidini öňe sürýän hereket etmeli däldigini aňladýar". Kazyny işden aýyrmak esaslary kanunda bellenilen halatynda, kazyýet bu esaslara *ex officio*, ýagny gulluk wezipesine görä, seretmeli we işden aýyrmak talaplaryna gabat gelýän kazyýet agzalaryny çalyşmalydyr" [95].
- Ondan başgada Komitetiň aýdyşyna görä, ýüz görmeýän kazyýet baradaky hukuk goraga berlen kadalaşdyryjy kepillikler bilen baglanşyklydyr. Şonuň üçin "[bu] hukugyň [ýüz görmezlik hukugyň] esasy başlangyjy günäkärlenýäne öz goragyny taýýarlamak üçin ýeterrlikli wagt we mümkinçilikler berilmedir" [96] diýp, Komitet bir iş boýunça belläp geçdi.

---

92 *Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, resm. salg., 2-nji Ýörelge.

93 Şol ýerde, 8-nji Ýörelge.

94 Ýewropa Geňeşi, *Maslahat R (94)*, resm. salg., I.2.d Ýörelge. Ser. hem: V.3.b Ýörelge: "Kazylaryň, aýratyn-hem, şular ýaly jogapkärçilikleri bolmalydyr, ýagny: ýüz görmezlik bilen delilleri kanuna düşünişleri bilen gabatlap işlere seretmelidirler, işiň ähli taraplaryna adyl seredilmegini we Konwensiýanyň düzgünnamasyna laýyklykda, taraplaryň kadalaşdyryjy hukuklarynyň berjaý edilmegini kepillendirmelidirler".

95 387/1989 belgili Habar, *Arvo O. Karttunen Finländiýa garşy*, resm. salg., 7.2 paragraf.

96 451/1991 belgili Habar, *Barry Stephen Harward Norwegiýa garşy* (1994-nji ýylyň 15-nji iýulynda kabul edilen garaýyşlar), BMG-nyň resminamasy CCPR/C/51/D/451/1991, 9.4 paragraf. Ser. hem: 577/1994 belgili Habar, *Víctor Alfredo Polay Campos Peru garşy* (1997-nji ýylyň 6-njy noýabrynda kabul edilen garaýyşlar), BMG-nyň resminamasy CCPR/C/61/D/577/1994, 8.8 paragraf, haçan-da Komitet "Ylalaşynyň 14-nji maddasynyň beryän manysyna laýyklykda, adyl kazyýetiň möhüm tarapy onuň hakykatda we aýan bolşunda garaşsyz we ýüz görmeýän bolmagydyr".

Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Kazyýeti, öz gezeginde, şeýle belledi: “[a]dalatyň berjaý edilmekligiň minimum kepillikleriniň esasy bölegi ýüz görmeýän kazyýetdir”[97].

## Hakyky we emeli ýüz görmezlik

Kazyýetiň ýüz görmezligi işe gatnaşýan her bir tarapa ynamsyzlygyň, duşmançylygyň ýada duýgudaşlygyň ýoklugy bilen düşündirilýär. Emma weli, käbir işlerde bu ýüz görmezlik aýdyn bolman, diňe ýasama bolýar. Şol sebäpden kazyýetleriň ýüz görmezligi subýektiw we obýektiw taraplaryndan barlanylmalydyr.

Ýewropanyň Adam hukuklary baradaky Kazyýeti “subýektiw usuly, ýagny, belli bir kazyda belli bir işe tarap şahsy gyzyklanmanyň bolmagyny kesgitlemekden ybarat bolan we obýektiw, ýagny, kazy tarapyndan öz ýüz görmezligini subut edýän ähli kepilliklerini berjaý endigini kesgitlemek usullarynyň”[98] arasynda tapawutlylyk geçirýändir. Bu ýörelgeleriň birinjisi subýektiw ýüz görmezlik diýlip atlandyrylýar we ikinji bolsa — obýektiw ýüz görmezlik diýilip bellidir. Kazy ýüz gözmez bolmasa, ýada ýüz görmez diýlip hasaplanylmasa, kazyýet adyl bolup bilmez.

Ýewropa Adam hukuklary baradaky Kazyýetiniň ýüz görmezligiň iki talaplaryny kesgitleýän kazyýet çözgütleriniň baý tejribesi bardyr. Kazyýetiň ýörelgesine görä, kazy ýada kazyýet belli bir obýektiw we subýektiw barlaglary geçeninden soň, ýüz görmeýän diýlip atlandyrylyp biler. Subýetiwlik barlagy “belli bir kazyda belli bir işe tarap şahsy garaýşlarynyň barlygyny kesgitlemekden ybaratdyr”[99]. Bu “kazyýetiň hiç bir agzasynda şahsy ynamsyzlyk ýada ters düşünjeleri bolmaly däldigini” aňladýandyr. Şahsy ýüz görmezligiň ýoklugy subut edilmedik bolsa, ol bar diýlip hasaplanylýar[100]. Ýüz görmezligiň obýektiwlik talapy kazynyň öz ýüz görmezligini subut edýän ähli kepilliklerini berendigini kesgitlemekden ybaratdyr[101]. Kazyýet tejribesinde bu barlaglaryň birinden geçilmese, kazyýet adyl däl diýlip hasaplanylýar.

- *De Kubber Belgiýa garşy* işde kazynyň yzygiderli kazyýetde işe seretmek we işi derňemek wezipeleri bir adam tarapyndan ýerine ýetirilen halatynda, suduň ýüz görmezligi barada delilli şübhe döräp bilner, hem-de ýüz görmez kazyýet tarapyndan işe seretmek baradaky hukugyň bozulmagyna sebäp bolup biler[102]. Ilkinji derňewi geçiren kazyýetçilik agzasynyň ýüz görmezligi barada şübhelendirýän hiç hili sebäp tapmasa-da, Kazyýet bu adamyň kazyýet kollegiýasynda oturmaklygy talapkär tarapda esaslandyrylan şübhäniň doremegine delil boldy diýip belledi.

---

97 78/02 belgili Hasabat, Iş 11.335, resm. salg., 74-nji paragraf.

98 Şu tapawutlyk üçin beýl. arasynda ser.: *Piersack Belgiýa garşy*, 1982-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda çykarylan AHÝK-nyň kararnamasy, Seriýa A53, 30-njy paragfraf.

99 *Tierce we beýlekiler San Marino garşy*, 2000-nji ýylyň 25-nji iýulynda çykarylan AHÝK-nyň kararnamasy, Seriýa 2000-IX, 75-nji paragraf.

100 *Daktaras Litwa garşy*, 2000-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda çykarylan AHÝK-nyň kararnamasy, Seriýa 2000-X, 30-njy paragraf.

101 *Padovani Italiýa garşy*, 1993-nji ýylyň 26-njy fewralynda çykarylan AHÝK-nyň kararnamasy, Seriýa A257-B, 25-nji paragraf.

102 *De Cubber Belgiýa garşy*, 1984-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda çykarylan AHÝK-nyň kararnamasy, Seriýa A86, 27-nji paragraf we ş.m.

- *Castillo Algar Ispaniýa garşy* işde günäkärlenýän adama garşy ýeterlik subutnamalaryň esasynda günäleýiş netijenamasyny çykaran kazy, şol işiň esaslaryny seretmek baradaky suda gatnaşmagy kazyýetiň ýüz görmezligi barada delilli şübhe döredip biler we netijede ýüz görmez kazyýet baradaky hukugyň bozulandygy barada subut bolup biler diýp, Kazyýet kesgitledi [103].
- *Svetlana Naumenko Ukraina garşy* işde kazynyň öz bildiren resmi närazylygyna sereden kazyýetde ol özi agza bolup oturdy, we şol halatyň kazynyň ýüz görmezligine täsir edenligini kesgitlemek wezipesini Ýewropanyň Kazyýeti tarapyndan amala aşyryldy. Kazyýetiň pikiri boýunça bu tejribe "şol işe seredýän kazynyň 'subýektiw ýüz görmezligine' garşy gelýär, sebäbi hiç bir kişi öz işinde şol bir wagtda, hem talapkär, hem kazy bolup bilmez, we şonuň üçin bu halaty ýüz görmez kazyýet baradaky talapkäriň hukugynyň bozulandygyny ýüze çykarýar [104].
- Adam hukuklary we terrorçylyk baradaky hasabatynda Amerikan döwletara Komissiýasy şeýle belleýär: "Kazy we kazyet tarapyndan hakyky ynamsyzlygyň hem-de bu barada hiç hili esaslandyrylan şübhäniň ýoklugyny subut etmek üçin, kazyýetiň ýüz görmezligi subýektiw we obýektiw taraplaryndan kesgitlenilmelidir. Bu talaplar, öz gezeginde, kazyda we kazyýetde her bir işde ynamsyzlygyň ýoklugyny, hem-de kazy we kazyýet ynamsyzlygy barada hiç hili delilsiz şübhäniň ýoklugyny aňladýandyr" [105].

Afrikanyň Adam we halklaryň hukuklary baradaky Komissiýasy hem havkyky we ýasama ýüz görmezlik meselesine seretdi. *Konstitusiýa tarapyndan kepillendirilýän hukuklaryň taslamasy* işinde Komissiýa bir kazydan we ýaragly güýçleriň agzalaryndan ybarat bolan kazyýet ýüz görmeýän diýlip hasaplanyp bilmez diýip kesgitledi, sebäbi "bu kazyýetlere gatnaşýan aýratyn agzalaryň häsiýetlerine garamazdan, olaryň diňe düzümine seredilende, ýüz görmezligiň ýoklugynyň göze görnüşi ýada hakyky ýoklugyny döredýändir" [106].

## Kazynyň iş almazlyk baradaky hukuky borjy

Ýüz görmezlik ýörelgesi, öz gezeginde, kazylaryň belli bir işi almazlyk baradaky hukuky borjyna deňeçdir, ýagny kazy belli bir işi adalatly, ýüz görmän berjaý edip bilmejekdigine düşünýän bolsa, ýada onuň öz hakyky ýüz görmezligi ygtybardan düşüp bilse, ol şol işi ret etmeklige borçludyr. Bu halatlarda olar işe gatnaşýan taraplarda öz ýüz görmezligi barada sübhe döretmän, şol işe seredilmegine gatnaşmakdan saklanmalydyr.

Kazyýetiň wyždanlygyny we dogruçyllygyny güýçlendirmek baradaky kazylar topary tarapyndan kabul edilen, hem-de BMG-nyň Adam hukuklary baradaky Komissiýasy [107]

---

103 *Castillo Algar Ispaniýa garşi*, 1998-nji ýylyň 28-nji oktýabrynda çykarylan AHÝK-nyň kararnamasy, Seriýa 1998-VIII, 47–51 paragraflar.

104 *Svetlana Naumenko Ukraina garşy*, 2004-nji ýylyň 9-njy noýabrynda çykarylan AHÝK-nyň kararnamasy, Arza 41984/98, 97-nji paragraf.

105 Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy, *Terrorizm we Adam hukuklary baradaky Hasabat*, resm. salg., 229-njy paragraf.

106 *Konstitusiýa hukuklary baradaky taslama Nigeriýa garşy*, Adamyň we halklaryň hukuklary baradaky Afrikan Komissiýasy, 87/93 (1995) belgili Habar, 13–14 paragraflar.

107 Adam hukuklary baradaky Komissiýa, 2003/43 belgili Kararnama.

tarapyndan bellenen *Kazyýetleriň alyp barmaklygy baradaky Bangalor Ýörelgeleri* ýüz görmezlik ýörelgesini kazyýet wezipesine degişli, düýpli gymmatlyklaryň biri hökmünde içine alýandyr. Bu Düzgünnamanyň 2.5 Ýörelgesi kazylaryň işi almazlyk barada jikme-jik düzgünleri we maslahatlary berýändir, ýagny:

2.5 Kazy haýsy bir seredilmeli işde adalaty ýüz görmezlik bilen çözüp bilmeýänligini bilse, ýada daşarky synçyda bu barada şübhäniň döremekligi mümkin bolsa, şol kazy öz islegi boýunça işe seretmeklikden ret etmelidir. Bu düzgün aşakda berlen halatlary içine alýar we bular bilen çäklendirilmeýändir, ýagny:

2.5.1 Kazynyň bir tarapa garşy hakyky ynamsyzlygynyň bolmaklygy ýada ise degişli dawa baradaky subutnamalary boýunça şahsy çeşmelerinden gelip çykyşy belli bolan ýagdaýlarynda;

2.5.2 Mundan öň kazy hukukçy hökmünde işländigi ýada şol iş boýunça bir tarapa garşy şaýat bolan ýagdaýlarynda; ýa-da

2.5.3 Kazy ýa-da onuň maşgalasynyň agzalary işiň çözgüdinde maliýe bähbidiniň bolan ýagdaýynda:

Eger-de, bu iş barada başga suduň düzülmegi mümkin bolmadyk halatynda, ýa-da ýagdaýyň gyssaglylygy, işi gaýra goýmaklyk adalaty berjaý etmeklikde uly ýalňyşlyga eltmegi mümkin bolan sebäpden, kazy belli bir işden boşadylyp bilinmedik halatynda, işe seretmekden ret etmeklik hökmany däldir[108].

*Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň ýörelgeleri we düzgünnamalary resminamasynda* suduň ýüz görmezligini kesgitleýän talaplary we ýüz görmezligi berjaý edilmedik belli halatlary berlendir. Bu halatlaryň arasynda Afrikan Komissiýasy öňki jemgyýet prokurorynyň ýada hukuk wekiliniň derňew geçiren, ýada belli bir taraplarynyň bähbitlerini goran işinde onuň kazy bolup oturan halatlaryn; hem-de, şunuň bilen birlikde, olar aşakdaky derejelerde işiň cöžgüdini çykaran ýada gatnaşan işlerinde, soň bolsa, şikaýat arkaly täzeden seredilmeginde, kazyýet işgäri hökmünde oturan işleri hem girýändir. Bu Ýörelgelerde we düzgünnamalarda bellenilen ýagdaýlar bar bolsa, kazyýet işgäri şol işi ret etmäge borçludyr[109].

Ýewropanyň Adam hukuklary baradaky Kazyýeti "her bir ýüz görmezligini şübhelendirilmäge deliller bar bolan kazy şol işden çekilmäge borçludyr"[110] diýip belleýär.

> *Kazyýetiň ýüz görmezligi her bir taraplaryna ynanmazlygyň, duşmanlygyň ýada duýgudaşlygyň ýoklugy bilen kesgitlenilýär. Kazyýet ýüz görmeýän bolmalydyr we olaryň ýüz görmeýänligi aýan bolmalydyr. Şeýlelikde, kazylar öz ýüz görmezligini şübhelendirilmäge deliller bar bolan halatynda, şol işden çekilmäge borçludyr.*

108 *Kazyýetleriň alyp barmaklygy baradaky Bangalor Ýörelgeleri*, Kazyýetiň halallygyny güýçlendirmek baradaky kazylar topary tarapyndan kabul edilen, Gaagada Baş Kazyýetleriň tegelek stoluň başyndaky duşuşygynda redaktirlenen görnüşi, 2002.

109 *Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň ýörelgeleri we düzgünnamalary*, Afrika Bileleşiginiň Döwlet Baştutanlarynyň 2-nji ýokary derejede geçirilen ýygnagynda Afrikanyň Komissiýasynyň iş hasabatynyň bölegi bolup kabul edilen, Maputo, 2003-nji ýylyň 4–12 iýuly, A Ýörelge, 5-nji paragraf.

110 *Indra Slovakiýa garşy*, 2005-nji ýylyň 1-nji fewralynda çykarylan AHÝK-nyň kararnamasy, 46845/99 belgili Arza, 49-njy paragraf.

# 3. Maliýe özbaşdaklygy we serişdeleriň ýeterligi

## Syn

Kazyýetilige öz işlerini dogry usulda ýerine ýetirmek üçin ýeterlikli serişdeler gerekdir. Häkimiýetiň üç şahamçalaryň biri bolup, kazyýetçilik üçin gerekli serişdeler milli býujetden berilýär we bu, öz gezeginde, köp halatlarda kanunçylyk ýada ýerine ýetiriji şahamçalary tarapyndan kesgitlenilýär. Şonuň üçin kazyýetçilige gerekli zerurlyklary döwlet býujetini düzýän we tassyklaýan guramalaryň göz öňünde tutmaklary ähmiýetlidir. Goýberilýän serişdeler ýeterlikli bolmadyk halatlarynda kazyýet ulgamynda parahorlygyň döremeginiň howpy bolýar we bu ulgamyň garaşsyzlygyny we ýüz görmezligini pese düşürýär. Kazyýete goýberilmeli serişdeler kesgitlenende, kazylar we kazyýetler bilen maslahatlaşmak zerurdyr[111].

Kazyetiň garaşsyzlygyny we ýüz görmezligini howp astynda goýýan ýene-de bir faktorlaryň biri, öz býüjetini meýilleşdirilmegine kazyýet ulgamynyň gatnaşmazlygydyr. Munuň sebäbi, öňden bäri maliýe serişdelerini çaklendirmeklik her bir edaranyň umumy we netijeli gözegçilik etmekligiň giňden ulanylýan usuly bolup gelýändir. Häkimiýetiň beýleki şahamçalary ýada döwlet edaralary serişdeleriň kazyýetçilige goýberilişine we dolandyrylşyna täsir edýändikleri sebäpli, olaryň belli bir kyn işlere täsir etmek hakyky mümkinçilikleriniň bolmagyna we, bu ýagdaý, netijede, kazyýetçiligiň garaşsyzlygyny çäklendirilmegine hem eltýär. Şu ýagdaýy göz öňünde tutup, köp döwletler kazyýet ulgamynyň içinde kazyýet serişdeleri dolandyrýan bölümleri döredýärler we, şunluk bilen, kazyýet ulgamynyň özbaşdaklygyny güýçlendirýärler.

- Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy ýolbaşçylyk, dolandyryş we maliýe meselelerini içine alýan kazyýet ulgamynyň guramaçylyk özbaşdaklygy, “demokratiki jemgyýetde häkimiýetiň deňagramlylygyny saklamak üçin esasy we aýrylmasyz böleklerdigini” belläp geçdi[112].
- Birnäçe halatlarda Adam hukuklary baradaky Komiteti kazyýetçiligiň garaşsyzlygyny üpjün etmek üçin, döwletleri oňa ýeterlikli serişdeleri goýbermekligine çagyrdy[113].
- Adam hukuklary baradaky Komiteti kazylaryň zähmet hakynyň pesligi barada öz aladasyny bildirdi we bu ýagdaýyň parahorlyk bilen baglanyşygynyň barlygyny beýan etdi. Şu sebäpden Komitet kazylary parahorlykdan goramak üçin, olara kanagatlanarly şertleriň döredilmegini talap etdi[114]. Kongo ýagdaýynda “[kazylaryň] parahorlyga eltýän pes zähmet haky” barada Komitet aladasyny bildirdi[115].

---

111 Ser.: *Parahorlygyň öňüni almak we kazyýet ulgamynyň ýüz görmezligini berjaý etmek*. Kazylaryň we aklawçylaryň garaşsyzlygy baradaky KHK-nyň Merkezi (KAGM), KAGM-nyň ýyl kitapçasy, 2000, s. 127 we beýl.

112 Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy, *Adam hukuklary baradaky Peru-daky ýagdaý boýunça ikinji hasabaty*, OAS resminamasy OEA/Ser.L/V/II.106 Doc. 59 rev., II bap “Adalatyň berjaý edilmegi we kanunyň ýokary tutulmagy”, 13-nji paragraf.

113 Ser. mysal üçin: *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Merkezi Afrika Respublikasy boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/CAF/CO/2, 16-njy paragraf.

114 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Kosowo (Serbiýa) boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/UNK/CO/1, 20-njy paragraf. Ser. hem: *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Täjigistan boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/84/TJK, 17-nji paragraf.

115 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Kongo Demokatik Respublikasy boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/COD/CO/3, 21-nji paragraf.

## Maliýe özbaşdaklygy baradaky halkara standartlary

Dürli halkara düzgünler kazyýet ulgamyna ýeterlikli maliýe serişdeleriň gerekdigini belleýärler. Mysal üçin, *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri* "Agza вöwletler kazyýet ulgamyna öz wezipelerini dogry berjaý etmek üçin ýeterlikli serişdeleri bilen üpjün etmek borçludyr" [116] diýip kesgitledi. *Kazylaryň statuty baradaky Ýewropanyň Hartiýasy* bu barada şeýle belleýär: "Kazylar öz wezipelerini dogry hem-de wagtynda berjaý etmek üçin döwletler ýeterlikli serişdeleri üpjün etmek borçludyr" [117]. *Pekin Ýörelgeleri* hem bu talaby goldaýar we şeýle ýazýar: "Kazylaryň öz wezipelerini dogry berjaý etmek üçin ýeterlikli serişdeler bilen üpjün edilmegi wajypdyr" [118].

Halklaryň Arkadaşlygy ýurtlarynyň kazylary tarapyndan kabul edilen *Latimer Öýüniň Düzgünlerinde* maliýeleşdirmek boýunça doly düşündiriş berilýär, ýagny:

> *"Kazyýetler öz wezipelerini ýokary derejede berjaý etmek üçin ýeterlikli we durnukly maliýeleşdirme bilen üpjün edilmelidir. Bu maliýe serişdeleri kanunçylyk tarapyndan goldanylandan soň, olaryň yzyna alynmagyndan we bikanun ulanylmagyndan goralmalydyr. Maliýe serişdeleriň goýberilmegi ýa-da saklanylmagy kazyýet ulgamyna garşy bikanun gözegçilik etmek üçin ulanylmaly däldir"* [119].

Afrika degişlilikde, *Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň Ýörelgeleri we Düzgünnamalary* resminamasynda ýörite bellenilýär: "Döwletler kazyýet edaralaryna öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin ýeterlik serişdeleri bilen üpjün etmelidir. Býüjetiň taýýarlanylmagynda we ýerine ýetirilmeginde kazyýet ulgamy bilen maslahat edilmelidir" [120].

Her bir döwlet üçin kazyýetçilige gerekli serişdeler bilen üpjün edilendigini kepillendirmekde iň amatly usulyny kesgitlemäge halkara standartlary boýunça mümkinçiligiň berilýändigini aýratyn belläp geçmelidiris. Ýeterlikli maliýelieşdirme kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygynyň esasy bölegi bolany üçin, bu ýörelge her ýurduň kanunçylygyna, ýagny Konstitusiýasyna, salynmalydyr.[121] Bu talaby berjaý etmek üçin belli konstitusiýalar adalatyň berjaý edilmegine býüjetiň kesgitlenen göterimi goýberilmegini şertleşdirýär. Belli ýurtlar, esasan-da ösüp barýan ýurtlar, kazyýet ulgamyny adalatyň berjaý edilmegine ýeterlikli serişdeler bilen üpjün etmeklikde başarmaýan bolmaklary mümkindir. Bu barada *Pekin Ýörelgelerinde* şeýle aýdylýar:

> *"Käbir ýurtlarda ykdysady çäklendirmeler sebäpli kazylaryň öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin gerekli diýip hasaplaýan serişdeleri ulgama goýberilmegine kyn-*

---

116 *Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, resm. salg., 7-nji Ýörelge.

117 Ýewropa Geňeşi, *Kazylaryň statuty baradaky Ýewropanyň Hartiýasy*, DAJ/DOC (98) 23, 1.6 kararnama paragrafy.

118 *LAWASIA sebitinde kazyýet ulgamynyň garaşsyzlyk Ýörelgeleri baradaky Pekin Beýannamasy*, resm. salg. 41-nji kararnama paragrafy. Ser. hem Ýewropa Geňeşiniň Ministrler Komitetiniň Maslahaty R (94) 12, resm. salg., III Ýörelge.

119 *Parlamentiň ýokary tutulmagy we kazyýetiň garaşsyzlygy baradaky arkalaşygy boýunça Latimer öýüniň Düzgünnamalary*, 1998-nji ýylyň 19-njy iýunynda kabul edilen, II.2 Düzgünnama.

120 *Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň Ýörelgeleri we Düzgünnamalary*, resm. salg., A, 4(v) paragraf. Ser. hem: *Kazylar baradaky Ählumumy Hartiýasy*, resm. salg., 14-nji madda.

121 Ser.: *Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, resm. salg., döwletlerden kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygyny kepillendirmekligi we ýurduň konstitusiýasyna ýa-da kanunçylygyna salynmagyny talap edýär (1-nji Ýörelge).

*çylyk döreýän halatynda hem, muňa garamazdan, kanunyň ýokary tutulmagynyň hem-de adamyň hukuklaryny goramaklygyň ýörelgelerini berjaý etmeklik, kazyýet ulgamyna maliýe serişdeleriň meýilleşdirmeginde birinji ähmiýetlilik berilmegini talap edýär"*[122].

Maliýe özbaşdaklyk baradaky goşmaça talaby kazyýetçiligiň öz serişdelerini goýbermekde özbaşdak bolmagyny buýruk edýär. Bu halatda, beýleki edaralaryň ählisi kazyýet ulgamy öňa berlen serişdelerini goýberilmegine goşulmakdan saklanylmadyr. Muňa garamazdan, kazyýetçiligiň öž serişdelerini sowmak meselesi içki kazyýet meselesi bolsa-da, ol häkimiýetiň bir şahamçasy hökmünde barlaglar we deňagramlylyklar düzgün boýunça beýleki şahamçalara hasabat bermelidir.

*Kazyýetler öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin ýeterlikli maliýeleşdirme üpjün edilmelidir. Döwletler bu talaby kanunçylyk üsti bilen berjaý etmäge borçludyr. Kazyýet ulgamynyň býüjet meýilleşdirmek işlerine gatnaşmagy gelejekde ýeterlikli bolmadyk maliýeleşdirilmegiň öňüni almakda wajyp kepillik bolup durýandyr. Kazyýetçilik maliýe özbaşdaklygyndan peýdalansa-da, ol häkimiýetiň beýleki şahamçalarynyň öňünde serişdeleri bikanun ulanmak üçin hasabat bermelidir.*

122 *LAWASIA sebitinde kazyýet ulgamynyň garaşsyzlyk Ýörelgeleri baradaky Pekin Beýannamasy*, resm. salg., 42-ni kararnama paragrafy.

# 4. Esasy azatlyklar

## Syn

*BMG-nyň Esasy Ýörelgeleriniň* 8-nji Ýörelgesi şeýle bellenilýär, ýagny:

> *Adam hukuklary baradaky Ählumumy Jarnamasyna laýyklykda, kazyýet ulgamynyň agzalary, beýleri raýatlar ýaly, öz pikirini erkin beýan etmek, ynanç, birleleşme we ýygnanma baradaky azatlyklardan peýdalanýarlar; emma bu hukuklardan peýdalanmakda kazylar özlerini hemişe öz wezipeleriniň mertebesini, hem-de kazyýetiň ýüz görmezligini we garaşsyzlygyny saklamalydyrlar.*[123]

Bu düzgün kazylaryň öz garaşsyzlygyny goramak serişdesi hökmünde azatlykaryň ähmiýetini tassyklaýar. Ýörelgelerde bellenilşi ýaly, agzalan azatlyklar beýleki raýatlar tarapyndan hem peýdalanylýar hem-de ähli adam hukuklary baradaky belli halkara şertnamalarda tassyklanylýar. Emma, kazylar adam hukuklarynyň we kanunyň ýokary tutulmagynyň esasy kepillendirijileri bolandygy sebäpli bu azatlyklaryň aýratyn ähmiýetliligi bardyr. Esasan-da, birleleşme baradaky azatlygy hem-de öz pikiriňi beýan etmek azatlygy kazylar üçin öz wezipelerini berjaý etmek üçin möhümdir.

## Bileleşik baradaky azatlyk

Kazylaryň Birleşikleri kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygyny we kanunyň ýokary tutulmagyny amala aşyrmakda möhüm orny tutýandyrlar. Bu birleşikler kazylara duşuşmaga, öz garaşsyzlygyny goramak üçin özlerini jebislendirmäge hem-de kazyýet wezipelerini has-da netijeli ýerine ýetirmäge mümkinçilik döredýärler.

Bular bilen baglanyşykda *Latimer Öýüniň Düzgünlerinde* şeýle bellenilýär: “Garaşsyz, jebis hukuk hünäri kanuny goramak işiniň esasy bölegidir”[124]. *Kazylaryň statuty baradaky Ýewropanyň Hartiýasy* kazylaryň birleşikleriniň ähmiýeti barada şeýle nygtaýar:

> *“Ähli kazylar açyk bolan, kazylar tarapyndan gurnalan hünärmen guramalary häkimiýet guramalaryň öňünde, olara ýuridik statuty boýunça tabşyrlan hukuklary goramaga goşant goşýarlar”*[125].

Ýewropanyň Geňeşi öz *R (94) 12 belgili Maslahatynda* kazylaryn bileleşmek azatlygy barada şeýle ýazýar: “Kazylaryň öz garaşsyzlygyny we bähbitlerini goramak maksady

---

[123] Şuňa meňzeşlikde, ser.: *Bangalor Ýörelgeleriniň* 4.6 Ýörelgesi, we *Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň Ýörelgeleriniň we Düzgünnamalarynyň* A Ýörelgesiniň 4(s) paragrafy.

[124] *Latimer Öýüniň Ýörelgejeleri*, resm. salg., VII.3 Ýörelge. Ser. hem: *Kazynyň ählumumy Hartiýasynyň* 12-nji maddasy: “Hünärmen birleşigine gatnaşmak hukugy baradaky kazylaryň hukugy kazylaryň statutlaryny, olaryň etiki we beýleki taraplaryny, hem-de adalatyň ýollaryny amala aşrmak üçin, hem-de öz kanuny bähbitlerini goramaklygy rugsat bermek üçin hökmany suratda berjaý edilmelidir”.

[125] *Kazylaryň statuty baradaky Ýewropanyň Hartiýasy*, resm. salg., 1.7 kararnama paragrafy. Ser. hem: *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleriniň* 9-njy Ýörelgesi: “Kazylar öz bähbitlerini goramak üçin, hünärmen okuwyndan peýdalanmak hem-de öz kazyýet garaşsyzlygyny goramak maksady bilen birleşikleri gurnamak we olara gatnaşmak hukuklary bardyr”.

bilen özbaşdak ýa-da beýleki guramalar bilen birlikde birleşikleri gurnamak hukuklary bolmalydyr" [126]. *Pekin Ýörelgeleri* hem bu azatlygy goldaýarlar we "Her bir ulanylýan kanuna laýyklykda kazylaryň öz bähbitlerini goramak, hünärmen okuwlaryndan peýdalanmak hem-de öz garaşsyzlygyny goramak üçin hünärmen birleşikleri gurnamak we olara gatnaşmak hukugy bolmalydyr" [127].

## Öz pikiriňi beýan etmek azatlygy

Kazynyň wezipesi üçin öz pikiriňi beýan etmek azatlygy hem wajypdyr. Kanunyň ýokary tutulmagynyň kepillendirijisi we kanuny jemgyýetiň bir bölegi hökmünde, kazylar özgertmeler baradaky we beýleki kanunçylyk meseleleri baradaky maslahatlara gatnaşmaklary hökmandyr.

Umumy derejede öz pikiriňi beýan etmek azatlygy ähli halkara şertnamalarynda we kazyýetiň garaşsyzlygyny kadalaşdyrýan ýörite düzgunnamalarynda ykrar edilmekden daşary, esasanda, *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleriniň* 8-nji Ýörelgesinde, bellenilýär.

Emma, bu hukuk çäklendirilmedik däldir, we kazyýet wezipeleri bilen bagly belli bir çäklere tabyndyr. Kazylar degişlilikde, öz pikiriňi beýan etmek azatlykdan çäksiz erkin peýdalanmaklyk olaryň garaşsyzlygyna ýa-da ýüz görmezligine howp salyp biler, mysal üçin, kazylar belli bir işe degişli taraplaryň birine ýa-da köpçülikleýin habar beriş serişdelerine maglumatlary beýan eden halatlarynda. Netijede, kazylar adyl kazyýet baradaky, ýagny bigünälik prezumpsiýasyny içine alýan, we ylaýta-da, suduň garamagyndaky *sub judice* işlerde bu hukugyň amala aşyrylmagyna zyýan ýetirmekden saklanmalydyrlar.

Bu manyda, *Kazylaryň statuty baradaky Ýewropanyň Hartiýasy* ýörite öňünden belleýär, ýagny: "Kazylar özlerini alyp barmakda, öz hereketlerinde ýa-da her bir görnüşde beýan etmeklikde öz garaşsyzlygyna ýa-da ýüz görmezligine bolan ynamy gaçyrmakdan saklanmaga borçludyr" [128].

*Bangalor Ýörelgeleri* hem kazylardan öz wezipesiniň şertlendirýän aýratynlyklaryna zyýan ýetirmekden saklanmaklaryny talap edýär:

> *"Kazy, edil her bir beýleki raýat ýaly, öz pikiriňi beýan etmek azatlykdan peýdalanýar, [...], emma bu azatlykdan peýdalanylanda, kazy hemişe özüni alyp barmakda kazyýetlik wezipesiniň mertebesini hem-de kazyýetiň garaşsyzlygyny we ýüz görmezligini belent saklamalydyr* [129].

Şonuň üçin, kazylar her bir meseleler boýunça öz pikirlerini erkin beýan edip bilseler hem, olar obýektiw syn edijiniň öňünde adalaty garaşsyz we ýüz görmezlik bilen

---

126 *R (94) 12 belgili Maslahat*, resm. salg., IV Ýörelge.

127 *LAWASIA sebitinde kazyýet ulgamynyň garaşsyzlyk Ýörelgeleri baradaky Pekin Beýannamasy*, resm. salg., 9-njy kararnama paragrafy. Ser. hem: *Afrika ýurtlarynda adyl kazyýet we kanunçylyk kömegine bolan hukuk baradaky ýörelgeleri,* A Ýörelge, 4(t) paragraf: "Kazyýet işgärleri öz bähbitlerini goramak, hünärmen okuwlaryndan peýdalanmak hem-de öz derejesini goramak maksady bilen hünärmen birleşikleri gurnamak we olara gatnaşmak hukugy bolmalydyr".

128 *Kazylaryň statuty baradaky Ýewropanyň Hartiýasy*, resm. salg., 4.3 kararnama paragrafy.

129 *Bangalor Ýörelgeleri*, 4.6 Ýörelge. Ser. hem: 4.10 Ýörelge: "Kazynyň öz kazy wezipesinde allnan gizlin maglumatlary kazyýet borçlaryndan daşary maksat bilen ulanylmaly ýa-da beýan edilmeli däldir.

amala aşyrmaga öz başarnyklaryny şübhelendirýän beýýannamalary bermekden saklanylmalydyr.

*Kazylar, beýleki şahsy adamlar ýaly, şol bir esasy azatlyklardan peýdalanýarlar. Emma, adalaty amala aşyrmakda öz esasy orny bilen baglanyşykda, kazylaryň öz pikirini beýan etmek we birleşmek azatlyklaryndan peýdalanmakda aýratyn ähmiýeti bardyr. Bu azatlyklardan peýdalanmakda, kazylar öz garaşsyzlygyna we ýüz görmezligine zyýan ýetirmekden seresap bolmalydyr.*

# 5. Kazylaryň wezipä bellenmegi

## Syn

Kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygyny we ýüz görmezligini kepillendirmek üçin halkara hukugy döwletlerden kazylary gyşarnyksyz talaplara laýyklykda we aýdyň usulda seçilip işe bellenilmegini talap edýär. Kazylar öz kanunçylyk başarnyklaryndan daşary sebäpleriň esasynda işe bellenilen ýada ýokary çekilen halatlarynda, kazyýet önümçiliginiň öz esasy wezipesiniň, ýagny adalaty garaşsyz we ýüz görmezlik bilen amala aşyrylmagyna töwekgellik edilýär. Şonuň üçin, hakyky käriniň ussatlygyna esaslanýan aýdyň saýlanyş talaplary garaşsyzlygyň möhüm kepilligi bolup durýandyr. Şeýle hem bolsa, halkara hukukda wezipä bellemek barada belli bir usuly boýunça ylalaşyk ýokdur. Bu mesele belli bir derejede, seljeriş talaplary hemişe dalaşgärleriň hünärmenlik başarnyklaryna we şahsy adamkärçilik aýratynlyklaryna esaslanylan halatynda, her bir döwletiň garamagyna goýulandyr.

Netijede, kazylary wezipelerine bellemeklikde iki sany esasy meselelerine seretmelidir. Birinji meselesi wezipä bellemekligiň talapary bilen baglanyşykly we halkara kanun bu talaplary boýunça anyk düşündirişleri berýändir. Ikinji mesele kazyýet agzalary wezipelerine belleýän guramany hem-de şol guramanyň düzgünlerini içine alýandyr. Bu mesele barada her bir döwletiň çäklerinde haýsy guramanyň kazy wezipesine bellemäge ygtyýarlygynyň barlygy we berjaý edilmeli anyk düzgünleri barada halkara resminamalarda anyk kesgitlenilen däldir. Emma, wezipä bellemegiň her bir kadasy kazyýetiň guramaçylyk we şahsy garaşsyzlygyny hem-de obýektiw we subýektiw ýüz görmezligi kepillendirmelidir. Bu talap goragyň derwaýys mehanizmini düzýän, häkimiýet bölünişigi ýörelgesinden we barlaglar we deňagramlylyklar düzgüninden gelip çykýandyr.

## Wezipä bellemekligiň talaplary

Kazyýetçiligiň garaşsyzlygyna we ýüz görmezligine düýpli zyýan ýetirip biljek, kazy wezipesine mynasyp bolmadyk adamlar bellenmez ýaly, halkara kanuny dalaşgärleriň syýasy garaýyşlaryny, jyns we teniniň reňki ýaly seljeriş talaplaryň arasyndan çykardy. Belli bir döwletiň raýaty bolmak talabyndan beýleki agzalan talaplar kazy işine degişli däldir.

*BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri* şeýle nygtaýarlar:

> *Kazyýet wezipesine saýlanan adamlar ýokary derejede ahlak taýdan arassa, kanunçylykda ýeterlik okuwlary we başarnyklary bar bolan şahsyýet bolmalydyrlar. Saýlamagyň her bir usuly kazylaryň mynasyp bolmadyk sebäplere görä saýlanylmagyndan kepillik bermelidir; kazylary saýlamakda şahsyýetleri hiç hili kemsidiji talaplary, ýagny haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, dini garaýşyna, syýasy ygtykadyna, partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine degişlilik esas hökmünde ulanylmaly däldir. Belli bir döwletiň raýaty bolmaklyk talapy kemsidiji diýlip hasaplanylmaly däldir”*[130].

130 *Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, resm. salg., 10-njy Ýörelge.

Şunuň bilen meňzeşlikde, *Kazylaryň ählumumy Hartiýasy* şeýle belleýär: "Her bir kazyny saýlamak we wezipä bellemek işleri obýektiw, aýan talaplara we hünärmen başarnyklara esaslanyp edilmelidir" [131].

*Kazylaryň statuty baradaky Ýewropa Hartiýasy* hem bikanun talaplaryň ulanylmagyny gadagan edýär, "Statutyň düzgünleri [...] dalaşgärleriň erkin we ýüz görmezlik bilen öňünde goýulan kanunçylyk meseleleri kesgitlemek hem-de işine seredilýän adamyň şahsy mertebesini hormatlaýan usulda şol meseleler boýunça kanuny ulanmak ukyplarynyň esasynda saýlanmalydyr" diýip belleýär. Statut her bir dalaşgäriň, onuň jynsy, haýsy millete degişlidigi, gelip çykyşy, ýada onuň filosofiýa we syýasy garaýşy ýa-da dine ynamlary üçin saýlaw seljerişden çykarylmagyny gadagan edýär" [132].

Ýewropanyň geňeşi bu mesele boýunça şeýle maslahat berýär: "Kazylaryň hünärmen ösüşine degişli ähli meseleler obýektiw talaplara esaslanmalydyr we kazylaryň saylanylmagy we ösüşi olaryň gazanan üstünliklerine esaslanmalydyr we ussatlyklaryny, ahlak taýdan arassalygyny, başarnyklaryny we peýdalylyklaryny göz öňünde tutmalydyr" [133]. Kazy wezipesine bellemeklik onuň hünärmen ösüşiniň bir bölegi bolany üçin, bu maslahat kazynyň ilkinji bellenilşine we soňra ýokary wezipelere çekilmegine degişlidir.

*Adyl kazyýet hukugy baradaky Afrikan Ýörelgelerinde we Düzgünlerinde* şeýle bellenilýär:

> *"Kazyýet önümçiligine kazylaryň saýlanylmagynda diňe dalaşgärleriň ahlak taýdan arassalygy, ýeterlikli taýýarlygy ýada bilimleri we başarnyklary göz öňünde tutulmalydyr".*

Mundan başga-da, *Düzgünlerde* dalaşgäriň esasy başarnyklarynyň arasynda

> *"Hiç bir adam kazynyň wezipesini doly derejede ýerine ýetirmek üçin gerekli taýýarlyk okuwynyň ýada biliminiň bolmadyk halatlarynda kazyet önümçiligine bellenilip bilmez"* [134].

diýip, belläp geçýär.

Aziýa-Ýuwaş Umman sebitinde *Pekin Ýörelgelerinde* hem kemsitleklige garşy ýörite bellik edilýär we millete degişlilik barada meňzeş düýduryş berilýär: "Kazylar[yň]

---

131 *Kazylaryň ählumumy Hartiýasy*, resm. salg., 9-njy madda.

132 *Kazylaryň statuty baradaky Ýewropa Hartiýasy*, resm. salg., 2.1 kararnama paragrafy. Hartiýa şeýle diýip dowam edýär: "Statut boýunça ýuridiki bilimiň ýada tejribäniň bolmagy diňe kazy wezipesini amala aşyrmaklygy kepillendirýän talaby bilen baglanyşykda ýeterlik şert hökmünde bellenilýär" (2.2 kararnama paragrafy).

133 Ýewropanyň Geňeşi, *R (94) 12 belgili Maslahat*, resm. salg., I.2 Ýörelge.

134 *Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň Ýörelgeleri we Düzgünnamalary*, resm. salg., A Ýörelge, 4(i) we (k) paragraflar. Düzgünlerde hem kamsitmezlik barada maddasy bar we birnäçe düzgünden çykýan halatlar düşündirilýär: "Talaplara laýyk gelýän her bir adamyň onuň jynsy, teniniň reňki, millete degişlidigi, dili, gender meseleleri, syýasy we beýleki garaýyşlary, dine garaýşy, fiziki maýyplylygy, haýsy millete we sosial topara degişlidigi, gelip çykyşy, emläk hem wezipe ýagdaýy boýunça kemsitmesiz, kazyýet wezipesine bellenilmek üçin seredilmegine hukuklydyr. Emma döwletler üçin aşakdaky talaplar kemsidiji diýip hasaplanylýan däldir, ýagny: 1. Dalaşgärleriň kazyýet wezipelerine saýlanmak üçin başlangyç ýaşy we azyndan talap edilýän tejribe ýyllary bellemeklik; 2. Nepaga çykylýaň ýaşy, ýada kazyýet serkerdeler üçin gullugyň möhletini bellemeklik; 3. Nepaga çykylýan ýaşynyň ýa-da gulluk möhletiniň kazylaryň ýada beýleki kazyýet önümçiliginiň serkerdeleriň derejelerine, alymlyk derejelerine görä üýtgekligiň mümkinçiligi barada bellemeklik; 4. Diňe döwletiň milli raýatlary kazyýet önümçiligine saýlanylyp bilýändiklerini talap etmeklik" (4.j Ýörelge).

saýlanmagynda şahsyýete garşy onuň jynsy, teniniň reňki, jynsy, syýasy we beýleki garaýyşlary, haýsy millete we jemgyýete degişliligi, gelip çykyşy, öýlenen/durmuşa çykanlygy, jynsy ugruna degişlilik, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine degişlilik barada hiç hili kemsitmeklige ýol berilmeli däldir we kazyýet önümçiligine saýlanmak üçin şol döwletiň milli raýaty bolmaklyk talaby kemsidiji diýlip hasaplanylýan däldir"[135].

*Latimer Öýüniň Düzgünlerinde* beýleki düzgünnamalara salnan şertine meňzeş gelýän hem-de kazyýet önümçiliginiň içindäki deňsizlikleri aýyrmak talabyny içine alýan düşündiriş şeýle nygtaýar:

> *"Kazyýet wezipelerine bellemeklik ähli derejelerinde hakykatda edilen işlere esaslanmalydyr we gender deňsizligi hem-de beýleki taryhdan gelýän diskriminasiýa täsirlerini gitdigiçe aýyrmak barada düşündiriş berilmelidir"*[136].

Adam hukuklary baradaky Komiteti kazylaryň wezipä bellemek baradaky talaplary birnäçe gezek gaýtalap belleýär hem-de kazylar öz hünärmenlik başarnyklary esasynda bellenilmelidir giýip kesgitleýär.

- Boliwiýanyň döwlet hasabatynyň barlagyndan soň Komitet "kazylaryň wezipä bellenmegi olaryň syýasy degişliligine dälde, ýagny başarnyklaryna esaslanmalydyr"[137] diýip, maslahat berdi.
- Azerbeýjan halatynda Komitet "kazyýet önümçiligiň garaşsyzlygyny we ýüz görmezligini berjaý etmek üçin [...] kazy wezipesine bellemekde anyk we aýdyň düzgünleri amala aşyrmalydyr"[138] diýip, döwlete maslahat berdi.
- Sudan ýagdaýynda Komitet "kazyýetiň aýdyň we hakyky ýagdaýy garaşsyz däl, köp kazylar olaryň hukuk hünäri boýunça başarnyklarynyň esasynda saýlanylmadyklary, [...] we musulman bolmadyk ýa-da aýal dalaşgärleriň arasynda az sany kazyýet önümçiligiň dürli derejedäki wezipelerini eýeleýärler" diýp öz aladasyny bildirdi. Buňa baglylykda Komitet "kazyýetçilik ulgamynyň garaşsyzlygy we tehniki laýyklygy barasynda ýagdaýyň gowulandyrylmagy üçin care görülmegini ondan başgada aýal maşgala we azlyklaryň wekilleriniň arasyndan bolan ýokary hünärli kazylaryň bellenilmegini"[139] maslahat berdi.
- Slowakiýa ýagdaýynda Komitet kazylaryň parlamentiň tassyklanylmagy bilen hökümet tarapyndan işe bellenilmegi baradaky "hereket edýän düzgünler kazyýetiň garaşsyzlygyna ýaramaz täsir edýärler" diýip aladasyny nygtady, hem-de "kazyýet önümçiligiň garaşsyzlygyny kepillendirýän, we işe bellemekligi kadalaşdyrýan kanunlaryň, zähmet haky, iş möhleri, işden boşatmak we kazyýetiň tertip-nyzam düzgünlerini kabul etmek üsti bilen,

---

135 *LAWASIA sebitinde kazyýet ulgamynyň garaşsyzlyk Ýörelgeleri baradaky Pekin Beýannamasy*, resm. salg., 13-nji kararnama paragrafy.

136 *Latimer Öýüniň Düzgünleri*, resm. salg., II.1 Ýörelge.

137 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Boliwiýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 74, 34-nji paragraf. Ser. hem: *Liwan boýunça tamamlaýjy synlar*, BMG-nyň resminamasy, CCPR/C/79/Add. 78, 15-nji paragraf.

138 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Azerbeýjan boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/73/AZE, 14-nji paragraf.

139 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Sudan boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy, CCPR/C/79/Add. 85, 21-nji paragraf.

kazylary her bir syýasy täsirden goraýan ýörite çäreleriň kabul edilmegini maslahat berdi”[140].

- Moldowa Respublikasy halatynda Komitet “kazylaryň gysga başlangyç iş möhleti barada we şol möhleti uzaltmak üçin kazylar belli bir talaplary berjaý etmelidikleri” barada öz aladasyny bildirdi, we hökümete “kanuna täzeden seretmekligi we düzgünleriň [garaşsyz we ýüz görmýän] adyl kazyýet tarapyndan işe seredilmek hukugynyň] 14-nji maddasynyň 1-nji paragrafyna laýyklykda kazyýetiň garaşsyzlygyny üpjün etmek üçin kazylaryň iş möhletini gerekli derejede uzaldylmagyny maslahat berdi”[141].
- Paragwaý hasabatyny seljerşiň dowamynda Adam hukuklary baradaky Komitet “Kazyýet önümçiliginiň garaşsyzlygyna zyýan ýetirip biljek, kazylary (Ýokary suduň kazylaryny hem içine alýan) işe bellemekligi we işden boşatmaklygy kadalaşdyrýan obýektiw talaplarynyň ýetmezçiligi” barada alada bildirdi[142].

Bu talaplar öz wezipelerini daşary ýurtlarda amala aşyrýan halkara kazylara hem degişlidir. Halkara kazylaryň birnäçesi işe bellenilip işleýän, Kosowo ýurdunyň ýagdaýy boýunça hasabaty seljerip, “halkara kazylaryň garaşsyzlygyny ýeterlikli derejede kepillendirýän usullaryň ýoklugy barada” Adam hukuklary baradaky Komitet öz aladasyny bildirdi, hem-de Kosowoda ýerleşýän Birleşen Milletler Guramasynyň missiýasyna “halkara kazylaryň işe alynmak, bellenilmek we tertip-düzgün jogapkäçiligi baradaky garaşsyz düzgünleri ýola goýmaklygy”[143] maslahat berdi. Katar ýagdaýynda bolsa, Gynamaklyga garşy Komitet, “köpüsi daşary ýyurt raýatlary bolan kazylaryň garaşsyzlygyna howp astyna salynýandygy” barada öz aladasyny nygtady. Raýatlyk guramalara daşary ýurtly kazylara ýaşaýyş rugsatnamalary bermek wezipesi berlenligi sebäpli, Kazyýet “olaryň iş möhleti barada näbellilik duýgysynyň hem-de by häkimiýete tabynlyk duýgysynyň döredilmeginiň mümkindigini, hem-de, netijede, kazylaryň gysylmagynyň mümkindigini”[144] belledi.

## Wezipä bellemek düzgünleri

Bapyň girişinde bellenilşi ýaly, halkara hukugynda kazylary wezipä bellemeginiň eketäk düzgünleriň belli bir standartyny kesgitlenen däldir. Emma, halkara düzgünleriň birnäçesi bu mesele boýunça we, ylaýta-da, häkimiýetiň şahamçalarynyň orny we kazylary wezipä belleýän edaranyň aýratynlyklary barada göz öňünde tutulmaly belli bir talaplary kesgitleýärler.

Umumy aýdanymyzda, kazylar öz kärdeşleri ýada ýerine ýetiriji we kanunçylyk häkimiýetinden garaşsyz edara tarapyndan saýlanylmagy makul bilýärler. Mysal

140 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Slowakiýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 79, 18-nji paragraf.

141 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Moldowa Respubikasy boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/75/MDA, 12-nji paragraf.

142 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Paragwaý boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/PRY/CO/2, 17-nji paragraf.

143 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Kosowo (Serbiýa) boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/UNK/CO/1, 20-nji paragraf.

144 *Gynamaklyga garşy Komitetiniň Katar boýunça tamamlaýjy synlary we maslahatlary*, BMG-nyň resminamasy CAT/C/QAT/CO/1, 11-nji paragraf.

üçin, bu barada *Kazylaryň statuty baradaky Ýewropanyň Hartiýasy* şeýle belleýär: "Dalaşgärleri saýlamak, işe almak, wezipä bellemek we hünäri boýunça ösmek ýa-da işden boşatmak bilen bagly her bir meselesi boýunça statut ýerine ýetiriji we kanunçylyk häkimiýetinden garaşsyz bolan we düzüminde azyndan ýarysy kazylardan ybarat bolan, kazyýet ulgamynyň giň wekilçiligini kepillendirýän ugurlaryny yzarlaýan gurama tarapyndan ýerine ýetirilmegini teklip edýär" [145].

Öz gezeginde Ýewropa Geňeşi işe bellemek düzgünleri we kazylary saýlamakda jogapkär edarasy barada jikme-jik görkezmeleri beýan etdi.

> *"Kazylaryň wezipesine saýlanylmagyny, bellenilmegini we hünär boýunça ösüş mümkinçilikleri bilen bagly meselelere seredýän edara hökümetden we dolandyryş edaralardan garaşsyz bolmalydyr. Onuň garaşsyzlygyny goramak üçin düzgünler, mysal üçin, onuň agzalarynyň kazyýet tarapyndan saýlanylmagyny hem-de bu edaranyň iş düzgünlerini özi kesgitletmegini üpjün etmelidir"* [146].

Şunuň bilen bilelikde, kä döwletlerde kazylar adatça hökümet tarapyndan bellenilýändigini hem-de bellli bir gerekli düzgünler berjaý edilen halatynda, bu tejribäniň kazyýetiň garaşsyzlygyny goramak talabyna laýyk gelmeginiň mümkindigini Geňeş nygtaýar. Bu barada Geňeş şeýle belleýär: "[...] kazylaryň hökümet tarapyndan bellenilmegi konstitusiýa we kanunçylyk düzgünlerine hem däplerine laýyk gelýän bolsa, *kazylary wezipä bellemek düzgünleri hakykatda-hem garaşsyz we aýdyňlygy barada hem-de kazyýet çözgütlere ýokarda bellenilen obýektiw talaplardan daşary hiç hili sebäpler täsir etmeýändigi barada kepillikler bolmalydyr*" [147].

*Afrikan Düzgünleri*, öz gezeginde, kazyýetiň işgärlerini saýlamak üçin jogapkär garaşsyz edaranyň döredilmek pikirini goldaýar, hem-de beýleki edaralaryň, ýagny häkimiýetiň beýleki şahamçalaryna hem belli bir talaplaryny berjaý eden halatynda bu wezipäni ýerine ýetirmekligi bilen ylalaşýar, ýagny:

> *"Kazyýet edaralara işgärleri saýlamaklyk aýan we hasabat beriji bolmalydyr hem-de bu maksat bilen garaşsyz edaranyň döredilmegi maslahat berilýär. Kazyýeti saýlamak usullaryň her birisi kazyýetiň garaşsyzlygyny we ýüz gözmezligini goramalydyr"* [148].

Adam hukuklary baradaky Komitetiň kazylary bellemek usullaryna birnäçe gezek salgylanyp, düzgünleriň has-da aýan ýerine ýetirilmegini maslahat berdi.

- Kongo işine seredip, Komitet bu barada "kazyýetiň garaşsyzlygyna edilýän hüjümler Paktyň 14-nji maddasynyň 1-nji paragrafyna garşy gelýär" diýip,

145 *Kazylaryň statuty boýunça Ýewropanyň Hartiýasy*, resm. salg., 1.3 kararnama paragrafy.

146 *R (94) 12 belgili Maslahat*, resm. salg., I.2.c Ýörelge. Ser. hem: *Kazylaryň ählumumy Hartiýasynyň* 9-njy maddasynda: "[...] Eger beýleki, öňden däp bolup gelýän we wagt barlagyny geçen usullar bilen üpjün edilmedik bolsa, onda kazylaryň saýlanylmagy belli bir garaşsyz, ep-esli kazyýet wekilçiligi içine alýan edara tarapyndan amala aşyrylmalydyr".

147 *R (94) 12 belgili Maslahat*, resm. salg., I.2.c Ýörelge, aýratyn üns edilen. Bu aýanlygy üpjün etmek üçin maslahatlarda birnäçe mysallar berildi, ýagny: "hökümete gelejekde ýerine ýetiriljek maslahatlary bermek üçin ýörite garaşsyz we doly başarnyklary bolan edaranyň döredilmegi; ýa-da belli bir çözgüde täzeden seretmek barada şahsyýetiň garaşsyz edara şikaýat etmek hukugynyň bolmagy; ýa-da çözgütleri gijä galman we ýerliksiz täsir edilmän ýerine ýetirilmekligini üpjün edýän edaranyň döredilmegi". Bu sanaw entäk gutarnbyksyz däldir we mysallar biri birine garşy gelýän däldir.

148 *Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň Ýörelgeleri we Düzgünnamalary*, resm. salg., A Ýörelge, 4(h) paragraf. Ser. hem: *Pekin Ýörelgeleri*, 13–17 Ýörelgeler, we *Latimer Öýüniň Düzgünleri*, resm. salg., II.1 Ýörelge.

öz aladasyny bildirdi, we “kazylaryň işe bellemek we tertip-nyzam meselelerini kadalaşdyrýan garaşsyz mehanizmiň ýetmezçiligi sebäpli, bu garaşsyzlygyň çäklidigine, hem-de kazylaryň çözgütlerine täsir etmek maksady bilen, we şonuň arasynda kazyýetiň tabyn bolýan ýerine ýetiriji şahamçasy tarapyndan hem, olara zorluk görkezmek halatlaryň barlygyna” [149], aýratyn üns çekdi. Komitet Kongo hökümete “kazyýetçiligiň garaşsyzlygyny üpjün etmek üçin gerekli çäreleri görmekligi, hem-de esasan, Ýokary Adalat Geňeşiniň düzümine we işine, hem-de onuň netijeli gurnalmagyna degişli kadalaryň düzedilmegini” maslahat berdi.

- Lihtenşteýn halatynda ýerine ýetiriji edaralaryň kazylaryň işe alynmagyna ses bermek üsti bilen goşulmagy kazyýetiň garaşsyzlygyna zyýan ýetirýär, diýip Komitet beýan etdi [150].
- Täjigistan işinde “kazylary işe almak we işden boşatmak düzgünlerinden aýan bolýan, kazyýetiň garaşsyzlygynyň aýdyň ýetmezçiligi barada” Komitet öz aladasyny bildirip, Täjik Hökümetine “kazylary işe bellemek, hünär boýunça ösdürmek we tertip-nyzam meselelerine ähli derejelerde jogapkärçilik edýän garaşsyz edarasyny döretmek bilen, kazyýetiň doly garaşsyzlygyny we ýüz görmezligini kepillendirmegini” [151] maslahat berdi.
- Gondurasyň tabşyran hasabatyna seredip, Komitet “kazyýetiň garaşsyzlygyny üpjün etmek we hünäriň işe bellemek, ösdürmek we kadalaşdyrmak işlerine ýolbaşçylyk etmek maksady bilen garaşsyz edaranyň ýoklugy barada” aladasyny bildirdi we şol edaranyň tiz wagtyň içinde döredilmegini maslahat berdi [152].

Ýewropanyň adam hukuklary baradaky Kazyýeti hem kazylaryň işe bellenilmek tejribeleri sebäpden kazyýetiň garaşsyzlygyny we ýüz görmezligini şübhelendirýän halatlaryna seretdi.

- *Incal Türkiýa garşy* işinde Kazyýet jenap Incala çozgüt çykaran tribunalyň ýüz görmezligini kesgitlemeli boldy. Goraýjy harby kazynyň gatnaşmagy onuň garaşsyz kazyýet tarapyndan işe seredilmek hukugyny bozýandygy barada dawa etdi, sebäbi agzalan kazy ýerine ýetiriji edara tabyndy. Ýewropa Kazyýetiniň çykaran çözgüdi “Bu babatda diňe gatnaşmaklyk hem belli derejede ähmiýetli bolup biler. Bu halatda esasy mesele demokratik jemgyýetde kazyýet tarapyndan

---

149 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Kongo boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 118, 14-nji paragraf. “Kazylary syýasy, maliýe we beýleki zorluklardan boşatmak üçin, olaryň iş möhletiň uzaklygyny üpjün etmek üçin hem-de adalaty wagtynda wew ýüz görmezlik bilen amala aşyrmak üçin kazylaryň taýýarlygyna we olary işe belleýän we tertip-nyzamy berjaý edýän ulgamyna ýörite üns berilmelidir” diýip, Komitet goşmaça belledi”. Komitet döwlet tarapyny kazylara ýeterlikli okuw taýýarlygyny kepillendirmek üçin peýdaly we gerekli çäreleri ýerine ýetirmekligine çagyrdy.

150 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Lihtenşteýn boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/81/LIE, 12-nji paragraf.

151 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Täjigistan boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/84/TJK, 17-nji paragraf. Gynamaklyga garşy Komitet “kazylaryň Prezident tarapyndan işe bellenilmekleri we işden boşadylmaklary sebäpli, kazyýetiň ýeterlikli bolmadyk garaşsyzlygy we netijeliligi” barada meňzeş aladasyny bildirdi. Ser.: *Gynamaklyga garşy Komitetiň Täjigistan boýunça tamamlaýjy synlary we maslahatlary*, BMG-nyň resminamasy CAT/C/TJK/CO/1, 10-njy paragraf.

152 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Gonduras boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/HND/CO/1, 16-njy paragraf.

ilatyň arasynda gazanylýan ynam bilen baglanyşyklydyr we, ylaýtada, jenaýatçylyk işlerde günäkärlenýäniň ynamy baradadyr. [...] Belli bir kazyýetiň garaşsyzlygynyň we ýüz görmezligiň ýetmezçiligini subut edýän kanuny delilleriň barlygyny kesgitlemekde günäkärlenýäniň pikiriniň aýratyn, aýgytlaýjy bolmadyk, ähmiýeti bardyr. Aýgytlaýjy diýmek, onuň şübheleriniň obýektiw dellillendirilip biljekdigini aňladýandyr". Kazyýetiň bellemegine görä, jenap Incal "kazylaryň biri Izmir Milli Howpsyzlyk Tribunalynda harby kazy bolandygy sebäpli, kazyýete işiň aslyýeti bilen bagly bolmadyk nädogry düşünjeleriň çakdanaşa täsir edip bilmekligi barada dellilendirilen gorkynyň döremegi mümkindi" we şunuň bilen baglylykda günäkärlenýän "Kazyýetiň [...] garaşsyzlygy we ýüz görmezligi barada şübhelenmäge dellilleri bardy" [153], diýip kesgitledi.

- *Lauko Slowakiýa garşy* işinde jenap Laukonyň ýerli edara tarapyndan oňa jerime salynandan soň we etrap edarasy şol jerimäni takyklanyndan soň, jenap Laukonyň adyl kazyýet baradaky hukugynyň bozulanlygy barada Kazyýet kesgitleme bermelidi. Kazyýet ýerli edaranyň we etrap edarasynyň "hökümetiň garamagynda ýerli döwlet dolandyryş işleri amala aşyrmak wezipeleriň barlygyny" we "bu edaralaryň ýolbaşçylaryny ýerine ýetiriji häkimiýet we onuň ýolbaşçylary tarapyndan işe alynýandygy, hem-de olaryň iş şertnamalarynyň Zähmet kodeksine laýyklykda berjaý edilýändigini we olaryň zähmet hakly işgärler statusynda işleýändiklerini" belledi. "Ýerli we etrap döwlet dolandyryş işgärleriň işe alynmak tertibi hem-de bu işe daşyndan zorlugyň ýoklugy baradaky kepillikleriň we garaşsyzlygyň belli bir aýdyň görnüşleriniň bolmazlygy sebäpli, 'Konwensiýanyň [adyl kazyýet baradaky] 6-njy maddasynyň 1-nji paragrafynda berilýän manyda, bu edaralaryň ýerine ýetiriji häkimiýetden "garaşsyz" diýlip hasaplanylyp bilmez' diýip, Kaztýet netijä geldi. Kazyýetiň kararyna görä, 'düzgün bozmak bilen bagly ownuk jenaýat işlere seretmek we jeza kesgitlemek wezipesini dolandyryş edaralara bermek Konwensiýa garşy gelmeýär. Emma, 6-njy maddada bellenilýän kepilliklere laýyklykda, bu halatlarda günäkär adamyň oňa garşy çykarylan çözgütlere kazyýet tarapyndan täzeden seredilmek barada şikaýat etmek hukugy bolmalydyr diýip, bu ýerde aýratyn agzap geçmek gerekdir'. Jenap Laukonyň işine täzeden seretmek baradaky arzasy Konstitusion Kazyýet tarapyndan, düzgün bozmak bilen bagly ownuk işlere kazyýetiň seretmeýänligi sebäpden, ret edilenligi üçin we netijede ol garaşsyz we ýüz görmez kazyýet tarapyndan işine seredilmegini sorap bilmänligi üçin kazyýet jenap Laukonyň adyl kazyýet baradaky hukugynyň bozulandygyny kesgitledi" [154].

---

153 *Incal Türkiýa garşy*, resm. salg., 71–73 paragraflar. Ser. hem: *Sahiner Türkiýa garşy*, 2001-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda çykarylan AHÝK-yň garaýşy, Seriýa 2001-IX, 45–46 paragraflar, haçanda sud "eger häzirki işde bolşy ýaly, tribunalyň düzümine öz borçlary we gulluk edýän guramalary nukdaýnazaryndan, bir tarapa tabynlykdaky adamlar gatnaşýan halatlarynda, günäkärlenýän adamlar bu agzalaryň garaşsyzlygy barada delilli şübhelenmekleri mümkindir. Bu ýagdaý demokratik jemgyýetde kazyýet tarapyndan ilatyň arasynda gazanylýan ynama zyýan getirmegi mümkindir". Döwletiň konstitusion tertibine zyýan ýetirmek boýunça işine harby tribunal tarapyndan seredilen jenap Sahineriň "iki harby kazylardan we olaryň harby kommandir hökmünde ygtyýarlygy bolan goşunlaryň serkerdesinden düzülen tribunalyň işi barada şübhelendirmäge delilleriň barlygyny" kesgitledi. "Tribunalda iki raýat kazylaryň gatnaşanlygy hem, we olaryň garaşsyzlygy we ýüz görmezligi barada hiç hili şübhäniň ýoklugy hem, bu ýagdaýy üýtgetmeklige täsiri ýokdur".

154 *Lauko Slowakiýa garşy*, 1998-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda çykarylan AHÝk-nyň garaýşy, Seriýa 1998-IV, 64-nji paragraf.

Kazylary işe bellemek barada “jemgyýet häkimiýetleriň bölünişiniň esasy maksatlarynyň biri kazylaryň garaşsyzlygyny kepillendirmekdir we, bu babatda, dürli syýasy düzgünleri kazylary işe almak we boşatmak” barada berk tutulýan kadalary kabul etdiler, hem-de “her bir kazynyň garaşsyzlygy onuň saýlanmak düzgünleriniň ýerlikli berjaý edilmegini, wezipäniň bellenen möhletiniň bolmaklygyny hem-de daşarky zorlugyň bolmazlygy barada kepillikleriniň bolmagyny aňladýandyr” [155] diýip, Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Kazyýeti nygtady.

## Ses berme saýlawy

Kä ýurtlarda kazylary ses bermek bilen saýlamak adaty ulanylýar. Bir tarapdan, bu tejribe has-da demokratik diýlip hasaplanylyp bilner, we netijede, belli bir edara tarapyndan saýlanylýan halatlara deňeşdirenimizde, bu tejribe has-da aýdyň görünsede, ses berme bilen saýlanan dalaşgärleriň hünärmenlik talaplara laýyklygy barada birnäçe soraglar ýüze çykmagy mümkindir. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň birnäçe ştatlarynda bu meselä seredilende, Adam hukuklary baradaky komiteti “kazylary saýlamak baradaky häzirki düzgüni birnäçe ştatlarda Hartiýanyň 14-nji maddasynda [garaşsyz we ýüz görmez kazyýet tarapyndan işe seredilmek baradaky] bellenen hukuklarynyň berjaý edilmegine täsiri barada” öz aladasyny belledi, hem-de “birnäçe ştatlaryň kazylaryň gazanan üstünliklerine esaslanýan düzgünleri kabul edmekde bolan tagallalaryny” goldady. Şunuň bilen birlikde, Komitet “kazylary saýlaw arkaly işe bellemek düzgünine täzeden seretmekligi hem-de kazynyň hünärmenlik derejesine esaslanyp, garaşsyz edara tarapyndan işe bellemek düzgüni bilen çalyşmaklygyny” [156] maslahat berdi.

> *Kazylar öz hünäri bilen bagly başarnyklarynyň hem-de aýdyň düzgünleriň esasynda wezipä bellenilmelidir. Halkara standartlarynda kazylaryň saýlanylmagy ýerine ýetiriji ýa-da kanunçylyk häkimiýeti tarapyndan amala aşyrylmak gadagan edilmeýän hem bolsa, syýasy pikirleriň hiç hili täsir etmezligini üpjün etmek üçin bu wezipäniň garaşsyz edara tarapyndan ýerine ýetirilmegi maslahat berilýär.*

155 *AHADK-nyň Konstitusion Kazyýetiň işi*, resm. salg, 73-nji we 75-nji paragraflar degişlilikde.

156 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Amerikanyň Birleşen Ştatlary boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 50; A/50/40, 266–304 paragraflar, 288-nji we 301-nji paragraflar. Ser. hem: Komitetiniň *Ermenistan boýunça tamamlaýjy synlary*: “Kazyýetiň garaşsyzlygy doly derejede kepillendirilmedik we, ylaýtada, Komitet kazylaryň alty ýyla çenli möhleti bilen, ses berme bilen saýlanylmagy, kazyýetiň garaşsyzlygyny we ýüz görmezligini üpjün etmeýändigi barada belledi”, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 100, 8-nji paragraf.

# 6. Iş möhletiniň we ýokary wezipelere çekilmegiň şertleri

## Syn

Kazylaryn garaşsyzlygyny berjaý etmekligiň ilkinji esasy şerti olaryň iş möhletiniň durnuklylygydyr. Kazylar iş möhleti uzak bolmadyk halatlarynda olar dürli taraplardan we, ylaýtada, olaryň iş möhletini täzelemekligine jogapkär edaralardan zorluk edilmegine duçar bolýarlar. Bu mesele kazylaryň saýlanylmagynda we işe bellenilmeginde ýerine ýetiriji häkimiýetiň esasy orun tutýan ýurtlarynda has-da ýiti görünýär. Bu ýurtlarda kazylar öz iş möhletlerini uzaltmak üçin syýasy zorluga hem sezewar bolmaklary we netijede öz garaşsyzlygyny ýitirip, yrylmaklary mümkindir.

Kazyýetiň garaşsyzlygyny kepillendirmekligiň beýleki usuly kazylaryň ýokary çekilmekligiň anyk düzgünlerini döretmekdir. Bu babatda kazylaryň hünär başarnyklaryna we wezipeleriniň ululygyna esaslanýan düzgünler hem mümkindir. Saýlanan düzgünlere garamazdan, kazylar üçin garaşsyz edara tarapyndan kesgitlenen obýektiw talaplary boýunça ösüş mümkinçiliklerini üpjün etmäge döwletler borçludyr.

## Iş möhletiniň halkara standartlary

Kazyýetiň garaşsyzlygy baradaky halkara standartlary kazylaryň iş şertlerine we iş möhlerine degişli birnäçe talaplary kesgitleýärler. Mysal üçin, *BMG-nyň Esasy Ýörelgelerinde* döwletleriň öz kazylaryň iş şertlerini we iş möhlerini kanunçylykda kepillendirmek borçludyr. “Kazylaryň iş möhleti, olaryň garaşsyzlygy, howpsyzlygy, mynasyp zähmet haky, iş şertleri, nepaga we nepaga çykylýan yaşlary “kanunda ýeterlikli derejede” bellenilmelidir[157]. Ylaýtada, iş möhleti barada gürrüň edilende, *Ýörelgelerde* “Kazylar, bellenilmegine ýada saýlanylmagyna garamazdan, hökmany nepaga çykylýan ýaşyndan öň kepillendirilen iş möhleti, ýada degişli ýurtlarda iş möhletiniň tamamlanmagy baradaky kepillikler bilen üpjün edilmelidir”[158]. Bu düzgün kazylaryň hemişelik bellenilmegini anyk aňlatmaýan hem bolsa-da (hemişe olaryň wezipelerini ýerine ýetirmek başarnyklaryna bagly), iş möhleri kazylaryň garaşsyzlygynyň kepilligi bolup durýandyr.

Hemişelik (ömürbaky) iş möhleti adat bolmagy barada *Latimer Öýüniň Düzgünlerinde* anyk kesgitlenilýär. Kä ýurtlarda kazylar wagtlaýyn işe alynýarlar diýip, *Düzgünlerde* bellenilýär. Emma bu tejribe kazyýetiň garaşsyzlygyny goramak üçin, iş möhletiň umumy şertlerine laýyk gelmelidir[159]. Şuňa meňzeşlikde, Kazynyň ählumumy hartiýasy şeýle belleýär: “Kazy wezipä hemişelik (ömürbaky) ýada kazyýet garaşsyzlygyny howp astynda goýmaz ýaly, bellenen möhlete we şertlere bellenilmelidir”[160].

157 *Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, 11-nji Ýörelge. Ýewropa Geňeşiniň *R (94 12) belgili Maslahatynyň* I.3 Ýörelgesi ibilen meňzeşdir.

158 Şol ýerde, 12-nji Ýörelge.

159 *Latimer Öýüniň Düzgünleri*, resm. salg., II.1 Düzgün: “Kazyýet işi adatça hemişelik bolmalydyr; kä bir ýurisdiksiýalarda şertnama esasynda işe almak hökmanlygy sebäpli, bu mesele möhletiň ýerlikli kepillendirilmegine tabyndyr”.

160 *Kazylaryň ählumumy Hartiýasy*, resm. salg., 8-nji madda. Şol bir maddada nepaga çykmak düzgün barada şeýle bygtalýar: “Kazyýetiň nepaga çykylýan hökmany ýaşynyň üýtgedilmeginiň gaýdyşyn täsiri ýokdur”.

Afrikanyň düzgüninde, *Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň Ýörelgeleri we Düzgünnamalary* şeýle belleýärler: “Kazylar ýada kazyýet edaralary hökmany nepaga ýaşyna çenli ýada olaryň möhletiniň tamamlanmagyna çenli, iş möhletiniň kepilligi bilen üpjün edilmelidir”, we “iş möhleti, mynasyp zähmet haky, nepaga, öý, transport, fiziki we sosial üpjünçiligiň şertleri, nepaga çykylýan ýaş talaplary, tertip-nyzam we serişde mehanizmleri hem-de kazyýet işgärleriň beýleki iş şertleri kanunda ýazylmaly we kepillendirilmelidir”[161]. *Afrikan Ýörelgelerinde* iş möhletiniň wagtynyň çakliligi barada anyk bellenilýär: “kazyýet ýokary wezipeli işgärleri belli bir möhlet bilen şertnama esasynda bellenilmez”[162].

*Pekin Ýörelgelerinde* hem “Kazylaryň iş möhleti kepillendirimelidir”, diýip bellenilendir. Emma, *Ýörelgeler* dürli düzgünlerde “kazylaryň iş möhleti wagtal-wagtal geçirilýän ses berme ýada beýleki resmi düzgünlere baglydygyny” nygtaýar. Bu halatlarda “meňzeş ygtyýarlygyny amala aşyrýan ähli kazylaryň möhleti nepaga ýaşyna ýetenlerinde tamanlanmagy”[163] maslahat berilýär.

## Iş möhletine täsir edýän tejribeler

Kazylaryň möhletine täsir edýän iň köp duş gelýän tejribeleriň biri — “wagtlaýyn kazylary” işe bellemeklik, ýagny bu kazylar belli bir iş möhleti bilen alynman, islendik wagt işden boşadylyp ýada wagtlaýyn togtadylyp bilner. Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasyna laýyklykda, kazylaryň wagtlaýyn möhleti “olaryň işiniň belli bir şertlere tabynlygyny aňladýar, hem-de olar kazyýetiň beýleki bölekleriniň ýada daşyndan gelýän ýaramaz goşulmaklaryndan we zorlukdan özlerini goralmadyk diýip duýarlar”[164]. Bu barada Komissiýa şeýle belleýär: “Kazyýet önümçiliginde wagtlaýyn kazylaryň köplügi raýatlaryň dogry adalata bolan hukuklarynyň berjaý edilmegine hem-de kazyýetiň garaşsyzlygyny we özbaşdaklygyny kepillendirýän, kazylaryň durnukly iş bilen üpjün edilmeklerine zyýanly täsiri bardyr[165].

Kazylaryň iş möhletini bozmaklygyň ýene bir usuly — kazylaryň işini dowam etmek üçin belli wagt aralygynda olary rektifikasiýa synagyndan geçmeklerini borçlandyrmakdyr.

- Adam hukuklary baradaky Komiteti Peru ýagdaýny seljerende, rektifikasiýa synagyna hem salgylandy. Bu barada Komitet “kazylar ýedi ýylyň ahyrynda nepaga çykýarlar we täzeden işe bellenilmek üçin täzeden hünär dereje synagyndan geçmeli bolýarlar. Bu tejribe kazyýetiň garaşsyzlygyna iş möhletiniň

161 *Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň Ýörelgeleri we Düzgünnamalary*, resm. salg., A Ýörelge, 4(l) we (m) paragraflar.

162 Şol ýerde, A Ýörelge, 4(n)3 paragraf.

163 *LAWASIA sebitinde kazyýet ulgamynyň garaşsyzlyk Ýörelgeleri baradaky Pekin Beýannamasy*, resm. salg., 18–20 kararnama paragraflary. Ser. hem: 21-nji kararnama paragrafy: “Iş möhletiniň dowamynda kazynyň wagty onuň bähbitlerine garşy üýtgedilmeli däldir”.

164 *Wenesuella boýunça adam hukuklarynyň ýagdaýy baradaky Hasabaty*, OAS resminamasy OEA/Ser.L/V/II.118 Doc. 4 rev. 2, 2003-nji ýylyň 29-njy dekabry, 159-njy paragraf.

165 Şol ýerde, 160-njy paragraf, we Komissiýanyň jemleýji beýannamasy: “Wenesuellada kazylaryň köpüsiniň wagtklaýyn möhletleti bilen işleýärler we bu ýagdaý olaryň iş durnuklylygyna täsir edýär we hökmany şerti bolan kazyýetiň garaşsyzlygyna zyýan ýetirýär”, 540-njy paragraf. Ser. hem Peru boýunça adam hukuklarynyň ýagdaýy baradaky ikinji hasabaty, OAS resminamasy OEA/Ser.L/V/II.106, Doc. 59 rev., 2000-nji ýylyň 2-nji iýuny, 14–15 paragraflar.

howpsyzlygyny iňkär etmek bilen täsir edýär", diýip belledi. Komitet "kazylar üçin täzeden hünär dereje synagyndan geçmek talabyna täzeden seredilmegini hem-de howpsyz iş möhleti we garaşsyz kazyýet ýolbaşçylyk düzgüni bilen çalşyrylmagyny" [166] maslahat berdi.

- Litwa işi boýunça Komitet: "Etrap kazyýetleriň kazylary hemişelik iş möhleti gazanmak üçin her bäş ýyl wagt aralygynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň barlagyny geçmeli bolýarlar" diýip, nygtady, we "her bir barlag diňe kazyýetiň hünär başarnyklaryna seretmelidir hem-de diňe garaşsyz hünärmen edara tarapyndan geçirilmelidir" [167] diýip, maslahat berdi.
- Wýetnam ýagdaýynda Komitet "kazylaryň saýlaw düzgünlerine hem-de iş möhletiniň howpsyzlygynyň ýetmezçiligi barada» aladasyny bildirdi, sebäbi kazylar diňe dört ýyllyk möhleti bilen bellenilýärdi. Bu ýagdaý we kazylara garşy tertip-nyzam çäreleriň görülmek mümkinçiligi, olary syýasy zorluga mejbur edýändir we olaryň garaşsyzlygyny hem-de ýüz görmezligini howp astynda goýýandyr[168].
- Gyrgyzystanyň tabşyran hasabatyna seredip, Komitet "kazylara degişli hünär barlagy, her ýedi ýyldan soň täzeden barlag geçmek talaby, pes zähmet haky, hem-de belli bolmadyk iş möhleti korrupsiýa we parahorlyga eltmegi mumkindir" [169] diýip nygtady.
- Özbegistan halatynda Komitet "kazyýetiň doly garaşsyz däldigi barada hem-de kazylaryň işe bellenilmek üçin her bäş ýyl ýerine ýetiriji şahamçasy tarapyndan seredilmek talaby" [170] barada öz aladasyny gaýtalap belledi.
- Gynamaklyga garşy Komitet kazylaryň wagtlaýyn (ýarym günlük) işe almak mümkinçilige seretdi we bu tejribe hem "[kazylaryň] garaşsyzlygyny we ýüz görmezligini berjaý eymek üçin howply bolar" [171] diýip, bu barada öz aladasyny beýan etdi.

## Hünär boýunça ýokary wezipelere çekilme

Wezipede galmagyň möhletine degişli ýene bir tarapy — hünär boýunça ýokary çekilmek bilen baglanyşyklydyr. Bu meseläniň talaplary işe alynmaklygy kadalaşdyrýan düzgünlere meňzeşdir, ýagny obýektiw bolmalydyr. Meselem, *BMG-nyň Esasy Ýörelgelerinde* şeýle bellenilýär:

166 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Peru boýunça tamamlaýjy synlary*, Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Hasabaty, I Tom, GAOR A/51/40, 352-nji we 364-nji paragarflar.

167 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Litwa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resimnamasy CCPR/C/79/Add. 87, 16-njy paragraf. Ser. hem: *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Azerbeýjan boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resimnamasy CCPR/CO/73/AZE, 14-nji paragraf, "Kazylaryň iş möhletiniň kepillikleriniň ýetmezçiligi" barada Komitet öz aladasyny bildirdi.

168 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Wýetnam boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/75/VNM, 10-njy paragraf.

169 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Gyrgyzystan boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/69/KGZ, 15-nji paragraf.

170 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Özbegistan boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/83/UZB, 16-njy paragraf.

171 *Gynamaklyga garşy komitetiň Gaýana boýunça tamamlaýjy synlary we maslahatlary*, BMG-nyň resminamasy CAT/C/GUY/CO/1, 17-nji paragraf.

*“Kazynyň hünär boýunça ýokary çekilmekligi, bu düzgüniň bar bolan halatlarynda, obýektiw faktorlara, ýagny, başarnyklara, ahlak taýdan arassalygyna we gazanylan tejribelere esaslanmalydyr”* [172].

*Pekin Ýörelgeleri* bu babatda meňzeş pikirleri bildirýär we garaşsyzlyk talabyny ýene bir faktor hökmünde goşýar: “Kazylaryň hünär boýunça ýokary çekilmekligi hünäriň bilermenligi, dogruçyllyk, garaşsyzlyk we gazanylan tejribe ýaly faktorlaryň obýektiw kesgitlenilmegine esaslanmalydyr” [173].

*Kazylaryň statuty baradaky Ýewropanyň Hartiýasy* kazylaryň ýokary çekilmeginiň iki düzgünleri barada düşündirýär: bir tarapdan, bu düzgün ululyga esaslanyp, kazylaryň wezipede belli bir kesgitlenen wagtyň geçmegi bilen (hem-de olar öz hünärleri bilen bagly wezipeleri yerine ýetirmäge ukyplylygy bolan şerti bilen) ýokary çekilmek düzgüni; we, beýleki tarapdan, ýokary çekilmek düzgüni gazanylan üstünliklere, ýagny, jyns, din, syýasy garaýyş ýaly degişli bolmadyk faktorlaryň hiç hili ähmiýeti bolmadyk halatlara esaslanýar. Kararnama paragrafynda şeýle aýdylýar: “Haçan-da ululyk talaby esas hökmünde alynmadyk halatynda, hünär boýunça ýokary çekilmek diňe kazynyň wezipesinde gözkezen, we bir ýada birnäçe kazylaryň obýektiw synlaryň esasynda we ýokary çekilýän kazy bilen geçirilen gürrüňdeşlikleriň esasynda, onuň iş başarnyklarynyň we gazanan üstünlikleriniň kesgitlemesine esaslanýandyr. Ýokary çekilmek baradaky çözgütler, 1.3 maddada salgylanýan [ýerine ýetiriji we kanunçylyk häkimiýetlerden garaşsyz, azyndan ýarysy öz kärdeşleri bolan topar tarapyndan saýlanan kazylardan ybarat bolan] edaranyň teklibi ýada razyçylygy bilen beýan edilýär. Ýokary çekilmeklige teklip edilmeýän kazy bu edara şikaýat ermek hukugy bolmalydyr” [174].

*Kazylaryň iş möhletiniň kepilligi kazyýet garasyzlygynyň esasy kepilligidir. Kazylary hünär boýunça ýokary çekilmek çözgütler wezipä bellemeklikde ulanylýan obýektiw talaplara esaslanmalydyr we kazynyň aýan hem-de adyl kazyýetlik işiniň netijesi bolmalydyr.*

---

172 *Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, resm. salg., 13-nji Ýörelge. *Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň ýörelgeleri we düzgünnamalary,* A Ýörelge, 4(o) paragraf meňzeşdir.

173 *LAWASIA sebitinde kazyýet ulgamynyň garaşsyzlyk Ýörelgeleri baradaky Pekin Beýannamasy*, resm. salg., 17-nji kararnama paragrafy.

174 *Kazylaryň statuty baradaky Ýewropanyň Hartiýasy*, resm. salg., 4.1 kararnama paragrafy.

# 7. Hasabatlylyk

## Syn

Kazyýetiň garaşsyzlygy ähmiýetli kepillik bolup, şol bir wagtda hem ol kazylaryň öňünde olaryň mümkin boljak ahlaksyz hereketlerini gizlemek üçin ulanylyp bilner[175]. Şonuň üçin kazylar özlerini alyp barmakda ahlaklylyk düzgünlerini berjaý etmelidirler. Kazylara özlerini alyp barmagyň anyk düzgünleri bilen üpjün etmek üçin, birnäçe ýurtlar kazyýetiň hereketlerini kadalaşdyrmak maksady bilen ahlaklylyk kodeksleri kabul etdiler[176]. Kä halatlarda, bu kodeksiň taslamasyny kazylar taýýarlandy, beýleki halatlarda bu kodeksler Hökümet tarapyndan taýýarlanyldy. Halkara derejede *Kazyýetleriň alyp barmaklygy baradaky Bangalor Ýörelgelerinde* kazyýetçilik alyp barylyşyny kesgitleýän gymmatlyklaryň toplumydyr. Bu gymmatlyklar, ýagny, garaşsyzlyk, ýüz görmezlik, dogruçyllyk, edeplilik, deňlik, bilermenlik we jogapkärçilik, kazylaryň özlerini alyp barmak baradaky kodeksleriň köpüsinde bellenilýar. Kazynyň özüni alyp barşy sebäplerden işden boşadylmagy şu ýörelgelere esaslanýandyr.

Kazyýetiň özüni alyp barmak barada anyk düzgünleri bolan, hünär boýunça wezipeleri berjaý etmekligiň hasabatlylygy hem-de kazylaryň öz şahsy durmuşlarynda, düzgünleri beýleki adamlar bilen deň bolan, adaty ýönekeý kanun bozmak halatlary boýunça hasabatlylygynyň arasyndaky tapawutlylygyny bellemek zerurdyr.

## Hasabatlylyk baradaky halkara düzgünleri

Adaty düzgün boýunça, kazylar gabahat iş, düzgün-nyzam ýada jenaýatçylyk etmişleri üçin, ýada wezipelerini berjaý etmäge ukyplylygyň ýoklugy üçin işden boşadylyp bilner. Bu çäre diňe işe adyl işe seredilenden soň ýerine ýetirilip bilner. Kazylaryň bilmän eden *bona fide* ýalňyşlyklary üçin[177] ýada kanunyň belli bir düşündirilşi bilen ylalaşmaýandyklary üçin olary işden boşatmak ýada temmi bermek bolýan däldir. Şunluk bilen bilelikde, kazylaryň çykaran çözgütleriň netijesinde maliýe zyýany bilen bagly raýat şikaýatlardan eldegrilmesizlik goraglary bardyr[178].

---

175 Kazyýetiň korrupsiýasy baradaky gürrüňdeşlige degişli, ser. Richard J. Scott, “Kazyýetde korrupsiýany gözegçilik etmek we ahlaklylyga tarap”, *Kazyýet garaşsyzlygyny güýçlendirmek, kazyýetde korrupsiýany ýok etmek*, KAGM Ýyllyk kitaby 2000, s. 117.

176 Ser. mysal üçin: *Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň kazylarynyň özüni alyp barmak baradaky Kodeksi* we *Peruly Kazyýetiň Ahlaklylyk Kodeksi* (Código de Ética del Poder Judicial del Perú).

177 Ser.: *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Wýetnam boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/75/VNM, 10-njy paragraf, Komitet “kazylaryň saýlanylmagy hem-de olaryň iş möhletiniň kepillikleriniň ýetmezçiligi barada (wezipäniň möhleti diňe dört ýyl) hem-de kanunda bellenilen *kazylaryň çözgütleriniň ýalňyşlyklary üçin düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekilmek bilen utgaşdyrylmagy*” barada aladasyny bildirdi. “Bu şertler kazylary syýasy zorlugyň öňünde goragsyz goýýarlar we olaryň garaşsyzlygynyň we ýüz görmezliginiň berjaý edilmegine zyýan ýetirýärler” (aýratyn üns edilen).

178 Ser.: *Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, resm. salg., 16-njy Düşüňje, ýokarda şeýle belleýär: “Her bir düzgün-nyzam düzgünlerine, ýada şikaýat etmek hukugyna, ýada Döwlet kompensasiýasyny almak hukugyna zyýan ýetirmän, milli kanunlara laýyklykda, kazylar, kazyýet wezipelerini ýerine ýetiren mahalynda goýberen ýalňyşlyklary ýada nädogry çözgütleriň netijesinde maliýe zyýany bilen bagly raýat şikaýatlardan eldegrilmesizlik goragyndan peýdalanmalydyr.” Meňzeş mazmuny bolan beýleki düzgünleri üçin ser.: *Pekin Ýörelgeleriniň* 32-nji kararnama paragrafy, we *Kazylaryň ählumumy Hartiýasynyň* 10-njy maddasy.

Döwletler kazylary işden boşatmak barada anyk esaslary we degişli düzgünleri döretmäge borçludyr. Kazynyň belli bir hereketi ýada onuň başarnyklary işden boşatmak üçin esas bolýandygy barada kesgitleme işe adyllyk bilen seredilmeginden soň garaşsyz we ýüz görmez edara tarapyndan çykarylmalydyr. *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri* düzgün-nyzam jogapkärçiligi we işden boşatmak barada birnäçe düzgünleri içine alýandyr. 17-nji Ýörelge bu barada şeýle belleýär: "Kazynyň wezipesini we hünäri bilen bagly borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda oňa garşy edilen şikaýat arzasyna tizleşdirilen usulda we adyllyk bilen degişli düzgüne laýyklykda seredilmeler. Kazynyň işine adyllyk bilen seredilmegine hukugy bardyr. Kazy tarapyndan başgaça talap edilmese, bu meseläniň barlagy ilkinji derejesinde gizlinlikde saklanylmalydyr. "Işden boşatmak baradaky esaslary düşündirýän 18-nji Ýörelgede boşatmaklygyň ygtyýar edilýän talaplary jikme-jik berlendir:

> *"Kazylar öz wezipelerini ýerine ýetirmek bilen bagly başarnyklarynyň ýetmezligi ýada öz wezipesini ýerine ýeritmek bilen sygyşmaýan hereketleri üçin, olaryň ygtyýarlyklary togtadylyp ýada bes edilip bilner"*[179].

Şunuň bilen bilelikde, *BMG-nyň Esasy Ýörelgelerinde* kazylara düzgün-nyzam çözgütlere täzeden seretmek barada şikaýat etmek mümkinçiligini berýän kanunyň kabul edilmegi baradaky borçnamany berkidilýär. 20-nji Ýörelgesinde şeýle nygtalýar: "Düzgün-nyzam, ygtyýarlyklary togtatmak we işden boşatmak baradaky çözgütler garaşsyz tarapyň seredilmegine tabyn bolmalydyr"[180].

Ýewropa Geňeşi kazyýetiň garaşsyzygyna degişli maslahatynda kazynyň işden boşadylmagyna eltýän dellileri boýunça anyk düzgünleri berýändigini belläp geçmeli:

> *"Wezipä bellenen kazylary hökmany nepaga çykylýan ýaşyndan öň, olara garşy delillendirilen esaslary bolmasa, hemişelik wezipeden boşadyp bolýan däldir. Bu esaslar kanunda anyk bellenilmelidir we kazylaryň belli bir möhlet bilen saýlanýan ýürtlarynda ulanylyp bilner, ýada kazynyň öz wezipesini ýerine ýetirmäge ukybynyň ýoklugy, jenaýatçylyk iş etmekligi ýada düzgün-nyzam düzgünleri bozmaklygy bilen bagly agyr etmişi edenligi bilen delillendirilip bilner"*[181].

Mundan başga-da wezipeden boşatmak meselesi barada Geňeş takyk düzgünleri taýýarlady, ylaýtada, kazyýet gözegçiligine hem-de kazylaryň ähli düzgün kepillikleri bilen üpjün edilmegine tabyn bolýan ýörite edaranyň döredilmegi barada ol şeýle ýazýar:

> *"[Düzgün-nyzam] çäreleri we sanksiýalary ýerine ýetirilmeli halatlarynda, döwletler, kanuna laýyklykda, kazyýet tarapyndan seredilmeýän düzgün-nyzam düz-*

---

179 Ser.: *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, 16-njy Ýörelge bu barada şeýle belleýärler: "27. Düzgün-nyzam ygtyýarlyklary togtatmak, ýada bes etmek baradaky ähli düzgünler kazylaryň özlerini alyp barmakda bellenen standartlaryna laýyklykda kesgitlenilmelidir". *Pekin Ýörelgeleriniň* 27 kararnama paragrafy bilen meňzeşdir.

180 20-nji Ýörelge belli halatlarda, ýagny "ýokary kazyýetiň ýada kanunçylyk edaralaryň sereden impiçment ýada beýleki meňzeş işleri boýunça çykarylan çözgütlere degişlilikde bu kadanyň güýjüni ýatyrýar".

181 *R (94) 12 belgili Maslahat*, resm. salg., VI.2 Ýörelge. Maslahatda hem wezipeden boşatmakdan beýleki çäreleri göz üňünde tutýar: "Kazylar öz wezipelerini netijesiz we düzgüne laýyk bolmadyk usulda ýerine ýetiren halatlarynda, ýada olaryň düzgün-nyzam bilen bagly hereketler ýüze çykarylanda, kazylaryň garaşsyzlygyna zyýan ýetirmeýän gerekli çäreler görulmelidir. Her döwletiň konstitusiýanyň, kanunyň düzgünlerine hem-de adatlaryna laýyklykda, bu çäreler, meselem, "*a.* kazynyň belli bir işden aýyrmaklygyny; *b.* kazyýetiň içinde kazyny beýleki işlere geçirmek; *c.* ykdysady çäreleri, ýagny wagtlaýyn zähmet hakynyň bir böleginiňiň saklanyp galmagy; *d.* ygtyýarlyklaryň totradylmagy". Ýaly çäreleri Içine alýar (VI.1 Ýörelge).

*günlerini we çäreleri amala aşyrmaklyga jogapkär, ýörite doly ygtyýarly edaranyň döredilmegini göz öňünde tutmalydyr we onuň çözgütlerine ýokarky kazyýet edarasy tarapyndan gözegçilik edilmelidir. Bu edaranyň ýokarky kazyýet edarasynyň özüniň hem bolmasy mümkindir. Meselä degişli kazylaryň, iň bolmanda, düzgüne degişli Adam hukuklary baradaky [Ýewropanyň] Konwensiýasynyň ähli talaplarynyň berjaý edilmegini, meselem, akyla laýyk wagtyň içinde işe seredilmegi we olara garşy şikaýatlara jogap bermäge hukuklarynyň barlygy bilen kanun tarapyndan üpjün edilmelidir”*[182].

*Kazylaryň statuty baradaky Ýewropanyň Hartiýasy* bu meseleler boýunça, ylaýtada, işiň alnyp barşyna ýolbaşçylyk etmek, kazylar üçin işi ýöredilmegi bilen bagly kepillikleri, we jezalandyryş çäreleriň edilen günä bilen deň gelmegine gözegçilik edýän edaranyň düzümi barada jikme-jik düşündiriş berýär. 5.1 kararnama paragrafy şeýle belleýär: “[E]ger-de kazy statutda bellenilen wezipeleriň biri hem ýerine ýetirmese, oňa garşy çäreleriň görülmekligi mümkindir. Bu çäreler diňe kazyýet edarasynyň ya-da ýarysy bäsleşik usulda saýlanan kazylardan ybarat bolan edaranyň razyçylygy bilen, onuň çözgüdi, teklibi, maslahaty boýunça amala aşyrylýär we jogapkärçilige çekilýän kazynyň aklawçynyň hyzmatlaryndan ulanmaga mümkinçiligi bolmalydyr. Jezalandyryjy çäreler statutda bellenilendir we olaryň agyr edilen etmişiň agtarylmagyna gabat gelmelidir. Şu namada nazarda tutulşy ýaly, ýerine ýetiriji edaranyň, kazyýetiň ýa-da hökümi beýan edýän edaranyň çözgüdi, ýokary kazyýet edaralar tarapyndan şikaýat esasynda täzeden seredilmegine tabyndyr”[183].

Afrikanyň *adyl kazyýet baradaky Düzgünleri* hem wezipeden boşatmak barada takyk talaplary belleýär we kazylar diňe agyr jenaýat edenlikleri üçin ýada ölar öz kazy wezipelerini ýerine ýetirip bilmedik halatlarynda işden boşadylyp biler diýip nygtaýar. *Düzgünlerde* bellenişi ýaly, “kazyýet wezipelerindäki adamlar diňe olaryň wezipesiniň abraýy bilen sygyşmaýan agyr jenaýat edenlikleri üçin ýada fiziki ýa-da ruhy ukypsyzlygy sebäplerden işini ýerine ýetirip bilmezligi üçin” möhletinden öň ygtyýarlyklary togtadylyp ýa-da işden boşadylyp bilner”[184]. *Afrikan Düzgünleri* kazyýetiň garaşsyzlygyny kadalaşdyrýan hem-de kazylaryň çykaran çözgütlerini ýatyrylmak sebäpden olary wezipeden boşatmagy gadagan edýän ýeke-täk resminamasydyr, diýip nygtamak gerekdir:

*“Kazylar diňe çykaran çözgütleriniň täzeden seredilende ýa-da ýokary kazyýet edarasynyň barlagy netijesinde ýatyrylmagy hasap edilendigi sebäpden wezipelerinden boşadylmaly däldir hem-de beýleki düzgün-nyzam ýa-da administratiw jojapkärçilige [...] çekilmeli däldir”*[185].

Düzgün-nyzam düzgünlerinde işi alyp barmak kepillikleri barada *Düzgünlerde* şeýle nygtalýar:

*“Düzgün-nyzam, ygtyýarlyklary togtadylmak ýa-da işden boşatmak çäreler bilen bagly işlerine seredilýän kazylar adyl kazyýet hukugy, onuň içine girýän saýlan*

182 *R (94) 12 belgili Maslahat*, resm. salg., VI.3 Ýörelge.

183 *Kazylaryň statuty boýunça Ýewropanyň Hartiýasy*, resm. salg., 5.1 kararnama paragrafy.

184 *Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň Ýörelgeleri we Düzgünnamalary*, resm. salg., A Ýörelge, 4(p) paragraf.

185 Şol ýerde, A Ýörelge, 4(n)2 paragraf.

> *kanuny wekil tarapyndan bähbidi goralmak hukugy hem-de düzgün-nyzam, ygtyýarlyklary togtadylmak ýa-da işden boşatmak çäreleriň netijesinde çykarylan çözgütlere garaşsyz edara tarapyndan täzeden seredilmek hukugy hem kepillendirilmelidir”*[186].

Aziýa-Ýuwaş Umman sebitinde hem talaplary meňzeşdir. *Pekin Ýörelgelerine* laýyklykda, kazylar wezipesinden diňe işlerini başarmaýandyklary üçin ýada ýaramaz hereketleri üçin boşadylyp bilerler: “Kazylar diňe işlerini berjaý etmäge başarnyklarynyň bolmazlygy, jenaýat etmişi edendigi, olaryň wezipesiniň abraýy bilen sygyşmaýan hereketleri subut edilen halatynda, işden boşadylmagyna tabyndy”[187]. Işden boşatmak düzgünleri ýa-da bu mesele boýunça geçirilmeli işlere jogapkär edara barada Pekin ýörelgelerinde anyk teswirleme berilmeýär we bu ýagdaý her ýurtda tapawutlanmagy mümkindir diýlip bellenilýär: “Taryhyň we medeniýetiň tapawutlyklary sebäpden, kazylary işden boşatmak düzgünleri dürli jemgyýetlerde tapawutlanýandygy hemmelere mälimdir. Adatça käbir döwletlerde işden boşatmaklyk parlamentiň düzgünleri boýunça ýerine ýetirilýär. Beýleki jemgyýetlerde bu düzgün ýerlikli däldir, ýagny: ol işden boşatmak baradaky käbir düzgünlere laýyk gelmeýär; ol seýrek ulanylýar ýada ulanylmaýar; we unuň ulanylşy agyr ýagdaýlardan daşary bolanda, bikanun ulanylmagyna eltýär”[188]. Şonda-da bu ygtyýarlyk Parlamentiň ýa-da ses berme usulyna degişli bolmadyk halatlarynda, kazylary işden boşatmaklyk kazyýet tarapyndan alnyp barylmalydyr[189]. Emma, jogapkär edarasyna garamazdan, adyl kazyýet baradaky hukuk üýtgedilmän galýandyr[190].

Arkalyşygyň ýurisdiksyýalary üçin niýetlenen, *Latimer Öýüniň Düzgünlerinde* hem kazyýet düzgün-nyzamyna we işden boşatmak barada düşündirişler berilýär. *Düzgünler* işden boşatmaklygyň sebäpleri, işiň alnyp barylşy baradaky kepillikleri hem-de işi geçirýän ygtyýar edara barada aýratyn belläp geçýär. VI Düzgünde şeýle bellenilýär: “Işden boşadylmak bilen bagly işine seredilýän kazy oňa ýüklenýän günäleri barada doly habarly bolmaga, kazyýetde wekiliniň üsti bilen bähbidini goramaga, doly goragyň bolmagyna hem-de garaşsyz we ýüz görmez kazyýet tarapyndan işine seredilemek hukugy bardyr. Kazyny işden boşatmak baradaky deliller şu ýagdaýlara çäklendirilmelidir: (A) kazyýet wezipeleri ýerine ýetirmek üçin başarnyklaryň ýoklugy; we (B) agyr etmişi”[191]. *Düzgünlerde* halkyň öňünde käýinç bermeklik hem gadagan edilýär[192].

---

186 *Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň Ýörelgeleri we Düzgünnamalary*, resm. salg., A Ýörelge, 4(q) paragraf. (r) paragraf goşmaça düşündirýär “[...] Kazylara garşy edilýän şikaýatlara wagtynda, hemde adyllyk bilen seredilmelidir”.

187 *LAWASIA sebitinde kazyýet ulgamynyň garaşsyzlyk Ýörelgeleri baradaky Pekin Beýannamasy*, resm. salg., 22-nji kararnama paragrafy.

188 Şol ýerde, 23-nji kararnama paragrafy.

189 Şol ýerde, 24-nji kararnama paragrafy. Ser. hem: 25-nji kararnama paragrafy: “Parlamentiň düzgünleri boýunça ýa-da ses berme düzgünleri kasylary işden boşarmaklyk üçin ýerlikli bolmaýan halatlarynda, hem-de kazyny işden boşatmak üçin çäre görmeklik teklip edilse, onda, resmi işiň degişlidigini kesgitlemek üçin, ilkinji bilen, işden boşatmak üçin berlen delilleriň barlagy geçirilmelidir. Diňe ilkinji barlagyň netijesinde ýeterlikli delilleriň barlygy gözkezilen ýagdaýynda, resmi iş başlanylmalydyr”.

190 Şol ýerde, 26-njy kararnama paragrafy: “Her halatda işinden boşadylýan kazynyň adyl kazyýet baradaky hukugy berjaý edilmegi hökmandyr”.

191 *Latimer Öýüniň Düzgünleri*, resm. salg., VI.1 Düzgün, (a) (i) paragraf.

192 Şol ýerde, VI.1 Düzgün, (a) (iii) paragraf.

## Halkara hadysalar kanun

Adam hukuklary baradaky Komitet kazylary işden boşatmak boýunça birnäçe hadysalara, ýagny, döwlet hasabatlara tamamlaýjy synlara hem-de aýratyn hadysalara esaslanyp, salgylanýar. Komitetiň bellikleri kazylaryň işden boşatmaklyk üçin agyr etmişler we wezipelerini dowam etmek üçin başarnyklarynyň ýoklugy bilen bagly sebäplerini, hem-de işe adyllyk bilen seredilmek baradaky halkara standartlarynyň düzgünlerini tassyklaýar.

- Şri Lanka halatynda, Komitet "ýokary kazyýetiň we şikaýat arzalara seredýän kazyýetleriň kazylaryny işden boşatmak düzgünleri Hartiýanyň 14-nji maddasyna laýyk gelmeýänligi barada" aladasyny bildirdi, "sebäbi bu düzgün kazylary işden boşatmak işleriniň alnyp barylşynyň gözegçiligini etmek parlamentiň ygtyýarlygyna berýär" we "Agza-döwletiň kazyýetiň garaşsyzlygyny güýçlendirmek üçin kazyýetiň düzgün-nyzam we ýolbaşçylyk ygtyýarlyklaryny parlamente dälde, kazyýetiň özüne geçirmelidir" diýip, maslahat berdi[193].
- Belorussiýa halatynda, Komitet "Konstitusion Kazyýetiň we Ýokary Kazyýetiň kazylary hiç hili kepilliksiz Respublikanyň Prezidenti tarapyndan işden boşadylyp bilýandikelri barada" öz aladasyny bildirdi[194].
- Wýetnam halatynda, Komitet "kazylaryň agyr etmişleri we günäleri garaşsyz kazyýet tarapyndan subut edilmese, olary işden boşatmak bolmaýar"[195] diýip, döwlete ýüzlendi.
- Gruziýa halatynda, kazyýetiň korrupsiýasy barada gürrüň edilende, Komitet "agza-döwletiň kazyýetiniň parahorlygy baradaky resmilleşdirilen şikaýatlar boýunça garaşsyz edara tarapyndan derňewiň geçirilmegini hem-de degişli düzgün-nyzam ýada jenaýatçylyk çäreleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmelidir"[196].
- Komitet aňsatlaşdyrylan usulda işden boşatmaklyk Paktyň düzgünlerine laýyk gelmeýänligini[197] nygtady we "kazylaryň boşadylmagy diňe obýektiw, garaşsyz, kanun tarapyndan bellenen düzgünlere laýyklykda ýerine ýetirilmelidir"[198].

Kazylar prezidentiň karary bilen olar "ahlak taýdan bozuk, parahor, gaçgak ýada hünäriň talaplaryna laýyk gelmeýänligi üçin, kazy wezipesine, öz ýokary adyna

193 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Şri Lanka boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/79/LKA, 16-njy paragraf.

194 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Belarus boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/79/Add. 86, 13-nji paragraf. Ser. hem: 814/1998 belgili Habar, *Mikhail Ivanovich Pastukhov Belorussiýa garşy* (2003-nji ýylyň 5-nji awgustynda kabul edilen Garaýyşlar), BMG-nyň resminamasy CCPR/C/78/D/814/1998, 7.3 paragraf.

195 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Wýetnam boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/75/VNM, 10-njy paragraf.

196 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Gruziýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/74/GEO, 12-nji paragraf.

197 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Gambiýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/75/GMB, 14-nji paragraf.

198 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Moldowa Respublikasy boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/75/MDA, 12-nji paragraf.

mynasyp gelmeýänligi üçin” delillere esaslanyp işden boşadylan halatynda”, Adam hukuklary baradaky komitet kazylar “öz wezipeleri boýunça berlen kepilliklerden peýdalanyp bilmediklerini” diýip, netijä geldi. Bu kepillikleriň netijesinde kazylar kanuna laýyklykda Kazyýetiň Ýokary Geňeşiniň öňünde getirildiler. Şunuň bilen bilelikde, “Ýokary Kazyýetiň Prezidenti işe seretmezden öň, kazylary işden boşatmak bilen bagly alnyp barylýan işleri köpçüligiň öňünde goldady we netijede kazyýet işe deňlik bilen seredilme düzgüniňberjaý edilmegine zyýan ýetirdi” diýip Komitet belledi we “bu işden boşatmaklyk Paktyň 14-nji maddasynyň 1-nji paragrafynda goralýan kazyýetiň garaşsyzlygyna hüjüm etmeklige eltdi” diýip kesgitledi[199].

- Raýat gullukçylara garşy görülýän düzgün-nyzam çäreleriň aýratynlyklary barada Komitet şeýle belleýär: umuman, “bu özbaşyna belli bir kazyýet işde, biriniň hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemek däldir we, milli kanunçylygyndaky kesgitlemesine garamazdan aslyýeti penitensiar jezalandyryş çärelerinden beýlekiler, 14-nji maddanyň 1-nji paragrafynyň ikinji sözleminde agzalýan jenaýat işi hökmünde kesgitlenýän däldir. [...] Düzgün-nyzam meselesi boýunça işden boşatmaklyk baradaky çözgüdiň sud ýada tribunal tarapyndan çykarylmagyna zerurlygy bolmasa-da, Komitet, şu işde bolşy ýaly, haçanda kazyýet edaranyň öňünde düzgün-nyzam çäreleri görmek baradaky wezipesi goýulanda, ol 14-nji maddanyň 1-nji paragrafynda bellenilen, ähli adamlaryň kazyýetiň öňünde deňlik baradaky kepillikleri hem-de bu kepillikleriň içine alýan ýüz görmezlik, adyllyk we taraplaryň deňligi baradaky düzgünleri berjaý etmelidigini” belleýär[200]. Mundan başga-da, düzgün-nyzam işreline seretmekligiň dowamlylygy barada Komitet öz pikirini şeýle belleýär: “kazyýetiň öňündäki deňlik baradaky hukugy 14-nji maddasynyň 1-nji paragrafynda kepilledirilýär, we birnäçe talaplaryň hem, ýagny milli kazyýetleriň öňünde adyllyk we taraplaryň deňligi baradaky ýörelgeleri berjaý ediler ýaly boldugyça çaltlaşdyrylan düzgünde işe seretmek şerti”[201] hem berjaý edilmegini aňladýar.

Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletlara Kazyýeti hem, öz gezeginde, kazylary işden boşatmak barada öz pikirini beýan etdi. *Konstitusion Kazyýet* halatynda, işden boşatmak meselesi öňünde goýlan kazylara kazyýet tarapyndan ähli iş önümçiligiň kepillikleri berilmelidir, diýip nygtalýar. Iş önümçiligi kanunçylyk tarapyndan impiçment hökmünde çäre görlüp işden boşadylan üç kazy tarapyndan açyldy. Kazyýet “kazyny işden boşatmak önümçilige jogapkär edara öz gezeginde önümçiligiň dowamynda özüni ýüz görmezlik bilen alyp barmalydygyny hem-de günäkärlenýäne goranmak baradaky hukugyndan peýdalanmaga mümkinçilik bermelidigini” nygtap, kazylaryň adyl kazyýet baradaky hukugynyň bozulandygyny sebäbi “kazylara garşy ulanylan impiçment iş önümçiliginde kazylar üçin kanuny önümçiligiň kepillikler üpjün edilmedi we kazylaryň ýüz görmezlik baradaky talaby berjaý edilmedi”[202], diýip, Kazyýet kesgitledi. Mundan başga-da, Kazyýet bu kazylaryň aýratyn

---

199 933/2000 belgili Habar, *Adrien Mundyo Busyo, Thomas Osthudi Wongodi, René Sibu Matubuka we beýl. Kongo Demokratik Respublikasyna garşy* (2003-nji ýylyň 31-nji iýulynda kabul edilen Garaýyşlar), BMG-nyň resminamasy CCPR/C/78/D/933/2000, 5.2 paragraf.

200 1015/2001 belgili Habar, *Paul Perterer Awstriýa garşy* (2004-nji ýylyň 20-nji iýulynda kabul edilen Garaýyşlar), BMG-nyň resminamasy CCPR/C/81/D/1015/2001, 9.4 paragraf.

201 1015/2001 belgili Habar, *Paul Perterer Awstriýa garşy* (2004-nji ýylyň 20-nji iýulynda kabul edilen Garaýyşlar) BMG-nyň resminamasy CCPR/C/81/D/1015/2001, 10.7 paragraf.

202 *AHADK-nyň Konstitusion Kazyýetiň önümçilik işi*, resm. salg., 74-nji we 84-nji paragralar.

işi boýunça “kanunçylykda şol üç kazylara garşy Konstitusion Kazyýetde impiçment önümçiligi geçirmäge garaşsyzlyk we ýüz görmezlik baradaky gerekli şertleriň ýoklugyny”[203] kesgitledi.

> *Kazylar ahlak kadalaryna laýyklykda hereket etmelidir we bu talaby berjaý etmedik halatynda öz hereketlerine hasabat bermelidirler. Halkara hukugynda kazylar diňe agyr etmişleri ýada wezipelerini ýerine ýetirip bilmezlik üçin işden boşadylyp biler diýip anyk aýdylýar. Düzgün-nyzam meseleleri boýunça iş önümçiligi garaşsyz we ýüz görmez edara tarapyndan, ähli önümçilik kepilliklerini üpjün etmek şerti bilen geçirilmelidir.*

203 Şol ýerde, 84-nji paragraf.

# B. Aklawçylaryň orny

## Giriş

Kazylar we prokurorlar bilen birlikde, aklawçylar hem adam hukuklarynyň we kanunyň ýokary tutlmagynyň daýanýan direglериniň biri bolup durýar. Adam hukuklaryny goramakda hem-de günäkärlenýän adamlara kazyýetde ýerlikli goragy bilen üpjün edilmekde, we adyl kazyýet baradaky hukugyň berjaý edilmeginde aklawçylar esasy orun tutýandyrlar. Bikanun tussag edilmegine garşy çykyp, meselem, *habeas corpus* (bikanun tussag edilmek) halatlary barada habar bermek üsti bilen aklawçylar adam hukuklaryny goramakda aýgytly orun tutýandyrlar. Aklawçylar jenaýat iş önümçiliginde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin çak edilýän bikanun bozujylara garşy çykýan adam hukuklary bozulan pidalara we olaryň garyndaşlaryna maslahat berýärler we olaryň bähbitlerini goraýarlar. Mundan başga-da, aklawçylar kazyýetde adam hukuklarynyň esaslaryny we kanunyň ýokary tutulmagyny bozýan milli kanunçylyga garşy çykmak üçin ýörite orunlary bardyr[204].

Maliýe ýagdaýynyň bolmadyk halatynda, kazyýetde aklawçy tarapyndan bähbitlerini goramak hukugy halkara kanunda bellenilşi ýaly, adyl kazyýet baradaky hukugyň aýrylmasyz bölegi bolup durýar. Jenaýat etmişde günäkärlenen adamlarda, olaryň bähbitlerini goramak üçin, işine garaşsyz we ýüz görmez kazyýet tarapyndan seredilmek hukugynyň önümçiligiň dowamynda berjaý edilmegini kepillendirmek üçin hemişe aklawçynyň wekilçiligi bolmalydyr. Aklawçylaryň wezipesi kazyýetiň garaşsyzlygynyň we ýüz görmezliginiň berjaý edilşi barada jedelleşmek we aklanylýan adamyň hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmekden ybaratdyr[205].

## Aklawçylaryň garaşsyzlygy

Hukuky kömek peýdaly bolar ýaly ol garaşsyz alnyp barylmalydyr. *Aklawçylaryň orny baradaky BMG-nyň Esasy Ýörelgeleriniň (BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri)* girişinde şeýle

204 Ser. mes., Birleşen Milletler Guramasynyň Jenaýatlaryň öňüni almak we kanun bozujylary saklamak baradaky sekizinji Kongressinde kabul edilen, *Aklawçylaryň orny baradaky BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, 4-nji we 12-nji Ýörelgeler, Gawana, Kuba, 1990-njy ýylyň 27-nji awgustyndan 7-nji sentýabr aralygy; *Şahsyýetleriň, toparlaryň we jemgyýet guramalaryň ählitaraplaýyn kabul edilen adam hukuklaryny we esasy azatlyklary öňe sürmek we goramak baradaky hukuklary we borçlary boýunça BMG-nyň Jarnamasy*, 1-nji, 9-njy, 11-nji maddalar; *Jenaýatçylykdan we häkimiýeti bikanun ulanmaklykdan jebir çeken pidalar üçin adalatlylygyň Esasy Ýörelgeleri baradaky Jarnamasy*, 5-nji Ýörelge; *Ähli adamlaryň zorluk bilen alnyp gaçylmakdan gorag baradaky Deklarasiýasy*, 13-nji madda; *Bikanun, delilsiz we umumulaşdyrylan ölüm jezalaryň netijeli öňüni almak we derňemek baradaky Ýörelgeler*, 6-njy Ýörelge; *Gynamak we beýleki zalym, adama mahsus bolmadyk ýada kemsidiji hereketleri ýada jeza bermek bilen bagly hadysalary netijeli derňemek we resminamalaşdyrmak baradaky Ýörelgeleri*, 3-nji we 4-nji Ýörelgeler; *Ähli adamlary tussag etmekligiň ýada tussagda saklanylmagyň ähli görnüşlerinden goramak baradaky ýörelgeleriň Ýygyndysy*, 11-nji, 12-nji, 15-nji, 17-nji, 18-nji, 23-nji, 25-nji, 32-nji we 33-nji Ýörelgeler; *Azatlykdan mahrum edilen kämillik ýaşyna ýetmedik ýaşlaryň goragy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünleri*, 18-nji, 60-njy we 78-nji Düzgünler; *Birleşen Milletler Guramasynyň Käm ýaşyna ýetmedik ýaşlar üçin adalaty berjaý ermek boýunça minimum standart Düzgünleri ("Pekin Düzgünleri")*, 7.1 we 15.1 Düzgünler; *Tussagda saklanýanlar üçin olary saklamak barada minimum standart Düzgünleri*, 93-nji Düzgün; *Ähli migrant işçileriň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklarynyň goralmagy baradaky halkara Konwensiýasy*, 17-nji we 18-nji maddalar.

205 Ser., mes, *Aklawçylaryň orny baradaky BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, resm. salg., 1-nji Ýörelge; *Raýat we syýasy hukuklar baradaky halkara Pakty*, 14-nji madda, 3(d) paragraf; *Adamyň we halklaryň hukuklary baradaky Afrikan Hartiýasy*, 7-nji madda, 1(c) paragraf; *Adam hukuklary baradaky Ýewropa Konwensiýasy*, 6-njy madda; *Adam hukuklary baradaky Amerikan Konwensiýasy*, 8-nji madda.

bellenilýär: “Ähli adamlaryň peýdalanýan ykdysady, sosial we medeni, ýada raýat we syýasy adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny kanagatlanarly goramak üçin, hemme adamlaryň, hakykatda-hem, garaşsyz hünärmen aklawçylar tarapyndan hödürlenýän hukuky hyzmatlardan netijeli peýdalanmaklyk mümkin bolmalydyr”[206]. Bu maksady amala aşyrmak üçin, halkara hukuk aklawçylaryň şahsy garaşsyzlygyny hem-de umuman hukuky hünäriniň garaşsyzlygyny üpjün etmeklige gönükdirilen, belli bir gorag usullary nazarda tutýar.

## Hukuk hünäriniň amala aşyrylmagynyň ähmiýetli kepillikleri

Aklawçylar öz hünär wezipelerini garaşsyz usulda amala aşyrmak üçin, döwlet olaryň işlerine bikanun goşulmakdan goragy bilen üpjün etmelidir. Bu goşulmaklyk müşderiler bilen gürleşmäge päsgelçilik bermekden başlap, gorkuzmaklyk we fiziki tarapdan hüjüm etmek hem bolup biler.

- *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri* bu mesele boýunça birnäçe kepillendiriji düzgünleriň ýygyndysyny jemleýär, ýagny: “Hökümetler aklawçylaryň (a) hiç hili gorkuzmasyz, päsgelçiliksiz, zorluksyz we bikanun goşulmasyz, öz hünäri boýunça işlerini ýerine ýetirmek üçin; (b) daşary ýurtlarda we ýurduň içinde ýerleşýän müşderilere päsgelçiliksiz maslahat bermek üçin sapar etmek üçin; hem-de (c) kabul edilen borçlaryna, standarlaryna we ahlaklylygyna laýyklykda, hünärleri bilen bagly işleri ejir çekmän, gorkuzylman, aňtalman, ýada olara garşy administratiw, ykdysady we beýleki çäreleri görülmän, wezipelerini ýerine ýetirmek üçin Döwlet tarapyndan şertler döredilер”[207].
- *Esasy Ýörelgelerinde*: “Aklawçylaryň hünärleri boýunça işleriň netijesinde howpsyzlyklaryna zyýan ýetirilmegi döredilse, olar wezipeli edaralar tarapyndan kanagatlanarly gorag bilen üpjün edilmelidir”[208], diýip bellenilýär. Arza-şikaýat boýunça ýada bozulan adam hukuklary bilen bagly jenaýat derňewine gatnaşýan aklawçylar olara garşy ýaramaz hereketlerden, gorkuzylmakdan we ar almakdan goralmagy döwlet tarapyndan üpjün ediler[209].

Adam hukuklary baradaky Komiteti aklawçylara, olar öz iş wezipelerini ýerine ýetiren mahalynda, päsgelçilik berlen birnäçe hadysalara salgylanýar.

- Azerbeýjanda aklawçylar baradaky täze kanuna seredilende, Komitet kanunyň “aklawçylaryň işlerini erkin we garaşsyz usulda amala aşyrylmagyna päsgelçilikleriň döremegi mümkin”, diýip netijä geldi we Hökümete “Aklawçylar birleşigine girmegiň talaplary we agzalyk bilen bagly şertleri

206 *Aklawçylaryň orny baradaky BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, resm. salg., 16-njy Ýörelge. Beýleki aklawçylaryň orny baradaky degişli resminamalar: Ýewropa Geňeşiniň agza döwletleriniň Ministrler Komitetiniň aklawçy käriniň ýerine ýetirilmeginiň azatlygy barada, R (2000) 21 belgili Maslahat we *Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň Ýörelgeleri we Maslahatlary*, I Ýörelge.

207 Şol ýerde, 17-nji Ýörelge.

208 Şol ýerde, 18-nji Ýörelge.

209 Ser. mes.: *Ähli adamlaryň zorluk bilen alnyp gaçylmakdan gorag baradaky Jarnamasy*, 13-nji maddasy; *Bikanun, delilsiz we umumulaşdyrylan ölüm jezalaryň netijeli öňüni almak we derňemek baradaky Ýörelgeler*, 15-nji Ýörelge; *Gynamak we beýleki zalym, adama mahsus bolmadyk ýada kemsidiji hereketleri ýa-da jeza bermek bilen bagly hadysalary netijeli derňemek we resminamalaşdyrmak baradaky Ýörelgeleri*, 3-nji Ýörelge.

aklawçylaryň garaşsyzlygyna zyýan ýetirmeýändigini üpjün edilmegini" maslahat berdi [210].

- Liviýa ýagdaýynda, Komitet "[...] aklawçylyk işiniň döwlet işi bolmaýanlygy sebäpli, hünär bilen bagly işleri erkin ýerine ýetirmek we hukuky kömek hyzmatlaryny bermek bilen baglanyşykda, aklawçylaryň azatlygy barada uly aladasyny bildirdi", we "Hartiýanyň 14-nji maddasynyň we *Aklawçylaryň orny baradaky Esasy Ýörelgeleriniň* doly derejede berjaý edilmegini" [211] maslahat berdi.

Ondan başgada halkara hukugy aklawçylaryň alyp barýan işine degişli ähli maglumatlara ygtyýarlygynyň bolmalydygyny belledi. Netijede, "Aklawçylaryň öz müşderilerine netijeli hukuk kömegini bermegi üçin ýeterlik wagtda özünde saklanýan ýada gözegçiligindäki degişli maglumatlardan, kagyzlardan we resminamalardan aklawçylaryň peýdalanmagyny üpjün etmek" [212] döwlet tarapyndan kepillendirilmelidir.

Ýene-de bir ähmiýetli düzgün aklawçylaryň we olaryň müşderileriň arasyndaky aragatnaşyklaryň gizlinligi baradadyr. Aklawçylar öz müşderileriniň bähbitlerini netijeli goramak üçin, degişli ygtyýarly edaralar aklawçy-müşderiniň aragatnaşylarynyň düýp özeni bolan, gizlinlik ýörelgesini kepillendirmelidir. Bu barada *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri* şeýle belleýär: "Hökümetler aklawçylaryň we olaryň müşderileriniň arasyndaky hünäriň çäklerinde edilýän gürrüňdeşlikleri we maslahatlaşyklary gizlinligini kabul etmeli we kepillendirmelidir" [213].

Aklawçylaryň duş gelip biljek päsgelçiligikleriň biri olaryň işine resmi edaralaryň, ýagny kazyýetler we beýleki edaralaryň ynamsyzlygy. Aklawçylyk ygtyýarlyklaryndan mahrum edilen (lesenziýadan mahrum edilen wagty) halatlaryndan daşary, resmi edaralar aklawçynyň kärini ykrar etmelidir. *BMG-nyň Esasy Ýörelgelerinde* bu barada şeýle nygtalýar: "Milli kanuna, tejribä hem-de häzirki ýörelgelerine laýyklykda, aklawçy ygtyýarlyklaryndan mahrum edilen halatlaryndan daşary, kazyýet wekilçilik hukugyny ykrar edýän hiç bir kazyýet ýada dolandyryş edarasy, öz öňünde aklawçy tarapyndan müsderi bähbitlerini goramak hukugy iňkär edip bilmez" [214].

---

210 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Azerbaýjan boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/CO/73/AZE, 14-nji paragraf.

211 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Liwiýanyň Arap Jamahuriýa boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy, CCPR/C/79/Add. 101, 14-nji paragraf.

212 *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, 21-nji Ýörelge. Bu Ýörelge şeýle şerylendirýär: Bu ygtyýarlyk başyndan degişli wagtynda üpjün edilmelidir". Ser. hem, *Şahsyýetleriň, toparlaryň we jemgyýet guramalaryň ählitaraplaýyn kabul edilen adam hukuklaryny we esasy azatlyklary öňe sürmek we goramak baradaky hukuklary we borçlary boýunça BMG-nyň Jarnamasy*, 1-nji, 9-njy, 11-nji maddalar; *Ähli adamlaryň zorluk bilen alnyp gaçylmakdan gorag baradaky Deklarasiýasy*, 13(4) madda; *Bikanun, delilsiz we umumulaşdyrylan ölüm jezalaryň netijeli öňüni almak we derňemek baradaky Ýörelgeler*, 6-njy Ýörelge; *Gynamak we beýleki zalym, adama mahsus bolmadyk ýada kemsidiji hereketleri ýada jeza bermek bilen bagly hadysalary netijeli derňemek we resminamalaşdyrmak baradaky Ýörelgeleri*, 4-nji Ýörelge; *Ähli adamlary tussag etmekligiň ýada tussagda saklanylmagyň ähli görnüşlerinden goramak baradaky Ýörelgeleriň Ýygyndysy*, 11-nji, 12-nji, 15-nji we 17-nji Ýörelgeler; we *Tussagda saklanýanlar üçin olary saklamak barada minimum standart Düzgünleri*, 93-nji Düzgün.

213 *Aklawçylaryň orny baradaky BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, resm. salg., 22-nji Ýörelge, Ser. hem.: *Ähli adamlary tussag etmekligiň ýada tussagda saklanylmagyň ähli görnüşlerinden goramak baradaky Ýörelgeleri*, 18-nji Ýörelge we *Tussagda saklanýanlar üçin olary saklamak barada minimum standart Düzgünleri*, 93-nji Düzgün.

214 *Aklawçylaryň orny baradaky BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, resm. salg., 19-njy Ýörelge.

*BMG-nyň Esasy Ýörelgeleriniň* 18-nji Ýörelgesine laýyklykda, “Aklawçylar öz wezipelerini ýerine ýetirmek netijesinde, öz müşderiler we müşderileriň bähbitleri bilen deň hasaplanylmaly däldir”. Kä ýurtlarda aklawçylary müşderileriň bähbitleri bilen deň hasaplamak tejribeleriň duş gelmegi sebäpli, bu düzgün örän wajypdyr.

- BMG-nyň adam hukuklary baradaky Komissiýasynyň garamagyna taýýarlanan hasabatlaryň birinde, Kazylaryň we aklawçylaryň garaşsyzlygy baradaky Ýörite Dokladçysy “Hökümetleriň aklawçylary öz müşderileri bilen deň hasaplaýan halatlary boýunça şikaýatlaryň sanynyň köpelýändigi” barada öz aladasyny belledi. “Syýasy nukdaýnazardan irnik işlerde günäkärlenýän adamlaryň bähbitlerini goraýan aklawçylary köplenç bu jenaýatlarda günäkärlenýärler” [215]. Ýörite Dokladçy “baglanyşygy subut edilmedik halatlarynda, aklawçyny müşderiniň bähbitleri bilen meňzeş hasap etmeklik, ony gorkuzmak we aňtamak bilen deňdir” [216] diýip, Ýörite Dokladçy jemledi. Halkara hukugy boýunça “aklawçynyň müşderiniň bähbitleri bilen baglanyşygy subut edilen halatlarynda, Hökümet bu şikaýatlary aklawçylaryň düzgün-nyzam meselerine seredýän degişli kanunçylyk edarasyna geçirmäge borçludyr” [217].

## Hünärmenlik borçlary

Halkara hukuk tarapyndan goramak bilen baglanyşykly wezipelerinden daşary, aklawçylaryň beýleki müşderilerine degişli, esasy hünamenlik borçlary hem bardyr. Şunlukda, *BMG-nyn Esasy Ýörelgeleriniň* 13-nji Ýörelgesi kanunçylyk kömegini doly derejede üpjün etmekligi esasy borjy diýip belleýär. Ýörelgede bellenilşine görä, bu borç aşakdakylary içine salýar, ýagny:

> *“(a) Müsderilere olaryň kanunçylyk hukuklary we borçlary we bu hukuklara we borçlara degişli kanunçylyk düzgüni barada, maslahat bermek; (b) her bir degişli usulda müsderilere kömek bermek we olaryň bähbitlerini goramak üçin hukukçylyk hereketleri ýerine ýetirmek; (c) kazyýetlerde, tribunallarda ýada dolandyryş edaralaryň öňünde degişli bolan halatlarda müşderilere kömek bermek”*.

Mundan başga-da, “aklawçylar hemişe öz müşderileriniň bähbitlerini hökmany berjaý etmelidirler” [218].

Müşderileriň bähbitlerini belli bir wagtlarda goramaklyk bilen bagly bu ýörite borçlardan başga-da,aklawçylar öz kärdeşleriniň öňünde “ähli wagtlarda öz hünäriniň mertebesini we abraýyny saklamak [...]” [219]. Adalatyň berjaý edilmeginde ýerine ýetirýän esasy orny bilen baglanyşykda aklawçylar “milli we halkara kanun tarapyndan ykrar edilen, adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny goramalydyr” [220]. Soňunda bolsa, aklawçylar “hemişe, erkin we işeňňirlik bilen, kanuna we hukuk hünärinde ykrar edilen standartlaryna we ahlallyga llaýyklykda hereket etmek borçludyr” [221].

215 *Kazylaryň we aklawçylaryň garaşsyzlygy baradaky Ýörite Dokladçysynyň Hasabaty*, BMG-nyň resminamasy E/CN.4/1998/39, 179-njy paragraf.
216 Şol ýerde.
217 Şol ýerde, 181-nji paragraf.
218 *Aklawçylaryň orny baradaky BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, resm. salg., 15-nji Ýörelge
219 Şol ýerde, 12-nji Ýörelge.
220 Şol ýerde, 14-nji Ýörelge.
221 Şol ýerde.

## Öz pikiriňi beýan etmek we bileleşme baradaky azatlyklary

Kazylaryň ýagdaýyna meňzeşlikde, öz pikiriňi beýan etmek we birleşme baradaky azatlyklar aklawçy käriniň dogry usulda ýerine ýetirmekligiň özeni talaplaryny bolup durýandyr. Bu azatlayklar ähli adamlar tarapyndan peýdalanylsa-nem, adalaty berjaý etmekligine gatnaşýan adamlar üçin bu azatlyklaryň ýörite ähmiýeti bardyr. *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleriniň* 23-nji Ýörelgesinde bu barada anyk aýdylýar, ýagny: “Aklawçylar, beýleki raýatlar ýaly, öz pikiriňi beýan etmek, dine yrylmak, birleşmelere we ýygnaklara gatnaşmak baradaky azatlykdan peýdalanýarlar. Esasan hem olar kanun boýunça soraglaryň jemgiýetçilik jedelleşmelerine gatnaşmaga, kanunylygyň ýerine ýetirilmegine we adam hukuklaryny ýaýbaňlandyrmaga we goramaga we özleriniň kanuny hereketleri ýada kanuny guramalarda agza bolmagy sebäpli çäklendirilmesiz ýerli, milli we halkara guramalara girmäge ýada döretmäge we olaryň ýygnaklaryna gatnaşmaga hukuklary bolmalydyr. Şu hukuklardan peýdalanylanda, aklawçylar hemişe özlerini kanuna we hukuk hünäriniň ykrar edilen nusgalaryna we ahlaklaryna laýyklykda alyp barmalydyrlar.”

Hünär boýunça aklawçylaryň birleşmeleri (ýada aklawçylyk birleşikleri) barada *BMG-nyň Esasy Ýörelgelerinde* şeýle bellenilýär: “Aklawçylar öz bähbitlerini goraýan, hünär boýunça okuw taýýarlygyny dowam edýän hem-de olaryň, hünär boýunça özüni dolandyrýan birleşikleri gurnamak we goşulmak hukuklary ykrar edilmelidir. Hünärmen birleşmeleriň ýerine ýetiriji häkimýeti olaryň agzalaryndan saýlanylmalydyr, işine daşardan goşulmaksyz öz wezipelerini ýerine ýetirmelidir”[222]. Mundan başga-da, “Aklawçylaryň hünärmenlik bileleşikleri ähli adamlaryň aklawçylyk hyzmatlaryndan netijeli peýdalanmagy üçin deň mümkinçilikleriniň berilmegini, hem-de hiç hili ýaramaz goşulmasyz, öz müşderlerine, kanuna we hünär boýunça ykrar edilen standartlary we ahlaklygy laýyklykda, maslahat we kömek bermek işlerini ýerine ýetirmek üçin, Hökümetler bilen hyzmatdaşlakda işlemelidirler”[223]. Bilelikde okalanda, bu düzgünler döwletlere hünärmen aklawçylaryň birleşikleriniň döredilmegine hem-de olaryň işlerine goşulmakdan saklanylmagyny borçlandyrýar.

Ýewropanyň Geňeşiniň Ministrler Komiteti şeýle nygtaýar: “[...] adam hukuklaryny goramak we kanunyň ýokary tutulmagy üçin öz meselelerini çözmäge ukyply, jebis aklawçylyk hünäriniň bolmagy gerekdir”[224].

Şonuň üçin aklawçylaryň birleşikleri iki esasy maksat bilen döredilýär: aklawçylaryň hünär bilen bagly bähbitlerini goramak we aklawçynyň hünäriniň garaşsyzlygyny goramak we güýçlendirmekdir.

- Ýörite Dokladçynyň belleýşi ýaly, bu birleşikler bir tarapynyň bähbitlerini öňe sürýän syýasata gatnaşmaly däldir”, sebäbi bu hereketler “aklawçynyň hünäriniň garaşsyzlygyna zyýan ýetirýändir”. Ýörite Dokladçyny “goşmaça syýasy manysy bolan adam hukuklaryny goramaklyga gatnaşmak” we “diňe aýratyn syýasata gatnaşmaklygyň” arasyndaky tapawudyny anyk geçirmelidir[225].

---

222 Şol ýerde, 24-nji Ýörelge.
223 Şol ýerde, 25-nji Ýörelge.
224 *Aklawçy kärini ýerine ýetirmek azatlygy baradaky agza döwletleriň Ministrler Komitetiniň R (2000) 21 belgili Maslahaty boýunça Düşündiriş Şertnamasy*, 10-njy paragraf.
225 *Kazylaryň we aklawçylaryň garaşsyzlygy baradaky Ýörite Dokladçysynyň hasabaty*, BMG-nyň resminamasy E/CN.4/1995/39, 72-nji paragraf.

Birleşikleri düýpleýin gadagan etmekden beýleki iň köp ulanylýan, hem-de aklawçylaryň birleşmeler baradaky azatlygyny bozýan, usul hökümet tarapyndan gözegçilik edilýän birleşigiň mejbury agzalygy talap etmek, ýada, şuňa menzeşlikde, ýerine ýetiriji edaradan işlerini geçirmek üçin belli bir ygtyýarlygy talap etmekdir.

- Adam hukuklary baradaky Komitet bu tejribelere Belorussiýa baglanyşykda salgylanyp, öz aladasyny bildirdi, ýagny: "1997-nji ýylyň 3-nji maýynda Aklawçylaryň we notariuslaryň işleri baradaky Prezidentiň Kararynyň kabul edilmegi, Adalat Ministrligine aklawçylara iş ygtyýarnamasyny bermek ygtyýaryny berdi; işlemek üçin Ministrlik tarapyndan gözegçilik edilýän, merkezleşdirilen aklawçylar Kollegiýasynyň agzasy bolmaklygy talap etdi, hem-de, şunlukda, aklawçylaryň garaşsyzlygyna zyýan ýetirdi". Komitet "Kazyetiň we aklawçy hüneriniň garaşsyzlygy adalatyň agzybir amala aşyrylmagynyň, demokratiýanyň we kanunyň ýokary tutulmagynyň berjaý edilmeginiň özenidir" diýip, gaýtalap belländen soň, Belorussiýanyň hökümetine "Kazylaryň we aklawçylaryň ähli syýasy ýada beýleki daşky zorlukdan garaşsyzlygyny üpjün etmek üçin, Konstitusiýa we kanunlara täzeden seredilmegini içine alýan, degişli çäreleri geçirilmegini gönükdirdi we bu babatda Aklawçylaryň orny baradaky *BMG-nyň Esasy Ýörelgelerine* onuň ünsüni çekdi[226].

## Hasabatlylyk

Beýleki jemgyýet jogapkärçilikli adamlar ýaly, aklawçylar özlerini ahlaklylyk düzgünlerine laýyk alyp barmalydyr. Bu duzgünlerde adam hereketiniň anyk kadalaryny beýan edilýär we aklawçylaryň ýaramaz hereketleri üçin hasabat bermek mümkinçiligini bellenilýär. Netijede, *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleriniň* 29-njy Ýörelgesinde şeýle bellenilýär, yagny: "Ähli düzgün-nyzam önümçilikleri hünär boýunça özüňi alyp barmak kadalaryna we aklawçylyk hünäriniň beýleki ykrar edilen düzgünlerine we kadalaryna laýyklykda we şol ýörelgeleri göz öňünde tutup çözülmelidir". Bu duzgünler, mümkin boldugyça, aklawçylaryň birleşigi tarapyndan taýýarlanylmalydyr, ýada kanun tarapyndan kesgitlenýän ýagdaýlarynda, bu birleşikleriň goşantlary ulanylmalydyr. Bu barada *BMG-nyň Esasy Ýörelgelerinde* şeýle diýilýär: "Aklawçylaryň özüni alyp barmak kadalary ýuristler topary tarapyndan onuň degişli guramasynyň üsti bilen ýada kanun tarapyndan milli kanunçylyga we adatlara we ykrar edilen halkara düzgünlerine we kadalaryna laýyklykda düzülmelidir"[227]. Her bir ýagdaý bolsada, bu düzgünler, belli bir müşderiniň bähbitlerini goramak ýada kazyýetde beýannama bilen çykyş etmek ýaly kanuny, hünär boýunça borçlary ýerine ýetirilmeginiň dowamynda edilen hereketleri üçin düzgün-nyzam çäreleri öňünden kesgitläp bilmezler[228].

---

226 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Belorussiýa boýunça tamamlaýjy synlary,* CCPR/C/79/Add. 86, 14-nji paragraf.

227 Ser.: *Kazyýetiň garaşsyzlygy baradaky ähliumumy Jarnamasynyň Taslamasynyň (Singhwi Jarnamasy)* 85-nji maddasynda şeýle bellenilýär: "Hiç bir aklawçy her bir müşderä maslahat ýada kömek berenligi üçin, ýada her bir müşderiniň bähbitlerini goranlygy üçin, jenaýatçylyk, raýatlyk, administratiw, ykdysady ýada beýleri çärelerden ejir çekip, ýada gorkuzylyp bilinmez". Beýannama etmek üçin eldegirmezlik barada ser.: *Aklawçylaryň orny baradaky BMG-nyň Esasy Ýörelgeleriniň* 20-nji Ýörelgesinde şeýle bellenilýär: "Aklawçylar halallyk bilen, ýazgyda ýada dilden degişli beýannamalary edenligi üçin, ýada kazyýetiň, tribunalyň we beýleki kanuny ýada administratiw edaranyň öňünde hünärmen çykyşlary edenligi üçin, raýat we jenaýat eldegrilmezlik hukugyndan peýdalanmalydyrlar".

228 *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, resm. salg., 26-njy Ýörelge.

Aklawçylara garşy düzgün-nyzam önümçiliginiň halkara kanuna laýyklykda geçiriler ýaly, *BMG-nyň Esasy Ýörelgelerinde* berjaý edilmeli belli bir esasy talaplar berlendir.

Bu degişli önümçiliginiň talaplary aklawçylara garşy çäreler görlende, önümçilikde birnäçe kepillikler hökmany suratda ýerine ýetirilmelidigini talap edýär. Ilki bilen, hünär işini ýerine ýetiren wagtynda aklawçylara garşy şikaýatlar: "degişli düzgünleri boýunça çaltlaşdyrylan usulda we adalatly seredilmelidir" [229]. Mundan başga-da, aklawçylaryň "işlerine adalatly seredilmegine, şol sanda hem, özleriniň saýlan aklawçysynyň kömeginden peýdalanmaga hukuklary bolmalydyr" [230]. Işe seredýän we soňky täzeden seredilmek baradaky şikaýatlara jogapkär edaralary barada *BMG-nyň Esasy Ýörelgelerinde* şeýle nygtalýar: "Aklawçylara garşy düzgün-nyzam önümçiligi kanunda bellenilen tertip boýunça, ýuristler topary tarapyndan düzülen garaşsyz edarasynda ýada kazyýetde, ýüz görmez düzgün-nyzam meselelerine seredýän komiteti tarapyndan seredilmelidir we kazyýet gözegçiligine tabyn bolmalydyr" [231].

> *Aklawçylyk käri adam hukuklaryny goramakda, hem-de kanunyň ýokary tutulmagynda wajyp orun tutýandyr. Aklawçylar garaşsyz we gorkuzylmasyz işlemek, hem-de öz müşderileri bilen erkin aragatnaşyk etmek mümkinçilikleri bolmalydyr. Aklawçylar öz müşderileriň işleri bilen deň hasaplanylmaly däldir, we öz pikirlerini erkin beýan etmäge hem-de hiç hili goşulmasyz birleşmeleri döretmäge hukuklydyr. Aklawçylar öz hünärleri bilen bagly wezipelerini ahlaklylyk düzgünlerine laýyklykda berjaý etmelidir we hünär boýunça özüňi alyp barmak kadalaryny bozan halatynda, öz hereketlerine hasabat bermelidir.*

---

229 Şol ýerde, 27-ni Ýörelge.
230 Şol ýerde.
231 Şol ýerde, 28-nji Ýörelge.

# C. Prokurorlaryň orny

## Giriş

Prokurorlar adalatyň berjaý edilmeginde aýgytly orun tutýandyrlar. Adam hukuklaryny goramak we kanuny ýokary tutmaklyk garaşsyzlyk we ýüz görmezlik bilen jenaýatçylyklary derňemeklige jogapkär bolan güýçli prokurorlyk wezipesini anladýandyr. Jenaýat derňew edarasynyň içinde her prokuror hünäriniň borçlaryny ýerine ýetirmek üçin garaşsyz, ýüz görmez we obýektiw usulda tassyklanylmalydyr.

*Prokurorlaryň orny baradaky BMG-nyň Ýörelgelerinde* "jenaýat önümçilikde prokurorlaryň netijeliligini, ýüz görmezligini we adyllylygyny üpjün etmek we öňe sürmek wezipelerinde"[232] agza döwletlere ýardam hökmünde düzüldi. Düzgünler derňew geçirýän edaranyň görnüşine garamazdan, ähli ýurisdiksiýalara degişli ýörelgeleri öňde goýýarlar. Netijede, *Ýörelgeler* birnäçe meseleler boýunça, ýagny, döwletlerde prokurorlaryň işe bellenilmek düzgünleri we hukuk ýagdaýy baradaky meselelerde bitaraplygy saklaýarlar.

## Ýüz görmezlik we obýektiwlik

Döwletler prokurorlaryň öz hünäriniň borçlaryny ýüz görmez we obýektiw usulda ýerine ýetirmek üçin mümkinçilikler bilen üpjün etmäge borçludyr. Kazylar we aklawçylardan tapawutlylykda, halkara hukugy bu babatda prokurorlyk käriniň garaşsyzlygyny kepillendirmeýär. Munuň sebäbi, käbir ýurtlarda prokurorlar ýerine ýetiriji häkimiýeti tarapyndan bellenilýärler ýada bu häkimiýetden belli bir derejede garaşly bolýarlar, we, netijede, olar hökümetiň beren wezipelerini ýerine ýetirmekde borçly bolýarlar. Kazyýet derňewini geçirýän edaranyň hökümetden garaşsyz bolandygy dogry hasaplanylýandygy sebäpli, döwletler prokurorlara derňewleri ýüz görmez we obýektiw usulda geçirmek mümkinçiliklerini elmydama kepillendirmelidir.

- Meksika halatynda, Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy prokurorlaryň garaşsyzlyk meselesine gaýtalap salgylanýar, ýagny "prokuratura edarasy häkimiýetiň ýerine ýetiriji şahamçasyndan garaşsyz bolmalydyr hem-de kazyýet şahamçasynyň agzalaryna degişli, işden boşatmazlyk we beýleki konstitusiýa kepillikleri bilen hökman üpjün edilmelidir"[233]. Prokurorlaryň wezipelerini dogry ýerine ýetirmeklik "hökümetiň beýleki şähamçalaryndan özbaşdaklygy we garaşsyzlygy" talap edýändir, diýip Komissiýa belledi.[234]

---

232 Birleşen Milletler Guramasynyň Jenaýatlaryň öňüni almak we kanun bozujylary saklamak baradaky sekizinji Kongressinde kabul edilen, *Prokurorlaryň orny baradaky BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, Gawana, Kuba, 1990-njy ýylyň 27-nji awgustyndan 7-nji senýabr aralygy, mundan beýläk *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri* diýlip atlandyrylýar. Prokurorlaryň ornuna degişli beýleki resminamalaryň arasynda *Ýewropa Geňeşiniň Jenaýat kazyýet ulgamda jemgyýet prokurolaryň orny baradaky agza döwletleriniň Ministrler Komitetiniň R (2000) 19 belgili Maslahaty* we *Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň Ýörelgeleri we Düzgünnamalary*, F Ýörelge.

233 Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy, *Meksika boýunça adam hukuklarynyň ýagdaýy baradaky Hasabaty*, OEA/Ser.L/V/II.100, Doc. 7 rev. 1, 372-nji paragraf.

234 Şol ýerde, 381-nji paragraf.

Prokurorlar harby bazalarda ýerleşilýän we harby edaralar bilen golaý işleşýän halatlary barada Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy şeýle belledi: “şeýle ýagdaý prokuroryň obýekriwligine we garaşsyzlygyna uly zyýan getirýär” [235].

## Hünär başarnyklary, saýlanma düzgünleri we okuw taýýarlygy

*BMG-nyň Ýörelgeleri* prokurorlaryň işe bellenimleginde berjaý edilmeli düzgünleriň belli bir görnüşini kesgitlemeýär. Emma, umumy we ýörite adam hukuklarynyň standartlaryny alanymyzda, *BMG-nyň Ýörelgeleri* prokurorlaryň işe saýlanmagyna degişli anyk talaplaryny belledi. Edaralaryň we düzgünleriň görnüşlerine garamazdan, döwletler “prokurorlyk wezipesine saýlanan adamlar ýokary derejede ahlak taýdan arassa we hünärini bilýän, degişli okuw taýýarlygy we başarnyklary bolan adam bolmalydyr” [236]. Mundan başga-da, saýlamak talaplary kemsidiji bolmaly däldir we “bir taraplylyk, ýada ters düşünjelere esaslanmaly däldir, hem-de adamyň jynsy, teniniň reňki, dili, dini ynamlary, syýasy we beýleki garaýyşlary, milli, sosial we millete degişliligi, emläk, dogulyş, ykdysady we beýleki ýagdaýlary boýunça kemsitmeli däldir [...]” [237]

- Kosowo halatynda, Adam hukuklary baradaky Komiteti “halkara prokurorlaryň garaşsyzlygynyň [...] ýeterlikli kepillikleriň ýoklugy barada” hem-de “ýerli prokurorlaryň [...] pes zähmet haky barada” öz aladasyny bildirdi we Kosowodaky Birleşen Milletler Guramasynyň missiýasyna “halkara [...] prokurorlaryň saýlanmagyna, işe bellenilmegine we düzgün-nyzam hereketlerine degişli garaşsyz düzgünleri bellemekligi” we “ýerli [...] prokurorlary parahorlykdan goramak üçin ýeterlikli şertleriň döredilmegini” [238] maslahat berdi.

## Prokurorlaryň işiniň kepillikleri

Prokurorlar öz hünär wezipelerini dogry berjaý etmegi üçin, halkara hukugy döwletlere ýüzlenip birnäçe kepillikler belländir. Döwletler “prokurorlaryň öz hünär wezipelerini gorkuzylmasyz, hiç hili päsgelçiliksiz, zorluksyz we bikanun goşulmasyz, ýada delillendirilmedik raýatlyk, jenaýatçylyk we beýleki jogapkärçilige çekilmesiz ýerine ýetirmek üçin şertleri kepillendirmäge” [239] borçludyr. Prokurorlary gorkuzmakda howply usullarynyň biri — fiziki zorlukdyr. Şonuň üçin prokurorlaryň hünär wezipelerini ýerine ýetrimegi netijesinde, olara we olaryň maşgalalaryna howp abanýan ýagdaýlarda, döwletler olary goramaga borçludyr” [240].

235 Adam hukuklary baradaky Amerikanyň döwletara Komissiýasy, *Kolombiýa boýunça adam hukuklarynyň ýagdaýy baradaky üçünji Hasabaty*, OAS resminamasy OEA/Ser.L/V/II.102, Doc. 9 rev. 1, 1999-njy ýylyň 26-njy fewraly, 108-nji paragraf.

236 *Prokurorlaryň orny baradaky BMG-nyň Ýörelgeleri*, resm. salg., 1-nji Düzgün.

237 Şol ýerde, 2(a) Ýörelge. Kazylara degişli düzgünlerde bellenilşi ýaly, prokurorlyk wezipesine degişli ýurduň milli dalaşgärleri talap etmeklik kemsidiji diýlip hasaplanymlaýandyr”, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/UNK/CO/1, 20-nji paragraf.

238 *Adam hukuklary baradaky Komitetiniň Kosowo (Serbiýa) boýunça tamamlaýjy synlary*, BMG-nyň resminamasy CCPR/C/UNK/CO/1, 20-nji paragraf.

239 *Prokurorlaryň orny baradaky BMG-nyň Ýörelgeleri*, resm. salg., 4-nji Ýörelge.

240 Şol ýerde, 5-nji Ýörelge.

- Kolombiýa halatynda, Gynamak we kazyýetden daşary, umumylaşdyrylan we delilsiz ölüm jezasy boýunça Ýörite Dokladçysy “Kazyyetiň we Prokuraturanyň ähli agzalaryny ölüm howpyndan, janlaryna kast edilmeginden we fiziki saglygyna hüjüm edilmeginden netijeli gorag bilen üpjün edilmelidir, hem-de bu howpyň, kast etmegiň we hüjüm etmegiň gelip çykýan çeşmelerini kesgitlemek we degişli jenaýatçylyk ýada düzgün-nyzam önümçiligini başlamak üçin derňew geçirmelidir” [241], diýip aýratyn belledi.

Prokurorlaryň işlerini dogry ýerine ýetitmek üçin beýleki kepillikler hem gerekdir, ýagny “mynasyp zähmet haky, we, degişli ýerinde, gulluk möhleti, nepaga we nepaga çykylýan ýas boýunça gulluga degişli bolan amatly şertler” kepillendirilmelidir. Bu düzgünler “kanun ýada çap edilen kadalar we düzgünnamalar bilen bellenilmelidir” [242].

Prokurorlar hem, kazylar ýaly, obýektiw talaplaryna, esasan-da, “hünär başarnyklary, ukyplary, halalyk we tejribesine laýyklykda”, ýokary çekilmelidir we ýokary wezipelere geçirmek düzgünleri adyl we ýüz görmez bolmalydyr [243].

## Öz pikiriňi beýan etmek we bileleşik baradaky azatlyklary

Kazylaryň we aklawçylaryň ýagdaýlaryna meňzeşlikde, “prokurorlar, edil beýleki raýatlar ýaly, öz pikiriňi beýan etmek, dine yrylmak, birleşmek we ýygnanmak azatlyga hukugyndan peýdalanýandyr. Ylaýtada, hünär boýunça olaryň hukuk bilen bagly ýada olaryň kanuny guramada agzalygy sebäpli hiç hili hünär bilen bagly kemsidilmesiz we cäklenidirlmesiz, olaryň hukuk, adalatyň berjaý edilmegi hem-de adam hukuklarynyn öňe sürmek we goramak baradaky jemgyýet gürrüňdeşliklere gatnaşmak ýada ýerli, milli ýada halkara guramalara girmeklige, döretmeklige, olaryň duşuşyklaryna gatnaşmaklyga, hukuklary bardyr“ [244].

Öz pikiriňi beýan etmek azatlygy barada *BMG-nyň Esasy Ýörelgeleri*, BMG-nyň kazylara degişli standartlarynda meňzeş bolan, “Prokurorlar öz bähbitlerini goraýan, hünär boýunça okuw taýýarlygyny dowam edýän, hem-de olaryň hukuk ýagdaýyny goraýan hünärmen birleşikleri döretmek we beýleki guramalara girmek hukukly bolmalydyr”, diýen ýörelgesini içine alýar.

## Hünärmenlik borçlary

Prokurorlara, adalatyň berjaý edilmeginiň özeni bölegi hökmünde, olara ýüz görmez we obýektiw, syýasy, sosial, dini, jynsy, medeni ýada beýleki kemsidiji görnüşlerinine ýol bermeýän usulda, birnäçe wezipeleri ýerine ýetirmeklik ynanylandyr [245]. Bu borç prokurorlaryň wezipelerini dogry berjaý etmeklikde gönükdiriji ýörelgesi hökmünde, olaryň hünär bilen bagly işi amala aşyran wagtlarynda, hiç hili şahsy

241 *Gynamak meselesi boýunça Ýörite Dokladçysynyň we Kazyýetden daşary, umumylaşdyrylan we delilsiz ölüm jezasy boýunça Ýörite Dokladçysynyň Kolombiýa sapary baradaky bilelikdäki Hasabaty*, BMG-nyň resminamasy E/CN.4/1995/111, 117(d) paragraf.

242 *Prokurorlaryň orny baradaky BMG-nyň Ýörelgeleri*, resm. salg., 6-njy Ýörelge.

243 Şol ýerde, 7-nji Ýörelge.

244 Şol ýerde, 8-nji Ýörelge.

245 *Prokurorlaryň orny baradaky BMG-nyň Ýörelgeleri*, resm. salg., 13-nji Ýörelge, (a) paragraf.

ynamsyzlyk ýada ters düşünjeleri bolmaly däldigini talap edýär. Mundan başga-da, prokurorlaryň adam hukuklaryny goramakda hem-de önümçiligiň dogry ýöredilmegini we adalaty dogry berjaý edilmegini üpjün etmek ýörite borçlary bolmalydyr.

- Prokurorlar, kanunda bellenilşi ýaly, öz borçlaryny adyllyk bilen, yzygiderli we gijä goýman, adam mertebesini sylaýan we goraýan usulda ýerine ýetirmelidir, adam hukuklaryny berjaý etmelidir, we, netijede, önümçiligiň dogry alnyp barylmagyna hem-de jenaýaçylyk bilen bagly adalatyň düzgüniniň dogry işlemegine goşant goşmalydyr.[246]

Prokurorlar derňew alnyp barlanda ýada subutnama ýýgnalanda, duş gelýän adam hukuklarynyň bozulmagy bilen bagly halatlary barada has-da ünsli bolmalydyr. Soňky halatynda, “prokurorlaryň bilşine görä, ýada ynamyna görä, bu subutnamalar bikanun usullary ulanmak netijesinde alnandygy barada, günälenýän adamyň hukuklarynyň agyr bozulandygy barada, ylaýtada zorluk, sütem salmak, adama mahsus bolmadyk zorluk edilendigi barada, adamyň mertebesini peseldýän hereketleriň edilendigi barada, we beýleki adam hukuklaryny bozmak usullar arkaly alnandygy barada delilleriň bolan halatlarynda, prokurorlar şol subutnamalary işde ulanmakdan ret etmäge borçludyr”. Bu halatlarda prokurorlar Kazyýete bu subutnamalaryň barlygy barada habar bermelidir we “bu usullary ulanan adamlar jogapkärçilige çekilmegini üpjün etmek üçin, ähli degişli çäreleri görmelidir” [247].

Adam hukuklary bozulan halatlary barada Jemgyýet prokurorlar çalt, jikme-jik we ýüz görmez derňewiň geçirilmegini üpjün etmeklige borçludyr.

- Gynamaklyga garşy Komitet gynamak barada subutnamalaryň bolan halatynda Jemgyýet prokurory kazyýetiň çykaran çözgüdini täzeden seredilmegine şikaýat etmese, ol öz borjuny bozandygyny aňladýandyr, diýip nygtady [248].

Prokurorlar jenaýat önümçiliginde işjeň orun tutýandyrlar. Olaryň wezipeleri dürli kanunçylyk düzgünlerde tapawutlansa-da, prokurorlaryň esasy wezipeleri *BMG-nyň Ýörelgeleriniň* 11-nji Ýörelgesinde jemlenendir: “Prokurorlar jenaýat önümçiliginde şu borçlary içine alýan, işjeň ornuny ýerine ýetirerler, ýagny prokurorlyk işini ýola goýmak, hem-de, kanun tarapyndan goldanylýan we ýerli tejribelere laýyk gelýän halatynda, jenaýatçylygyň derňewini alyp barmak, bu derňewleriň kanunylygyna gözegçilik etmek, kazyýetiň çözgütleriniň berjaý edilmegine gözegçilik etmek, hem-de jemgyýetiň bähbitlerine wekilçilik etmek bilen bagly beýleki wezipeleri ýerine ýetirmekdir”.

*BMG-nyň Ýörelgelerine* laýyklykda, “prokurorlyk we kazyýet wezipeleriniň arasy anyk bolmalydyr”. Bu düzgün aýdyň bolsa hem, kä düzgünlerde prokurorlar belli kazyýet wezipelerini hem ýerine ýetirýändirler. Bu düzgünleriň arasyna öňüni almak maksady bilen tussag etmek ýada subutnamalry ýygnamak hem girýändir. Eger bu düzgünler kanunçylykda kabul edilen bolsa, bu wezipeler suddan öňki çäreler bilen çäklenilmelidir we ýüz görmezlik hem-de günäkärlenýänleriň adam hukuklaryny nukdaýnazardan ýerine ýetirilmelidir. Bu kazyýetçilik wezipeler elmydama garaşsyz kazyýetiň seredilmegine tabyn bolmalydyr.

---

246 Şol ýerde, 12-nji Ýörelge.
247 Şol ýerde, 16-njy Ýörelge.
248 60/1996 belgili Habar, *Khaled Ben M’Barek Tunisa garşy* (1999-njy ýylyň 10-njy noýabrynda kabul edilen çözgüt), BMG-nyň resminamasy CAT/C/23/D/60/1996, 11.10 paragraf.

Adam hukuklary baradaky Komitet prokurorlaryň kazyýet wezipelerini ýerine ýetirmek meselesine seretdi.

- Komitetiň sereden halatynda ýerine ýetiriji häkimiýete tabyn bolan prokuror ýeterlik delilleriň bolmadygyna esaslanyp, suddan öň tussag etmeklik barada buýruk berip, we yz ýanyndan ony uzaltdy. Bu barada Komitet "*Raýat we syýasy hukuklar baradaky halkara Paktynyň* 9(3) maddasynda bellenen, jemgyýet prokurory kazyýet häkimiýeti tarapyndan ygtyýarlyk berlen wezipeli adam hökmünde, gerekli ýeterlik guramaçylyk obýektiwligi we ýüz görmezligi bar diýlip hasaplanymlagy" [249] bilen razy däldigini nygtady.

Prokurorlara degişli aýgytly düzgünleriň biri *BMG-nyň Ýörelgeleriniň* 15-nji Ýörelgesinde berlendir, ýagny prokurorlar "döwlet işgärleriniň eden jenaýatlaryna, esasan-hem korrupsiýa, häkimiýeti bikanun ulanmak, adam hukuklarynyň agyr derejede bozmak we beýleki halkara kanunda ykrar bellenilen jenaýatlar bilen baglylykda, hem-de kanun tarapyndan ýada ýerli däp boýunça bu jenaýatlary derňemäge ygtyýarlygy berlen halatlaryna ýeterlikli üns bererler" diýip belledi. Bu düzgüne laýyklykda, prokurorlaryň esasy wezipesi kanuny berjaý etmek hem-de kanuny ähli raýatlara, ylaýtada, wezipeli işde işleýän adamlara, deňlikde berjaý etmekdir.

Kä düzgünlerde prokurorlaryň öz garaýşyna görä karar çykarmak wezipeleri, esasanda, işiň derňemegine we günälemegi taýýarlamagyna degişlidir. Bu halatlarda *BMG-nyň Ýörelgelerinde* şeyle nygtalýar: "Kanun ýada çap edilen düzgünler ýada kadalar iş önümçiligine we ýatyrylmagyna degişli we beýleki degişli kararlaryň adyllygyny we yzygiderliligini üpjün etmelidir" [250].

Beýleki prokurorlyk borçlary oz içine aşakdakylary alýandyr, ýagny: günälemek üçin ýeterlik delilleriň ýetmezçiliginde iş önümçiligini başlamaklygy gadagan etmek ýada togtatmak borjy, günälenýäniň ýagdaýyny gowylandyrýandygyna ýada erbetlendirýändigine garamazdan, günälenýänleriň we jebir çekenleriň işe degişli ýagdaýlaryna gerekli üns bermek barada borjy, hünäriň talaby boýunça ýada adalatyň zerurlaryna görä başgaça talap edilmese, olaryň elinde bolan maglumatlaryň gizlinligini saklamak borjy, ejir çekenleriň öz şahsy bähbitleri degilip, olaryň garaýyşlaryny we aladalaryny göz öňünde tutmak borjy, hem-de ejir çekenleri Häkimiýeti bikanun ulanmakdan we jenaýatçylykdan ejir çekenler üçin adalatyň esasy ýörelgeleri baradaky jarnama bilen laýyklykda olaryň hukuklary barada habar barmekligi üpjün etmek borjy, hem-de polisiýa, kazyýetler, aklawçylar, jemgyýet aklawçylar we beýleki döwlet edaralary we guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmek borjy [251].

## Düzgün-nyzam önümçiligi

Öz hünär borçlaryny bozan duýip gümana edilen halatynda, prokurorlar düzgün-nyzam önümçiligi arkaly jogapkärçilige çekilmelidir. *BMG-nyň Ýörelgelerinde*

---

249 521/1992 belgili Habar, *Vladimir Kulomin Wengriýa garşy*, (1996-njy ýylyň 22-nji martynda kabul edilen garaýyşlar), BMG-nyň resminamasy CCPR/C/56/D/521/1992, Hartiýanyň 9.3 maddasynyň 11.3 paragrafynda şeýle bellenilýär: "jenaýatçylyk günäleme boýunça tussag edilen her bir kişi çalt wagtyň içinde kazynyň ýada kanun tarapynda kazyýet häkimiýetini berjaý etmäge ygtyýarlygy ynanylan edaranyň öňüne geritilmelidir".

250 *Prokurorlaryň orny baradaky BMG-nyň Ýörelgeleri*, resm. salg., 17-nji Ýörelge.

251 *Prokurorlaryň orny baradaky BMG-nyň Ýörelgeleri*, resm. salg., 14-nji, 13-nji Ýörelgeler, (b)-den (d) çenli, we 20-nji paragraflar.

prokurorlar jogapkärçilige çekilende, olara degişli düzgün-nyzam çäreleriň delilleri we olaryň peýdalanýan kepillikleriniň talaplary anyk berlendir.

Düzgün-nyzam çäreleriň delilleri barada *Ýörelgelerde* “prokurorlaryň düzgün-nyzam jenaýatlary boýunça önümçilik kanuna ýada kanuny düzgünlerine esaslanmalydyr” [252]. Bu düzgünler bikanun hereketleriň nämeden ybaratdygyny we boljak çäreler barada takyk düşündiriş bermelidir. *Ýörelgelerde* prokurorlaryň öz wezipelerini berjaý etmek üçin başarnyklaryň ýetmezçiligi barada aýratyn aýdylmasa-da, bu talabyň olary işden boşatmak üçin delil bolup durýandygy içine alýandyr.

*Ýörelgelerde* dügün-nyzam önümçilige degişli birnäçe ýörelgeler jemlenendir. Mysal üçin, prokurorlara garşy şikaýatlar “çalt wagtyň içinde we degişli düzgünlere laýyklykda adyllyk bilen serediler”. Mundan başga-da, prokurorlar işe adyl seredilmegine hem-de “çözgüt garaşsyz edara tarapyndan täzeden seredilmegine tabyndyr” [253]. Soňunda-hem, önümçiligiň netijesi hökmany suratda obýektiw baha we çözgüt görnüşde bolmalydyr [254].

> *Prokurorlar adalatyň berjaý edilmeginde adam hukuklarynyň bozulan halatlaryny derňewini geçirip, hem-de adyl kazyýete bolan hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edip, aýgytly orun tutýandyrlar. Prokurorlar öz hünarmenlik borçlaryny ýüz görmezlik we obýektiwlik bilen ýerine ýetirmelidirler. Döwletler prokurorlaryň öz wezipelerini goşulmasyz ýerine ýetirmekliklerini üpjün etmeklige hem-de olary goramaklyga borçludyr. Prokurorlar wezipeli adamlaryň eden jenaýatçylyklaryna aýratyn üns bermelidir we adam hukuklarynyň bozulmagynyň netijesinde alnan subutnamalary jenaýat önümçiliginde ulanmaga ret etmeklige borçludyr.*

252 Şol ýerde, 21-nji Ýörelge.
253 Şol ýerde.
254 Şol ýerde, 22-Ýörelge. Bu Ýörelgede düzgün-nyzam önümçiligi kanuna laýyklykda, hünärmen alyp barmaklygyň düzgünleri boýunça we beýleki ykrar edilen standartlar we ahlaklylyk hem-de Düzgünlere laýyklykda geçirilmelidir”, diýip bellenýär.

# IKINJI BÖLÜM

## Kazylaryň, aklawçylaryň we prokurorlaryň garaşsyzlygy we hasabatlylygy boýunça halkara resminamalary

# 1. Birleşen Milletler Guramasy

## A. Kazylaryň, aklawçylaryň we prokurorlaryň garaşsyzlygy boýunça ýörite standartlary

### Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça Esasy Ýörelgeler

*(1985-nji ýylyň 26-njy awgustyndan 6-njy sentýabr aralygynda Milan şäherinde geçirilen Jenaýatçylygyň öňüni almak we jenaýatçylara seretmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Ýedinji Kongresinde kabul edildi we Baş Assambleýa tarapyndan 1985-nji ýylyň 29-njy noýabryndaky 40/32 belgili we 1985-nji ýylyň 13-nji dekabryndaky 40/146 belgili Kararnamalary bilen tassyklanyldy)*

---

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda dünýäniň adamlarynyň adam hukuklaryna we esasy azatlyklara kemsidilmezden hormat goýulmagy ýaýbaňlandyrmakda we goldamakda halkara hyzmatdaşlygy gazanmakda adalatlylygy saklamak şertlerini döretmäge öz hyjuwlylygyny ykrar edip,

Adam hukuklarynyň Ählumumy Jarnamasynyň, esasan, hem kanunyň öňünde hemmeleriň deňlik ýörelgelerini, günäsizlik prezumsiýasy we kanun boýunça döredilen doly ygtyýarly, garaşsyz we ýüz görmez kazyýet tarapyndan adalatly we jemgyýetçilik üçin açyk seredilmegine hukugy berkidýändigini nazara alyp,

Ykdysady, Sosial we Medeni Hukuklar boýunça we Raýatlyk we Syýasy Hukuklar boýynça Halkara Ylalaşyklaryň ikisiniň hem şol hukuklaryň ulanylmagyna kepil geçýändigini, we, ondan başgada, Raýatlyk we Syýasy Hukuklar boýynça Ylalaşygyň öz wagtyndan gijikdirmän seredilmek hukugyna güwä geçýändigini nazara alyp,

Köp halatlarda şol ýörelgeleriň esasyny düzýän düşünje bilen hakyky ýagdaýyň arasynda kemçilikleriň şu wagtda bardygyny göz öňünde tutup,

Kanunylygyň gurnalmagynyň we amala aşyrylmagynyň her bir ýurtda şol ýörelgelere ylham bermelidigini we olary hakykata öwürmek üçin tagalla edilmelidigini nazara alyp,

Kazyýetiň işi baradaky düzgünleriň kazylaryň şol ýörelgeler boýunça hereket etmegine ýardam bermäge gönükdirilmelidigini nazara alyp,

Kazylaryň raýatlaryň durmuşy, azatlyklary, hukuklary, borçlary we emlägi boýunça ahyrky çözgüdi çykarmaga jogapkärdigini nazara alyp,

Jenaýatçylygyň öňüni almak we jenaýatçylara seretmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň altynjy kongresinde, onuň 16-njy kararnamasy boýunça, Jenaýatçylygyň öňüni almak we gözegçilik etmek boýunça komitete kazylaryň garaşsyzlygy we kazylary we prokurorlary saýlamak, hünärmen okuwy we derejesi bilen bagly görkezmeleri düzmegi özüniň ileri tutýan işlerine goşmagyny ündew edendigini nazara alyp,

Şol sebäpli adalatlylyk ulgamy we kazylaryň saýlanmagynyň, hünär okuwynyň we işini ýerine ýetirişiniň wajyplygy bilen bagly kazylaryň ornuna esasy üns bermegiň ýerliklidigini göz öňünde tutup,

Agza döwletlere olaryň kazyýetiň garaşsyzlygyny üpjün etmek we ýaýbaňlandyrmak işine ýardam bermek maksady bilen düzülen aşakdaky ýörelgeler Hökümetler tarapyndan milli kanunçylygyň çäklerinde seredilmelidir we sarpa goýulmalydyr we kazylaryň, aklawçylaryň, kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji agzalaryň we umumy jemgyýetçiligiň dykgatyna ýetrilmelidir. Bu ýörelgeler hünärmen kazylary üçin göz öňünde tutulyp düzülendir, emma zerur halatynda ýüridiki bilimi bolmadyk kazylaryň hereket edýän ýerinde hem deň ulanylmalydyr.

**Kazyýet edaralarynyň garaşsyzlygy**

1. Kazyýetiň garaşsyzlygy Döwlet tarapyndan kepillendirilmelidir we ýurduň Konstitusiýasynda ýada kanunynda berkidilmelidir. Kazyýetiň garaşsyzlygyny berjaý etmek we sarpa goýmak ähli hökümet we beýleki guramalaryň borjudyr.
2. Kazyýet islendik tarapdan ýada islendik sebäp boýunça hiç hili çäklendirmesiz, ýerliksiz täsir edilmesiz, mejbur etmesiz, zor salynmasyz, göni ýada gytaklaýyn haýbat atylmasyz ýada goşulmasyz delilnamalaryň esasynda we kanuna laýyklykda çözgütleri ýüz görmeslik bilen çykarmalydyr.
3. Ýuridiki häsiýeti bolan ähli meseleler kazyýetiň garamagynda bolmalydyr we onuň çözgüt çykarmagy üçin berilen meseläniň kanun boýunça onuň ygtyýaryna degişlidigini kesgitlemäge aýratyn hukugy bolmalydyr.
4. Kazyýet önümçiligine hiç hili ýerliksiz ýada delilsiz goşulmaklyga ýol berilmeli däldir, hem-de, kazyýetiň çykaran çözgütleri täzeden seredilmäge tabyn däldir; ýagny, diňe kanuna laýyklykda ygtyýarlandyrylan edaralar tarapyndan olara täzeden seredilmegi, ýada ýeňilleşdirilmegi, ýada üýtgedilmegi mümkindir.
5. Her bir adamyň adaty kazyýetde ýada kanuny ykrar edilen kadalary ulanýan tribunalda işine seredilmegine hukugy bardyr. Kanuny tertibini ýerlikli ykrar edilen kadalaryny ulanmaýan tribunallar adaty kazyýete ýada kazyýet edarasyna degişli ygtyýarnamany çalyşmak üçin döredilmeli däldir.
6. Kazyýet edaralarynyň garaşsyzlyk ýörelgesi kazyýet önümçiliginiň adalatly ýerine ýetirilmegini we taraplaryň hukuklaryna sarpa goýulmagyny üpjün etmäge hukuk berýär we talap edýär.
7. Kazyýete öz wezipesini dogry ýerine ýetirmek üçin ýeterlik serişdeler bilen üpjün etmek her bir Agza Döwletiň borjudyr.

**Öz pikiriňi beýan etmek we bileleşikler azatlyklary**

8. Adam Hukuklarynyň Ählumumy Jarnamasy boýunça, kazyýetiň agzalarynyň beýleki raýatlaryňky ýaly pikirini, ynamyny beýan etmäge, bileleşiklere we ýygnaklara gatnaşmaga hukugy bardyr; emma şeýle hukuklardan peýdalanmakda, kazylar hemişe öz işiniň abraýyny hem-de kazyýetiň ýüz görmezligini we garaşsyzlygyny goraýan häsiýetde özlerini alyp barmalydyrlar.

9. Özleriniň bähbitlerini öňe sürmek, hünärmen bilimlerini ýaýbaňlandyrmak we özleriniň kanuny garaşsyzlygyny goramak üçin kazylaryň kazy bileleşiklerini ýada beýleki guramalary döretmäge we olara goşulmaga hukuklary bardyr.

**Hünärmen başarnyklar, saýlanmak we okuw taýýarlygy**

10. Kazyýet wezipesine saýlanan adamlar kanunçylyk boýunça degişli okuwy ýada hünäri bar bolan dogruçyl we ukyply şahsyýetler bolmalydyrlar. Saýlamagyň her bir usuly kazylaryň mynasyp bolmadyk sebäplere görä saýlanylmagyndan kepillik bermelidir. Kazylary saýlamakda şahsyýetler olaryň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, dini garaýşyna, syýasy ygtykadyna, partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine degişlilik esasynda hiç hili kemsidilmeli däldir.

**Iş şertleri we möhleti**

11. Kazylaryň iş möhleti, olaryň garaşsyzlygy, howpsuzlygy, mynasyp iş haky, işiniň şertleri, nepaga we nepaga çykmak ýaşy bilen ýeterlik derejede kanun boýunça üpjün edilmelidir.
12. Hökmany nepaga çykmak ýaşyna ýada iş möhletiniň tamamlanmagyna çenli, olaryň bellenendigine ýada saýlanandygyna garamazdan, kazylar kepillendirilen iş möhleti bilen üpjün edilmelidir.
13. Kazynyň hünär boýunça ýokary çekilmekligi, bu düzgüniň bar bolan halatlarynda, obýektiw faktorlara, ýagny, başarnyklara, halallyga we gazanylan tejribelere esaslanmalydyr
14. Kazyýet işleriniň kazylara tabşyrylmagy hukuk edaranyň öz içki meselesidir.

**Hünärmen gizlinligi we eldegrilmezligi**

15. Açyk kazyýet seredilmelerinden özge wezipesini ýerine ýetirmegiň dowamynda alan gizlin maglumatlary we olar barada öz pikirleri boýunça kazyýet işgärleri hünärmen gizlinligini saklamaga borçludyrlar, we şeýle halatlarda olar görkezme bermäge mejbur edilmeli däldirler.
16. Islendik düzgün-nyzam önümçiligi, islendik şikaýat etme hukugy ýada döwlet tarapyndan öwezini dolma hukuklary çäklendirmesiz, Milli kanunçylyga laýyklykda, kazylar kazyýet işini ýerine ýetirende goýberen ýalňyşlyklary ýada nädogry çözgütleri üçin maliýe zyýany bilen bagly raýat şikaýatlaryndan eldegrilmezlik goragyndan peýdalanmalydyr.

**Düzgün-nyzam, ygtyýarlyklaryň togtadylmagy we bes edilmegi**

17. Kazynyň wezipesini we hünäri bilen bagly borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda oňa garşy edilen şikaýat arzasyna tizleşdirilen usulda we adyllyk bilen

degişli düzgüne laýyklykda seredilmelidir. Işine adyllyk bilen seredilmegine kazynyň hukugy bardyr. Kazy tarapyndan başgaça talap edilmese, bu meseläniň barlagy başlangyç döwürde gizlinlikde saklanylmalydyr.

18. Diňe başarnyksyzlygy we öz wezipesini ýerine ýeritmek bilen gabat gelmeýän hereketleri üçin kazylaryň ygtyýarlyklary togtadylyp we bes edilip bilner.

19. Kazylara düzgün-nyzam, ygtyýarlyklaryny togtatmak we bes etmek işleri bellenilen kazyýet tertibi boýunça kesgitlenmelidir.

20. Kazylara düzgün-nyzam, ygtyýarlyklaryny togtatmak we bes etmek boýunça çözgütlere garaşsyz seredilmelidir. Bu ýörelge ýokary kazyýetiň çözgütlerinde we ýokary wezipeli adamlary impiçment günälemelerde we şoňa meňzeş işlerde ulanylman bilner.

## Aklawçylaryň orny boýunça Esasy Ýörelgeler

*(1990-njy ýylyň 27-nji awgustyndan 7-nji sentýabry aralygynda Kubanyň Gawana şäherinde geçirilen Jenaýatçylygyň öňüni almak we jenaýatçylara seretmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň sekizinji kongresinde kabul edildi)*

---

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda dünýäniň adamlarynyň adalatlylygy saklamak üçin şertleri döretmäge hyjuwlylygyny ykrar edýändigini we adam hukuklaryna we esasy azatlyklara teniniň reňkine, jynsyna, diline ýada dine garaýşyna kemsidilmezden hormat goýulmagy ýaýbaňlandyrmakda we goldamakda halkara hyzmatdaşlygy gazanmagy özleriniň bir maksady hökmünde jar edýändigini nazara alyp,

Adam hukuklarynyň Ähliumumy Jarnamasynyň kanunyň öňünde hemmeleriň deňlik ýörelgelerini, bigünälik prezumpsiýasyny, garaşsyz we adalatly kazyýet tarapyndan adalatly we jemgyýetçilik seredilmegine hukugy, we her kişiniň jenaýatda aýyplanmakda goranmagy üçin zerur bolan ähli kepillikleri berkidýändigini nazara alyp,

Munuň bilen bilelikde, Raýatlyk we Syýasy Hukuklar boýunça Ylalaşygyň öz wagtyndan gijikdirmän işe seredilmek we kanun tarapyndan döredilen ygtyýarlykly, garaşsyz we ýüz görmez kazyýet tarapyndan adalatly we jemgyýet üçin açyk seredilmek hukugyny jar edýändigini nazara alyp,

Ykdysady, Sosial we Medeni Hukuklar boýunça Halkara Ylalaşygyň Tertipnamasy boýunça adam hukuklaryna we azatlyklaryna ählumumy sarpa goýmagy we berjaý etmegi ýaýbaňlandyrmak Döwltleriň borjudygyny ýatladýandygyny nazara alyp,

Saklanan adamyň aklawçydan kömek almak, habarlaşmak we maslahatlaşmak hukugynyň bolmalydygyny, Saklanmagyň ýada Tussag edilmegiň Islendik Görnüşi boýunça Ähli Adamlaryň Goranmagy üçin Ýörelgeler ýygyndysynyň kepillendirýändigini göz öňünde tutup,

Ylaýta-da, işine seredilmedik tussaglara kanuny kömegiň berilmegini we aklawçy bilen gizlin habarlaşmagy üpjün edilmelidigini, Tussag edilenlere seretmek boýunça standart minimal düzgünleriň maslahat berýändigini nazara alyp,

Raýat we Syýasy Hukuklar boýunça Halkara Ylalaşygyň 14-nji maddasyna laýyklykda, ölüm jezasyna garaşýan adamlaryň goragyny kepillendirýän, howpsuzlyk çäreleriniň jenaýatçylykda guman edilip ýada aýyplanyp ölüm jezasy berilmegi mümkin bolan, hemme adamlara işine seredilmegiň ähli döwründe ýerlikli aklawçy kömegini almak hukugyny gaýtadan tassyklaýandygyny nazar alyp,

Jenaýat pidalarynyň işine kanuny we adyl seredilmek, başlangyç hukuk ýagdaýyny dikeltmek, öwezini dolmak we kömek almak mümkinçiliklerini gowulandyrmak üçin halkara we milli derejelerde çäreleriň görülmelidigini Jenaýat we berlen ygtyýardan kanunsyz peýdalanmalaryň pidalary üçin kanunylygyň Esasy Ýörelgeleriniň Jarnamasynyň maslahat berýändigini göz öňünde tutup,

Ähli adamlaryň ykrar edilen adam hukuklarynyň we esasy azatlyklaryň ýeterlikli goralmagynyň, şol hukuklaryň ykdysady, sosial we medeni, ýada raýat we syýasy bolmagyna garamazdan, garaşsyz kanuny hünärmen tarapyndan kanuny hyzmatlary

almaga hemme adamlar üçin netijeli mümkinçiligiň bolmalydygyny talap edýändigini nazara alyp,

Hünärmen standartlaryny we ahlak kadalaryny berjaý etmekde, öz agzalaryny yzarlanmaga sezewar bolmakdan we bikanun çäklendirilmeginden we göz gyzdyrylmagyndan goramakda, kanuny hyzmatlaryny oňa mätäçleriň ählisine üpjün etmekde, we adalatyň we jemgyýetiň bähbidiniň öňe sürülmegine ýardam bermek üçin hökümet we beýleki edaralar bilen hyzmatdaşlykda bolmakda aklawçylaryň hünärmen birleşmeleriniň wajyp ornunyň bardygyny nazara alyp, aşakdaky Aklawçylaryň orny boýunça esasy ýörelgeler düzüldi. Bu Ýörelgeler agza döwletlere aklawçylaryň degişli ornuny ýaýbaňlandyrmak we üpjün etmek wezipesine ýardam bermek üçin, Hökümetleriň öz milli kanunçylygynyň çäklerinde sarpa goýulmalydygy we göz öňünde tutulmalydygy üçin we muny aklawçylaryň, şeýle hem kazylar, prokurorlar, ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy häkimýetleriň agzalary ýaly beýleki adamlaryň we umuman jemgyýetçiligiň ünsüni çekmek üçin düzüldi. Şu ýörelgeler, gerekli halatlarynda, aklawçynyň resmi derejesi bolmadyk aklawçynyň wezipelerini ýerine ýetirýän adamlar tarapyndan hem ulanylmalydyr.

**Aklawçy we hukuk hyzmatlaryny peýdalanmaga mümkinçilik**

1. Ähli adamlaryň öz islegi boýunça hukuklaryny goramak we tassyklamak üçin we jenaýat işine seredilmegiň ähli döwürlerinde olary aklamak üçin aklawçynyň kömegini almaga hukugy bardyr.
2. Hökümetler öz territoriýasynyň çäklerinde we öz ygtyýarlygyna tabyn bolan ähli adamlar üçin olaryň haýsy millete degişlidigini, teniniň reňkini, gelip çykyşyny, jynsyny, dilini, dine garaýşyny, syýasy we beýleki ynamlaryny, milli ýada jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişliligini, emlägini, doguluşyny, ykdysady we beýleki ýagdaýlary ýaly haýsydyr bir tapawutlyklaryny kemsitmezden. netijeli we deň hukukly aklawçy kömegini almaklary üçin gerekli çäreleri we jogapkär mehanizmleri üpjün etmelidirler.
3. Zerur bolan halatlarynda pukara we beýleki gurby pes adamlaryň hukuk hyzmatlary almaklary üçin Hökümetler ýeterlik pul kömeginiň we beýleki serişdeleriň üpjünçiligini kepillendirmelidirler.
4. Hökümetler we aklawçylaryň hünärmen birleşmeleri kanunyň öňünde olaryň hukuklary we borçlary barada we olaryň esasy azatlyklaryny goramakda aklawçylaryň orny barada jemgyýetçiligi habarly etmek maksatnamalary ýaýbaňlandyrmalydyrlar. Airatyn üns pukara ýada maliýe tarapdan pes ýagdaýda bolan adamlara komek meselesine berilmelidir we olaryň öz hukuklaryny goramaga we gerek bolanda hukukçylara ýüz tutmaga mümkinçilikleriniň bolmagyna çalyşmalydyr.

**Jenaýat kazyýetçilik işlerinde ýörite kepillikler**

5. Hökümetler Tussag edilen ýada saklanan ýada jenaýat etmekde günälenen halatynda, özleriniň saýlan aklawçysy tarapyndan kömek almak hukugyny abraýly häkimiýet tarapyndan ähli adamlaryň gijikdirmän habarly edilmegini üpjün etmelidirler.

6. Aklawçysy bolmadyk her bir adamynyň, adalatyň bähbidi talap edýän ähli halatlarynda, netijeli hukuk kömegini almak üçin, şeýle hyzmatlary tölemek üçin ýeterlik serişdesi bolmadyk ýagdaýynda mugt, özlerine ýapylan günälemäniň derejesine görä tejribeli we abraýly aklawçy almaga hukugy bardyr.
7. Jenýat etmekde günälenen ýada günalenmedik her bir tussag edilen ýada saklanan adamlaryň wagtynda, we islendik halatda tussag edilen ýada saklanan wagtyndan kyrk sekiz sagatdan gijä galman, aklawçy kömeginden peýdalanmagyny Hökümetler üpjün etmelidirler.
8. Ähli tussag edilen, saklanan ýada azatlykdan mahrum edilen adamlar aklawçynyň ýanyna barmak, onuň bilen habarlaşmak we maslahatyny almak üçin gijikdirilmän, olaryň gürrüňleri diňlenmezden ýada gözegçiliksiz we doly gizlinlikde ýerlikli mümkinçilikler, wagt we duşuşyk ýeri bilen üpjün edilmelidir.

## Hünärmen başarnyklary we okuw taýýarlygy

9. Hökümetler, aklawçylaryň hünärmen birleşmeleri we bilim edaralary aklawçylaryň ýeterlik bilim we okuw almaklaryny we aklawçynyň görelde we ahlak borçnamalary barada we milli we halkara kanunçylygy tarapyndan ykrar edilen adam hukuklary we esasy azatlyklary barada habarly bolmaklaryny üpjün etmelidirler.
10. Hökümetler, aklawçylaryň hünärmen birleşmeleri we bilim edaralary aklawçynyň degişli ýurduň milletinden bolmalydygy talabyň kemsidiji hasaplanmaýan halatlaryndan başga ýagdaýlarda, haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, gelip çykyşyna, jynsyna, diline, dine garaýşyna, syýasy we beýleki ynamlaryna, milli ýada jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişliligine, emlägine, doguluşyna, ykdysady we beýleki ýagdaýlaryna garamazdan adamyň hukuk hünärini saýlap almagyna ýada dowam etdirmegine garşy kemsitmeleriň bolmazlygyny üpjün etmelidirler.
11. Hukuk hyzmatlaryny almak üçin zerurlyklary kanagatlandyrylmadyk toparlary, bileleşikleri ýada sebitleri bar ýurtlarda, esasan hem, şeýle toparlaryň aýratyn medeniýetiniň, däp-dessurlarynyň ýada diliniň bar bolan, ýada olar geçmişde kemsitmäniň pidasy bolan halatlarynda, Hökümetler, aklawçylaryň hünärmen birleşmeleri we bilim edaralary şeýle toparlardan bolan dalaşgärleriň hukuk hünärini almagy we özleriniň toparlarynyň zerurlygy üçin degişli bilim almagyny üpjün etmegi üçin mümkinçilikleri döretmek üçin ýörite çäreleri görmelidirler.

## Borçlar we jogapkärçilikleri

12. Adalatlylygy amala aşyrmakda wajyp wekil hökmünde aklawçylar hemişe öz hünäriniň abraýyny we mertebesini saklamalydyrlar.
13. Öz müşderileri bilen bagly aklawçylaryň borçlary aşakdakylary öz içine alýar, ýagny:

a) Olaryň kanuny hukuklary we borçnamalary boýunça we müşderileriň kanuny hukuklary we borçnamalaryna degişli hereket edýän hukuk ulgamynyň işleýşi barada müşderilere maslahat bermek;

b) Mümkin bolan ýol bilen, we olaryň bähbitlerini goramak üçin kanuny hereket etmek bilen müşderilere kömek bermek;

c) Degişli ýerinde, kazyýetiň, tribunalyň ýada administratiw häkimýetleriň öňünde müşderilere kömek bermek.

14. Öz müşderileriniň hukuklaryny goramakda we adalatlylyk işini ýaýbaňlandyrmakda, aklawçylar milli we halkara kanunçylygy tarapyndan ykrar edilen adam hukuklaryny we esasy azatlyklary goramaga ymtylmalydyrlar we kanuna we hukuk hünäriniň ykrar edilen nusgalaryna we ahlaklaryna laýyklykda hemişe erkin we yhlas bilen hereket etmelidirler

15. Aklawçylar hemişe öz müşderileriniň bähbitlerine yhlasly sarpa goýmalydyrlar.

### Aklawçylaryň hereket etmegi üçin kepilnamalar

16. Hökümetler aklawçylaryň (a) öz hünär wezipelerini gorkuzmasyz, päsgelçiliksiz, azar berilmesiz we bikanun gatyşmaklyksyz ýerine ýetirmek; (b) daşary ýurtlarda we ýurduň içindäki müşderileriniň ýanyna erkin barmak we olara maslahat bermek; we (ç) ykrar edilen hünär borçnamalaryna, nusgalaryna we ahlaklaryna laýyklykda eden islendik hereketi üçin hiç hili ejir çekmän, ýada yzarlanman, ýada olara garşy administratiw, ykdysady we beýleki çäreleri görülmän wezipelerini ýerine ýetirmek mümkinçilikleri bilen üpjün etmelidirler.

17. Öz wezipelerini ýerine ýetirmegiň netijesinde aklawçylara howp abanan halatlarynda, olar häkimýetler tarapyndan laýyk goranylmalydyr.

18. Aklawçylar öz wezipelerini ýerine ýetirmek netijesinde, öz müşderiler we müşderileriň bähbitleri bilen tanalmaly däldir.

19. Milli kanuna, tejribä hem-de häzirki ýörelgelerine laýyklykda, aklawçy ygtyýarlyklaryndan mahrum edilen halatlaryndan daşary, kazyýet wekilçilik hukugyny ykrar edýän hiç bir kazyýet ýada dolandyryş edarasy, öz öňünde aklawçy tarapyndan müsderi bähbitlerini goramak hukugy iňkär edip bilmez.

20. Aklawçylar halallyk bilen, ýazgyda ýada dilden degişli beýannamalary edenligi üçin, ýada kazyýetiň, tribunalyň we beýleki kanuny ýada dolandyryş edaranyň öňünde hünärmen çykyşlary edenligi üçin, raýat we jenaýat eldegrilmezlik hukugyndan peýdalanmalydyrlar.

21. Aklawçylaryň öz müşderilerine netijeli hukuk kömegini bermegi üçin ýeterlik wagtda özünde saklanýan ýada gözegçiligindäki degişli maglumatlardan, kagyzlardan we resminamalardan aklawçylaryň peýdalanmagyny üpjün etmek doly ygtyýarly häkimýetleriň borjudyr. Şeýle peýdalanmalar boldugyça ir üpjün edilmelidir.

22. Özleriniň hünärmen aragatnaşyklarynyň çäklerinde aklawçylar bilen olaryň müşderileriniň arasyndaky habarlaşmalaryň we maslahatlaşyklaryň gizlinligini hökümetler tarapyndan tassyklanmalydyr we sarpa goýulmalydyr.

### Pikiri beýan etmek we bileleşikler azatlygy

23. Aklawçylar, beýleki raýtalar ýaly, öz pikiriňi beýan etmek, dine yrylmak, birleşmelere we ýygnaklara gatnaşmak baradaky azatlykdan peýdalanýarlar. Esasan hem, olar kanuna degişli meseleleriniň jemgiýetçilik jedelleşmelerine gatnaşmaga, kanunylygyň ýerine ýetirilmegine we adam hukuklaryny ýaýbaňlandyrmaga we goramaga, hem-de özleriniň kanuny hereketleri ýada kanuny guramalarda agza bolmagy sebäpli çäklendirilmesiz ýerli, milli we halkara guramalara girmäge ýada döretmäge we olaryň ýygnaklaryna gatnaşmaga hukuklary bolmalydyr. Şu hukuklardan peýdalanylanda, aklawçylar hemişe özlerini kanuna we hukuk hünäriniň ykrar edilen nusgalaryna we ahlaklaryna laýyklykda alyp barmalydyrlar.

### Aklawçylaryň hünärmen bileleşikleri

24. Aklawçylaryň öz bähbitlerini goraýan, hünär boýunça okuw taýýarlygyny dowam edýän hem-de olaryň hünärmenlik býhbitlerini goraýan, hünär boýunça özüni dolandyrýan birleşikleri gurnamak we goşulmak hukuklary ykrar edilmelidir. Hünärmen birleşmeleriň ýerine ýetiriji häkimýeti olaryň agzalaryndan saýlanylmalydyr, işine daşardan goşulmaksyz öz wezipelerini ýerine ýetirmelidir.

25. Hemme adamlaryň hukuk hyzmatlaryny almagy üçin netijeli we deň mümkinçiliginiň bolmagyny hem-de kanuna we ykrar edilen hünärmen nusgalaryna we ahlaklaryna laýyklykda, bikanun işine goşulmasyz, aklawçylaryň müşderilerine maslahat we kömek bermegini üpjün etmek üçin, Aklawçylaryň hünärmen birleşikleri hökümetler bilen hyzmatdaşlyk etmelidirler.

### Düzgün-nyzam önümçiligi

26. Aklawçylaryň özüni alyp barmak kadalary aklawçylar topary tarapyndan onuň degişli guramasynyň üsti bilen ýada kanun tarapyndan milli kanunçylyga we adatlara we ykrar edilen halkara düzgünlerine we kadalaryna laýyklykda düzülmelidir.

27. Aklawçylaryň garşysyna olaryň hünärini alyp barmagy boýunça edilen günälemeler we şikaýatlar degişli kadalar boýunça tiz wagtyň dowamynda we adalatly seredilmelidir. Aklawçylaryň işlerine adalatly seredilmegine, şol sanda hem, özleriniň saýlan kömeginden peýdalanmak hukuklary bolmalydyr.

28. Aklawçylara garşy düzgün-nyzam önümçiligi kanunda bellenilen tertip boýunça, aklawçylaryň topary tarapyndan düzülen garaşsyz edarasynda ýada kazyýetde, ýüz görmez düzgün-nyzam meselelerine seredýän komiteti tarapyndan seredilmelidir we kazyýet gözegçiligine tabyn bolmalydyr.

29. Ähli düzgün-nyzam önümçilikleri hünär boýunça özüňi alyp barmak kadalaryna we aklawçylyk hünäriniň beýleki ykrar edilen düzgünlerine we kadalaryna laýyklykda we şol ýörelgeleri göz öňünde tutup çözülmelidir.

## Prokurorlaryň orny boýunça Esasy Ýörelgeler

*(1990-njy ýylyň 27-nji awgustyndan 7-nji sentýabry aralygynda Kubanyň Gawana şäherinde geçirilen Jenaýatçylygyň öňüni almak we jenaýatçylara seretmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň sekizinji kongresinde kabul edildi)*

---

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda dünýäniň adamlarynyň adalatlylygy saklamak üçin şertleri döretmäge hyjuwlylygyny ykrar edýändigini we adam hukuklaryna we esasy azatlyklara teniniň reňkine, jynsyna, diline ýada dine garaýşyna kemsidilmezden sarpa goýulmagy ýaýbaňlandyrmakda we goldamakda halkara hyzmatdaşlygy gazanmagy özleriniň bir maksady hökmünde jar edýändigini nazara alyp,

Adam hukuklarynyň Ählumumy Jarnamasynyň kanunyň öňünde hemmeleriň deňlik ýörelgelerini, bigünälik prezumpsiýasyny, garaşsyz we adalatly kazyýet tarapyndan adalatly we jemgyýet üçin açyk seredilmegine hukugy berkidýändigini nazara alyp,

Şu wagta çenli hem köp halatlarda şol ýörelgeleriň esasyny düzýän düşünje bilen hakyky ýagdaýyň arasynda kemçilikleriň bardygyny göz öňünde tutup,

Adalatyň berjaý edilmeginiň we gurnalmagynyň her bir ýurtda şol ýörelgelere ylham bermelidigini we olary hakykata öwürmek üçin tagalla edilmelidigini nazara alyp,

Adalatyň berjaý edilmeginde prokurorlaryň wajyp orun tutýandygyny, we olaryň wajyp jogapkärçiliklerini amala aşyrmaklyga degişli düzgünleriň ýokarda agzalan ýörelgelere sarpa goýmaklygy we ylalaşmaklygy ýaýbaňlandyrýandygyny, şeýlelikde jenaýat kazyýet işlerini adalatly we adyl çözmeklige we raýatlaryň jenaýatlardan netijeli goranmagyna ýardam berýändigini göz öňünde tutup,

Işe kabul ediş, kanuny we hünär okuwynyň kämilleşdirilen usullaryň kömegi bilen, we jenaýatçylyga, esasan hem, onuň täze görnüşlerine we ölçeglerine, garşy göreşde öz wezipelerini kanagatanarly ýerine ýetirmekleri üçin ähli zerur serişdeleri üpjün etmek bilen, prokurorlaryň wezipesini ýerine ýetirmegi üçin zerur bolan hünärmen häsiýetleriniň bolmagyny üpjün etmekligiň wajypdygyny nazara alyp,

Jenaýatçylygyň öňüni almak we jenaýatçylara seretmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň bäşinji kongresiniň maslahat bermegi esasynda, Baş Assambleýanyň 1979-njy ýylyň 17-nji dekabryndaky 34/169 belgili Kararnamasy bilen, Hukuk goraýjy işgärleriniň özüni alyp baryş düzgünlerini kabul edendigini,

Jenaýatçylygyň öňüni almak we jenaýatçylara seretmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň altynjy kongresiniň 16-njy kararnamasy boýunça, Jenaýatçylygyň öňüni almak we gözegçilik etmek boýunça komitete kazylaryň garaşsyzlygy we kazylaryň we prokurorlaryň saýlanylmagy, hünär okuwy we derejesi bilen bagly görkezmeleri düzmegi özüniň ileri tutýan işlerine goşmagyny ündew edendigini nazara alyp,

Jenaýatçylygyň öňüni almak we jenaýatçylara seretmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň ýedinji kongresiniň, prokurorlaryň, şeýle hem kazylar, aklawçylar, ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy häkimýetleriň agzalary ýaly, beýleki adamlaryň we umumy jemgyýetçiligiň dykgatyna Kazyýetçiligiň garaşsyzlygy boýunça esasy ýörelgeleri kabul edendigini we olaryň netijede Baş Assambleýa we onuň 1985-nji ýylyň

29-njy noýabrynda 40/32 belgili we 1985-nji ýylyň 13-nji dekabrynda 40/146 belgili Kararnamalary tarapyndan makullandygyny nazara alyp,

Jenaýat pidalarynyň işine kanuny we adyl seretmek we häkimiýetden bikanun peýdalanmak barada Esasy Ýörelgeleriniň Jarnamasynda, jenaýat pidalaryna işine kanuny we adyl seretmek meselesinde ýagdaýy gowulandyrmak, restutsiýa, öwezini dolmak we kömek almak mümkinçiliklerini maksady bilen halkara we milli derejelerde çäreleriň görülmelidigini maslahat berendigini nazara alyp,

7 belgili Kararnamasynda ýedinji Kongress beýleki meseleleriň arasynda, prokurorlaryň saýlanmagyna, hünärmen taýýarlygyna we derejesine degişli, olardan garaşylýan işlerine we özlerini alyp barmaklygyna, hem-de jenaýat kazyýet ulgamynyň üstünlikli hereket etmegine we olaryň polisiýa bilen hyzmatdaşlygyny özgertmek üçin gerekli serişdeleri, olaryň garamagyndaky häkimiýetiň möçberini, we olaryň jenaýat önümçiligindäki ornuna, degişli ýörelgeleriniň zerurlygyny göz öňünde tutmalydygyny, hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň geljek kongresslerinde hasabat bermelidigini Komiteti ündew etmek bilen,

Agza-döwletlere kazyýet önümçiligini amala aşyrýan adamlaryň netijeliligini, garaşsyzlygyny we adalatlylygyny üpjün etmek we ýokarlandyrmak boýunça meseleleri çözmekde kömek bermek üçin düzülen, aşakda berilen ýörelgeler jenaýat derňewi geçirilende berjaý edilmelidir we öz milli kanunçylygynyň hem tejribäniň çäklerinde hökümetler tarapyndan üns berilmelidir we prokurorlaryň we kazylaryň, aklawçylaryň, ýerine ýetiriş we kanun çykaryş edaralarynyň wezipeli adamlary ýaly beýleki adamlaryň we tutuş halkyň dykgatyna ýetirilmelidir. Bu Ýörelgeler esasan hem döwlet prokurorlaryny göz öňünde tutulyp düzülendir, emma degişli ýerinde ýörite bellenen prokurorlar tarapyndan deň ulanylmalydyr.

**Hünärmen başarnyklary, saýlanmak we okuw taýýarlygy**

1. Prokurorlar hökmünde saýlanan adamlar jebisligi we ukyplylygy, ýeterlik bilimi we hünäri bar şahsyýetler bolmalydyrlar.
2. Döwletler aşakdakylary:

   a) Prokurorlary saýlamak talaplary olary ýüzgörüjiligiň ýada ynamsyzlygyň esasynda işe bellenilmegine garşy kepillikleri içine alýandyr hem-de prokuraturada işlemäge dalaş edýän adam degişli ýurduň raýaty bolmaly talabyň kemsidilýän hasaplanmaýandygyndan beýleki halatlarda, şahsyýetiň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, dinine, syýasy ýada beýleki ynamlaryna, milli we sosial gelip çykyşyna, emlägine, dogulyşyna ýada jemgyýetdäki ornuna garşy hiç hili kemsidilmezlige ýol berilmezligini;

   b) Prokurorlaryň ýeterlik biliminiň we okuw taýýarlygynyň bolmagyny we işleýän edaralarynyň görelde we ahlak borçnamalary, günälenýäniň we pidanyň hukuklarynyň konstitusion we kanun tarapyndan goraglary, we milli we halkara kanunçylygy tarapyndan ykrar edilen adam hukuklary we esasy azatlyklary barada habarly edilmegini.

   üpjün etmelidirler.

### Iş derejesi we şertleri

3. Adalatlylygy amala aşyrmakda wajyp wekil hökmünde prokurorlar hemişe öz hünäriniň abraýyny we mertebesini saklamalydyrlar.
4. Prokurorlaryň gorkuzylman, çäklendirmesiz, azar berilmesiz, bikanun gatyşmasyz ýada delilsiz raýat, jenaýat ýada beýleki jogapkärçiliklere sezewar edilmesiz öz hünär wezipelerini ýerine ýetirmek mümkinçiligini döwletler üpjün etmelidirler.
5. Prokuratura wezipelerini ýerine ýetirmegiň netijesinde olaryň şahsy howpsuzlygyna howp abananda, prokurorlar we olaryň maşgalalary fiziki taýdan häkimýetler tarapyndan goralmalydyrlar.
6. Prokurorlaryň amatly iş şertleri, mynasyp iş haky we, degişli ýerinde, wezipe möhleti, nepaga we nepaga çykmak ýaşy kanun ýada çap edilen düzgünler ýada düzgünnamalar arkaly kesgitlenmelidir.
7. Eger şeýle düzgün bar bolan ýerinde, prokurorlaryň ýokary wezipä çekilmegi, obýektiw faktorlara, esasan hem, hünär taýýarlygyna, ukybyna, dogruçyllygyna we tejribesine esaslanmalydyr we adalatly we adyl düzgünlere laýyklykda çözülmelidir.

### Öz pikiriňi beýan etmek we bileleşik azatlyklary

8. Prokurorlar, beýleki raýtalar ýaly, öz pikiriňi beýan etmek, dine yrylmak, birleşmelere we ýygnaklara gatnaşmak baradaky azatlykdan peýdalanýarlar. Esasan hem, olar kanuna degişli meseleleriniň jemgiýetçilik jedelleşmelerine gatnaşmaga, kanunylygyň ýerine ýetirilmegine we adam hukuklaryny sylaglamaga we goramaga, hem-de özleriniň kanuny hereketleri ýada kanuny guramalarda agza bolmagy sebäpli çäklendirilmesiz ýerli, milli we halkara guramalara girmäge ýada döretmäge we olaryň ýygnaklaryna gatnaşmaga hukuklary bolmalydyr. Şu hukuklardan peýdalanylanda, aklawçylar hemişe özlerini kanuna we hukuk hünäriniň ykrar edilen nusgalaryna we ahlaklaryna laýyklykda alyp barmalydyrlar.
9. Öz bähbitlerini öňe sürmek, özleriniň dowamly bilimini we hünär taýýarlygyny ösdürmek we özleriniň jemgyýetdäki ornuny goramak üçin prokurorlar hünärmen birleşmeleri ýada beýleki guramalary döretmäge we olara goşulmaga erkin bolmalydyrlar.

### Jenaýat kazyýet önümçiligindäki orny

10. Prokuraturanyň işi kazyýet wezipelerinden hökmany aýrybaşga bolmalydyr.
11. Jenaýat yzarlamalaryna, şol sanda hem, jenaýat işini gozgamaga we, kanun boýunça ygtyýar berilen halatynda ýada ýerli tejribä laýyklykda, jenaýaty derňew etmäge, şol derňewleriň kanunylygyna gözegçilik etmäge, kazyýet çözgütleriniň ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmäge we jemgyýetçilik bähbidiniň wekilleri hökmünde beýleki wezipeleri ýerine ýetirmäge prokurorlar işjeň gatnaşmalydyrlar.

12. Kanuna laýyklykda, prokurorlar öz wezipelerini adyl, yzygiderli we tiz wagtyň dowamynda ýerine ýetirmelidirler, we adam mertebesine sarpa goýmalydyrlar we ony goramalydyrlar hem-de adam hukuklaryny berjaý etmelidirler, şeýlelikde degişli kanuny tertibiň ýöredilmeginiň we adalat ulgamynyň üznüksiz hereket etmeginiň üpjün edilmegini goldamalydyrlar.

13. Öz borçlaryny amala aşyranda, prokurorlar:

a) öz wezipelerini adalatly ýerine ýetirmelidirler we ähli syýasy, sosial, dini, jyns babatda, medeni, jynsy we kemsidilmeleriň islendik beýleki görnüşlerinden daş durmalydyrlar;

b) jemgyýet bähbidini goramalydyrlar, ýüz görmän hereket etmelidirler, günälenýäniň we pidanyň tarapyny dogry göz öňünde tutmalydyrlar, we ähli degişli ýagdaýlara, olaryň günälenýäniň peýdasyna ýada däldigine garamazdan, üns bermelidirler;

c) öz garamagyndaky işleri, eger borjuny ýerine ýetirmek ýada kanunylygyň zerurlygy başgaça talap etmeýän bolsa, gizlin saklamalydyrlar;

d) haçanda pidalaryň şahsy bähbidine zeper ýeten bolsa, olaryň pikirine we aladalaryna göz öňünde tutmalydyrlar, we Jenaýat we berlen ygtyýardan kanunsyz peýdalanmalaryň pidalary üçin adalatyň esasy ýörelgeleriniň Jarnamasyna laýyklykda pidalary olaryň hukuklary barada habarly bolmaklaryny üpjün etmelidirler.

14. Adalatly derňew delilsiz günälemäni ýüze çykaran halatynda, prokurorlar iş gozgamaly däldirler ýada ony dowam etdirmeli däldirler, ýada işi ýatyrmak üçin elinden gelenini etmelidirler.

15. Döwlet işgärleri tarapyndan, esasan hem, parahorlyk, berlen ygtyýardan kanunsyz peýdalanma, adam hukuklarynyň bozulmagy we halkara kanunçylygy tarapyndan ykrar edilen beýleki jenaýatlar bilen bagly, edilen jenaýatlaryň garşysyna iş gozgamaga prokurorlar ýeterlik üns bermelidirler, we, kanun tarapyndan ygtyýar berilen bolsa ýada ýerli tejribä laýyklykda, şeýle kanun bozulmalary derňemelidirler.

16. Prokurorlaryň bilşine görä, ýada ynamyna görä, subutnamalar bikanun usullary ulanmak netijesinde alnandygy barada, günälenýän adamyň hukuklarynyň agyr bozulandygy barada, ylaýtada zorluk, sütem salmak, adama mahsus bolmadyk zorluk edilendigi barada, adamyň mertebesini peseldýän hereketleriň edilendigi barada, we beýleki adam hukuklaryny bozmak usullar arkaly alnandygy barada delilleriň bolan halatlarynda, prokurorlar şol subutnamalary işde ulanmakdan ret etmäge borçludyr, ýada Kazyýeti bu barada habarly etmelidirler. Bu usullary ulanan adamlar jogapkärçilige çekilmegini üpjün etmek üçin, ähli degişli çäreleri görmelidir.

### Öz garaýşy boýunça hereket etme wezipeleri

17. Prokurorlara öz garaýşy boýunça hereket etme hukugy berilen ýurtlarda, iş gozgamak barada çözgüt kabul edilmekde, şol sanda hem, işi gozgamak

ýada ýatyrmak barada, usulyň adyllygyny we yzygirliligini kämilleşdirmek üçin kanun ýada çap edilen düzgünler, ýada düzgünnamalar görkezmeleri bilen üpjün edilmelidir.

**Kazyýet yzarlamasyndan başga mümkinçilikler**

18. Milli kanunçylyga laýyklykda, günälenýäniň(leriň) we pidanyň(laryň) adam hukuklaryna doly hormat goýmak bilen iş önümçiligiň ýatyrylmagyna, kazyýet işiň şertli ýada şertsiz togtadylmagyna, ýada jenaýat işleriň resmi kanun ulgamyndan başga tarapa sowulmagyna prokurorlar ýeterlik üns bermelidirler. Şol maksat bilen, diňe bir kazyýetiň çendenaşa iş möçberini ýeňletmek üçin dälde, emma kazyýet önümçiligi başlamazdan öň tussag etmek, günä yglan etmek we ýyl kesmek ýaly masgaralaýjy tagmany, şeýlelikde hem azatlykdan mahrum edilmegiň beýleki zyýanly täsirlerini aýyrmak üçin, döwletler iş gozgamaklygyň deregine beýleki çäreleri kabul etmek mümkinçiliklerini doly öwrenmelidirler.

19. Kämillik ýaşyna ýetmedikleri jogapkärçilige çekmek ýada çekmezlik baradaky çözgüdini prokurorlaryň öz garaýşy boýunça hereket etme hukugy berilen ýurtlarda, jenaýatyň tebigatyna we agyrlygyna, jemgyýetiň we şahsyýetiň goragyna we kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň öňki etmişlerine aýratyn üns berilmelidir. Şeýle çözgütler kabul edilende, degişli kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça kanunlara we tertiplere laýyklykda prokurorlar iş gozgamaklygyň deregine başga bar bolan çärelere aýratyn üns bermelidirler. Prokurorlar kämillik ýaşyna ýetmedikleriň garşysyna zerur bolan ýönekeý günäleme hereketleri etmek üçin elinden gelenini etmelidirler.

**Beýleki hökümet edaralary we guramalary bilen aragatnaşyk**

20. Iş gozgamaklyga garamaklygyň adyllygyny we netijeligini üpjün etmek üçin prokurorlar polisiýa, kazyýetler, aklawçylar, döwlet goragçylary we beýleki döwlet gulluklary we edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmäge çalyşmalydyrlar.

**Düzgün-nyzam önümçiligi**

21. Prokurorlaryň düzgün-nyzam jogapkärçilige çekilmegi kanuna we kanuny düzgünnamalara esaslanmalydyr. Özlerini hünär ýörelgelerine gabat gelmeýän äheňde alyp baranlygyny görkezýän prokurorlaryň garşysyna şikaýatlar degişli düzgün boýunça tiz wagtyň dowamynda we adalatly seredilmelidir. Prokurorlaryň işine adyl seredilmegine hukuklary bolmalydyr. Çözgütler garaşsyz kazyýet tarapyndan täzeden seredilmegine tabyndyr.

22. Prokurorlaryň garşysyna düzgün-nyzam bozmalara seredilende dogry baha berilmegi we çözgüt çykarylmagy kepillendirilmelidir. Olar kanuna, hünär boýunça özüňi alyp baryş kadalaryna we beýleki bellenilen ýörelgelere we ahlaklara laýyklykda we şu Ýörelgeleriň esasynda kesgitlenilmelidirler.

**Ýörelgeleriň berjaý edilmegi**

23. Prokurorlar şu Ýörelgeleri berjaý etmelidirler. Şeýle hem, olaryň bozulmalarynyň öňüni almalydyrlar we olara garşy işjeň durmakda elindin gelenini etmelidirler.

24. Şu Ýörelgeleriň bozulandygyna ýada bozulmagyň mümkindigine ynanmaga delil bar bolanda, prokurorlar özünden ýokary ýolbaşçylaryna we, zerur halatynda, şeýle işlere seretmäge we düzetmäge ygtyýary bar beýleki degişli häkimiýetleri we guramalary bu barada habarly etmelidirler.

## Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça esasy ýörelgeleri netijeli amala aşyrmak üçin Düzgünler

*(Ykdysady we Sosial Geňeş tarapyndan 1989/60 belgili Kararnama bilen kabul edildi we 1989-njy ýylyň 15-nji dekabryndaky 44/162 belgili Kararnama bilen Baş Assambleýa tarapyndan ykrar edildi)*

---

**Düzgün 1**

Ähli Ýurtlar, öz kazyýetçilik ulgamynda Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça esasy ýörelgelerini konstitusion düzgünlerine we ýurduň içindäki tejribä laýyklykda kabul edýärler we ýerine ýetirýärler.

**Düzgün 2**

Hiç bir kazy Esasy Ýörelgelere gabat gelmeýän maksatlar üçin işe bellenip ýada saýlanyp bilinmez we wezipäni ýerine ýetirmek barada talap edilmez. Hiç bir kazy bellenmegiň ýada saýlamagyň esasynda Esasy Ýörelgelere gabat gelmeýän kazyýetiň wezipesini kabul etmeli däldir we ýerine ýetirmeli däldir.

**Düzgün 3**

Esasy Ýörelgeler ähli kazylar, şol sanda hem, hereket edýän ýerinde, ýüridiki bilimi bolmadyk kazylar tarapyndan ulanylmalydyr.

**Düzgün 4**

Döwletler Esasy Ýörelgeleriň degişli ýurduň azyndan esasy ýada resmi dilinde ýada dillerinde giňden çap edilmegini üpjün etmelidir. Kazyýetçilik ulgamynyň çäklerinde olaryň ulanylyşyny ýaýbaňlandyrmak üçin Esasy Ýörelgeleriň mazmuny we wajyplygy barada kazylar, aklawçylar, ýerine ýetiriş we kanun çykaryş häkimýetleri, we umuman köpçülik iň elýeterli görnüşde habarly edilmelidir. Ylaýtada, Döwletler Esasy Ýörelgeleriň tekstini kazyýet edaralarynyň ähli agzalaryna elýeterli etmelidir.

**Düzgün 5**

Esasy Ýörelgeleriň 8-nji we 12-nji ýörelgeleri amala aşyrylanda, adalat ulgamynyň hereket etmegi üçin zerur bolan ýeterlik serişdeleriň goýberilmegine, şol sanda hem, seredilýän işleriň möçberine laýyk kazylaryň ýeterlik sanynyň bellenilmegine, kazyýet edaralarynyň zerur kömekçi işgärler we enjamlar bilen üpjün edilmegine, we kazylaryň ýeterlik şahsy howpsuzlygy, sylaglanma we zähmet haky bilen üpjün edilmegine, döwletler aýratyn üns bermelidirler.

**Düzgün 6**

Döwletler kazyýet edaralarynyň orny we onuň garaşsyzlygynyň zerurlygy boýunça milli we sebitleýin derejede seminarlaryň we okuwlaryň geçirilmegini goldamalydyr we ýardam bermelidir.

**Düzgün 7**

Ykdysady we Sosial Geňeşiň 1986/10 belgili Kararnamasynyň V bölümine laýyklykda, 1988-nji ýyldan başlap, Esasy Ýörelgeleriň amala aşyrylmagynda gazanylan üstünlikler barada, şol sanda hem, olaryň ýaýradylyşy, milli kanunçylyga utgaşdyrylyşy, olaryň milli derejede amala aşyrylmagynda ýüze çykýan kynçylyklar we päsgelçilikler, hem-de halkara jemgyýetçiliginden gerek bolan kömek barada agza-ýurtlar Baş Sekretary habarly etmelidir.

**Düzgün 8**

7-nji Düzgüne laýyklykda hökümetlerden alnan maglumatlaryň esasynda, hem-de Birleşen Milletler Guramasy ulgamynyň çäklerinde bar bolan beýlekii maglumatlaryň esasynda, şol sanda hem, guramalar, bilermenler we sebitleýin we sebitara maslahatçylar tarapyndan berlen tehniki hyzmatdaşlyk we işgär taýýarlaýyş maglumatlaryň esasynda Esasy Ýörelgeleriň amala aşyrylylmagy barada Baş Sekretar her bäş ýyldan Jenaýatçylygyň öňüni almak we gözegçilik etmek boýunça Komitete garaşsyz hasabaty taýýarlaýandyr. Şol hasabatlary taýýarlamakda Baş Sekretar ýöriteleşdirilen edaralaryň we degişli hökümetara guramalaryň we hökümete degişli bolmadyk guramalaryň, ylaýtada, Ykdysady we Sosial Geňeşde maslahat beriş derejesi bolan kazylaryň we aklawçylaryň hünärmen birleşmeleriniň hyzmatdaşlygyna bil baglaýandyr we şol edaralar we guramalar tarapyndan berilen maglumatlary göz öňünde tutýandyr.

**Düzgün 9**

Baş Sekretar Esasy Ýörelgeleri, olary amala aşyrmagyň şu Düzgünlerini we olary amala aşyrmak boýunça 7-nji we 8-nji Düzgünlerde agzalan döwürleýin hasabatlary mümkin boldugyça köp dillerde ýaýradýar we şol resminamalary has giňden ýaýratmak maksady bilen olary ähli döwletler we degişli hökümetara we hökümete degişli bolmadyk guramalar üçin elýeterli edýär.

**Düzgün 10**

Baş Sekretar Esasy Ýörelgeleriň tekstini we Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ýerine ýetirmek baradaky häzirki düzgünleriň, mümkin boldugyça, onuň degişli maksatnamalarynda giňden salgylanylmagyny we ulanylmagyny, hem-de Ykdysady we Sosial Geňeşiň 1986/10 belgili Kararnamasynyň V bölümine laýyklykda mümkin bolan az möhletiň dowamynda Esasy Ýörelgeleriň “Adam Hukuklary: Halkara Ylalaşyklaryň Ýygyndysy” atly neşirine goşulmagyny üpjün eder.

**Düzgün 11**

Birleşen Milletler Guramasy özüniň tehniki hyzmatdaşlyk maksatnamasynyň aýrylmaz bir bölegi hökmünde, hususan-da tehniki hyzmatdaşlyk boýunça Departamenti we Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy:

a) Hökümetlere, olaryň islegi boýunça, garaşsyz we netijeli kazyýet ulgamyny döretmekde we pugtalandyrmakda ýardam berýär;

b) Hökümetlere, olaryň islegi boýunça, Esasy Ýörelgeleri amala aşyrmakda ýardam bermek maksady bilen kazyýetçilik önümçiligi meseleleri boýunça bilermenleriň we sebitleýin we sebitara maslahatçylaryň hyzmatyny elýeterli edýär;

c) Esasy Ýörelgeleriň amala aşyrylyşy boýunça, şu ugurda täze hadysalara esaslanyp, netijeli çäreleri geçirmekde ylmy-barlag işini çuňlaşdyrýar;

d) Jemgyýetde kazyýet ulgamynyň orny, onuň garaşsyzlygynyň zerurlygy we şol maksatlara ýetmek üçin Esasy Ýörelgeleri amala aşyrmagyň wajyplygy barada hünärmen we hünärmen däl derejesinde milli we sebitleýin seminarlaryň we beýleki okuw maslahatlaryň geçirilmegine ýardam edýär;

e) Birleşen Milletler Guramasynyň jenaýatçylygyň öňüni almak we jenaýat kanunçylygy boýunça sebitleýin we sebitara ylmy-barlag we okuw edaralaryna, şeýle-hem Esasy Ýörelgeleri amala aşyrmak meseleleri bilen meşgullanýan Birleşen Milletler Guramasy ulgamyndaky beýleki guramalara esasy goldawyny pugtalandyrýar.

**Düzgün 12**

Birleşen Milletler Guramasynyň jenaýatçylygyň öňüni almak we jenaýat kanunçylygy boýunça sebitleýin we sebitara ylmy-barlag we okuw edaralary, şeýlede Birleşen Milletler Guramasy ulgamynyň beýleki guramalary Esasy Ýörelgeleriň amala aşyrylmagyna ýardam berýärler. Olar öz ylmy-barlag maksatnamalarynda we işgärleri taýýarlamakda, şeýle hem agza-ýurtlaryň islegi boýunça tehniki kömek berilende, Esasy Ýörelgeleri ulanmagyň giňeldilmeginiň ýollaryna we usullaryna aýratyn üns berýärler. Şol maksat bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň guramalary milli gulluklar we degişli hökümetara we hökümete degişli bolmadyk guramalar bilen hyzmatdaşlykda Esasy Ýörelgeleriň we olary amala aşyrmak boýunça düzgünleriň esasynda ýuridiki bilim maksatnamasynyň ähli derejesinde, şeýle hem adam hukuklary we garyşyk dersler boýunça ýörite okuwlarda ulanmaga gerek bolan okuw maksatnamalaryny we materiallaryny işläp düzýärler.

**Düzgün 13**

Sebitleýin komissiýalar, ýöriteleşdirilen edaralar we Birleşen Milletler Guramasy ulgamynyň beýleki guramalary, hem-de beýleki degişli hökümetara edaralary Esasy Ýörelgeleriň amala aşyrylmagyna işjeň gatnaşmalydyrlar. Olar Esasy Ýörelgeleri ýaýratmakda edilýän ähli tagallalar, olaryň amaly taýdan ulanylyşynda görülýän çäreler, we ähli ýüze çykýan kynçylyklar we ýetmezçilikler barada Baş Sekretary habarly etmelidirler. Baş Sekretar hem Ykdysady we Sosial Geňeşde maslahatçy ygtyýarlygy bar bolan hökümete degişli däl edaralaryň Esasy Ýörelgeleri amala aşyrmak işlerine we degişli hasabat beriş düzgünlerine işjeň gatnaşmaklaryny üpjün etmek üçin çäreleri berjaý edýär.

**Düzgün 14**

Jenaýatyň öňüni almak we oňa garşy göreş boýunça komitet häzirki ýerine ýetirmek baradaky düzgünleriň amala aşyrylşy bilen bagly soňky işleri geçirmekde, şol sanda

hem, ýokarda agzalan 6-njy we 7-nji Düzgünlere laýyklykda döwürleýin hasabatlary bermekde Baş Assambleýa we Ykdysady we Sosial Geňeşe ýardam edýär. Şol maksat bilen Komitet Esasy Ýörelgeleri amala aşyrmakda duş gelýän kynçylyklary we ýetmezçilikleri we olaryň sebäplerini ýüze çykarýar. Bu meseleler bilen baglanyşykda, Komitet Assambleýa we Geňeşe, hem-de adam hukuklary meseleleri boýunça iş salyşýan Birleşen Milletler Guramasy ulgamynyň beýleki degişli guramalaryna, gerek bolan halatynda, Esasy Ýörelgeleriň netijeli amala aşmagy üçin zerur bolan çäreler boýunça anyk maslahatlary taýýarlaýar.

**Düzgün 15**

Jenaýatyň öňüni almak we oňa garşy göreş boýunça komiteti gerek bolan halatlarynda Esasy Ýörelgeleriň amala aşyrylmagy we ulanylmagy bilen bagly ýörite komissiýalaryň ýada edaralaryň hasabatlary boýunça teklipleri bermek arkaly Baş Assambleýa, Ykdysady we Sosial Geňeşe we adam hukuklary meseleleri boýunça iş salyşýan Birleşen Milletler Guramasy ulgamynyň beýleki degişli guramalaryna ýardam berýär.

# Kazyýetiň garaşsyzlygy boýunça ählumumy Jarnamanyň Taslamasy

*(“Singhwi Jarnamasy”)*

## Kazylar

### Maksatlary we Wezipeleri

1. Kazyýet ulgamynyň maksatlary we wezipeleri aşakdakylardan ybaratdyr, ýagny:

   a) Taraplaryň kimdigine garamazdan kanuny adalatly ýerine ýetirmek;

   b) Kazylyk wezipeleriniň çäklerinde adam hukuklarynyň berjaý edilmegini we gazanylmagyny ýaýbaňlandyrmak;

   c) Kanunyň ýokary tutulmagy esasynda ähli halklaryň howpsuz ýaşamagyny üpjün etmek.

### Kazylaryň garaşsyzlygy

2. Kazylar, göni ýada gytaklaýyn, her bir tarapdan ýada sebäplerden edilýän hiç hili çäklendirmesiz, täsir edilmesiz, para hödürmesiz, gorkuzylmasyz ýada goşulmasyz, öňlerinde goýlan meseleleri ýüz görmezlik bilen, delillere özbaşdak berýän bahalara hem-de kanuna düşünişine laýyklykda, erkinlikde seretmeklige borçly

3. Çözgüdi çykarmak bilen bagly işde, kazylar öz kärdeşlerinden we ýolbaşçylaryndan ýüzbe-ýüz garaşsyz bolmalydyrlar. Kazyýetçiligiň hiç bir iýerarhiýa gurluşy we derejeleriň we wezipeleriň tapawutlylygy kazynyň çözgüdi özüçe erkin çykarmagyna hiç hili täsir etmeli däldir. Kazylar bolsa, öz tarapyndan, aýratyn ýada toparda hereket etmek bilen, öz kanuny ulgamynda kabul edilen kanuny taglymat boýunça öz wezipelerini doly jogapkärçilik bilen ýerine ýetirmelidirler.

4. Kazyýet ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy häkimýetlerden garaşsyz bolmalydyr.

5.

   a) Göni ýada kazyýet gözegçiligi arkaly ýuridiki häsiýetli ähli meseleler, şol sanda hem, hem olaryň öz tabynlygyna we ygtyýarlygyna degişli meseleleri, kazyýet guramalarynyň garamagynda bolmalydyr.

   b) Kazyýetlere berilen doly hukugy üýtgetmek maksady bilen hiç hili ýörite kazyýet döredilmeli däldir.

   c) Ähli adamlaryň ýeterlik gyssaglykda we delilsiz gijikdirilmän, adaty kazyýetler ýada kazyýet tribunallary tarapyndan bellenilen kanuny tertibinde, kazyýet tarapyndan täzeden seredilmek mümkinçiligi bilen, öz işine seredilmegine hukugy bardyr.

   d) Diňe kanun tarapyndan bellenilen tertipde we diňe halkara kanunçylygy tarapyndan ykrar edilen minimal standartlaryň çäklerinde, hem-de kazyýet

tarapyndan täzeden seredilmek mümkinçiligi bilen, milletiň durmuşyna howp abanýan adatdan daşary ýagdaýlarda käbir kadadan çykmalyga ýol berilip bilner.

e) Şeýle adatdan daşary ýagdaýlarda, haýsy hem bolsa bir jenaýat etmişde günälenýän raýatyň işine adaty raýat kazyýeti tarapyndan seredilmegi üçin döwlet ähli tagallalary etmelidir,hem-de raýatlaryň günä ýöňkemesiz administratiw tertipde tussagda saklanmagy, habeas corpus ýada şoňa meňzeş tertipde, tussagda saklamaklygyň kanunylygyny we rehimsiz seredilmegi üçin şikaýatlaryň derňew edilmegini üpjün etmek maksady bilen kazyýetler ýada beýleki garaşsyz guramalar tarapyndan täzeden seredilmegine tabyndyr.

f) Harby tribunallaryň hukugy harby jenaýatlara seretmek bilen çäklendirilmelidir. Şeýle tribunallaryň çözgüdine kanuny taýdan ygtyýarly şikaýatlara seredýän kazyýet ýada tribunal tarapyndan täzeden seretmek, ýada çözgüdiň ýatyrylmagy boýunça arza bermek hukugy hemişe berilmelidir.

g) Hiç bir häkimiýet kazyýet işine gatyşmak üçin ulanylmaly däldir.

h) Adalatlylyk amala aşyrylanda ýerine ýetiriji häkimiýetiň kazyýet ygtyýarlyklaryna gözegçilik etmek hukugy ýokdur.

i) Kazyýetiň işini bes etmäge ýada wagtlaýyn togtatmaga ýerine ýetiriji häkimiýetiň hukugy ýokdur.

j) Jedeliň kazyýet çözgüdini öňünden bilmek üçin ýada kazyýetiň çözgüdiniň dogry ýerine ýetirilmegine päsgel bermek üçin ýerine ýetiriji häkimiýet islendik hereketden ýada hereket etmezlikden saklanmalydyr.

6. Hiç bir kanuny resminama ýada ýerine ýetiriji häkimiýetiň karary kazyýetiň kesgitlän çözgüdini wagty geçenden soň ýatyrmaga, ýada olaryň çykarjak çözgüdine täsir etmek maksady bilen kazyýetiň düzümini çalyşmaga gönükdirilip bilinmez.

7. Özleriniň kazylyk garaşsyzlygyny goramak üçin kazylar toparlaýyn hereket etmäge hukuklydyr.

8. Kazylar özüni alyp baryşlarynda hemişe wezipesine mahsus bolan mertebäni we jogapkärçiligi, şeýlede kazyýetiň adalatlygyny we garaşsyzlygyny berjaý etmelidirler. Şu ýörelgäni göz öňünde tutmak bilen, kazylaryň erkin pikir etmäge, dine uýmaga, söz azatlygyna, pikirini beýan etmäge, hünärmen birleşmelere goşulmaga, ýygnanyşmaga we hereket etmäge azatlyklary bardyr.

### Hünärmen başarnyklary, saýlanmak we okuw taýýarlygy

9. Kazyýet wezipesine saýlanan adamlar dogruçyl we ukyply şahsyýetler bolmalydyrlar. Olaryň kazyýet wezipesine saýlanmagyna deň mümkinçiligi bolmalydyr; ýüridik bilimi bolmadyk (professional däl) kazylardan daşary, olaryň hemmesiniň ýokary derejeli ýuridik bilimi bolmalydyr.

10. Kazylar saýlanyp alynanda, haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, dinine, syýasy ýada beýleki ynamlaryna, milli we sosial gelip

çykyşyna, emlägine, girdejisine, dogulyşyna ýada jemgyýetdäki ornuna garşy hiç hili kemsidilme bolmaly däldir. Emma dalaşgärler raýatlyk taraplaryna we hünär boýunça kazyýet wezipesine gabat gelmek esasynda saýlanyp bilner.

11.

a) Kazylary saýlamagyň tertibi we standartlary kazyýet ulgamyny jemgyýetiň ähli taraplaryndan adalatly suratlandyrylmagyny üpjün etmek zerurlygyna ýeterlik üns bermelidir.

b) Kazylyk wezipesine saýlamagyň islendik usuly esassyz delil bilen bellenilmekden hemmetaraplaýyn gorag kepilliklerini göz öňünde tutmalydyr.

c) Kazylary saýlamakda ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy häkimiýetiň ýada umumy saýlawçylaryň gatnaşmagy, eger-de şol gatnaşyk bikanun delil ýada usul bilen bagly bolmasa we olardan pugta goralan bolsa, kazylaryň garaşsyzlyk ýörelgesini bozmaýandyr. Kazylary saýlamakda olaryň hünär ukuplylygy we ahlak häsiýeti nukdaýnazaryndan has ýerlikli dalaşgärleri saýlamak üçin, şeýle-de olaryň şahsy garaşsyzlygyny goramakda, mümkin boldugyça, kazyýet ulgamynyň we aklawçy hünäriniň wekilleri bilen maslahatlaşyklary göz öňünde tutmalydyr ýada kazylaryň bellenmeginde ýada kazy wezipesine dalaşgärleriň hödürlenmeginde kazyýet ulgamynyň we aklawçy hünäriniň wekilleriniň işjeň gatnaşmagyny gurnamalydyr.

12. Kazylaryň hünär boýunça kämilleşdiriş okuwyny geçmäge mümkinçilikleri bolmalydyr.

### Kazylaryň bellenilmegi, ýokary wezipä çekilmegi we iş ýeriniň üýtgedilmegi

13. Kazylary wezipä bellemekde ýada saýlamakda olary öz garamagy boýunça bellemek kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, şeýle işe bellenmeler kazyýet edaralary ýada ýokary kazyýet geňeşi tarapyndan, eger şolar ýaly edaralar bar bolsa, amala aşyrylmalydyr.

14. Kazylary ýokary wezipä çekme kazynyň dogruçyllygyna, garaşsyzlygyna, hünär ukubyna, tejribesine, adamçylygyna we kanunyň ýokarda tutulmagynda jogapkärçiligine adalatly baha berilmegine esaslanmalydyr. Kazylar laýyk gelmeýän sebäpler üçin ýokary wezipä çekilmeli däldir.

15. Ulgamda wagtly-wagtynda iş ýerini çalyşmak ýada wezipesini beýgeltmek talap edilýän halatlardan beýleki ýagdaýlarda, kazylar bir kazyýetden ýada wezipeden başga bir kazyýete ýada wezipä, olaryň razylygy bolmasa, geçirilmeli däldirler. Emma şeýle iş ýerini çalyşmalar kazyýet guramalary tarapyndan meseläniň pugta seredilmegi netijesinde düzülen, birmeňzeş syýasata laýyklykda edilýän halatlarynda, hiç bir kazy bu iş ýerini çalyşmadan sebäpsiz boýun gaçyrmaly däldir.

### Kazynyň wezipede ygtyýarlyklarynyň möhleti

16.

a) Kazylaryň wezipede ygtyýarlyklarynyň möhleti, olaryň garaşsyzlygy, howpsuzlygy, mynasyp zähmet iş haky we iş şertleri kanun tarapyndan üpjün edilmelidir we olaryň bähbidiniň zyýanyna üýtgedilmeli däldir.

b) Düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekme we kazylary wezipesinden boşatma boýunça şu resminamanyň düzgünlerini göz öňünde tutup, hökmany nepaga çykmak ýaşyna çenli ýada kanuny ygtyýarnamasynyň möhleti tamamlanýança, bellenen ýada saýlanan kazylaryň kepillendirilen wezipede oturmak möhleti bolmalydyr.

17. Ilkibaşda wezipä bellenenlerinden soň, kazylaryň wezipe ygtyýarlyklarynyň synag möhletleri kesgitlenip bilner, emma şeýle halatlarda synag möhleti we wezipä hemişelik bellenmek kazyýet guramalary ýada ýokary kazyýet geňeşi tarapyndan sazlaşdyrylmalydyr.

18.

a) Wezipede oturan wagty kazylar zähmet iş hakyny almalydyrlar, nepaga çykanda bolsa nepaga kömek puluny almalydyrlar.

b) Kazylaryň zähmet iş hakynyň we nepagalarynyň möçberi ýeterlik, olaryň derejesine we mertebesine we wezipesine mahsus bolan jogapkärçilige mynasyp bolmalydyr, we pul hümmetiniň üýtgemeginiň täsirini aýyrmak ýada azaltmak üçin wagtly-wagtynda täzeden seredilip durulmalydyr.

c) Kazylaryň nepaga çykmak ýaşy olardan rugsatsyz üýtgedilmeli däldir.

19. Ýerine ýetiriji häkimiýetler hemişe kazylaryň we olaryň maşgalalarynyň howpsuzlygyny we fiziki goragyny üpjün etmelidirler.

### Kazylaryň eldegrilmezligi we aýratyn hukuklary

20. Kazylar öz kazyýet wezipelerini ýerine ýetirmek bilen bagly şahsy kazyýet yzarlamalary howpundan goralmalydyrlar; degişli kazyýet guramasynyň ygtyýarnamasy bolmasa, kazylara talap arzasy edilip ýada olar günälenip bilinmez.

21. Açyk kazyýet seredilmelerinden özge wezipesini ýerine ýetirmegi boýunça derňelýän işler we gizlin maglumatlar barada we olar barada öz pikirleri boýunça kazyýet işgärleri hünärmen gizlinligini saklamaga borçludyrlar. Şeýle halatlarda kazylar görkezme bermäge mejbur edilmeli däldirler.

### Ygtyýarlykdan mahrum edilme

22. Kazylar öz ýuridiki garaşsyzlygyny ynamdan gaçyrýan kazyýete degişli däl häsiýetde çykyş edip bilmeýär.

23. Konstitusiýanyň düzgünlerinde ýada kanunçylygyň beýleki kadalarynda gönüden-göni göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda kazylar ýada kazyýetler maslahat beriji pikirleri bermeli däldirler.

24. Öz şahsy maýagoýumlary ýada hususy eýeçiligindäki emläk bilen bagly bolmasa, kazylar telekeçilik işi bilen meşgullanmakdan saklanmalydyrlar. Kazylar aklawçylyk işi bilen meşgul bolmaly däldirler.

25. Eger onuň ynamsyzlygy, bähbitleriniň gapma-garşylygy ýada wezipesiniň utgaşmazlygy bilen delilli guman ýüze çykanda, kazy işi derňew etmäge gatnaşmaly däldir.

**Düzgün-nyzam jogapkärçiligi we wezipesinden boşadylmagy**

26.

a) Kazynyň garşysyna edilen şikaýat kesgitlenen degişli tertibe laýyklykda gijikdirilmän adalatly seredilmelidir we kaza derňewiň başlangyç döwründe şikaýat boýunça öz belliklerini aýtmak mümkinçiligi berilmelidir. Eger kazy başgaça isleg bildiren bolmasa, şikaýata seredilmegiň başlangyç döwri gizlin geçirilmelidir.

b) kazylary wezipesinden aýyrma ýada düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek boýunça önümçilik gozgalan ýagdaýynda, ol köpüsi kazyýetçilik agzalaryndan ybarat bolan kazyýet ýada geňeş tarapyndan seredilmelidir. Emma muňa garamazdan, impiçment tertibi ýada kazyýetiň ýada geňeşin bilelikdäki maslahaty boýunça kanun çykaryjy häkimiýete wezipeden boşatmak ygtyýarnamasy berlip bilner.

27. Düzgün-nyzam önümçiligi boýunça ähli çäreler kazylaryň umumy kabul edilen özüňi alyp barma standartlaryna esaslanan bolmalydyr.

28. Kazylara garşy düzgün-nyzam önümçiligi kazynyň adalatly derňewe hukugyny we işe doly seredilmegini üpjün etmelidir.

29. Düzgün-nyzam önümçiligi netijesinde kazylar boýunça çykarylan çözgütler, açyk ýada ýapyk bolmagyna garamazdan, çap edilmelidir.

30. Diňe hünär başarnyksyzlygy ýada eden hereketi onuň wezipesinde galmak mümkinçilige ýol bermeýändigi üçin kazy işinden boşadylyp bilner. Bu bolsa degişli subutnamalar bilen tassyklanmalydyr.

31. Kazyýet ýatyrylan halatynda, bu belli bir möhlete saýlanan kazylardan başga, şol kazyýetde gulluk edýän beýleki kazylara täsir etmeli däldir, we olar şol derejedäki başga kazyýete işe geçirilip bilner.

**Kazyýetiň dolandyrylmagy**

32. Kazyýetiň işini dolandyrmak boýunça esasy jogapkärçiligi, şol sanda hem, administratiw we kömekçi işgärleriň düzgün-nyzamyna ýolbaşçylyk we gözegçilik edilmegi, kazyýetçilige ýada düzüminde kazyýetçiligiň wekilleri bolan we olar işjeň orun eýeleýän gurama degişlidir.

33. Kazyýet işini netijeli dolandyrmakda zerur bolan serişdeleriň ýeterlikde berilmegi döwletiň iň bir ileri tutýan işleriniň biri bolmalydyr, we ol serişdeler kazylaryň garaşsyzlygy, mertebesi we netijeligi üçin zerur bolan maddy serişdeleri, kazyýet we administratiw işgärleri we býüjeti öz içine almalydyr.

34. Kazyýetleriň býüjeti doly ygtyýarly häkimiýetler tarapyndan kazyýetçiligiň wekilleri bilen hyzmatlaşdykda kazyýeti dolandyrmakda gerek bolan zerurlyklary göz öňünde tutup düzülmelidir.

35. Kanuna ýada kazyýetiň düzgünlerine laýyklykda iş önümçiligi bir kazynyň ýada birnäçe kazydan düzülen kazyýet bölümine bellemeklige diňe kazyýet guramalarynyň ygtyýary bardyr.

36. Kazyýetiň başlygy kazylaryň işine gözegçiligi diňe administratiw meseleler boýunça etmäge ygtyýarnamasy bardyr.

**Beýleki meseleler**

37. Kazy kazyýet işine adalatly seredilmegini we haýsy hem bolsa bir tarapyň ýada şaýadyň hukuklarynyň bozulmagy barada arzalary, şol sanda hem, zalym seredilme boýunça arzalary hemmetaraplaýyn derňelmegini üpjün etmelidir.

38. Kazylar aklawçylar birleşmesiniň agzalaryna, kazyýetiň belli bir meseleler boýunça maslahatçylaryna, prokurorlara, jemgyýet wekillerine hem-de oturdaşlara hormat goýmalydyrlar.

39. Döwlet kazyýet kararlarynyň we çözgütleriniň dogry ýerine ýetirilmegini üpjün etmelidir; emma kararlaryň ýerine ýetirilişine we degişli gulluga ýada işiň gidişine gözegçilik etmek ygtyýarlygy kazyýet häkimiýetine berilmelidir.

40. Kazylar adam hukuklaryny goramak boýunça kadalary kesgitleýän halkara konwensiýalary ýada beýleki resminamalary barada habarly bolmalydyrlar we olary milli konstitusiýada we kanunlarda göz öňünde tutulan çäklerinde mümkin boldugyça ulanmaga çalyşmalydyrlar.

41. Belli bir baglanyşykda olaryň doly ulanyp bolmaýan ýada ýerliksiz hasap edilen halatlardan daşary, şu ýörelgeler we standartlar kazyýet wezipelerini ýerine ýetirýän ähli adamlar, şol sanda hem,kazyýet wezipelerini ýerine ýetirýän halkara kazylary, kazyýetiň belli bir meseleler boýunça maslahatçylary, arbitraž kazyýetiň kazylary, jemgyýet wekilleri we prokurorlar tarapyndan ulanylmalydyr.

**Kazyýetiň belli bir meseleler boýunça maslahatçylary (Asessorlar)**

42. Kazyýetiň belli bir meseleler boýunça maslahatçylary kazynyň ýada kazynyň kömekçisiniň, goşmaça kazynyň, maslahatçynyň, hukuk ýada tehniki hünärmeniň wezipesini ýerine ýetirip biler. Agzalan wezipeleriň haýsy hem birini ýerine ýetirende, olar öz borçlaryny adalatly we garaşsyz ýerine ýetirmelidirler. Belli bir baglanyşykda olaryň doly ulanyp bolmaýan ýada ýerliksiz hasap edilen halatlardan beýleki ýagdaýlarda, kazylara degişli ýörelgeler we standartlar kazyýetiň maslahatçylaryna hem degişlidir.

43. Saýlanan ýada bellenen kazylar bilen birlikde kollegial kazyýet çözgüdini çykarmak işine gatnaşmak maksady bilen kanunda göz öňünde tutulan ses bermäniň esasynda we saýlawçylar tarapyndan goldanylan halatynda, Kazyýetiň maslahatçylary, ýada halk oturdaşlary, ýada oba geňeşiniň araçylary (Nyaya Panchas) bellenen möhlet bilen saýlanylyp bilner. Millete degişlidigini, teniniň reňkini, gelip çykyşyny, jynsyny, dilini, dine garaýşyny, syýasy we beýleki ynamlaryny, milli ýada jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişliligini, emlägini, doguluşyny ýada raýatlyk derejesini kemsitmezden ähli adamlaryň kazyýetiň maslahatçysy hökmünde saýlanylmaga hukugy bolmalydyr. Saýlananda

kazyýetiň maslahatçylara öz wezipesini gysga ýada çäklendirilen möhletde kazyýetiň maslahatçy hökmünde ýerine ýetirmek ygtyýarlyklary berlip bilner. Kazyýetiň maslahatçylara tehniki soraglar boýunça maslahat berme ýada kazyýet çözgüdini çykarmak boýunça käbir ýönekeý wezipeleri ýerine ýetirmek boýunça bar bolan ýörite bilimleriniň esasynda kömek berme ygtyýarlyklary hem berilip bilner.

44. Döwlet kazyýetiň maslahatçylara, eger iş ýerinde tölenmeýän bolsa, olaryň şu wezipede gullugynyň dowamynda ýeterlik we mynasyp töleg tölemäge borçludyr.

45. Kazyýet çözgüdini çykarmak işine gatnaşmak üçin saýlanan, ýada tehniki we beýleki kömek bermäge ygtyýarlandyrylan kazyýetiň maslahatçylary, kanunçylyk ulgamynda raýatlaryň gatnaşmagynyň çäklerinde öz saýlawçylaryna saýlanylýan kazyýetiň maslahatçylaryň wagtal-wagtal düşündiriş berip bilýän halatlaryndan beýleki wagtda, islendik göni ýada gytaklaýyn çäklendirmelerden, höweslendirmelerden, gysylmakdan, haýbat atylmadan ýada işine gatyşmaklykdan erkin bolmalydyrlar.

46. Kazyýetiň maslahatçylary kazylardan we ýerine ýetiriji häkimiýetden garaşsyz bolmalydyrlar, olara kanunda we kanuny ulgamyň amala aşyrylmagynda göz öňünde tutulan çäklerde we tertipde kazyýet çözgütlerini çykarmak işine gatnaşmak hukugy berilmelidir. Kazyýet çözgütlerini çykarmak işine gatnaşmak üçin saýlanýan halk oturdaşlaryna öz pikirini beýan edýän ýazgy ýöretmek, ol bolsa umumy ýazgynyň bir bölegi bolmalydyr we ygtyýarlygy hem berilmelidir.

47. Kazyýetiň maslahatçylaryň sanawyna goşulmagyň islendik usuly ýerliksiz höweslendirme bellenmelerinden hemmetaraplaýyn goragy kepillendirilen bolmalydyr.

48. Kazyýet çözgüdini çykarmak işine gatnaşmak üçin saýlanýan halk oturdaşlary boýunça okuw we görkezme bermek mümkinçiligi kanunda göz öňünde tutulyp bilner.

49. Kazyýetiň maslahatçylary saýlawçylar tarapyndan yzyna çagyrylyp ýada hünärinden mahrum edilip ýada boşadylyp, ýada, hemişe kanunda kesgitlenen tertibe laýykda onuň bellenilmegi togtadylyp bilner.

[...]

## Aklawçylar

### Kesgitlemeler

73. Şu bölümde:

a) “Aklawçy” sözüniň manysy öz müşderileriniň adyndan çykyş etmäge we hereket etmäge, aklawçylyk işini alyp barmaga we kazyýetde çykyş etmäge, ýuridiki meseleler boýunça öz müşderilerine maslahat bermäge we olaryň adyndan çykyş etmäge ygtyýar berilen ökde hünärli adamy aňladýar; we

şu bölümiň maksatlary üçin, belli bir kontekstde olaryň gatyşmagy ýerliksiz ýada ýol berilmesiz bolan halatlardan beýleki ýagdaýlarda, bu düşünjä ynanylan adamlar, kömekçiler, ygtyýar berilen hünärmenler we aklawçynyň bir ýada köp wezipesini ýerine ýetirmäge goýberilen beýleki adamlar girýändir.

b) "Aklawçylaryň Bileleşikleri" sözüniň manysyna hünärmen birleşikleri, arkalaşyk, fakultet, kolledž, hünärmenlik bölümi, geňeş ýada şol ygtyýarlygynyň çäklerinde nähili at göterýändigine garamazdan, islendik başga ykrar edilen hünärmen guramasy düşünilýär; hem-de şu bölümiň maksatlary üçin her bir at bilen atlandyrylýan we öz içine ynanylan adamlary, kömekçileri, ygtyýar berilen hünärmenleri, amaly hünärmenleri we aklawçynyň bir ýada köp wezipesini ýerine ýetirmäge ygtyýar berilen we goýberilen beýleki adamlary alýan, kömekçileri, prokurorlary, maslahatçylary we beýleki adamlary, ýagny, aklawçylaryň wezipeleriniň birini ýada birnäçesini ýerine ýetirmäge ygtyýarlandyrylan adamlary, hem-de belli bir baglanyşykda olaryň gatyşmagy ýerliksiz ýada ýol berilmesiz bolan halatlardan beýleki ýagdaýlarda, içine alýan islendik birleşmeleri aňladýandyr.

## Umumy Ýörelgeler

74. Aklawçy hünäriniň garaşsyzlygy adam hukularyny öňe sürmegiň we goramagyň iň wajyp kepilligi bolup durýandyr.

75. Özleriniň hünär borçlaryny ýerine ýetirende haýsy hem bolsa bir tarapdan ýada nähili hem bolsa bir esasda göni ýada gytaklaýyn çäklendirmesiz, höweslendirmesiz, gysylmasyz, haýbat atylmasyz ýada işine gatyşylmasyz aklawçylaryň garaşsyzlygyny kepillendirýän adalatly we adyl kazyýet ulgamy bolmalydyr.

76. Ähli adamlaryň öz ykdysady, sosial we medeni, şeýle-de raýat we syýasy hukuklaryny saklamak we goramak üçin özleriniň saýlan garaşsyz aklawçy ýuridiki hyzmatlaryna netijeli peýdalanmak mümkinçiligi bolmalydyr.

## Aklawçylyk bilimi we aklawçylyk hünäre girişme

77. Aklawçylyk bilimi we aklawçylyk hünärde işlemeklik zerur bolan ukuby bolan islendik adama elýeterli bolmalydyr, we haýsy millete degişlidigi, teniniň reňki, gelip çykyşy, jynsy, dili, dine garaýşy, syýasy we beýleki ynamlary, milli ýada jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişliligi, girdejisi, doguluşy ýada jemgyýetdäki orny esasynda bu mümkinçiliklekden hiç kim iňkär edilmeli däldir.

78. Hukuk bilimi jemgyýetiň bähbidini nazara alyp, hünärmen bilimine goşmaça aklawçynyň göreldeleri we ahlak borçlary barada, hem-de milli we halkara kanunda ykrar edilen adam hukuklary we esasy azatlyklar barada habarlylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilmelidir.

79. Hukuk bilimiň okuw maksatnamalary aklawçynyň sosial jogapkärçiligini, şol sanda hem, pukara raýatlara hukuk taýdan hyzmatlaryň berilmegine

gatnaşmagyny we ösüş işinde ykdysady, sosial we medeni hukuklaryň öňe sürülmegini we goralmagyny göz öňünde tutmalydyr.

80. Zerur bolan ukuby bar bolan, dogruçyl we hoşniýet häsiýetli her bir adamyň aklawçy bolmaga we haýsy millete degişlidigi, tenininiň reňki, gelip çykyşy, jynsy, dili, dine garaýşy, syýasy we beýleki ynamlary, milli ýada jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişliligi, emlägi, girdejisi ýada halkara derejesinde ykrar edilen öz raýat we syýasy hukuklarynynyň amala aşyrylmagy bilen bagly jenaýat üçin tussag edilendigi esasynda kemsidilmezden, aklawçylyk hünärini dowam etmäge mümkinçiligi bolmalydyr. Aklawçy derejesinden mahrum etmek ýada aklawçy derejesini wagtlaýyn togtatmak tertibi, mümkin boldugyça, kanunlarda, düzgünlerde we aklawçyylara ýada aklawçynyň wezipesini ýerine ýetirýän beýleki adamlara degişli hereket edýän kararlarda ýazylan bolmalydyr.

## Kanunçylyk barada jemgyýetiň habarlylygyby artdyrmak

81. Aklawçylar we aklawçylaryň birleşikleri jemgyýet agzalaryny kanunyň ýokary tutulmak ýörelgeleri, kazyýetiň we hukuk hünäriniň garaşsyzlygynyň wajyplygy, aklawçylaryň, kazylaryň, oturdaşlaryň we kazyýet maslahatçylaryň esasy hukuklary we azatlyklary goramakda eýeleýän wajyp orny barada, hem-de jemgyýeti olaryň hukuklary we jogapkärçilikleri hem-de kanuny goragyň elýeterli serişdeleri barada habarly etmek meselelerine jogap berýändir. Hususan-da, aklawçylaryň birleşmeleri aklawçylar hem-de umumy köpçülik üçin degişli bilim maksatnamalaryny taýýarlamalydyrlar we amala aşyrmalydyrlar, we agzalan maksatnamalary goldamak we ýaýbaňlandyrmak maksady bilen hökümet guramalary, hökümete degişli bolmadyk guramalary, raýat birleşmeleri we okuw edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmelidirler.

## Aklawçylaryň borçlary we hukuklary

82. Aklawçylaryň öz müşderilerinň öňündäki borçlary aşakdakylardan durýar:

a) Müşderisine onuň kanuny hukulary we jogapkärçiligi we müşderiniň şol hukuklary we jogapkärçilikleri boýunça kazyýet ulgamynyň hereket edişi barada maslahat bermek.

b) Islendik ygtyýar edilýän usullar bilen müşderisine kömek bermek we müşderisini we onuň bähbidini goramak üçin kazyýete ýüz tutmak; we,

c) Kazyýetlerde, tribunalda we administratiw edaralarda müşderisiniň bähbidini goramak.

83. Wezipelerini ýerine ýetirende, aklawçy hemişe erkin, dogruçyl we gorkuzylmasyz öz müşderisiniň islegine, şeýlede häkimiýetler ýada jemgyýetçilik tarapyndan hiç hili päsgelçiliksiz ýada gysylmasyz ykrar edilen düzgünlere, standartlara we aklawçy hünäriniň ahlagyna laýyklykda hereket etmelidir.

84. Her bir adam we adamlaryň topary kanunyň çäklerinde öz bähbitlerini ýada öz işini goramak üçin aklawça ýüz tutup biler, we aklawçy öz ukyplaryna görä,

özüniň ahlak ýörelgelerine we garaşsyzlygyna laýyklykda kömek bermäge borçludyr. Netijede, aklawçylar häkimiýetler we jemgyýet tarapyndan onuň müşderisi, olaryň meşhurlygyna ýada meşhur däldigine garamazdan, ýada müşderisiniň işi bilen deňeşdirilmeli däldir.

85. Hiç bir aklawçy müşderilere maslahat ýada kömek bermegi, ýada müşderiniň işinde wekilçilik etmegi bilen baglylykda jenaýat, raýat, administratiw, ykdysady ýada beýleki jogapkärçilige çekilmekden ejir çekmeli däldir we gorkuzylmaly däldir.

86. Administratiw edarada ýada milli kazyýetde aklawçy tarapyndan bähbitlerini goramak hukugy kanun tarapyndan iňkär edilen halatlaryndan daşary, ýada belli bir aklawçynyň degişli edara tarapyndan öz derejesiniň ýatyrylan, ýada wagtlaýyn togtadylan, ýada gadagan edilen halatyndan daşary, şeýlehem aklawçy derejesiniň ýatyrylmagy ýada wagtlaýyn togtadylmagy ýada hukugyndan mahrum edilmegi garaşsyz kazyýetde täzeden seredilmegine tabyn bolmakda, hiç bir kazyýet, ýada administratiw edara aklawçynyň öz müşderisiniň adyndan çykyş etmek hukugyny ykrar etmekden boýun gaçyrmaly däldir.

87. Kazyýet ulgamyna doly sarpa goýmak aklawçynyň borjudyr. Ol belli bir işde ýada kazyýetiň geçirilmegine, ýada diňlemelere kazynyň gatnaşmagyna ýada dowamly gatnaşmagyna garşylyk bildirmäge hukugy bolmalydyr.

88. Eger kazyýete ýerlikli sarpa goýmandygy üçin aklawçynyň garşysyna önümçilik gozgalan bolsa, şol günälemäge esas bolan önümçilige gatnaşan kazy ýada kazylar tarapyndan aklawça garşy hiç bir temmi berlip bilinmez, emma bu kazy ýada kazylar işe seretmekligi wagtlaýyn togtadyp, hem-de degişli aklawçynyň çykyşyna diňlemeginden boýun gaçyryp bilerler.

89. Şu ýörelgelerde göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda, ýazuw görnüşde kazyýete akýürekli eden degişli arzalary ýada kazyýetde, tribunalda ýada beýleki ýuridiki ýada administratiw guramada özüniň hünär wezipesini ýerine ýetirmegiň dowamynda eden çykyşlary boýunça aklawçynyň raýat we jenaýat eldegirilmesizlik hukugy bardyr.

90. Azatlykdan mahrum edilen adamlara maslahat bermekde, kömek bermekde we olaryň bähbidini goramakda, şol adamlara tölegsiz we adalatly kanunçylyk kömegiň berilmegini üpjün etmek üçin, aklawçylaryň garaşsyzlygy kepillendirilmelidir. Aklawçylaryň häkimiýetler bilen bikanun ylalaşyga girmek, dilleşmek, olardan garaşly bolmak barada mümkin bolan şübhelenmäniň döremeginden gutulmak üçin ähli kepillikler ýerine goýulmalydyr.

91. Aklawçylara öz hünär jogapkärçiliklerini netijeli ýerine ýetirmegi üçin zerur bolan ähli serişdeler we aýratyn hukuklar berilmelidir, şol sanda hem,

   a) Aklawçy bilen müşderiniň arasyndaky aragatnaşygyň gizlinligi we, eger şol gizlinlik bozulýan bolsa, görkezme bermekden boýun gaçyrmak hukugy;

   b) Öz ýurdunyň çäklerinde we daşary ýurtda erkinlikde doglan öz müşderilerine sapar etmek we maslahat bermek hukugy;

c) Öz müşderileriniň ýanyna barmak, olar bilen gepleşmek we olardan görkezme almak hukugy;

d) Öz hünär işine degişli maglumatlary we düşünjeleri erkin gözlemek, almak we hünär düzgünlerini göz öňünde tutup olar barada pikir alyşmak hukugy;

e) Delillendirilen şahsy ýada hünärmen esasynda müşderini ýada onuň işini kabul etmek ýada ret etmek hukugy.

92. Aklawçylar dine yrylmak barada, pikirini beýan etmek, birleşmelere we ýygnaklara gatnaşmak baradaky azatlyklaryndan peýdalanýarlar, esasan-da olar aşakdakylara:

a) Kanunlaryň we adalatlylygyň amala aşyrylmagy meseleleri boýunça jemgyýetçilik pikir alyşmalaryna gatnaşmaga;

b) Ýerli, milli we halkara guramalara erkin goşulmaga ýada olary döretmäge;

c) Jemgyýetiň bähbidi nazara alyp, oýlanyşykly düzülen kanuny özgertmeleri hödürlemäge we maslahat bermäge hem-de jemgyýetçiligi ol barada habarly etmäge;

d) Öz ýurdunyň syýasy, jemgyýetçilik we medeni durmuşyna işjeň we doly gatnaşmaga

hukuklydyr.

93. Aklawçylaryň galam hakyny we sylagyny tertibe salýan düzgünler we düzgünnamalar olaryň mynasyp we ýeterlik girdeji almagyny we ýuridiki hyzmatlaryň jemgyýet agzalaryna elýeterli bolmagyny üpjün eder ýaly edilip düzülmelidir.

**Pukara adamlar üçin hukuk hyzmatlary**

94. Garaşsyz aklawçylar birleşmesiniň zerur, derwaýys düşünjesi bolan, onuň agzalary jemgyýetiň ähli toparlaryna, ylaýtada, onuň gowşak gatlaklaryna öz hyzmatlaryny elýeter etmekligi, degişli işler boýunça tölegsiz aklawçylyk kömegiň berilmegini, hiç bir kişi adalatlylykdan iňkär edilmeli däldigini, we aklawçylaryň birleşmesi şahsyýetleriň we toparlaryň ykdysady, sosial, medeni, raýat we syýasy hukuklaryny goramak bilen adalatlylyk işini öňe sürmegini üpjün etmelidir.

95. Hökümetler kanuny kazyýet önümçiliginiň çykdajylaryny çekip bilmejek adamlar üçin aklawçylyk hyzmatlaryny bermek boýunça degişli maksatnamalaryna ýeterlik maliýe serişdeleri bilen üpjün edilmegine borçludyr. Şeýle hem, Hökümetler görkezilen halatlarda şol kanuny hyzmatlaryň elýeterligini üpjün etmäge gönükdirilen düzgünleri we kadalary kesgitlemäge borçludyrlar.

96. Döwlet býüjetinden doly ýada bölekleýin maliýeleşdirilýän ýuridiki hyzmatlary bermek boýunça maksatnamalara ýada guramalara gatnaşýan aklawçylar mynasyp sylag almalydyrlar we özüniň hünär garaşsyzlygynyň ähli kepilliklerinden peýdalanmalydyrlar, hususan-da aşakdakylar arkaly:

a) Bu maksatnamalaryň ýada guramalaryň gönükdirmek wezipesini esasy bölegi ýada doly derejede hünäriň agzalaryndan düzülen Aklawçylaryň

Birleşiklerine ýada garaşsyz geňeşlere ynanylyp, onuň kadalaşdyryjy namalarynyň, goýberlen býüjetiniň we işgärleriň gözegçiligini ýerine ýetirmek arkaly;

b) Adalatlygyň bähbidine gulluk etmekde aklawçynyň birinji derejeli borjy müşderisine maslahat bermelidigini we özüniň hünär düşünjesine we pikirine laýyklykda onuň bähbidini goramalydygyny ykrar etmek arkaly.

**Aklawçylaryň birleşmesi**

97. Her bir hukuk ulgamynda kanunyň esasynda ykrar edilen bir ýada köp garaşsyz we özüini dolandyrýan aklawçylaryň birleşmeleri döredilip bilner. Onuň geňeşi ýada beýleki ýerine ýetiriji edarasy başga bir edaranyň ýada adamyň goşulmazlygyndan ähli agzalary tarapyndan erkin saýlanmalydyr. Şu düzgünler olaryň goşmaça başga aklawçylar we ýuristler hünär birleşmesini döretmek ýada olara goşulmak hukugyny çäklendirmeýär.

98. Duýgudaşlygy we ýuridiki hünäriň garaşsyzlygyny goldamak maksady bilen aklawçy degişli aklawçylar birleşmesinde agzalygyny öz borjy diýip hasaplamalydyr.

**Aklawcylaryň birleşmesiniň wezipeleri**

99. Aklawçy hünäriň garaşsyzlygyny üpjün etmekde Aklawçylar Birleşmesiniň wezipelerine aşakdakylar girýär:

a) Adyl kazyýetiň bähbitlerini ýüz görmän we adalatly öňe sürmek we goldamak;

b) Hünäriň abraýyny, mertebesini, ahlak häsiýetlerini, doly hukuklylygyny, özüňi alyp baryş we düzgün-nyzam kadalaryny goldamak;

c) Jemgyýetde aklawçylaryň ornuny goramak we hünäriň garaşsyzlygyny gorap saklamak;

d) Kazyýet ulgamynyň ýokary mertebesini we garaşsyzlygyny goramak;

e) Jemgyýetçiligiň adyl kazyýet ulgamyna erkin we deň mümkinçiligini, şol sanda hem, kanuny kömegiň we maslahatyň berilmegini goldamak;

f) Ykrar edilen ýerlikli tertiplere laýyklykda doly ygtyýarly, garaşsyz we adyl kazyýet tarapyndan her kimiň işiniň adalatly we açyk derňew edilmegine hukugyny goldamak;

g) Kanuny özgertmeleri öňe sürmek we goldamak, hereket edýän kanunçylygyň we kanunlaryň mazmuny, düşündirilişi we ulanylyşy boýunça teklipleri bermek we jemgyýetçilik pikir alyşmasyny goldamak;

h) Hukuk biliminiň ýokary standartlarynyň şu hünärde işlemek üçin hökmany şertidigini goldamak;

i) Zerur bolan hünär ukuply we hoşniýet häziýetly ähli adamlaryň hiç hili kemsidilmesiz, şu hünäri almaga erkin mümkinçiligini üpjün etmek, hemde şu hünärde işlemäge başlan şahsyýetlere kömek bermek;

j) Şu hünäriň wekilleriniň maddy üpjünçiligini goldamak we degişli halatlarda olaryň maşgala agzalaryna kömek bermek;

k) Halkara aklawçylar birleşmesine goşulmak we onuň işine gatnaşmak.

100. Eger kazyýet önümçiligine gatnaşýan şahsyýet ýerli aklawçy bilen bilelikde işlemek üçin daşary ýurtdan aklawçyny çagymak islese, aklawçylaryň birleşmesi, mümkinçilige görä, daşary ýurtly aklawça kazyýetde çykyş etmek üçin zerur bolan hukugy almaga goldaw bermelidir.

101. Aklawçylaryň garaşsyzlygyny saklamak boýunça öz wezipelerini ýerine ýetirmek maksady bilen öz agzalarynyň haýsynyň hem bolsa ýada şol kanun ulgamynda işleýän islendik aklawçyny tussag etmek ýada tussaglykda saklamak üçin sebäpler we kanuny esaslar barada aklawçylar birleşmesi haýal etmän maglumat almalydyrlar; şol bir maksatlar üçin aklawçylar birleşmesi aşakdakylar barada habar almalydyrlar:

a) aklawçynyň ýada onuň emlägine garşy islendik agtaryş barada;

b) oňa degişli bolan islendik resminamanyň alynmagy barada;

c) aklawçynyň ahlak häsiýetlerine täsir edýan ýada sübhe döredýän iş gozgamak boýunça islendik çözgüt barada.

Şeýle halatlarda, önümçiligiň gidişine gözegçilik etmek üçin we, hususan-da, hünär gizlinliginiň we garaşsyzlygynyň goragyny üpjün etmek üçin aklawçylar birleşmesine onuň ýolbaşçysy ýada ygtyýarlygy berlen wekili bolup çykyş etmek hukugy berilmelidir.

**Düzgün-nyzam önümçiligi**

102. Aklawçylar Birleşmesi aklawçylaryň hünäriniň ahlaklyk kadalaryny kesgitleýär we kanuna laýyklykda olaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Mundan başga, şuňa meňzeş özüňi alyp baryş kadalary kanunda kesgitlenip bilner.

103. Aklawçylar bileşmesiniň ýada kanun esasynda döredilen we düzüminiň esasy bölegi aklawçylardan ybarat bolan, garaşsyz edaranyň, düzgün boýunça, öz başlangyjy boýunça ýada kazyýet önümçiligiň tarapy bolan şahsyýetiň, ýada jemgyýetçilik bähbidini goraýan raýatyň islegi boýunça, aklawçylara garşy düzgün-nyzam önümçiligini gozgamaga ilkinji ygtyýalygy bolmalydyr. Kazyýet ýada jemgyýetçilik guramasy işi aklawçylaryň birleşmesine, ýada kanun tarapyndan göz öňünde tutulan gurama geçirip biler, şonuň esasynda hem olar düzgün-nyzam önümçiligini gozgap bilerler.

104. Ilkinji tapgyrda düzgün-nyzam önümçiligi aklawçylar birleşmesi tarapyndan döredilen düzgün-nyzam edara tarapyndan ýerine ýetirilmelidir.

105. Düzgün-nyzam guramanyň çykaran çözgüdi şikaýat seredýän degişli guramasy tarapyndan täzeden seredilmegine tabyn bolmalydyr.

106. Düzgün-nyzam önümçiligi şu jarnamada berkidilen ýörelgeleriň esasynda adalatly we zerur tertibiň ähli talaplarynyň ýerine ýetirmek bilen geçirilmelidir.

## B. Ylalaşyk kadalary

### Raýat we syýasy hukuklar boýunça halkara Pakty

*(Baş Assambleýanyň 1966-njy ýylyň 16-njy dekabryndaky 2200A (XXI) belgili Kararnamasy bilen kabul edildi we gol çekmek, tassyklamak we goşulmak üçin açyldy, 1976-njy ýylyň 23-nji martynda güýje girdi*

---

**14-Madda**

1. Kazyýetleriň we tribunallaryň öňünde hemme adamlar deňdir. Her bir adamyň özüne bildirilýän islendik jenaýat günäkärlemä seredilende, ýada haýsy hem bolsa bir raýat önümçiliginde onuň hukuklary we borçlary kesgitlenende, kanun esasynda döredilen doly ygtyýarly, garaşsyz we adyl kazyýet tarapyndan işine adalatly we açyk seredilmegine hukugy bardyr.

## Ähli migrant işçileriň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklarynyň goralmagy baradaky halkara Konwensiýasy

*(Baş Assambleýanyň 1990-njy ýylyň 18 dekabryndaky 45/158 belgili Kararnamasy bilen kabul edildi, 2003-nji ýylyň 1-nji iýulynda güýje girdi*

### 18-Madda

Migrant işçileriň we olaryň maşgala agzalarynyň kazyýetlerde we tribunallarda degişli ýurduň raýatlary bilen deňlik hukugy bardyr. Olara garşy islendik jenaýat günäkärlemesi ýada kazyýet önümçiliginde olaryň hukuklary we borçlary kesgitlenende olaryň kanun esasynda döredilen doly ygtyýarly, garaşsyz we adyl kazyýet tarapyndan işine adalatly we açyk seredilmegine hukuklary bardyr.

## Çaganyň hukuklary boýunça Konwensiýasy

*(Baş Assambleýanyň 1989-njy ýylyň 20-nji noýabryndaky 44/25 belgili Kararnamasy bilen kabul edildi we gol çekmek, tassyklamak we goşulmak üçin açyldy, 1990-njy ýylyň 2-nji sentýabrynda güýje girdi)*

### 37-Madda

Gatnaşyjy döwletler aşakdakylary üpjün edýärler:

d) Her bir azatlykdan mahrum edilen çaga tiz wagtyň içinde aklawçylyk we beýleki degişli kömegi almak hukugy, hem-de özüniň azatlykdan mahrum edilmeginiň kanunylygy barada kazyýetiň, ýada beýleki doly ygtyýarly, garaşsyz we adalatly guramanyň öňünde närazylygyny bildirmäge, hem-de her bir şular ýaly ýagdaýa gijikdirilmän çözgüdiň çykarylmaklygyna hukugy bolmalydyr.

## Ähli adamlaryň zorluk bilen ýitirim edilmezden goramak baradaky halkara Konwensiýa

*(2006-njy ýylyň 20-nji dekabrynda kabul edildi)*

### 11-Madda

[...]

3. Her bir adam, onuň garşysyna zorluk bilen ýitirim edilmek baradaky önümçiligiň gozgalan halatynda, önümçiligiň ähli derejelerinde oňa adyl seredilmegi kepillendirilmelidir. Zorluk bilen ýitirim etmekde jenaýat edenligi üçin kazyýete çekilen her bir adamyň işine kanun esasynda döredilen doly ygtyýarly, garaşsyz we adyl kazyýet tarapyndan adalatly seredilmegine hukugy bardyr.

# C. Deklaratiw kadalar

## Adam hukuklarynyň ählumymy Jarnamasy

*(BMG Baş Assambleýasynyň 1948-nji ýylyň 10-njy dekabryndaky 217 A (III) belgili Kararnamasy bilen kabul edildi)*

**10-Madda**

Her bir adamyň öz hukuklaryny we borçlaryny hem-de we özüne garşy jenaýat günälemäni kesgitlemek üçin, öz işine garaşsyz we ýüz görmez kazyýetiň adyllyk bilen we jemgyýet üçin açyk seretmekligine doly deňlik esasynda hukugy bar.

## Umumy ykrar edilen adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny goldamakda we goramakda aýratyn şahsyýetleriň, jemgyýet toparlaryň we guramalaryň hukuklary we borçnamalary baradaky Jarnama

*(BMG Baş Assambleýasynyň 53/144 belgili Kararnamasy, 1999-njy ýylyň 8-nji martynda kabul edildi)*

---

**9-Madda**

2. [...] Hukuklary ýada azatlyklary bozulanlygy gümana edýän her bir adamyň özüniň ýada kanuny tarapyndan ygtyýarlyk berlen wekiliniň üsti bilen, şikaýat etmäge we şikaýatyna tiz wagtyň içinde jemgyýete açyk şekilde garaşsyz, ýüz görmez we doly ygtyýarly kazyýet ýada beýleki, kanun tarapyndan bellenilen gurama tarapyndan seredilmek hukugy, hem-de kanuna laýyklykda şol guramadan ýagdaýy düzetmek boýunça çäreleri göz öňünde tutýan çözgüde, şol sanda hem, şahsyýetiň hukuklary we azatlyklary bozulan halatynda degişli öwezini dolma hukugy, şeýlede şol çözgüdiň ýada kararyň delilsiz saklanylman mejbury ýerine ýetirilmegine hukugy bardyr.

## D. Beýleki standartlar

### Adam hukuklary boýunça Komissiýanyň 2004/33 belgili Kararnamasy

*(2004-nji ýylyň 19-njy aprelinde ses berilme bilen kabul edildi)*

**Kazyýetiň, saýlanan kazyýet oturdaşlarynyň we kazyýet maslahatçylaryň garaşsyzlygy we adalatlygy we aklawçylaryň garaşsyzlygy**

Adam hukuklary boýunça Komissiýa:

7. Kazylaryň we aklawçylaryň garaşsyzlygyna sarpa goýmaga we goldamaga we şol maksat bilen öz hünär borçlaryny hiç hili zorluksyz we gorkuzmasyz ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän netijeli kanunçylyk, hukuk goraýjy we beýleki degişli çäreleri görmäge ähli Hökümetleri çagyrýar.

## Adam hukuklary boýunça Komissiýanyň 2003/39 belgili Kararnamasy

*(2003-nji ýylyň 23-nji aprelinde mejlisiň hasabatyna girýän ses berilmegiň esasynda, 31 ses bilen, 1 garşy, 21 saklanan bolup kabul edildi)*

---

### Kazyýet ulgamynyň dogruçyllygy we para almazlygy

Adam hukuklary boýunça Komissiýa:

1. Her adamyň öz hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemek üçin we özüne bildirilen jenaýat günälenmesini delilligini kesgitlemek üçin, doly deňlik esasynda, öz işine garaşsyz we adyl kazyýet tarapyndan adalatly we açyk seredilmegine hukugynyň bardygyny tassyklaýar;

2. Şeýle hem her adamyň kesgitlenen ýuridiki tertibi ulanýan adaty kazyýetlerde ýada tribunallarda kanuny seredilmegine hukugy bardygyny, we adaty kazyýetleriň ýada kazyýet guramalarynyň ygtyýarlygyny çalyşmak maksady bilen kesgitlenen dogry ýurudiki tertipleri ulanmaýan tribunallaryň döredilmeli däldigini tassyklaýar;

3. Kanun esasynda döredilen doly ygtyýarly, garaşsyz we adyl kazyýet tarapyndan işine adalatly we açyk seredilmegine her bir adamyň hukugynyň bardygyny mündan beýläk tassyklaýar;

   [...]

6. Jenaýatda aýyplanýan şahsyýetiň işine seredýän her kazyýetiň garaşsyzlyk we ýüz görmezlik ýörelgelerine esaslanmalydygyny nygtaýar.

# Halkara jenaýat kazyýetinde aklawçylaryň özlerini hünär taýdan alyp barmak baradaky Kodeksi

*(2005-nji ýylyň 2-nji dekabrynda 3-nji Umumy geňeşde konsensus esasynda kabul edildi)*

## 1-Bölüm: Umumy düzgünler

[...]

### 6-Madda: Aklawçynyň garaşsyzlygy

1. Aklawçy mynasyp, garaşsyz we erkin hereket etmelidir.
2. Aklawçy aşakdakylary etmeli däldir:
   a) daşyndan täsir edilmegiň netijesinde onuň garaşsyzlygyna, dogruçyllygyna ýada erkinligine zyýanyň ýetirilmegine ýol bermegi; ýada
   b) onuň garaşsyzlygyna zyýan ýetirilendigini esaslandyryp biljek hereket etmegi.

### 7-Madda: Aklawçynyň özüni hünär taýdan alyp barmagy

1. Aklawçy palata, prokuror we prokuraturanyň agzalary, sekretatar we sekretariatyň agzalary, müşderileri, garşy tarapyň aklawçysy, günälenýän adamlar, jebir çekenler, şaýatlar we kazyýet önümçiligine gatnaşýan beýleki adamlar bilen gatnaşygynda sarpa we sypaýylyk görkezmelidir.
2. Kazyýet tarapyndan ulanylýan hukuk ugrunda aklawçy ýokary derejeli başarjaňlygy saklaýar. Ol şol başarjaňlygy saklamak üçin zerur bolan ähli kazyýet çärelerine gatnaşýar.
3. Aklawçy hemişe Statuty, kazyýet önümçiliginiň tertip we subutnama düzgünlerini, kazyýetiň reglamentini we önümçiliginde Kazyýet tarapyndan onuň özüni alyp baryşy boýunça ulanyp bilinjek karalary, şol sanda hem, häzirki Kodeksiň ýerine ýetirilmeginiň üpjün edilmegini, ýerine ýetirýär.
4. Aklawçy häzirki Kodeksiň berjaý edilmegini üpjün etmek üçin öz kömekçileriniň we beýleki işgärleriň, şol sanda hem, sülçileriň, sekretarlaryň we derňew geçirijileriň işine gözegçilik edýär.

### 8-Madda: Hünär syrlylygyň we gizlinliligiň berjaý edilmegi

1. Statuta, tertip we subutnama düzgünlerine, kazyýetiň reglamentine laýyklykda aklawçy maglumatyň gizlinligini goramak we hünär syrlylygyny üpjün etmek üçin ähli ätiýaçlyk çärelerini berjaý etmelidir.
2. Häzirki maddanyň 1-nji bölüminde salgylanma berilen degişli düzgünler, Statutyň 64-nji maddasynyň 6(c) bölümini, 64-nji maddasynyň 7-nji bölümini, 67-nji maddasynyň 1(b) bölümini, 68-nji we 72-nji maddalary, kazyýet önümçiliginiň tertip

we subutnama düzgünleriniň 72-nji, 73-nji we 81-nji düzgünlerini, kazyýet reglamentiniň 97-nji düzgünnamasyny öz içine alýar. Şeýle-de aklawçy şu Kodeksiň degişli düzgünnamalaryny we Kazyýetiň her bir buýrugyny ýerine ýetirýär.

3. Şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümlerine laýyklykda goralýan maglumaty aklawçy özi bilen işleýän aklawça, kömekçilere we şol maglumata degişli bolan iş boýunça işleýän beýleki işgärlere diňe şol iş bilen bagly wezipesini ýerine ýetirmek üpjün etmek üçin aýan edip biler.

4. Şu maddanyň 3-nji bölümine laýyklykda, aklawçy şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümine laýyklykda goralýan maglumaty diňe Statutyň, kazyýet önümçiliginiň tertip we subutnama düzgünleriniň, kazyýet reglamentiniň ýada häzirki Kodeksiň haýsy hem bolsa düzgüninde göz öňünde tutulan halatlarda ýada Kazyýetiň buýrugy boýunça aýan edip bilýär. Hususan-da, aklawçy goralýan jebir çekenleriň we şaýatlaryň şahsyýetlerini ýada olaryň şahsyýetini we ýerleşýän ýerini aýan edip biljek her bir gizlin maglumaty, eger oňa Kazyýet tarapyndan şeýle etmek buýruk berlen bolmasa, aýan etmeli däldir.

### 9-Madda: Aklawçy bilen müşderiniň arasyndaky gatnaşyklar

1. Aklawçynyň özüni alyp baryşy islendik başga adama, hususan-da onuň müşderisine, haýsy millete degişlidiginiň, teniniň reňkiniň, etniki ýada milli gelip çykyşynyň, milletiniň, raýatlylygynyň, jynsynyň, syýasy ynamynyň, maýyplygynyň, maşgala ýada beýleki şahsy ýada ykdysady ýagdaýynyň esasynda kemsidiiji häsiýetde hereket etmeli däldir.
2. Müşderii bilen öz gatnaşyklarynda aklawçy, hususan-da aklawçy gynamanyň ýada fiziki, psihologiki ýada jynsy sütemiň pidalarynyň, ýada çagalaryň, garry adamlaryň ýada maýyplaryň bähbitlerini goraýan halatlarda, onuň şahsy ýagdaýlaryny we belli zerurlyklaryny göz öňünde tutmalydyr.
3. Haçan-da öz psihiki doly ukupsyzlygy ýada islendik beýleki sebäplere görä müşderiniň öz bähbidini goramak boýunça çözgüt kabul etmek ukyby çäklendirilen halatlarda, aklawçy bu barada Sekretary we degişli gullugy habarly edýär. Mündan başga, Statuta we kazyýet önümçiliginiň tertip we subutnama düzgünlerine laýyklykda, aklawçy müşderiniň bähbitleriniň ýerlikli ýuridiki goralmagyny üpjün etmek üçin zerur çäreleri görmelidir.
4. Aklawçy hiç hili gelşiksiz özüňi alyp barmaga, mysal üçin öz müşderisinden jynsy gatnaşygy talap etmek ýaly, mejbur etme, gorkuzma ýada beýleki hyýanat atmalary müşderi bilen öz gatnaşyklaryna täsir etmekde ulanmak ýaly, ýol bermeli däldir.

### 10-Madda. Mahabat

Aklawçy mahabat bildirişlerini edip biler, eger şol maglumat:

(a) dogry; we

(b) gizlinlik we aýratyn hukuklar boýunça aklawçynyň borçlaryny göz öňünde tutýan bolsa.

## 2-Bölüm: Aklawçy tarapyndan wekilçilik etme

[...]

### 12-Madda: Wekilçilik etmäge päsgelçilikler

1. Aklawçy aşakdaky halatlarda müşderisine wekilçilik edip bilmeýär:
   a) eger aklawçynyň alyp barýan işi onuň ýada ýoldaşynyň başga bir müşderiniň işine wekilçilik edýän ýada eden işi bilen bir bolsa ýada onuň bilen düýpli bagly bolsa, hem-de şu müşderiniň bähbitleri öňki müşderiniň bähbitleri bilen gabat gelmeýän bolsa, özem eger şu wagtky we öňki müşderi maslahatlaşygyň esasynda ylalaşanlaryndan beýleki halatlarda; ýada
   b) haçanda Kazyýetde çykyş etmäge ymtylýan aklawçy şol işe degişli gizlin maglumat bilen bagly bolanda ýada Kazyýetiň işgäri hökmünde şol maglumat bilen tanyşdyrylan halatynda. Emma aklawçynyň isleg bildirmegiň esasynda, Kazyýetiň karary bilen, hem-de adalatyň bähbidine delilli hasaplanan halatynda, şeýle päsgelçilik aýyrylyp bilner. Şonda-da aklawçy Kazyýetiň işgäri hökmünde öňki iş ýeri bilen bagly gizlinlikleriň beýan edilmezligine borçludyr.
2. Şu maddanyň 1(a) bölümi ýagdaýynda, haçanda maslahat geçirmegiň esasynda ylalaşyk gazanylandan soň, şu ýagdaý ýada önümçilik bilen iş salyşýan Kazyýet Gullugyny bähbitleriň çaknyşmagy we gazanylan ylalaşyk barada habarly edýär. Şeýle habar berme şu Kodeksiň 8-nji maddasyna we kazyýet önümçiliginiň tertip we subutnama düzgünleriniň 73-nji düzgüniniň 1-nji bölümçesine laýyklykda aklawçynyň gizlinlik boýunça borçnamasyna laýyk geler ýaly edip berilmelidir.
3. Eger işe aklawçyny ýada onuň ýoldaşyny şaýat hökmünde çagyrylmak mümkinçiligi bar bolsa, diňe aşakda bellenilen halatlarda aklawçy kazyýet önümçiligine gatnaşýan däldir, ýagny:
   a) Şaýat görkezmeleri çözülmedik soraglara degişli däl bolsa; ýada
   b) Şaýat görkezmeleri şol iş boýunça berilýän ýuridiki hyzmatlaryň häsiýetine we gymmatlygyna degişli däl bolsa.
4. Şu madda häzirki Kodeksiň 16-njy maddasyna zeper ýetirmeýär.

### 13-Madda: Aklawçynyň wekilçilik etmek ylalaşykdan ýüz öwürmegi

1. Aklawçynyň sebäbini görkezmezden ylalaşykdan ýüz öwürmäge hukugy bardyr.
2. Aklawçy ylalaşykdan ýüz öwürmäge borçludyr, eger:
   a) şu Kodeksiň 16-njy maddasyna laýyklykda bähbitleriň çaknyşygy bar bolsa;
   b) aklawçynyň şol sorag bilen yhlas bilen meşgullanmaga ýagdaýy ýok bolsa; ýada
   c) aklawçy özünde zerur bolan bilim we tejribe ýoklugyny hasaplasa.

### 14-Madda: Wekilçilik etmek ylalaşygy ak ýürekden ýerine ýetirmek

1. Aklawçy bilen müşderiniň gatnaşygy açyk maglumat alyş-çalyş we ynam bilen häsiýetlenýär we aklawçyny müşderi bilen akýürekli işlemäge borçly edýär. Öz borjuny ýerine ýetirende aklawçy öz müşderisi bilen hemişe adalatly, dogruçyl we açyk hereket etmelidir.
2. Müşderisiniň bähbitlerine wekilçilik edende aklawçy:
   a) eger Statuta, kazyýet önümçiliginiň we şu Kodeksiň düzgünlerine laýyklykda aklawçynyň borçlaryna garşy bolmasa, müşderiniň onuň wekilçiligi boýunça çözgütlerine esaslanmalydyr; we
   b) müşderisine özüniň wekilçiliginiň maksatlaryny haýsy serişdeleriň kömegi bilen amala aşyryp bolýandygy barada maslahat bermelidir.

### 15-Madda: Aklawçy bilen müşderiniň arasyndaky aragatnaşyk

1. Aklawçy müşderisine onuň wekilçiligi boýunça oňa düşünjeli çözgütleri kabul etmek üçin zerur bolan ähli düşündirmeleri bermelidir.
2. Haçanda aklawçy wekilçilikden boşanda ýada ony bes edende, ol wekilçilik möhletinden soň hereket edýän borçnamalaryna zeper ýetirmezden, şol wekilçilik esasynda işiň materiallary boýunça alan ähli maglumatlaryny gysga wagtyň içinde öňki müşderisine ýada özüni çalyşan aklawça geçirmelidir.
3. Müşderisi bilen aragatnaşykda bolanda aklawçy şol aragatnaşygyň gizlinligini üpjün etmelidir.

### 16-Madda: Bähbitleriň çaknyşygy

1. Aklawçy islendik bähbitleriň çaknyşygynyň öňüni almagy üpjün etmek üçin ähli ätiýaçlyk çärelerini görmelidir. Aklawçy, şol bir wagtyň özünde Statutyň, kazyýet önümçiliginiň tertip we subutnama düzgünleriniň we şu Kodeksiň düzgünnamalaryny doly berjaý etmek bilen, öz şahsy aklawçy bähbidinden ýada başga bir adamyň, guramanyň ýada döwletiň bähbidinden müşderisiniň bähbidini ileri tutmalydyr.
2. Aklawçyny jebir çekenleriň ýada jebir çekenleriň belli bir toparynyň umumy ýuridiki wekili hökmünde hakyna tutulan ýada bellenen halatynda, wekilçiligiň häsiýeti we şol toparyň çäklerinde mümkin bolan bähbitleriň çaknyşygy barada ol ilkibaşdan öz müşderilerini habarly etmelidir. Aklawçy öz müşderileriniň üýtgeşik emma ylalaşylýan nukdaýnazarlarynyň adalatly wekilçiligini üpjün etmek üçin ähli ätiýaçlyk çäreleri görmelidir.
3. Bähbitleriň çaknyşygy ýüze çykan halatynda, aklawçy galtaşmagy mümkin boljaklaryň hemmesini bu barada haýal etmän habarly etmelidir we:
   a) Gullugyň deslapky ylalaşygy bilen bir ýada birnäçe müşderä wekilçiligini bes etmelidir; ýada

b) galtaşmagy mümkin bolan müşderileriniň ählisinden wekilçiligini dowam etmek boýunça hat üsti bilen doly we düşünjeli razyçylygyny soramalydyr.

**17-Madda: Wekilçilik etmek ylalaşygyň hereket edýän möhleti**

1. Aklawçy:
   a) kazyýet tarapyndan seredilýän iş, şol sanda hem, ähli şikaýat etmeler, doly çözülýänçä;
   b) şu Kodeksiň 16-njy ýada 18-nji maddasyna laýyklykda aklawçy ylalaşykdan çykýança; ýada
   c) Kazyýet tarapyndan bellenen aklawçy yzyna çagyrylýança müşderisine maslahat berýär we onuň adyndan wekilçilik etmelidir.
2. Şu Kodekse laýyklykda saklanyp galýan jogapkärçilikleri hasaba almazdan, aklawçynyň müşderiniň öňündäki jogapkärçiligi wekilçilik möhleti gutarýança dowam etmelidir.

**18-Madda: Wekilçilik etmegiň bes edilmegi**

1. Palatanyň deslapky razyçylygy bilen Kazyýetiň reglamenti boýunça aklawçy aşakdaky halatlarynda ylalaşykdan çykyp biler, ýagny:
   a) müşderiniň ýerine ýetirilmesini talap edýän meselesi aklawçynyň pikiriçe ynsapsyz bolsa; ýada
   b) müşderi aklawçynyň hyzmatlary bilen bagly aklawçynyň öňünde borçlaryny berjaý etmese, we eger şol borçlar ýerine ýetirilmese aklawçynyň öz işini bes etjekdigi barada delillendirilen duýduryş alan bolsa.
2. Aklawçy ylalaşykdan çykan halatynda, ol şu Kodeksiň 8-nji maddasynyň, şeýle-de gizlinlige degişli kazyýet önümçiliginiň tertibi we subutnama baradaky Statutyň düzgünlerine tabyn galmalydyr.
3. Aklawçy müşderi tarapyndan öz jogapkärçiliginden boşadylan halatynda, Kazyýetiň Reglamentiniň düzgünlerine laýyklykda aklawçy öz jogapkärçiliginden boşadylyp bilner.
4. Eger aklawçynyň fiziki ýada ruhy ýagdaýy onuň müşderisine wekilçilik etmek ukubyny düýpli çäklendirýän halatynda, aklawçy Gulluk tarapyndan onuň islegi boýunça ýada müşderiniň ýada Sekretaryň islegi boýunça yzyna çagyrylyp bilner.
5. 15-nji maddanyň 2-nji bölümine laýyklykda ähli jogapkärçiligini berjaý etmekden daşary aklawçy iş boýunça ähli resminamalar toplumyny, şol sanda hem, işe degişli ähli materiallary we resminamalary, özüni çalyşan aklawça geçirmelidir.

**19-Madda: Resminamalaryň saklanmagy**

Wekilçilik etmegi tamamllanandan soň aklawçy 5 ýylyň dowamynda wekilçilik ylalaşygy ýerine ýetirmek bilen bagly taýýarlanan resminamalary we işçi ýazgylary

saklamalydyr. Eger onuň garşy bolmaga esaslaryň bolmazlygynda, aklawçy öňki müşderisine işe degişli resminamalary bilen tanyş bolmaga rugsat bermelidir. Şol möhlet tamamlanandan soň aklawçy öňki müşderisinden, onuň mirasdüşerlerinden ýada Sekretardan gizlinligi berjaý etmek bilen şol resminamalary ýok eymek boýunça görkezme soramalydyr.

**20-Madda: Aklawçynyň galam haky**

Wekilçilik ylalaşygyna gol çekilmezden öň aklawçy soraýan galam hakynyň nyrhy barada, onuň hasaplanylşy, çykdajylary hasaplamagyň esaslary, hem-de hasaplaşyk usullary barada müşderisini hat üsti bilen habarly etmelidir.

**21-Madda: Gadagan etmeler**

1. 22-nji maddanyň düzgünlerine garamazdan, eger müşderi oňa maslahat geçirilenden soň hat üsti bilen razyçylyk bermese we bu hereketler aklawçynyň garaşsyzlygyny we onuň müşderi bilen aragatnaşygyna täsir etmeýän bolsa aklawçy öz müşderisinden başga çeşmeden nagt ýada haryt görnüşinde galam haky almaly däldir.
2. Aklawçy galam hakyny hiç mahal alyp barýan işiniň netijesi bilen şertlendirmeli däldir.
3. Aklawçy müşderisiniň serişdelerini öz şahsy ýada iş bilen üpjün edýän adamyň ýada aklawçynyň ýoldaşynyň serişdeleri bilen garyşdyrmaly däldir. Aklawçy müşderiniň adyna gelen pul möçberinden saklap galmaly däldir.
4. Aklawçy öz müşderisinden pul ýada hususy serişdeleri karzyna almaly däldir.

**22-Madda: Hukuk kömegini berenligi üçin aklawçynyň sylaglanmagy**

1. Aklawçynyň müşderisine berlen hukuk kömegi üçin galam hakyny diňe Kazyýetiň Sekretariaty töleýär. Aklawçy başga islendik çeşmeden pul ýada haryt görnüşinde peşgeş almaly däldir.
2. Aklawçy müşderisine wekilçilik edeni üçin alan galam hakynyň baryny ýada onuň bir bölegini ýada başga hususy serişdeleri ýada nagt puly şol müşderiniň adyna, onuň haryndaşlarynyň, tanyşlarynyň ýada müşderiniň olara degişli bähbidi bar bolan islendik üçünji tarapyň ýada guramanyň adyna geçirmeli we karzyna bermeli däldir.
3. Hukuk kömegini bermek boýunça bellenmegi kabul edende aklawçy şu madda laýyklykda borçnamalary berjaý etmäge ylalaşyga gol çekmelidir. Gol çekilen ylalaşyk Kazyýetiň Sekretariatyna ugradylmalydyr.
4. Haçanda aklawçyny şu madda laýyklykda borçnamalaryny bozmaga soralan, höwes döredilen ýada ündelen halatynda, aklawçy şol hereketleriň gadagan edilýändigi barada müşderisini habarly etmelidir.
5. Şu madda laýyklykda aklawçy tarapyndan şertnamanyň bozulmagy özüňi ýerliksiz alyp barmagy aňladýar we şu Kodekse laýyklykda düzgün-nyzam

jogapkärçiligine çekilmegine eltýär. Aklawçynyň Kazyýetde işlemäge hemişelik gadagan edilmegine we bu maglumaty degişli milli gurama geçirmek bilen aklawçylaryň sanawyndan çykarylmagyna eltip biler.

## 3-Bölüm: Kazyýet we beýleki taraplar bilen aragatnaşyk

### 23-Madda: Palatalar we Kazylar bilen aragatnaşyk

Diňe belli bir işi alyp barýan kazy ýada Palata, aýratyn ýagdaýlarda aklawça degişli hereket etmäge rugsat bermeseler, aklawçy aşakdakylary etmeli däldir:

a) kazyýet önümçiliginiň gidişinde degişli aragatnaşykdan başga halatlarda, anyk işiň esasy boýunça kazy ýada Palata bilen aragatnaşyga girmek; ýada
b) diňe Sekretariatyň üsti bilen bolmasa, subutnamalary, ýazgylary ýada resminamalary kaza ýada Palata geçirmek.

### 24-Madda: Kazyýetiň öňündäki borç

1. Aklawçy öz hereketleri ýada öz kömekçileriniň we işgärleriniň hereketleriniň alnyp barylýan kazyýet önümçiligine hem-de kazyýetiň abraýyna zyýan ýetirmezligi üçin ähli zerur bolan ätiýaçlyk çäreleri görmelidiir.
2. Aklawçy müşderisiniň işini alyp barmagy we onuň adyndan wekilçilik edýändigi üçin şahsy jogapkärçilik çekýär we eden beýannamalarynyň we beren soraglarynyň mazmuny we maksatlary boýunça şahsy çözgüdi kabul etmelidir.
3. Aklawçy kazyýeti aldamaly ýada ony bilgeşleýin ýalňyşdyrmaly däldir. Ol özi ýada onuň kömekçileri ýada işgärleri tarapyndan ýalňyş edilen beýýannamalary, haçanda şol edilen beýýannamalaryň ýalňyşdygy aýan bolanda, tiz wagtyň dowamynda düzetmek üçin zerur bolan ähli çäreleri görmelidir.
4. Aklawçy kazyýet önümçiliginiň bir ýada köp gatnaşyjylaryna zyýan ýetirmek ýeke-täk maksady bilen hiç bir beýannama ýada resminama tabşyrmaly däldir.
5. Aklawçy öz müşderisine ýerliksiz çykdajylaryň bolmazlygy üçin we iş önümçiliginiň saklanmazlygy üçin tiz wagtyň içinde wekilçilik etmelidir.

### 25-Madda: Subutnamalar

1. Aklawçy Kazyýete görkezilýän ýazgy, dil üsti ýada beýleki görnüşde bar bolan subutnamalaryň bütewiligini hemişe saklamalydyr. Ol özüne belli bolan nädogry subutnamalary bermeli däldir.
2. Eger aklawçy subutnamalary toplamak bilen, olaryň ýok edilip ýada galp ýasalayp bilinjekdigine ynansa, onda ol kazyýet önümçiligi we subut etme düzgünleriniň 116-njy düzgünine laýyklykda subutnamalary toplamak boýunça karar çykarmak islegi bilen Palata ýüz tutmalydyr.

**26-Madda: Wekilçilik edilmeýan adamlar bilen aragatnaşyk**

1. Haçan-da wekilçiligiň şertleri muny talap edýän bolsa, aklawçy müşderisiniň bähbidi üçin wekilçilik edilmeýän adama ýüz tutup ýada onuň bilen duşuşyp biler.
2. Aklawçynyň wekilçilik edilmeýän adamlar bilen aragatnaşyk eden halatynda, ol:
   a) olaryň aklawçynyň kömegine hukugy, we, eger bu mümkin bolsa, olaryň aklawçylyk kömegine hukuklary barada habarly etmelidir; we
   b) aklawçynyň bähbitleri we aragatnaşygyň maksatlary barada, şol bir wagtyň özünde aklawçynyň müşderisinden alan maglumatlaryň gizlinligini bozman, olary habarly etmelidir.
3. Eger wekilçilik edilmeýän adam bilen aragatnaşygyň ýada duşuşygyň dowamynda mümkin bolan bähbitleriň çaknyşygy aklawça aýan bolsa, ol şu maddanyň 1-nji bölümini düzýän düzgünlere garamazdan, şol adam bilen aragatnaşykdan ýada duşuşykdan şol wagt saklanmalydyr.

**27-Madda: Beýleki aklawçylar bilen aragatnaşyk**

1. Beýleki aklawçylar we olaryň müşderileri bilen aragatnaşykda aklawçy özüni adalatly, dogruçyl we edepli alyp barmalydyr.
2. Kazyýete degişli ýada degişli bolmadyk jedelde umumy bähbitli müşderilere wekilçilik edýän aklawçylaryň arasyndaky edilen we müşderiler tarapyndan maglumat alyşmaga razyçylyk berlen ähli aragatanaşyklar aklawçylar tarapyndan gizlin we aýratyn hukukly hasaplanylmalydyr.
3. Eger aklawçylaryň arasyndaky belli hat alyşma gizlin bolar diýip ynanmasa, ol şeýle hat alyşmanyň gizlin däldigini başdan anyk aýdýar.

**28-Madda: Aklawçy tarapyndan wekilçilik edilen adamlar bilen aragatnaşyk**

Aklawçy beýleki aklawçyniň müşderisine gönüden-göni, diňe şol aklawçynyň üsti bilen ýada razyçylygynda bolmasa, ýüz tutmaly däldir.

**29-Madda: Şaýatlar we zyýan çekenler bilen aragatnaşyk**

1. Aklawçy şaýatlary ýada zyýan çekenleri gorkuzmasyz, zorluk etmesiz ýada kemsitmesiz, şeýlede kazyýet geňeşiniň otagynda ýada onuň daşynda olara esassyz ýada çendenaşa zor salmadan saklanmalydyr.
2. Aklawçy gynamanyň ýada jynsy, fiziki ýada psihologiki sütemiň pidalaryna, çagalara, garry adamlara we maýyplara aýratyn üns berýär.

## 4-Bölüm: Düzgün-nyzam tertibi

### 30-Madda: Beýleki düzgün-nyzam tertipleri bilen bähbitleriň çaknyşygy

Şu Kodeksiň 38-nji maddasynyň düzgünlerini göz öňünde tutmak bilen şu bölüm şu Kodekse laýyklykda aklawçynyň garşysyna ulanyp boljak başga islendik düzgün-nyzam guramanyň düzgün-nyzam ygtyýarlyklaryna zyýan ýetirmeli däldir.

### 31-Madda: Bikanun özüňi alyp barma

Aklawçynyň özüňi alyp barşy aşakdaky halatlarda bikanun hasaplanýandyr, ýagny, eger ol:

a) şu Kodeksiň, Statutyň, kazyýet önümçiligi we subut etme düzgünleriniň islendik düzgünnamalaryny we öňa ahlak we hünär borçnamalaryny ýükleýän kazyýet we kazyýet sekretariatynyň hereket edýän reglamentini bozýan ýada bozmaga çalyşýan bolsa;

b) Başga biriniň şu maddanyň (a) bölüminde agzalan bikanun özüni alyp barmagyna ýardam berýän ýada iterýän bolsa, ýada ony başga biriniň üsti bilen etse; ýada

c) şu bölümiň düzgünnamalaryna laýyklykda çykarylan düzgün-nyzam çözgütlerini berjaý etmeýän bolsa.

### 32-Madda: Kömekçileriň ýada beýleki işgärleriň özüni alyp barşy üçin jogapkärçilik

1. Aklawçy öz kömekçileriniň ýada işgärleriniň şu Kodeksiň 31-nji maddasynda göz öňünde tutulan bikanun özüni alyp baryşlaryna jogapkärçilik çekmelidir, eger ol:

   a) şeýle hereket etmäge görkezme beren ýada ony goldaýan bolsa; ýada

   b) şeýle bozulmalaryň ediljekdigini bilýän, ýada ol barada onda degişli maglumat bar bolsa we ýagdaýy düzetmek üçin hiç hili çäre görmeýän bolsa.

2. Aklawçy şu Kodeksde göz öňünde tutulan standartlar boýunça öz kömekçilerine ýada işgärlerine görkezme bermelidir.

### 33-Madda: Ygtyýarlandyrylan wekil

1. Şu bölüme laýyklykda bikanun hereket boýunça şikaýatlara seretmäge jogap berýän ygtyýarlandyrylan wekil Prezidium tarapyndan dört ýyllyk möhlet bilen bellenilmelidir. Ygtyýarlandyrylan wekil hünär ahlagy we ýuridiki meseleleri boýunça meşhur başarjaňlygy bar bolan adamlaryň arasyndan saýlanmalydyr.

2. Ygtyýarlandyrylan wekiliň täzeden saýlanmaga hukugy ýokdur. Derňewi geçirýäm ýgtyýarlandyrylan wekil, onuň ygtyýarlygynyň möhleri tamamlananda, alyp barýan işini gutarýança dowam etmelidir.

### 34-Madda: Bikanun özüňi alyp barma üçin şikaýat etme

1. 32-nji we 33-nji maddalarda agzalan akawçynyň bikanun özüni alyp barmagy boýunça şikaýatlar aşakda bellenen taraplardan Sekretariata berilip bilner, ýagny:
   a) şol iş boýunça önümçiligi alyp barýan Palata tarapyndan;
   b) prokuror tarapyndan; ýada
   c) çak edilýän bikanun hereket sebäpli hukuklaryna we bähbitlerine zyýan ýeten her bir adam ýada adamlaryň topary tarapyndan.
2. Şikaýat hat üsti bilen ýada, eger şikaýat bilen ýüz tutýan adamyň oňa ýagdaýy bolmasa, dilden Sekretariata edilmelidir. Şikaýatda ýüz tutýan adam we garşysyna şikaýat edilýän aklawçy barada maglumat berilmelidir we çak edilýän bikanun hereketi doly suratlandyrmalydyr.
3. Sekretar şikaýaty derňewi alyp barýan Ygtyýarlandyrylan wekile geçirmelidir.
4. Sekretar öz başlangyjy bilen şu Kodeksiň 31-nji we 32-nji maddalarynda agzalan bikanun hereketler boýunça şikaýat bilen Ygtyýarlandyrylan wekile ýüz tutmaga mümkinçiligi bolmalydyr.
5. Sekretar ähli şikaýatlaryň gizlinlik häsiýetini berjaý etmelidir.

### 35-Madda: Şikaýatyň möhleti

Aklawçynyň bikanun özüni alyp barşyna şikaýat etmek hukugy wekilçilik etmek boýunça ylalaşyk togtadylandan soň bäş ýylyň dowamynda hereket edýär.

### 36-Madda: Düzgün-nyzam geňeşiniň düzümi we işiniň dolandyrylyşy

1. Düzgün-nyzam geňeşiniň düzümi 3 agzadan durýar, olaryň ikisi hemişelik agza, biri bolsa şol ýagdaý üçin ýörite agza bolmalydyr.
2. Düzgün-nyzam geňeşiniň agzalary öz wezipelerini şu Kodekse laýyklykda garaşsyz we adalatly ýerine ýetirmelidir.
3. Sekretariat şu maddanyň 4-nji bölüminde göz öňünde tutulan saýlawlary geçirmek boýunça aklawçylar we, ýagdaýa görä, milli guramalar bilen maslahatlaşykda degişli çäreleri görmelidir.
4. Iki hemişelik agza, şeýle-de şu maddanyň 10-njy bölümine laýyklykda beýleki agzanyň ornuna goýulypp bilinjek bir agzanyň orunbasary, Kazyýet tarapyndan seredilýän işler bilen meşgullanmaga hukugy bar ähli aklawçylar tarapyndan 4 ýyl möhleti bilen saýlanýar. Olar hünär ahlaklylygy we ýuridiki soraglar boýunça meşhur başarjaňlygy bar bolan adamlaryň arasyndan saýlanylmalydyr.
5. Ýörite agza doly ygtyýarly milli gurama tarapyndan garşysyna düzgün-nyzam önümçiligi gozgalan aklawçynyň işini düzetmek we gözegçilik etmek üçin bellenen adam bolýar.

6. Hemişelik agzalaryň täzeden saýlanmagyna hukugy bolmaly däldir.
7. Şu maddanyň 4-nji bölümine garamazdan, ilkinji saýlawlaryň dowamynda hemişelik agzalaryň biri bije atmak arkaly özüne tabşyrylan wezipeleri ýerine ýetirmek üçin alty ýyllyk saýlanylmalydyr.
8. Her saýlawdan soň we täzeden saýlanan Düzgün-nyzam geňeşiň ilkinji ýygnagy geçirilýänçä hemişelik agzalar we agzalaryň orunbasarlary hemişelik agzalaryň birini başlyk hökmünde saýlamalydyrlar.
9. Düzgün-nyzam geňeşiň ähli agzalarynyň deň hukuklary we ses sany bolmalydyr. Düzgün-nyzam geňeşi sesleriň köplügi esasynda çözgüt kabul etmelidir. Şu maddanyň 10-njy bölümine laýyklykda haýsy hem bolsa bir iş bilen meşgullanýan agzanyň orunbasarynyň hemişelik agzalary hem-de şol bir iş bilen meşgullanýan ýörite agzalary bilen meňzeşlikde deň hukugy we ses sany bolmalydyr.
10. Eger hemişelik agzalaryň biri şol işi alyp baryp ýada Düzgün-nyzam geňeşiň wezipelerini ýerine ýetirip bilmese, onda başlyk ýada degişli hemişelik agza başlyk bolan halatlarda beýleki hemişelik agza Düzgün-nyzam geňeşiň düzüminde özüniň agzanyň orunbasary bilen çalyşylmagyny soramalydyr.
11. Ygtyýarnama möhletleri tamamlanan hemişelik agzalar ýada agzanyň orunbasary özleriniň seredýän işlerini olar, şol sanda hem, ähli şikaýatlar, doly çözülýänçä alyp barmagyny dowam etmelidir.
12. Sekretar Düzgün-nyzam geňeşine sekretariat hyzmatlaryny bermek üçin sekretariatyň işgärini bellemelidir. Bellenenden soň sekretariatyň degişli işgäri sekretariatdan garaşsyz hereket edýär we şu Kodeksiň 44-nji maddasynyň 12-nji bölümine laýyklykda Düzgün-nyzam geňeşine diňe sekretariat hyzmatlaryny bermelidir.

### 37-Madda: Deslapky tertipler

1. Eger edilen şikaýat şu Kodeksiň 34-nji maddasynyň talaplaryna gabat gelýän bolsa, onda Ygtyýarlandyrylan wekil ony düzgün-nyzam önümçiligi degişli aklawça geçirmelidir, we aklawçy şikaýat geçirilen senesinden başlap 60 günüň dowamynda jogap bermelidir.
2. Alnan jogap çaklanylýan bikanun hereketiň milli guramada düzgün-nyzam önümçiligine degişli bolandygy ýada häzirki wagtda bolýandygyny görkezilmelidir. Eger jogap bu ýagdaýy tassyklaýan bolsa, onuň düzüminde aşakdakylar bolmaly:
   a) çak edilýän bikanun hereket boýunça çözgüt kabul edýän milli edaranyň ady; we
   b) düzgün-nyzam önümçiligini ýerine ýetirmegine esas bolan berlen mysallaryň beýan edilmegi bilen milli guramanyň güwä geçýän maglumaty.

### 38-Madda: Düzgün-nyzam çäreleriniň üstüniň ýetirilmegi

1. Şu Kodeksde göz öňünde tutulan düzgün-nyzam önümçiligi Düzgün-nyzam geňeşi tarapyndan alnyp barylmalydyr.

2. Düzgün-nyzam geňeşiniň ýörite agzasy önümçilik bilen bagly aragatnaşygyň ähli taraplary we maslahatlaşyklary geçirmek boýunça degişli milli gurama bilen aragatnaşygy sakllaýan adam hökmünde çykyş etmelidir.

3. Garşysyna düzgün-nyzam önümçiligi gozgalan aklawçy şol işi alyp barýan gurama Düzgün-nyzam geňeşine çaklanylýan bikanun hereket bilen bagly düzgün-nyzam önümçiliginiň gidişi we onuň ahyrky çözgüdi barada habar bermegini soramaly we şeýle meseleler boýunça aragatnaşygyň goldanylmagyna ýardam bermek üçin ähli zerur çäreleri görmeli.

4. Çaklanylýan bikanun hereket düzgün-nyzam önümçiligi üçin esas bolan halatlarda, we ol degişli milli gurama tarapyndan başlanan bolsa, düzgün-nyzam önümçiligi Düzgün-nyzam geňeşiniň çäklerinde ilkinji önümçilik boýunça ahyrky çözgüt kabul edilýänçä, aşakdakylardan başga halatlarda, soňa goýulmalydyr:

   a) milli gurama delillendirilen wagtyň dowamynda şu maddanyň 2-nji bölümine laýyklykda maslahatlaşyklar boýunça habarlara we soraglara jogap bermeýär; ýada

   b) Düzgün-nyzam geňeşi alnan maglumatlar kanagatlanarly diýip hasaplamaýar; we

   c) Düzgün-nyzam geňeşi alnan maglumatyň çäklerinde milli gurama düzgün-nyzam önümçiligini tamamlamaga ukuply däl ýada islegi ýok diýip hasaplaýar.

5. Milli gurama tarapyndan çözgüdi alan badyna, Düzgün-nyzam geňeşi:

   a) kabul edilen çözgüdiň şu Kodekse laýyklykda bikanun hereket boýunça şikaýatyň ýerlikli çözülmegini üpjün etmeýän halatlardan başga ýagdaýlarda önümçiligiň ýatyrylmagyny yglan edýär; ýada

   b) milli gurama çözgüdi Düzgün-nyzam geňeşinde seredilmäge goýulan bikanun hereketi doly öz içine almaýandygyny ýada diňe bölekleýin alýandygyny, we şol sebäpli önümçiligiň dowam etdirilmelidigini yglan edýär.

6. 3-nji bölümde we (b) bölümçede göz öňünde tutulan halatlarda, Düzgün-nyzam geňeşi şol önümçilik barada giňişleýin maglumat, şol sanda hem, görkezip bolunjak islendik ýazgylary we subutnamalary, bermegini haýyşt edip garşysyna düzgün-nyzam önümçiligi gozgalan aklawça ýüz tutup biler.

7. Düzgün-nyzam geňeşiniň şu maddanyň esasynda kabul eden çözgüdi düzgün-nyzam şikaýat geňeşinde şikaýat edilip bilner.

**39-Madda: Düzgün-nyzam önümçiligi**

1. Derňew işini geçirýän Ygtyýarlanan wekil, eger ol öz ygtyýarynda bolan maglumatlaryň esasynda bu düzgün-nyzam günälemäniň hakykatda we kanun boýunça delilsiz diýip yglan eden halatynda, derňewi dowam etmän şikaýaty togtadyp biler. Ol şikaýat eden adamy degişlilikde habarly etmelidir.

2. Eger Ygtyýarlandyrylan wekiliň pikiri başgaça bolsa, onda ol aklawçynyň bikanun hereketi barada arza boýunça haýal etmän derňew geçirmelidir we Düzgün-nyzam geňeşine hasabat bermek barada ýada önümçiligiň ýatyrylmagy barada çözgüt kabul etmelidir.

3. Derňewi alyp barýan Ygtyýarlandyrylan wekil şu işe degişli we subutnama ähmiýeti bolan hat üsti bilen, dilden ýada islendik başga görnüşde berlen ähli subutnamalary göz öňünde tutmalydyr. Ol şu düzgün-nyzam önümçiligi barada ähli maglumatlaryň gizlinligini saklamalydyr.

4. Eger maksada laýyk hasaplasa, Ygtyýarlandyrylan wekil meseläniň parahatçylykly çözüş usulyny tapmaga çalyşyp biler. Ygtyýarlandyrylan wekil meseläni parahatçylykly çözmäge gönükdirilen ähli aladalaryň netijesi barada Düzgün-nyzam geňeşine hasabat berýär. Ol bulary göz öňünde tutup biler. Şu Kodeks boýunça hiç hili parahatçylykly çözüş Düzgün-nyzam geňeşiniň hukugyna we ygtyýarlylygyna zyýan ýetirmeli däldir.

5. Ygtyýarlandyrylan wekiliň hasabaty Düzgün-nyzam geňeşiniň garamagyna berilmelidir.

6. Düzgün-nyzam geňeşinde seredilme açyk bolýar. Şol bir wagtyň özünde, Düzgün-nyzam geňeşi tutuş işe ýada onuň belli bir bölegine seredilmegi, hususan-da Ygtyýalandyrylan wekiliň hasabatynda bar bolan maglumatyň gizlinligini we zyýan çekenleriň we şaýatlaryň goragyny kepillendirmek üçin, ýapyk geňeşde geçirmek barada çözgüt kabul edip biler.

7. Ygtyrlandyrylan wekil we garşysyna düzgün-nyzam önümçiligi gozgalan aklawçy çakylyk almalydyrlar we görkezme bermelidirler. Düzgün-nyzam geňeşi hakykaty anyklamak üçin ähmiýetli hasaplanýan islendik başga adamlary çagyryp we olaryň görkezmesini diňläp biler.

8. Aýratyn halatlarda, haçanda çaklanylýan bikanun herekediň adyl kazyýetiň bähbitlerine agyr zyýan ýetirýän ähmiýeti bar bolanda, Ygtyýarlandyrylan wekil gyssagly Palata arza bilen ýüz tutýar. Ol ýerde garşysyna düzgün-nyzam önümçiligi gozgalan aklawçy Palatanyň şeýle aklawçyny zerurlyga görä işinden wagtlaýyn boşadylmagyny yglan etmegi boýunça çykyş edýär.

**40-Madda: Garşysyna düzgün-nyzam önümçiligi gozgalan aklawçynyň hukuklary**

1. Garşysyna düzgün-nyzam önümçiligi gozgalan aklawçynyň başga aklawçydan kömek almaga hukugy bardyr.

2. Aklawçynyň Düzgün-nyzam geňeşinde dymmaklyga hukugy bardyr. Düzgün-nyzam geňeşi şeýle dymmaklykdan özüne berilen ähli maglumatlaryň esasynda, öz pikiriçe, ýerlikli we delillendirilen hasaplaýan islendik netijäni çykaryp biler.

3. Aklawçynyň Ygtyrlandyrylan wekil tarapyndan toplanan maglumatlaryň we şaýat görkezmeleriniň, şeýlede Ygtyrlandyrylan wekiliň hasabatynyň, doly açylmagyna hukugy bolmalydyr.

4. Aklawça özüni goramaga taýýarlanmak üçin zerur bolan wagt berilmelidir.
5. Aklawçynyň Düzgün-nyzam geňeşi tarapyndan görkezme bermäge çagyrylan adamyny hususy özüniň ýada öz aklawçysynyň üstünden sorag etmäge hukugy bolmalydyr.

**41-Madda: Düzgün-nyzam geňeşiniň çözgütleri**

1. Özüne berlen subutnamalaryň esasynda önümçiligi tamamlamak bilen Düzgün-nyzam geňeşi haýsy hem bolsa bir bikanun hereketiň ýokdugy ýada garşysyna düzgün-nyzam önümçiligi gozgalan aklawçynyň çaklanýan bikanun hereketi edendigi kararyna gelip biler.
2. Kabul edilen çözgüt açyk yglan edilmelidir. Ol esaslandyrylan bolmalydyr we ýazgy görnüşinde çap edilmelidir.
3. Düzgün-nyzam önümçiligi gozgalan aklawçy we Sekretar çykarlan çözgüt barada habarly edilmelidir.
4. Eger çözgüt gutarnykly bolsa, ol kazyýetiň resmi žurnalynda çap edilmelidir we milli gurama gönükdirilmelidir.

**42-Madda: Temmi beriş çäreleri**

1. Bikanun hereket etmek barlygy anyklanan halatynda, Düzgün-nyzam geňeşi aşakdaky temmi beriş çäreleri ulanyp biler:
   a) duýduryş;
   b) aklawçynyň şahsy işinde beligiň salynmagy bilen jemgyýetçilik ýazgarmasy;
   c) 30.000 ýewro çenli möçberde jerime tölegi;
   d) iki ýyla çenli möhletde Kazyýetde iş alyp barmak hukugynyň wagtlaýyn togtadylmagy;
   e) aklawçylaryň sanawyndan çykarmak bilen Kazyýetde iş alyp barmagyny gadagan etmek.
2. Duýduryş Düzgün-nyzam geňeşiniň maslahatlaryny öz içine alyp biler.
3. Düzgün-nyzam önümçiligi bilen bagly çykdajylary baradaky sorag Düzgün-nyzam geňeşiniň garamagynda çözülýär.

**43-Madda: Şikaýatlar**

1. Garşysyna temmi çäresi ulanylan aklawçynyň we derňewi alyp barýan Ygtyýarlandyrylan wekiliň hakyky we ýuridiki esaslarda Düzgün-nyzam geňeşiniň çözgüdine şikaýat etmäge hukugy bardyr.
2. Çözgüt kabul edilen seneden 30 günüň dowamynda Düzgün-nyzam geňeşiniň sekretariaty şikaýat edilme barada habarly edimelidir.

3. Düzgün-nyzam geňeşiniň sekretariaty şikaýat etme boýunça habarnamany Düzgün-nyzam şikaýat geňeşine geçirmelidir.
4. Düzgün-nyzam şikaýat geňeşi Düzgün-nyzam geňeşiniň ýerine ýetirýän önümçiligine laýyklykda şol şikaýat boýunça çözgüt kabul etmelidir.

**44-Madda: Düzgün-nyzam şikaýat geňeşiniň düzümi we dolandyrylyşy**

1. Düzgün-nyzam şikaýat geňeşi Düzgün-nyzam geňeşiniň çözgütlerine şikaýatlar boýunça çözgütleri kabul etmelidir.
2. Düzgün-nyzam şikaýat geňeşiniň agzalary şu Kodekse laýyklykda öz wezipelerini garaşsyz we adalatly ýerine ýetirmelidir.
3. Aklawçy bilen we, zerur halatynda, milli gurama bilen maslahatlaşykda, şu maddanyň 5-nji bölüminde göz öňünde tutulan saýlawlaryň geçirilmegi üçin Sekretariat ýerlikli çäreleri görmelidir.
4. Düzgün-nyzam şikaýat geňeşiniň düzümi bäş adamdan ybarat durýar:
   a) Aşakdakylary içine alman, Kazyýetiň Reglamentiniň düzgünlerine laýyklykda aýratynlyk hukugy bolan Kazyýetiň üç kazysy:
      - düzgün-nyzam önümçiligine sebäp bolan şikaýat boýunça işi alyp barýan kazylar; ýada
      - ygtyýarlandyrylan wekili tarapyndan bellenilen Prezidiumyň islendik agzasy ýada öňki agzasy.

   b) Şu maddanyň 5-nji bölümine laýyklykda saýlanan iki adam.
5. Şu maddanyň 4(b) bölüminde agzalan Düzgün-nyzam şikaýat geňeşiniň iki agzasy, şeýlede şu maddanyň 6-njy bölümine laýyklykda ornuna goýlup bilinýän agzanyň orunbasary Kazyýet tarapyndan seredilýän işler bilen meşgullanmaga hukugy bolan ähli aklawçylar tarapyndan dört ýyllyk möhlete saýlanýarlar. Olar hünär ahlaklylygy we ýuridiki soraglar boýunça meşhur başarnygy bar adamlaryň arasyndan saýlanylmalydyr.
6. Eger saýlanan agzalaryň biri şu işi alyp baryp bilmese ýada Düzgün-nyzam şikaýat geňeşiniň agzasynyň wezipesini ýerine ýetirip bilmese, onda başlyk agzanyň orunbasarynyň Düzgün-nyzam şikaýat geňeşinde onuň ornyny çalyşmagyny soramalydyr.
7. Düzgün-nyzam şikaýat geňeşiniň agzalarynyň wezipeleri Düzgün-nyzam geňeşiniň agzalarynyň wezipeleri bilen utgaşylmaly däldir.
8. Saýlanan agzalaryň täzeden saýlanmaga hukugy bolmalydyr.
9. Şu maddanyň 4(a) bölüminde agzalan üç kazynyň arasynda aýratynlygy bar bolan kazy Düzgün-nyzam şikaýat geňeşiniň Başlygy bolmalydyr.
10. Düzgün-nyzam şikaýat geňeşiniň ähli agzalarynyň deň hukuklary we sesleri bolmalydyr. Düzgün-nyzam şikaýat geňeşi sesleriň köplügi esasynda çözgüt çykarmalydyr. Şu maddanyň 6-njy bölümine laýyklykda haýsy hem bolsa bir

iş boýunça çykyş edýän agzanyň orunbasarynyň şol iş boýynça çykyş edýän beýleki agzalary ýaly deň hukugy we sesi bolmalydyr.

11. Ygtyýarnama möhletleri tamamlanan agzalar öňki sereden işlerini, şol işler gutarnykly çözülýänçä alyp barmaklygy dowam etmelidir.

12. Şu Kodeksiň 36-njy maddasynyň 12-nji bölümine laýyklykda Düzgün-nyzam geňeşine sekretariat hyzmatlaryny bermek boýunça Sekretar tarapyndan bellenen Sekretariatyň işgäri Düzgün-nyzam şikaýat geňeşine hem sekretariat hyzmatlaryny bermelidir. Bellenilenden soň Sekretariatyň degişli işgäri Sekretariatdan garaşsyz hereket etmelidir .

[...]

## Adyl kazyýeti harby tribunallar tarapyndan dolandyrmagyň ýörelgeleriniň Taslamasy

*(55-nji sessiýada adam hukuklaryny goldamak we goramak boýunça kömekçi Komissiýa tarapyndan kabul edildi, 2005-nji ýyl)*

### Ýörelge № 1: Konstitusiýanyň ýada kanunyň esasynda harby tribunallaryň döredilmegi

Ygtyýarlyklary bölmek ýörelgäni berjaý etmek bilen harby tribunallar diňe Konstitusiýanyň ýada kanunyň esasynda döredilip bilner. Olar umumy kazyýet ulgamynyň aýrylmaz bir bölegi bolmalydyrlar.

### Ýörelge № 2: Halkara hukukçylyk kadalarynyň berjaý edilmegi

Harby tribunallar islendik ýagdaýlarda adalatly kazyýet derňewlerini, şol sanda hem, halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny kepillendirmek hökmünde halkara jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilen düzgünleri we kadalary ulanmalydyrlar.

[...]

### Ýörelge № 4: Raýatlaryň işine seretmek boýunça harby kazyýetleriň ygtyýarlygy

Umuman harby kazyýetleriň raýatlar boýunça işlere seretmäge ygtyýarlary bolmaly däldir. Islendik görnüşde jenaýat bozulmalarynda aýyplanýan raýatlaryň işlerine raýat kazyýetleriň seretmegini islendik halatlarda Döwlet üpjün etmelidir.

[...]

### Ýörelge № 7: Harby kazyýetleriň wezipe ygtyýarlyklary

Harby kazyýetleriň wezipeleri harby adamlar tarapyndan edilen diňe harby häsiýetli jenaýatlar bilen çäklenmelidir. Harby kazyýetler harby işgärlere deňleşdirilen adamlaryň işlerine diňe olaryň harby statusy bilen bagly jenaýatlary üçin seredip biler.

### Ýörelge № 8: Adam hukuklaryny gödek bozmakda günälenýän adamlaryň işlerine seredilme

Kazyýetsiz jeza berme, zorlukly ýitirim edilme we sütem berme ýaly adam hukuklaryny gödek bozulmagy, şeýle-de kazyýet yzarlamasynyň ýerine ýetirilmegi we görkezilen jenaýatlarda günälenýänleriň işine seredilmek islendik ýagdaýlarda ilki bilen harby kazyýetleriň dälde, adaty kazyýetleriň garamagyna geçirilmelidir.

[...]

### Ýörelge № 11: “Habeas corpus” kepilligi

Islendik ýagdaýlarda azatlykdan mahrum edilen islendik adamyň kazyýet tertibiniň gozgalmagyna, mysal üçin “Habeas corpus” tertibi, ýagny degişli kazyýet onuň

tussaglykda saklanmagynyň kanunylygy barada soraga haýal etmän sereder ýaly we eger tussaglykda saklamak bikanun bolanda onuň boşadylmagy barada çözgüt kabul eder ýaly, hukugy bardyr. “Habeas corpus” kazyýet buýrugyny çykarmak barada şikaýat edilmegi ýada beýleki kanuny goragyň berilmegi şahsy hukuk hökmünde seredilmelidir. Onuň islendik ýagdaýda üpjün edilmek kepilligi diňe adaty kazyýetleriň garamagynda bolmaludur. Islendik ýagdaýda tussag edileniň saklanyp bilinjek islendik ýerine kazynyň barmak mümkinçiligi bolmalydyr.

**Ýörelge № 12: Doly ygtyýarly, garaşsyz we adalatly kazyýete hukuk**

Harby kazyýetleriň gurnalyşy we işi her adamyň kazyýet önümçiliginiň islendik döwründe doly ygtyýarly, garaşsyz we adalatly kazyýete hukugyny doly derejede, deslapky derňewden başlap kazyýet seredilmesine çenli, üpjün etmelidir. Harby kazyýetlerde kazylaryň wezipesini ýerine ýetirmäge saýlanan adamlar ýokary ahlak häsiýetlerini we başarnygy, şeýle-de zerur bolan hünär taýýarlygyny we bilimini görkezmelidirler. Harby kazyýetleriň olaryň garaşsyzlygyny we adalatlylygyny kepillendirýän, hususan-da harby iýerarhiýa boýunça, statusy bolmalydyr. Anonim ýada “şahsyýetsiz” kazylaryň we prokurorlaryň gatnaşýan kadalaryny harby kazyýetleri hiç haçan ulanmaly däldir.

[...]

**Ýörelge № 16: Çözgütleri adaty kazyýetlere şikaýat etmek**

Harby tribunallaryň bar bolan ähli halatlarynda, olaryň ygtyýarlyklary birinji tapgyrynda kazyýet hökmünde çözgüt çykarmak bilen çäklenmelidir. Şoňa görä, şikaýat etme serişdeleri, mysal üçin apelýasiýa, raýat kazyýetlerine tabşyrylmalydyr. Kanunylyk bilen bagly jedeller islendik ýagdaýda umumy tabynlykdaky ýokary kazyýet tarapyndan çözülmelidir.

Harby tribunallar bilen adaty kazyýetleriň arasyndaky ygtyýarlyklar we kazyýete degişlilik boýunça bähbitleriň çaknyşygy, umumy kazyýet ulgamynyň bölegi bolan we düzüminde garaşsyz, adalatly we başarnykly kazylar bar bolan Ýokary Kazyýet ýada Konstitusion Kazyýet ýaly ýokarda duran kazyýet guramasy tarapyndan çözülmelidir.

[...]

# 2. Beýleki ählumumy standartlar

## Kazylaryň özüni alyp barmak baradaky Bangalor Ýörelgeleri

*(2001-nji ýylda Kazyýetçiligiň dogruçyllygyny we para almazlygy berkitmek boýunça kazylar topary tarapyndan kabul edilen Kazylaryň özlerini alyp barmak baradaky Bangalor taslamasy 2002-nji ýylyň 25–26 noýabrynda Gaaga şäheriniň Parahatçylyk Köşgünde geçirilen ýokary kazyýetleriň ýolbaşçylarynyň Tegelek stol geňeşinde täzeden seredilen görnüşinde)*

### Giriş

Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasynda onuň hukuklaryny we borçnamalaryny, şeýle-de jenaýat etmekde onuň günälik soragyny kesgitlemek bilen bagly işine adalatlygyň we ýüz görmezligiň esasynda, açyk kazyýet şertlerinde garaşsyz kazyýet tarapyndan seredilmegine her bir adama deň derejede hukuk berilmegini ykrar edilýändigini nazara alyp,

Raýat we syýasy hukuklar boýunça Halkara paktynyň kazyýet öňünde hemmeleriň deňligiňi, şeýlede onuň hukuklaryny we borçnamalaryny, şeýlede jenaýat etmekde onuň günälik soragyny kesgitlemek bilen bagly işine adalatlygyň we ýüz görmezligiň esasynda, açyk kazyýet mejlisinde kesgitlenen kazyýet tertibinde garaşsyz kazyýet tarapyndan wagtynda seredilmegine her bir adamyň hukugynyň bardygyny kepillendirýändigi nazar alyp,

Ýokarda agzalan esasy ýörelgeleriň we hukuklaryň adam hukuklary boýunça ýerli kararlarda, milli konstitusiýada, statut we umumy hukukda, kazyýet adatlarynda we däp-desurlarynda hem ykrar edilýändigini ýada suratlandyrylýandygyny göz öňünde tutmak bilen,

Kazyýet guramalarynyň doly ygtyýarlygynyň, garaşsyzlygynyň we adalatlylygynyň adam hukuklary meselelerinde uly ähmiýetiniň bardygyny, sebäbi beýleki hukuklaryň ýerine ýetirilişi adyl kazyýetiň delillendirilen şekilde alyp barylmagyna doly baglydygyny göz öňünde tutup,

Kazyýet guramalarynyň doly ygtyýarlygynyň, garaşsyzlygynyň we adalatlylygynyň kazyýetleriň konstitusion dolandyrmak düzgüni we düzgün-tertibi saklamak boýunça öz wezipelerini ýerine ýetirmegi üçin uly ähmiýeti bardygyny göz öňünde tutup,

Jemgyýetiň kazyýet ulgamyna, şeýlede ahlaklylyk, halallyk we para bermezlik meselelerinde kazyýet ulgamynyň abraýyna ynamynyň häzirki zaman demokratik jemgyýetinde birinji derejeli orny eýeleýändigini nazara alyp,

Kazylaryň, birlikde ýada toparlaýyn, jemgyýetiň olara eden ynamynyň derejesine düşünip öz wezipelerine sarpa goýup we abraý bilen seretmelidigini we kazyýet ulgamyna ynamyň saklanmagy we mundan beýläk hem ösmegi üçin ähli tagallalary etmelidigini göz öňünde tutup,

Kazylaryň özüni alyp baryşynyň ýokary derejelerini öňe sürmek we goldamak her bir döwletiň kazyýet guramalarynyň aýrylmaz jogapkärçilidigini nazara alyp,

Şeýle-de kazyýet guramalarynyň garaşsyzlygynyň esasy ýörelgeleriniň kazyýet guramalarynyň garaşsyzlygyny üpjün etmäge we goldamaga çagyrýandygyny we esasan hem döwletlere gönükdirilendigini göz öňünde tutup,

Aşakdaky ýörelgeler kazylaryň ahlaklyk hereketleriniň standartlaryny kesgitlemegi maksat bilen düzülendir. Olar kazylara ugur görkezmek üçin niýetlenendir we kazyýetçilik üçin kazylaryň özlerini alyp barmak meselelerini düzgüne salmak üçin esas hökmünde niýetlenendir. Ondan başga-da, bu ýörelgeler ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy häkimiýetleriň agzalary, hem-de aklawçylar we umuman, jemgyýet üçin kazyýetçiligiň işine has-da düşünmekleri we goldamaklary üçin düzülendir. Bu ýörelgeler kazylaryň öz hereketleri üçin degişli edaralaryň öňünde, ýagny kazyýetçilik standartlaryny berjaý etmek üçin garaşsyz we ýüz görmez, hem-de hereket edýän kanunçylygyň düzgünleriniň ähmiýetliligini peseltmek dälde, eýsem ýokarlandyrmak maksady bilen döredilen edaralaryň öňünde hasabat bermekligi talap edýändir.

## Görkeziji 1: Garaşsyzlyk

### Ýörelge:

Kazyýet guramalarynyň garaşsyzlygy düzgün-tertibi üpjün etmegiň başlangyjy we kazyýetde işiň adalatly çözülmeginiň esasy kepilligi bolup durýandyr. Şol sebäpli, kazy kazyýet guramalarynyň garaşsyzlyk ýörelgesini onuň şahsy we guramaçylyk derejesinde goramalydyr we durmuşa geçirmelidir.

### Ulanylyşy

1.1. Kazy öz kazyýet wezipesini islendik tarapdan edilýän we islendik maksady yzarlaýan göni ýada gytaklaýyn islendik daşarky täsire, höwes döretmä, zor salma, haýbat atma ýada işine gatyşma garamazdan, garaşsyz bolup, diňe delillere baha bermegine esaslanyp, hukuga oýlanyşykly düşünmegine laýyklykda ýerine ýetirmelidir.

1.2. Kazy umumy jemgyýet boýunça we olar boýunça çözgüt kabul etmeli kazyýet işiniň belli taraplary boýunça garaşsyz garaýyşy saklamalydyr.

1.3. Kazy häkimiýetiň ýerine ýetiriş we kanun çykaryş pudaklary bilen wezipesine gabat gelmeýän aragatnaşyklara ýada täsirlere diňe bir ýol bermän, eýsem, ony keseki synçylara hem mese-mälim bolar ýaly etmelidir.

1.4. Haçanda iş boýunça çözgüt kazy tarapyndan özbaşdak kabul edilmeli halatlarda, ol kazyýetiň düzümi boýunça beýleki kärdeşleriniň pikirinden garaşsyz hereket etmelidir.

1.5. Kazyýetleriň operatiw we guramaçylyk garaşsyzlygyny goramak we artdyrmak maksady bilen kazylaryň öz borçlaryny ýerine ýetirmek kepilligini kazy gorap saklamalydyr we goldamalydyr.

1.6. Kazy kazyýet guramalaryna jemgyýetçilik ynamyny berkitmek maksady bilen, munuň bolsa kazyýet guramalarynyň garaşsyzlygyny saklamakda birinji

derejeli ähmiýeti bolmalydyr, kazylaryň özüni alyp barmagynyň ýokary standartlaryny görkezmelidir we goldamalydyr.

## Görkeziji 2: Ýüz görmezlik

### Ýörelge

Kazynyň ýüz görmezligi onuň öz borçlaryny dogry ýerine ýetirmeginiň hökmany şerti bolup durýar. Ol diňe bir çykarylan çözgüdiň mazmunynda dälde, eýsem, ony kabul etmegiň ähli önümçilik hereketlerinde ýüze çykýar.

### Ulanylyşy

2.1. Kazy hiç bir tarapy ileri tutman, ters pikirlere ýada ynamsyzlyga ýol bermän, öz borçlaryny ýerine ýetirmelidir.

2.2. Kazynyň hereketi Kazyýetiň geňeşiniň dowamynda we kazyýetden daşarda jemgyýetiň, kanunçylyk hünäriniň wekilleriniň we kazyýet önümçiliginiň taraplarynyň kazynyň we kazyýet guramalarynyň ýüz görmezligine ynamyny saklamaga we ösdürmäge ýardam bermelidir.

2.3. Kazy özüniň kazyýet mejlislerine gatnaşmak we kazyýet işleri boýunça çözgüt çykarmak hukugynyň aýyrylmagyna esas bolup biljek hereketleri etmekden mümkin boldugyça özüni çäklendirmelidir.

2.4. Işe seredilmesden öň ýada işiň oňa beriljekdigini öňünden çaklandyryp, kazy önümçiligiň nerijesine täsir edip biljek ýada hökümiň adyllygy barada şübhe döredip biljek hiç hili düşündirişleri bermeli däldir. Şunuň bilen birlikde, kazy her bir adamyň işine seredilmeginiň adyllygyna täsir edip biljek düşündirişleri açyk bermekden saklanmalydyr.

2.5. Eger-de iş boýunça adalatly çözgüdiň çykarylmagy onuň pikiriçe mümkin däl hasaplan halatynda, ýada kazynyň ýüz görmezligine keseki synçyda şübhe döräp biljek halatlarda, kazy işe seretmeklige gatnaşmakdan saklanýandygyny yglan etmelidir. Aşakda şeýle ýagdaýlaryň mysallarynyň diňe käbirleri görkezilendir, ýagny:

   a) kazyda önümçilige degişli jedeliň belli bir tarapy ýada şahsyýet barada subut ediji delilleri barada bilimiň ters pikiriň we ynanmazlygyň barlygy bolsa;

   b) şol bir jedele öň seredilende kazy aklawçy hökmünde çykyş eden bolsa ýada wajyp şaýat hökmünde gatnaşan bolsa; ýada

   c) kazy ýada onuň maşgalasynyň agzalary seredilýän işiň netijesine maddy taýdan gyzyklanmasy bolanda.

Işe seretmek üçin başga tribunalyň düzülmegi mümkin bolmadyk halatynda, ýada işiň gyssagly bolmagy sebäpli onuň çözülmeginiň gijikdirilmegi agyr kazyýet ýalňyşlygyna eltmegi mümkin bolan halatlarynda, kazynyň şol işe seretmekden aýrylmagy talap edilmezligi mümkindir.

## Görkeziji 3: Dogruçyllyk we para almazlyk

### Ýörelge

Dogruçyllyk we para almazlyk kazynyň öz borçlaryny dogry ýerine ýetirmeginiň zerur şerti bolup durýandyr.

### Ulanylyşy

3.1. Kazy öz hereketleriniň keseki synçynyň öňünde ýazgarma döretmezligi kepillendirmelidir.

3.2. Kazynyň hereketleri we özüni alyp barşy jemgyýetiň kazyýetçiligiň dogruçyllygyna we para almazlygyna bolan ynamyny berkitmelidir. Adalatlylyk diňe ýerine ýetirilmeli dälde, eýsem onuň ýerine ýetirilmegi aýan bolmalydyr.

## Görkeziji 4: Ahlak kadalaryň berjaý edilmegi

### Ýörelge

Ahlak kadalaryň berjaý edilmegi, ahlak kadalary berjaý etmegiň görkezilmegi kazylaryň işiniň aýrylmaz bir bölegidir.

### Ulanylyşy

4.1. Kazy öz wezipesi bilen bagly islendik hereketlerde edepsiz özüni alyp barmalaryň bolmagyna ýol bermän ahlaklyk kadalaryny berjaý etmelidir.

4.2. Jemgyýetçilik tarapyndan hemişelik üns berilmegi özi üçin käbir çäklendirmeleri kabul etmäge kazyny borçly edýär; adaty raýat üçin bu çäklendirmeleriň agyr bolup görünmegine garamazdan, kazy olary meýletin we höwes bilen kabul etmelidir. Hususan-da, kazynyň özüni alyp baryşy onuň wezipesiniň ýokary derejesine gabat gelmelidir.

4.3. Kazyýetde, ol ýerde şol kazy işlere seredýär, hemişelik tejribesi bolan aklawçylar bilen aragatnaşykda kazy esasly şübhe döredip biljek ýada kazynyň nähili hem bolsa ileri tutmagynyň ýada delilsiz garaýşynyň bardygyny görkezip biljek ýagdaýlardan daşda durmalydyr.

4.4. Eger maşgala agzalarynyň haýsy hem bolsa biri taraplaryň haýsy hem bolsa birine wekil hökmünde çykyş etse, ýada başga bir görnüşde işe dahylly bolsa, kazy işe seretmäge gatnaşmaly däldir.

4.5. Kazy öz ýaşaýan ýerini müşderilerini kabul etmek ýada kärdeşleri bilen duşuşmak üçin beýleki aklawçylara bermeli däldir.

4.6. Beýleki raýatlar ýaly kazynyň hem pikirini beýan etmäge, dine uýmaga, ýygnaklara we birleşmelere gatnaşmaga hukuklydyr, emma şol hukuklar ýerine

ýetirilende kazynyň wezipesiniň ýokary derejesini goramaklyk barada kazy hemişe alada etmelidir we kazyýet guramalarynyň adalatlylygy we garaşsyzlygy bilen gabat gelmeýän hereketlere ýol bermeli däldir.

4.7. Kazy öz gizlin häsiýetli şahsy we maliýe bähbitleri barada habarly bolmalydyr we öz maşgala agzalarynyň maliýe bähbitleri barada habarly bolmak üçin delilli tagalla etmelidir.

4.8. Kazy öz maşgalasynyň agzalaryna, sosial we beýleki gatnaşyklaryň onuň kazylyk wezipesini ýerine ýetirmek bilen bagly hereketlerine, hem-de onuň kazyýet çözgütlerini kabul edişine täsir etmegine ýol bermeli däldir.

4.9. Kazyýetiň abraýy kazy tarapdan onuň öz şahsy, ýada onuň maşgala agzasynyň ýada beýleki adamlaryň bähbitlerini üçin ulanylmaly däldir we kim-de bolsa biriniň kaza onuň kazyýet wezipesini ýerine ýetirmekde ýaramaz täsiriniň bardygy barada beýleki adamlarda ynamyň döremegine ýol bermeli däldir.

4.10. Öz wezipesini ýerine ýetirmek wagtynda kaza aýan bolan gizlin maglumat kazy tarapyndan onuň kazylyk borçlaryndan daşary belli bir maksat bilen ulanylmaly ýada aýan edilmeli däldir.

4.11. Öz wezipelerini dogry ýerine ýetiren şertinde kazynyň aşakdakylara hukugy bar:

a) edebiýat, pedagogiki iş bilen meşgullanmaga, leksiýa okamaga, hukuk, kanun, adyl kazyýet dolandyrylyşy we şoňa meňzeş meseleler bilen bagly işlere gatnaşmaga;

b) köpçülik üçin niýetlenen işlere seredilmelerde resmi guramanyň öňünde hukuk, kanun, adyl kazyýet dolandyrylyşy we şoňa meňzeş meseleler bilen çykyş etmäge;

c) eger şeýle agzalyk kazynyň ýüz görmezligine we syýasy bitaraplylyk garaýyşyna garşy gelmeýän bolsa, resmi guramanyň ýada hökümet komitetiniň, komissiýanyň, ýada maslahat beriji guramanyň agzasy bolmaga; ýada

d) eger ol kazynyň wezipesiniň abraýyna zyýan ýetirmeýän bolsa, we haýsy hem bolsa bir derejede onuň öz kazy borçlaryny ýerine ýetirmäge päsgelçilik bermeýän bolsa, başga iş bilen meşgullanmaga hukuklydyr.

4.12. Kazy wezipesinde oturan wagty kazynyň ýuridiki tejribe bilen meşgullanmay däldir haky ýokdur.

4.13. Kazynyň kazylar birleşmesini döretmäge ýada oňa goşulmaga, kazylaryň bähbitlerini goraýan beýleki guramalara girmäge mümkinçiligi bolmalydyr.

4.14. Kazynyň öz wezipelerine degişlilikde eden, ýada etjek bolýan, ýada ýerine ýetirmedik işi üçin, kazy, ýada onuň maşgala agzalary hiç hili sowgatlary, wesýetnamalary, karz puly, ýada kömegi talap etmeli däldir we kabul etmeli däldir.

4.15. Kazynyň öz wezipelerine degişlilikde eden, ýada etjek bolýan, ýada ýerine ýetirmedik işi üçin, kazy kazyýet işgärlerine, ýada kazynyň täsirinde bolan,

onuň garamagyndaky ýada onuň gözegçiligindäki işleýän beýleki işgärlere hiç hili sowgatlary, wesýetnamalary, karz puly, ýada kömegi talap etmeli däldir we kabul etmäge ýol bermeli däldir.

4.16. Kanunda bolan gadagan etmeleriň ýada köpçülikde paş etme bilen bagly beýleki çäklendirmeleriň bolmadyk halatynda, eger olar kazynyň wezipe borçlaryny ýerine ýetirmegine hiç hili ýol bilen täsir etmäge niýetlenen we başga betnebis niýet üçin edilen bolmasa, kazynyň ýagdaýa degişli ýadygärlik sowgatlary, sylaglary we ýeňillikleri almaga hukugy bardyr.

## Görkeziji 5: Deňlik

### Ýörelge

Kazyýetiň öňünde ähli taraplaryň deň seredilmegi üpjün etmeklik kazyýet işiniň dogry berjaý edilmeginiň esasydyr.

### Ulanylyşy

5.1. Kazy jemgyýetiň dürliligine we köp çeşmelerden gelip çykýan tapawutlylygyna, şol sanda hem, şahsyýetiň haýsy millete degişlidigi, teniniň reňki, jynsy, dini, sosial gelip çykyşy, synpy, işe ukupsyzlygy, maşgala ýagdaýy, jynsylyk tarapy, sosial we ykdysady ýagdaýy we şuňa meňzeş sebäplere görä (“işe degişli däl esaslar”) düşünmelidir we göz öňünde tutmalydyr.

5.2. Öz kazyýet wezipesini ýerine ýetirende kazy söz bilen ýada hereket bilen işe degişli däl sebäplere esaslanyp islendik adama ýada adamlar toparyna bolan ýüzgörüjiligi ýada ters pikir etmekligi görkezmeli däldir.

5.3. Kazy, işe degişli däl esaslaryň netijesinde tapawut etmän ähli taraplaryň, hususan-da kazyýet işiniň taraplarynyň, şaýatlaryň, aklawçylaryň, kazyýet işgärleriniň we kazyýet düzümi boýunça kärdeşleriniň bähbitlerini ýerlikli göz öňünde tutup, kazyýet wezipelerini ýerine ýetirmelidir.

5.4. Kazy kazyýet işgärleriniň ýada kazynyň täsirinde bolan, onuň garamagyndaky ýada onuň gözegçiligindäki beýleki adamlaryň kazyýet tarapyndan seredilýän iş boýunça görkezilen adamlaryň garşysyna, işe degişli däl islendik esaslarda, differensirlenen çemeleşme ulanmagyna bilkastlaýyn ýol bermeli däldir.

5.5. Kazy, kazyýet derňewi üçin kanuny ähmiýeti bar bolan we kanuny taýdan esaslandyrylyp bolýan halatlardan başga ýagdaýlarda, kazyýet derňewine gatnaşýan aklawçylardan söz ýada hereket bilen işe degişli däl sebäplere esaslanyp ýüzgörüjilik ýada ters pikir etmeklikden saklanmagy talap etmelidir.

## Görkeziji 6: Başarjaňlyk we yhlaslylyk

### Ýörelge

Başarjaňlyk we yhlaslylyk kazynyň öz borçlaryny kanagatlanarly ýerine ýetirmeginiň zerur şertleri bolup durýandyr.

## Ulanylyşy

6.1. Kazynyň kazyýet wezipeleri ähli beýleki işlerinden ileri tutulmalydyr.

6.2. Kazy öz hünärmen işlerini kazyýet wezipelerini ýerine ýetirmegi üçin etmelidir. Muňa diňe kazyýet derňewlerinde kazyýet we wezipe borçlarynyň ýerine ýetirilmegi we çözgüt çykarylmagy däl-de, kazyýet wezipesine ýada kazyýet işine degişli beýleki meseleler hem girýändir.

6.3. Kazy öz bilimini saklamak we giňeltmek üçin, öz borçlaryny kanagatlanarly ýerine ýetirmek üçin zerur bolan amaly tejribeleri we şahsy häsiýetleri kämilleşdirmek üçin, hem-de bu maksatlar üçin kazyýet gözegçiligi şertlerinde kazylar üçin hödürlenmeli okuw taýýarlygy we beýleki mümkinçilikleri ulanmak arkaly, düşünjeli çäreleri görmelidir.

6.4. Halkara hukugynda degişli üýtgeşmeler, şol sanda hem, adam hukuklary boýunça hereket edýän kadalary kesgitleýän halkara konwensiýalary we beýleki resminamalary, barada kazy habarly bolmalydyr.

6.5. Kazy özüniň ähli borçlaryny, şol sanda hem, yza goýulan çözgütleriň çykarylmagyny, düşünjeli, adalatly we ýeterlik çaltlykda ýerine ýetirmelidir.

6.6. Ähli kazyýet derňewleriniň dowamynda kazy tertip-düzgüni we edepligi saklamalydyr we kazyýet mejlisiniň taraplaryna, oturdaşlara, şaýatlara, aklawçylara we öz resmi wezipesinde iş salyşýan beýleki adamlara garşy özüni sabyrly, mynasyp we sypaly alyp barmalydyr. Edil şonuň ýaly edepligi kazy taraplaryň kanuny wekillerinden, kazyýet işgärlerinden we kazynyň täsirinde, garamagynda ýada gözegçiliginde bolan beýleki adamlardan talap etmelidir.

6.7. Kazy kazyýet wezipeleriniň yhlasly ýerine ýetirilmegi bilen gabat gelmeýän işler bilen meşgul bolmaly däldir.

## Güýje girmegi

Kazyýet wezipesiniň aýratynlyklaryna esaslanyp, eger şeýle mehanizmler kanunçylyk çäklerinde entäk ýok bolsa, görkezilen ýörelgeleri güýje girizmek ýollaryny döretmek üçin milli kazyýet guramalary netijeli çäreleri görmelidirler.

## Kazylaryň ählumumy Hartiýasy

*(1999-njy ýylyň 17-nji noýabrynda Kazylaryň halkara Birleşmesi tarapyndan kabul edildi)*

---

### Giriş

Şu Hartiýany düzmek boýunça işe dünýäniň ähli künjeginden kazylar gatnaşdylar. Şu Hartiýa — olaryň işiniň netijesidir; ol Kazylaryň Halkara birleşmesiniň agzalary tarapyndan umumy minimal kadalar hökmünde kabul edilendir.

Hartiýanyň ýazgysy Kazylaryň Halkara birleşmesiniň merkezi geňeşiniň 1999-njy ýylyň 17-nji noýabrynda Taýbeýde (Taýwanda) geçirilen mejlisine gatnaşan wekiller tarapyndan biragyzdan kabul edildi.

### 1-Madda. Garaşsyzlyk

Kazylar öz işlerinde her adamyň adalatly kazyýet seredilmesine hukugyny üpjün etmelidirler. Onuň raýat hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemekde ýada oňa bildirilen jenaýat günälemesine seredilende, her bir adamyň adalatly we garaşsyz kazyýet tarapyndan işine kanunda kesgitlenen laýyk möhletiň dowamynda adalatly we açyk seredilmegine hukugyny kazylar goldamalydyrlar.

Kanuna laýyklykda adyl kazyýetiň ýüz görülmesiz ýerine ýetirilmegi üçin kazylaryň garaşsyzlygy zerurdyr. Ol bütewidir. Ähli milli we halkara guramalary we häkimiýet edaralary bu garaşsyzlyga hormat goýmalydyr we gorap saklamalydyr.

### 2-Madda. Dereje (Status)

Kazyýet häkimiýetiniň garaşsyzlygy döwlet häkimiýetiniň beýleki şahalaryndan hakykatda garaşsyz bolan kazyýet edarasynyň döredilmegi we goralmagy esasynda kanun tarapyndan üpjün edilmelidir. Öz eýeleýän kazyýet wezipesinde sosial, ykdysady we syýasy gysylma sezewar bolman, beýleki kazylardan we kazyýet ulgamyny dolandyrmagy ýerine ýetirýän adamlardan garaşsyz kazynyň kazyýet hakimiýetini ulanmaga mümkinçiligi bolmalydyr.

### 3-Madda. Kanuna tabyn bolmak

Kazy kazyýet borçlaryny diňe kanuna laýyklykda ýerine ýetirýär we ol diňe kanuna esaslanmalydyr.

### 4-Madda. Şahsy garaşsyzlyk

Aýratyn iş boýunça şikaýat etmek tertibinde degişli ýagdaýlarda ýokarda duran kazyýet tarapyndan aýdylyp bilinjek pikirden başga halatlarda, hiç kim kaza onuň kazyýet çözgüdine täsir edip biljek islendik görnüşli görkezme ýada tabşyryk berip ýada bermäge synanyşmaly däldir.

### 5-Madda. Ýüz görmezlik we salykatlylyk

Kazyýet wezipelerini ýerine ýetirmek bilen kazy ýüz görmesiz bolmalydyr we daşky synçylar üçin şeýle görünmelidir.

Kazy öz borçlaryny salykatly we kazyýetiň abraýyna hem-de önümçilige gatnaşyjylaryň hemmesine üns berip ýerine ýetirmelidir.

### 6-Madda. Netijelilik

Kazy öz borçlaryny hiç hili esassyz saklamasyz ak ýürekli we netijeli ýerine ýetirmelidir.

### 7-Madda. Wezipeden daşarky işleri

Eger olar kazynyň haýsy hem bolsa borçlaryna we derejesine gabat gelmeýän bolsa, kazy haýsy hem bolsa başga wezipäni, jemgyýetçilik ýada hususy, tölenýän ýada tölegsiz bolsun, ýerine ýetirmeli däldir.

Özüniň razyçylygy bolmasa, kazy wezipä daşyndan bellenmeli däldir.

### 8-Madda. El degrilmesizlik

Diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda we diňe kanagatlanarly düzgün-nyzam tertibinde kabul edilen çözgüt boýunça kazy başga ýere geçirilip, wagtlaýyn wezipeden aýyrylyp ýada işinden boşadylyp bilner.

Kazy ömürlik ýada kazyýet häkimiýetiniň garaşsyzlygyna howp abanmaýan şertlerde we möhlete bellenilmelidir.

Kazynyň hökmany nepaga çykmak ýaşy boýunça islendik üýtgemeler öňki geçenlere degişli däldir.

### 9-Madda. Işe belleme

Kazynyň wezipä saýlanylmagy we her gezek bellenilmegi kanagatlanarly hünär ukuplylygyna esaslanan adalatly we aýdyň ölçeglere laýyklykda amala aşyrylmalydyr. Eger ol öz başyny durnykly we taryhda synagdan geçen adatlar boýunça başga usullar boýunça üpjün edilmedik bolsa, onda işe belleme düzümi esasan hem kazylardan durýan garaşsyz edara tarapyndan amala aşyrylmalydyr.

### 10-Madda. Raýat we jenaýat jogapkärçiligi

Kazynyň garşysyna ygtyýar edilen ýurtlarda raýat önümçiligi we jenaýat önümçiligi, şol sanda hem, tussag etme, diňe kazynyň garaşsyzlygyna täsiriň ýoklugyny kepillendirýän şertlerde rugsat edilip bilner.

### 11-Madda. Administratiw we düzgün-nyzam çäreleri

Kazyýet ulgamynyň ýöredilmegi we kazylara garşy düzgün-nyzam önümçiligi kazylaryň hakyky garaşsyzlygyna howp abanmaz ýaly edilip we diňe hakyky we esasly pikirleriň göz öňünde tutulmagy esasynda gurnalmalydyr.

Eger ol öz başyny durnykly we taryhda synagdan geçen adatlar boýunça başga usullar boýunça üpjün edilmedik bolsa, onda kazyýet ulgamynyň ýöredilmegi düzümi esasan hem kazylardan durýan garaşsyz edara tarapyndan amala aşyrylmalydyr.

Diňe eger hereket edýän kanunçylykda şeýle mümkinçilik göz öňünde tutulan we öňden kesgitlenen prosessual kadalara gabat gelýän halatlarda kazynyň garşysyna düzgün-nyzam önümçiligi gozgalyp bilner.

### 12-Madda. Birleşmeler

Kazylara maslahat üçin, hususan-da kazy kodeksiniň kadalarynyň, ahlak we beýleki düzgünleriň, şeýle-de adyl kazyýetiň amala aşyrmagyň serişdelerini ulanmak barada soraglar boýunça ýüz tutup bolar ýaly, hem-de kazylarda öz kanuny bähbitlerini goramaga mümkinçilik bolar ýaly kazylaryň hünär birleşmelerde agza bolmak hukugyny döwlet ykrar etmelidir.

### 13-Madda. Zähmet haky we nepaga çykmak

Hakyky ykdysady garaşsyzlygy üçin kazy ýeterlik zähmet hakyny almalydyr. Zähmet hakynyň möçberi kazynyň işiniň netijesine bagly bolmaly däldir ýada onuň wezipede oturan wagty kemelmeli däldir.

Öz derejesine laýyklykda ýyllyk kömek puly ýada nepaga tölenmek esasynda kazynyň nepaga çykmaga hukugy bardyr.

Kazy nepaga çykandan soň, diňe onuň kazy bolup işländigi sebäpli, ol başga ýuridiki iş bilen meşgullanmak mümkinçiliginden mahrum edilmeli däldir.

### 14-Madda. Üpjünçilik

Häkimiýetiň beýleki şahalary kazyýet häkimiýetine onuň öz wezipelerini ýerine ýetirmek maksady bilen ýerlikli üpjün edilmegi üçin zerur bolan serişdeleri bermelidir. Kazyýet häkimiýetiniň wekilleriniň görkezilen sorag boýunça çözgüt kabul etmek önümçilige gatnaşmaga ýada öz pikirini aýtmaga mümkinçilik bolmalydyr.

### 15-Madda. Döwlet günälemesi

Döwlet günälemesiniň agzalary kazylardan durýan döwletlerde, şol kazylara tarapyndan ýokarda agzalan ýörelgeler zerur bolan üýtgeşmeler esasynda ulanylmalydyr.

## Halkara kazyýet edaralarynyň garaşsyzlygyna degişli Ýörelgeler („Burg-Öýüniň Ýörelgeleri”)

Halkara kazyýetleriniň we tribunallarynyň tejribesi we tertibi boýunça Halkara hukuk birleşmesiniň ylmy iş topary halkara kazyýetleri we tribunallary boýunça yaslama bilen bilelikde:

Halkara kazyýet önümçiligiň kanunylygyny we degerliligini üpjün etmek maksady bilen halkara kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygyna we adalatlylygyna goşant goşmak üçin umumy ulanylýan ýol görkeziji düzgünleriň zerurlygyny ykrar edip;

Kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygyna degişli Birleşen Milletler Guramasynyň Esasy Ýörelgeleri (1985-nji ýyl) we adalatly kazyýet derňewi boýunça kazyýet garaşsyzlygyna we hukugyna degişli beýleki halkara düzgünlerini we kadalaryny göz öňünde tutup;

Öz işini döwletden daşary kontekstde amala aşyrýandygy üçin halkara kazyýet guramalarynyň öňünde duran aýratyn kynçylyklary ýatda saklap;

Hususan-da, her bir kazyýetiň we tribunalyň şahsy aýratynlyklarynyň we wezipeleriniň bardygyny, we belli bir ýagdaýlarda kazylaryň doly däl işlilik esasynda ýada ýörite ad hoc ýada önümçilik üçin ad litem hökmünde gulluk edýändigini göz öňünde tutup;

Halkara hukugynyň aşakdaky ýörelgeleriniň umumy ulanylyşy bar hökmünde seredip:

- kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygyny üpjün etmek üçin kazylar özleriniň derňew edýän işlerine gatnaşýan taraplardan, öz raýatlygy bolan ýada ýaşaýan döwletinden, gulluk edýän ýerine çagyran ýurtlardan we seredilýän kazyýeti ýada tribunaly howandarlyk etmek bilen döreden halkara guramalardan garaşsyzlykdan peýdalanmalydyrlar;
- kazylar islendik çeşmeden ýerliksiz täsirden erkin bolmalydyrlar;
- kazylar işleri ýüz görmän şol işiň maglumatlarynyň we ulanylýan hukugyň esasynda çözmelidirler;
- kazylar haýsy hem bolsa bir bähbitleriň çaknyşygyndan, şeýle-de bähbitleriň çaknyşygyna sebäp bolýan hökmünde esasly hasaplanyp bilinjek ýagdaýlardan saklanmalydyrlar;
- kazylar özleriniň kazyýet we ol bilen bagly işlerinde ýerliksiz özüni alyp barmakdan saklanmalydyrlar;

aşakdaky Ýörelgeleri hödürleýär.

Olar ilki bilen hereket edýän halkara kazyýetleri we tribunallary (mundan beýläk “kazyýetler”) we işleýän kazylar tarapyndan ulanylmalydyr. Ýörelgeler şeýle-de *ad hoc* kazylary, *ad litem* we wagtlaýyn işleýän kazylar tarapyndan, halkara arbitraž kazyýet önümçiliginde we halkara kazyýet häkimiýetini amala aşyrmagyň beýleki görnüşlerinde ulanylmalydyr.

### 1. Garaşsyzlyk we gatyşmaklykdan erkinlik

1.1 Öz wezipesini ýerine ýetirende kazyýet we kazylar haýsy hem bolsa fiziki ýada ýuridiki şahsyň gönüden-göni ýada gytaklaýyn gatyşmagyndan ýada täsirinden erkin bolmalydyrlar.

1.2 Eger kazyýet halkara guramasynyň edarasy hökmünde döredilen ýada onuň howandarlygynda bolsa, onda ol we kazylar öz kazyýet wezipelerini işine şol guramanyň beýleki edaranyň we instansiýalarynyň gatyşmagyna sezewar bolmazdan ýerine ýetirmelidirler. Görkezilen erkinlik seredilýän işler boýunça kazyýet önümçiligine, şol sanda hem, işleri belli bir kazylara berkidilmegine, şeýle-de kazyýetiň we onuň sekretariatynyň işine hem degişlidir.

1.3 Kazyýet öz içki dolandyryş şertlerini, şol sanda hem, işgär almak syýasatyny, maglumat ulgamyny we býujet boýunça çykdajylaryň paýlanylyşyny kesgitlemäge erkin bolmalydyr.

1.4 Kazyýet tarapyndan işlere seredilmek gizlin bolmalydyr.

### 2. Teklip edilme, saýlanma we işe bellenme

2.1 Tertibe salýan resminamalara laýyklykda, kazylar ýokary ahlak häsiýetleri bar bolan, dogruçyl we ak ýürekli, şol kazyýet edarasyna talap edilýän degişli hünär ukuby, bilimi we tejribesi bar bolan adamlaryň sanawyndan saýlanylmalydyr.

2.2 Teklip etme, saýlama we bellenme boýunça düzgünler dürli geografiki sebitleriň we esasy kanuny ulgamlaryň, şeýlede erkek we aýal kazylaryň degişli adalatly wekilçiligini göz öňünde tutulmalydygyna garamazdan, kazylar teklip edilende, saýlananda we işe bellenende ilki bilen olaryň zerur bolan şahsy we hünär häsiýetleri göz öňünde tutulmalydyr.

2.3 Teklip etme, saýlama we bellenme boýunça düzgünler aýdyň bolmalydyr we ýerliksiz pikirlere esaslanan teklip etmä, saýlama we bellenmä garşy degişli goragy üpjün etmelidir.

2.4 Kazylary teklip etmek, saýlamak we işe bellemeklige degişli maglumat, şeýle-de kazyýet wezipesine dalaşgärler baradaky maglumat halkara guramasy ýada kazylary teklip etmek, saýlamak we işe bellemeklige jogapkär başga edara tarapyndan degişli möhletde we bolmalysy ýaly çap edilmelidir.

2.5 Eger degişli kazyýetiň tertibe salýan resminamalary kazylaryň täzeden saýlanmagyna ýol berýän bolsa, kazylary teklip etmek, saýlamak we işe bellemek üçin ýokarda beýan edilen ýörelgeler we düşündirişler degişli üýtgeşmeler bilen olar täzeden saýlananlarynda ulanylmalydyr.

### 3. Iş möhletiniň kepillikleri

3.1 Kazylaryň iş möhleti kepillendirilen bolmalydyr. Olar diňe belli esaslarda we öňünden gürleşilen anyk düzgünlere laýyklykda wezipesinden aýyrylyp bilner.

3.2 Her bir kazyýetiň işini tertibe salýan resminamalar azyndan öz kazyýet wezipelerini garaşsyz ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän möhlete kazylaryň bellenilmegini göz öňünde tutmalydyrlar.

### 4. Iş we zähmet haky

4.1 Kazylaryň gullugynyň esasy şertleri hökmany ýuridiki güýji bar bolan resminamalarda berkidilen bolmalydyr.

4.2 Kazynyň gulluk edýän wagtynda onuň zähmet hakynyň möçberine we beýleki esasy gulluk şertlerine degişli hiç hili ýaramaz üýtgeşmeler edilmeli däldir.

4.3 Kazylar ýeterlik zähmet hakyny almalydyrlar. Onuň möçberi kazyýetiň ýerleşýän ýerinde ýaşaýyş derejesiniň ýokarlandygyça wagtal-wagtal üýtgemelidir.

4.4 Gullygyň şertleri degişli nepaga üpjünçiligini öz içine almalydyr.

### 5. Ýeňillikler we el degirilmesizlik

5.1 Kazylar doly diplomatik el degirilmesizligine deň, we hususan-da öz kazyýet wezipelerini ýerine ýetirmek bilen bagly islendik beýannamalary boýunça el degirilmesizlikden peýdalanmalydyrlar.

5.2 Kazylardan el degirilmesizligi aýyrmaga diňe kazyýetiň ygtyýary bolup biler; ol, onuň pikiriçe, el degirilmesizligiň adyl kazyýetiň ýöredilmegine päsgelçilik döredip biljek ähli halatlarynda el degirilmesizligi aýyrmalydyr we ony kazyýet wezipelerini ýerine ýetirmäge zeper ýetirilmesiz aýyrylyp bilner.

5.3 Kazyýetiň, kazylaryň we sekretariatyň resminamalary we iş önümçiligi kazyýetiň işine degişliligi derejesinde el degirilmesiz bolmalydyr.

5.4 Halkara kazyýetiniň mejlisiniň geçýän ýurdy kazylaryň we olaryň maşgalalarynyň howpsuzlygyny goramak we olary kazyýet wezipelerini ýerine ýetirmegine degişli ýaramaz çärelerden goramak boýunça zerur çäreleri görmelidir.

### 6. Býujet

Gatnaşyjy-döwletler we halkara guramalary kazyýetleriň we kazylaryň öz wezipelerini netijeli ýerine ýetirmegini üpjün etmek üçin ýeterlik serişdeleri, şol sanda hem, maliýe serişdelerini we işgär üpjünçiligini, bermelidirler.

### 7. Pikiriňi beýan etme we birleşmek azatlyklary

7.1 Wezipesini ýerine ýetirýän wagtynda kazylar öz pikirini beýan etmäge we birleşmek baradaky azatlyklardan peýdalanýandyrlar. Görkezilen azatlyklaryň amala aşyrylmagy kazyýet wezipeleri bilen ylalaşykly bolmalydyr we kazyýet garaşsyzlygyna we adalatlylygyna täsir etmeli ýada täsiriň bardygyna esas döretmeli däldir.

7.2 Kazylar maslahat otagynyň gizlinligini berjaý etmelidirler we seredilýän işler boýunça kazyýete daşary düşündirişler bermeli däldirler.

7.3 Kazylar öz şahsy kararlarynyň we düzgünleriniň, hem-de beýleki kazyýetleriň karalarynyň we tertipleriniň, şeýle-de islendik kanunçylygyň, taslamalaryň, teklipleriň ýada olary kazyýetiň seretmegine çykarylyp biljek soraglaryň kazyýetden daşary düşündiriş berilmelerinde ýeterlik sabyrlylygy berjaý etmelidirler.

## 8. Kazyýetden daşarky iş

8.1 Kazylar öz kazyýet wezipelerine ýada kazyýetiň netijeli we öz wagtynda işlemegine gabat gelmeýan ýada olaryň garaşsyzlygyna ýada adalatlylygyna täsir edip biljek ýada täsiriň bardygyna esas döredip biljek haýsy hem bolsa kazyýetden daşary işe gatnaşmaly däldirler.

8.2 Kazylar hiç hili syýasy wezipeleri ýerine ýetirmeli däldirler.

8.3 Her bir kazyýet kazylary olaryň kazyýetden daşary işi boýunça gönükdirýän we önümçilige gatnaşýan taraplar üçin degişli serişdeleriň bolmagyny üpjün edýän degişli mehanizmi düzmelidirler.

## 9. Belli bir iş bilen öňki aragatnaşygyň barlygy

9.1 Şol işlere öň bir tarapyň wekili, konsultanty, maslahatçysy, aklawçysy, hünärmeni hökmünde ýada islendik başga häsiýetde, milli ýada halkara kazyýetin ýada şu jedele sereden jedelleri sazlaşdyrma boýunça beýleki edaranyň agzasy hökmünde gatnaşan bolsa, kazylar işlere gatnaşmaly däldirler.

9.2 Kazylar haýsy hem bolsa bir başga ýol bilen arabaglanyşykly bolan, bu bolsa olaryň garaşsyzlygyna ýada adalatlylygyna täsir edip biljek ýada täsiriň bardygyna esas döredip biljek işlere gatnaşmaly däldirler.

## 10. Taraplaryň biri bilen öňki aragatnaşygyň barlygy

Kazy bir tarapyň gatnaşmagynda, onuň bähbitleri üçin kazy öň wekil, konsultant, maslahatçy, aklawçy ýada hünärmen hökmünde geçen üç ýylyň ýada kazyýetiň reglamentinde göz öňünde tutulyp bilinjek başga möhletiň dowamynda çykyş eden bolsa, ýada onuň bilen kazynyň geçen üç ýylyň ýada kazyýetiň reglamentinde göz öňünde tutulyp bilinjek başga möhletiň dowamynda düýpli hünär ýada şahsy aragatnaşyklar bolan bolsa, haýsy hem bolsa bir iş boýunça mejlis geçirmeli däldir.

## 11. Işiň netijesinde bähbidiň bolmaklygy

11.1 Kazylar haýsy hem bolsa düýpli şahsy, hünär ýada maliýe bähbitleri bar bolan iş boýunça mejlise gatnaşmaly däldirler.

11.2 Kazylar özleri bilen ýakyn aragatnaşykdaky fiziki ýada ýuridiki şahslaryň haýsy hem bolsa düýpli şahsy, hünär ýada maliýe bähbitleri bar bolan iş boýunça mejlise gatnaşmaly däldirler.

11.3 Kazylar önümçilige gatnaşýan taraplaryň birinden hiç hili gizlin sylagy ýada kazynyň önümçilige gatnaşmagy bilen bagly haýsy hem bolsa sylagy düýbünden kabul etmeli däldirler.

### 12. Işe gatnaşýan bir tarap bilen aragatnaşyk

12.1 Kazylar alyp barýan önümçiligindäki iş bilen bagly taraplar, wekiller, konsultantlar, aklawçylar, maslahatçylar we beýleki fiziki we ýuridiki şahslar bilen şahsy aragatnaşyklarynda zerur bolan seresaplygy görkezmelidirler. Degişli aragatnaşyklar kazyýet wezipelerine gabat geler ýaly görnüşde we olaryň garaşsyzlygyna ýada adalatlygyna täsir ýetirmez ýada täzir ýetirip biljek esas döretmez ýaly bolmalydyrlar.

12.2 Kazylar taraplaryň birtaraplaýyn ýüzlenmelerine päsgelçilik bermelidirler we, kazyýetiň reglamentinde göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga halatlarda, şeýle ýüzlenmeler barada kazyýet we beýleki tarap habarly edilmelidir.

### 13. Kazylaryň wezipesi tamamlanandan soňky çäklendirmeler

13.1 Kazylar wezipesini tutýan wagty özleriniň seredýän işiniň bir tarapyny ýada şol tarap bilen bagly ýuridiki şahsy gelejekde haýsy hem bolsa bir iş tapmak, işe bellenmek ýada peýda almak maksady üçin ulanmaly däldirler ýada olaryň garaşsyzlygyna ýada adalatlygyna täsir ýetirip biljek ýada täzir ýetirýändigine esas döredip biljek gelejekki iş tapmaga, işe bellenmäge ýada peýda almaga ylalaşmaly däldirler.

13.2 Kazyýetiň reglamentinde göz öňünde tutulan bolmasa, öňki kazylar kazyýetde gulluk eden wagtynda sereden haýsy hem bolsa bir işi boýunça kimdir biri hökmünde hereket etmeli däldirler.

13.3 Öňki kazylar wezipesinden gidenden soň üç ýylyň dowamynda ýada kazyýet tarapyndan kesgitlenen we yglan edilen başga möhletiň dowamynda kazyýetde, öň gulluk eden ýerlerinde, haýsy hem bolsa bir iş boýunça wekil, konsultant, maslahatçy ýada aklawçy hökmünde hereket etmeli däldirler.

13.4 Öňki kazylar öz sereden işleriniň bir tarapyndan ýada şol tarap bilen bagly haýsy hem bolsa ýuridiki şahsdan işe ýerleşme, işe bellenme ýada peýda alanlarynda zerur bolan seresaplygy görkezmelidirler.

### 14. Maglumatyň üstüniň açylmagy

14.1 Kazylar 7–13 Ýörelgeleriň ulanmagyna elten, özleriniň aňlan ähli ýagdaýlyklary barada kazyýeti we, zerur bolanda, önümçiligiň taraplaryny habarly etmelidirler.

14.2 Her bir aýratyn bir iş boýunça özleriniň garaşsyzlygyna ýada adalatlygyna täsir ýetirip biljek ýada täzir ýetirýändigine esas döredip biljek maglumatlary kazylaryň kazyýeti ýada, zerur bolanda, prosesiň taraplaryny habarly etmegine mümkinçilik berer ýaly her kazyýet degişli düzgünleri kesgitlemelidir.

### 15. Hukugy ret etme

7–13 Ýörelgeleriň düzgünlerine garamazdan, kazylar agzalan ýörelgeleriň ygtyýarlygyna girýän, belli bir habary ýerlikli aýan eden işde, hemde kazyýet tarapyndan

hiç hili garşylyk bolmasa, we taraplar kazynyň gatnaşmagyna öz kanagatlanarly we habarly razyçylygyny beren halatynda, şol kazy agzalan işde özüniň oturmagyna garşylyk bolmaly däldir.

## 16. Işden çekilme we ygtyýarlygyndan mahrum edilme

Şu Ýörelgeleri ulanmak bilen bagly kazynyň aýratyn bir işe seretmeginden aýyrmak barada soragy ýada netijede onuň öz wezipelerini ýerine ýetirmek ukypsyzlygyny çözüp bolar ýaly, her bir kazyýetde düzgünler kesgitlenmelidir. Kazynyň, kazyýetiň we önümçilige gatnaşýan her taraplaryň görkezilen düzgünlere ygtyýary bolmalydyr.

## 17. Düzgün-nyzam bozulmasy

17.1 Olaryň garaşsyzlygyna ýada adalatlylygyna täsir edip biljek kazy tarapyndan edilen düzgün-nyzam bozmagy işlere ýada onuň borçlaryny bozmagyna garşy degişli şikaýatlara seretmek üçin bir kazyýetde düzgünler kesgitlenilmelidir.

17.2 Eger şikaýatyň delilsizligi anyk bolsa, ol ýönekeýleşdirilen tertipde çözülip bilner. Eger kazyýet has doly derňew geçirmegi talap eden ýagdaýynda, kazylaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramaga gönükdirilen we önümçiligiň kanagatlanarly gizlinligini üpjün etmek üçin düzgünler boýunça degişli ätiýaçlyk çäreleri kesgitlenmelidir.

17.3 Kazyýetiň işini tertibe salýan resminamalar degişli çäreleri, şol sanda hem, kazylaryň wezipesinden boşadylmagyny, göz öňünde tutmalydyr.

17.4 Şikaýata seredilmegiň netijesi barada şikaýaty ugradan adam habarly edilmelidir.

# 3. Ýewropa Geňeşi

## A. Kazylaryň, aklawçylaryň we prokurorlaryň garaşsyzlygyna degişli ýöriteleşdirilen standartlar

### Ministrler Komitetiniň kazylaryň garaşsyzlygy, netijeliligi we orny barada agza-döwletlere R (94) 12 belgili Teklibi

*(1994-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda ministrleriň orunbasarlarynyň 518-nji mejlisinde Ýewropa Geňeşiniň ministrler Komiteti tarapyndan kabul edildi)*

Ministrler Komiteti, Ýewropa Geňeşiniň Düzgünnamasynyň 15-nji maddasynyň (b) bölümine laýyklykda hereket edip,

"Kanunyň esasynda döredilen garaşsyz we adalatly kazyýet tarapyndan delillendirilen möhletiň içinde işiniň adalatly açyk derňew edilmegine her adamyň hukugy bardygyny" göz öňünde tutýan adam hukuklary we esasy azatlyklary boýunça Konwensiýanyň 6-njy maddasyny göz öňünde tutup;

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1985-nji ýylyň noýabrynda makullan Birleşen Milletler Guramasynyň kazylaryň garaşsyzlygy boýunça Esasy ýörelgelerini göz öňünde tutup;

Adam hukuklaryny we esasy azatlyklary goramagy üpjün etmekde kazyýet wezipelerini ýerine ýetirýän kazylaryň we beýleki adamlaryň örän wajyp ornuny belläp;

Demokratik ýurtlarda kanunçylygy berkitmek maksady bilen kazylaryň garaşsyzlygyna ýardam bermäge uly höwes bilen;

Netijeli we adalatly hukuk ulgamyny döretmek maksady bilen kazylaryň ornuny we ygtyýarlaryny berkitmek zerurlygyny göz öňünde tutup;

Ähli adamlaryň bähbitlerini goramaga gönükdirilen kazy borçnamalarynyň we ygtyýarlyklarynyň jemi bolan kazylaryň wezipeleriniň kanagatlanarly ýerine ýetirilmeginiň zerurlygyna düşünip,

Aýratyn kazylaryň we umuman kazyýet işgärleriniň ornuny ýokarlandyrmak üçin zerur bolan ähli çäreleri kabul etmegi ýada güýçlendirmegi we aşakdaky ýörelgeleri amala aşyrmak arkaly olaryň garaşsyzlygyny we netijeligini berkitmegi agza-döwletleriň hökümetlerine maslahat berýär.

**Teklibiň ulanylma çäkleri**

1. Şu teklip kazyýet wezipelerini ýerine ýetirýän ähli adamlar, şol sanda hem, kazyýet, jenaýat, raýat, täjirçilik we administratiw hukugy soraglary boýunça meşgullanýan adamlar tarapyndan ulanylýandyr..
2. Mazmunyndan onuň hünärmen kazylara degişlidigi, mysal üçin kazylaryň sylaglanmagy we ýokary wezipä çekilmegine degişli ýörelgeler, anyk bolan

halatlardan beýleki ýagdaýlarda, şu tekliplerde beýan edilen ýörelgeler hünärmen däl kazylar we kazyýet wezipelerini ýerine ýetirýän beýleki adamlar tarapyndan ulanylýar.

### Ýörelge I. Kazylaryň garaşsyzlygynyň umumy ýörelgeleri

1. Kazylaryň garaşsyzlygyny, goragyny we goldawyny üpjün etmek üçin ähli zerur çäreler görülmelidir.

2. Hususan-da, aşakdaky çäreler görülmelidir:

   a) Kazylaryň garaşsyzlygy Konwensiýanyň düzgünlerine we konstitusion ýörelgelere laýyklykda, mysal üçin konstitusiýa ýada beýleki kanuny kararlara belli düzgünleri girizmek arkaly ýada içki kanunçylyga şu teklipleriň düzgünlerini girizmek arkaly kepillendirilmelidir. Her bir döwletiň kanuny adatlaryny göz öňünde tutmak bilen, mysal üçin, şeýle düzgünlerde aşakdakylar göz öňünde tutulyp bilner:

      i. kazylaryň çözgüdi kanunda göz öňünde tutulan şikaýat etme tertibiniň çäginden daşary gaýtadan seredilmeli däldir;

      ii. kazylaryň gulluk möhleti we olaryň zähmet haky kanun tarapyndan kepillendirilmelidir;

      iii. kanunda kesgitlenişi ýaly, kazyýetleriň özlerinden başga hiç hili edara olaryň ygtyýarlygyny kesgitlemeli däldir;

      iv. günä geçme, bagyşlama ýada şoňa meňzeş soraglar boýunça çözgütlerden başga halatlarda, hökümet ýada ýolbaşçylyk öňki kazyýet kararlaryny ýatyrýan çözgütleri kabul etmeli däldir.

   b) Häkimiýetiň ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy pudaklary kazylaryň garaşsyzlygyny üpjün etmelidirler we kazylaryň garaşsyzlygyna howp salyp biljek çäreleriň görülmegine ýol bermeli däldirler.

   c) Kazylaryň hünär ösüşine degişli ähli çözgütler adalatly ölçeglere we bäsleşikli saýlanma ýörelgelerine esaslanmalydyr, kazylaryň ýokary wezipä çekilmegi bolsa hünär ukuplylygyny, ahlak häsiýetlerini we işeňňirligini göz öňünde tutup, olaryň şahsy hyzmatyna bagly bolmalydyr. Kazylary saýlamak we ýokary wezipä çekmek boýunça çözgüt kabul edýän edara hökümetden we ýurt ýolbaşçylaryndan garaşsyz bolmalydyr. Onuň garaşsyzlygyny üpjün etmek üçin düzgünler, mysal üçin, kazylary kazyýet toparynyň saýlamagyny we ol edaraýň düzgün-tertibini kabul etmekde özbaşdaklygy göz öňünde turmalydyr.

   Emma, konstitusiýa, kanuny kararlar ýada adatlar boýunça kazylar hökümet tarapyndan bellenilýän halatlarynda, kazylary bellemek tertibiniň aýdyňlygy we garaşsyzlygy, şeýle-de çözgütleriň ýokarda agzalan adalatly ölçegler bilen bagly bolmadyk dürli faktorlaryň täsirinden goragy bolmalydyr. Şeýle kepillikler hökmünde, meselem, aşakdaky çäreleriň birisi ýada birnäçesi bolup biler:

i. hökümetiň öz praktiki işinde ulanar ýaly oňa teklipler berýän aýratyn garaşsyz doly ygtyýarly edaranyň döredilmegi; ýada

ii. garaşsyz edarada özbaşdak tertipde çözgütlere garşy şikaýat etme hukugynyň berilmegi; ýada

iii. çözgütleriň esassyz we daşky täsirden goragyny üpjün eder ýaly edaranyň döredilmegi.

d) Çözgütleri kabul etmek işinde, kazylar garaşsyz bolmalydyrlar we haýsy hem bolsa bir tarapdan ýada islendik sebäbe görä gönüden-göni ýada gytaklaýyn hiç hili çäkledirilmesiz, daşyndan täsir edilmesiz, zor salmasyz, haýbat atylmasyz ýada işine gatyşmasyz hereket etmelidirler. Kazylara haýsy hem bolsa şol usullaryň kömegi bilen täsir etmäge synanyşýan adamlaryň garşysyna kanunda sanksiýalar göz öňünde tutulmalydyr. Öz ahlagyna, delillere düşünişine we hereket edýän hukuk kadalaryna esaslanyp, adalatly çözgüt kabul etmekde kazylaryň çäklendirmesiz erkinligi bolmalydyr. Kazylar öz işleriniň mazmuny barada kazyýet ulgamyndan daşarda hiç kime maglumat bermeli däldirler.

e) Işleriň paýlanylyşyna işiň islendik hem bolsa bir tarapynyň ýada şol işiň netijesinde bähbitleri bar bolan islendik adamyň islegi täsir etmeli däldir. Şeýle paýlanma, meselem, bije atmagyň kömegi bilen ýada elipbiý tertibinde awtomatiki paýlamak arkaly ýada haýsyda bolsa şoňa meňzeş usulda geçirilip bilner.

f) Mysal üçin, agyr kesel ýada bähbitleriň çaknyşygy ýaly delilli esas bolmasa, işi ol ýada beýleki kazydan yzyna gaýtarylyp bolmaýar. Şeýle yzyna gaýtarmalaryň esaslary we tertibi kanun tarapyndan göz öňünde tutulalydyr we hökümet we döwlet ýolbaşçylaryna bagly bolmaly däldir. Kazydan işi gaýtaryp almak boýunça çözgüt edil kazynyňky ýaly garaşsyzlykdan peýdalanýan edara tarapyndan kabul edilmelidir.

3. Bellenýän ýada saýlanýan kazylara hökmany nepaga çykmak ýaşyna çenli ýada olaryň ygtyýarlyklarynyň möhleti dolýança, gulluk möhleti kepillendirilmelidir.

**Ýörelge II. Kazylaryň ygtyýarlyklary**

1. Işe degişli ähli adamlar, şol sanda hem, döwlet guramalary we olaryň wekilleri, kazynyň ygtyýarlyklaryna tabyn bolmalydyrlar.
2. Öz borçlaryny amala aşyrmak, ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmek we kazyýetiň abraýyny goramak üçin kazylara ýeterlik häkimiýet we ony ulanmaga mümkinçilik berilmelidir.

**Ýörelge III. Kanagatlanarly iş şertleri**

1. Kazylaryň netijeli işlemegi üçin kanagatlanarly iş şertleri, hususan-da aşakdakylar arkaly, döredilmelidir:

a) kazylaryň ýeterlik sanyny işe almak we olara degişli okuw taýýarlygyny gurnamak, meselem, kazylaryň bellenilmeginden öň we olaryň işiniň dowamynda kazyýetlerde we, mümkinçiligine görä, beýleki guramalarda we edaralarda amaly okuw taýýarlygy geçirmelidir. Şeýle taýýarlyk tölegsiz bolmalydyr we soňky kanunçylygyň we hukuk nusgalarynyň öwrenilmegini öz içine almalydyr. Maksada laýyk bolan ýerinde, okuw taýýarlygy Ýewropanyň ýurtlaryna tanyşlyk we daşary ýurt guramalaryna we kazyýetlerine saparlary öz içine almalydyr;

b) hünär abraýyna we jogapkärçilik derejesine laýyk bolar ýaly dereje we zähmet haky bilen üpjün edilmelidir;

c) ukuply kazylary işe almak we ýerleşdirmek üçin anyk gulluk wezipe ösüş ulgamy döredilmelidir;

d) kömekçi işgärleriň we enjamlaryň kanagatlanarly derejede üpjün edilmegi, hususan-da, kazylar öz wezipelerini netijeli we çalt ýerine ýetirer ýaly iş önümçiligi we maglumatlaryň seljerilmegi awtomatlaşdyrmalydyr;

e) kazyýetleriň işiniň çendenaşa artyrylmagynyň öňüni almaga we azaltmaga degişli R (86) belgili Tekliplere laýyklykda, kazyýete degişli däl wezipeleri başga adamlara geçirmek üçin degişli çäreler kabul edilmelidir.

2. Kazylaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin ähli zerur çäreler görülmelidir, meselem, kazyýet binalarynda goragyň hökmany bolmagy ýada kazylara agyr howp abanmagyndan goramak üçin polisiýa goragy bilen üpjün edilmelidir.

**Ýörelge IV. Birleşmeler**

Özleriniň ýekelikde ýada haýsy hem bolsa başga guramalar bilen bilelikde kazylaryň garaşsyzlygyny we bähbitlerini goramaga niýetlenen birleşmeleri döretmäge kazylaryň doly azatlyklary bolmalydyr.

**Ýörelge V. Kazylaryň borçlary**

1. Derňew wagtynda kazylar ähli adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramalydyrlar.

2. Öz kazyýet wezipelerini ýerine ýetirende kanunyň dogry ulanylmagyny we işlere adalatly, netijeli we çalt seredilmegini üpjün etmek kazylaryň borjudyr. Onuň üçin olarda degişli ygtyýarlyklar bolmalydyr.

3. Hususan-da, kazylaryň aşakdaky borçlary bolmalydyr:

a) ähli halatlarda garaşsyz we hiç hili daşyndan täsir ýetirmesiz hereket etmek;

b) maglumatlara özüçe baha bermek we kanuna öz düşünişine laýyklykda işleri adalatly alyp barmak, delilnamalaryň adalatly diňlenilmegini üpjün etmek we Konwensiýanyň düzgünlerine laýyklykda ähli taraplaryň önümçilik hukuklaryna hormat goýmak;

c) delilli sebäpleriň bolan halatynda, we beýleki halatlarda dälde, belli bir iş ýada degişli hereketden ýüz öwürmek. Bu sebäpler kanun tarapyndan kesgitlenilmelidir we, mysal üçin, agyr kesel, bähbitleriň çaknyşygy ýada adyl kazyýet bähbitleri bilen bagly bolmagy mümkindir;

d) zerur halatynda, taraplara düzgün meselelerini adalatly düşündirmek;

e) maksada laýyk bolanda, taraplaryň ýaraşmagyny we olaryň parahatçylykly ylalaşygy baglaşmagyny goldamak;

f) eger kanunda ýada ulanylýan tejribede başga zat göz öňünde tutulmaýan bolsa, öz çözgütleriniň düşündirilişini düşnükli dilde anyk we doly bermek;

g) öz wezipelerini netijeli we kanagatlanarly ýerine ýetirmek üçin zerur bolan ähli taýýarlyklary geçmek;

### Ýörelge VI. Borçlarynyň ýerine ýetirilmezligi we düzgün-nyzam bozulmalary

1. Kazylar öz borçlaryny netijeli we dogry ýerine ýetirmedik halatynda, ýada düzgün-nyzam bozulmalaryň bolan halatynda, kazyýet guramalarynyň garaşsyzlygyna zyýan ýetirmeýän ähli zerur çäreler görülmelidir. Konstitusion ýörelgelere, ýuridiki düzgünlere we her ýurduň adatlaryna görä, şol çärelere, meselem, aşakdakylar girip biler:

   a) kazynyň işini elinden almak;

   b) kazyny kazyýetde başga işe geçirmek;

   c) ykdysady çäklendirmeler, meselem aýlygynyň wagtlaýyn kemeldilmegi.

   d) ygtyýarlygynyň togtadylmagy.

2. Degerli sebäpler bolmasa, bellenen kazylar hökmany nepaga çykmak ýaşy dolýança işinden boşadylyp bilinmez. Şeýle sebäpler kanun tarapyndan dogry kesgitlenmelidir, we kazylaryň belli bir möhlet bilen saýlanylýan ýurtlarda, ýada kazynyň öz wezipesini ýerine ýetirmäge ukupsyzlygy, jenaýat düzgün bozulmalaryň edilmegi ýada düzgün-nyzam kadalarynyň düýpli bozulmagy halatlarynda ulanylyp bilner.

3. Şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümlerinde agzalan çäreleri ýerine ýetirilmeli bolanda, kanuna laýyklykda döwletler, olaryň üstünde kazyýet işlemeýän bolsa, düzgün nyzam sansiýalary we çäreleri ulanmak üçin ýörite ygtyýarly edaranyň döredilmegi barada meselä seredip geçmelidirler, we şol edaranyň çözgütleri ondan ýokary kazyýet edarasy tarapyndan gözegçilik etmelidir. Ondan ýokary bolan kazyýet edarasy hem şol edara bolup bellenip bilner. Agzalan kazylar üçin Konwensiýa tarapyndan talap edilýän önümçilige degişli ähli düzgünleriň berjaý edilmegini üpjün edýän dogry önümçik kadalary, meselem, işe delillendirilen wagtyň içinde seredilmegini we kazylaryň ýüklenilýän günälemelere jogap bermek hukugynyň bolmagy ýaly kadalar, kanunda bellenilmelidir.

## Ministrler Komitetiniň aklawçy hünärini alyp barmagyň azatlygy barada agza-döwletlere R (2000) 21 belgili Maslahaty

*(2000-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda ministrleriň orunbasarlarynyň 727-nji mejlisinde Ýewropa Geňeşiniň ministrler Komiteti tarapyndan kabul edildi)*

Ministrler Komiteti, Ýewropa Geňeşiniň Düzgünnamasynyň 15-nji maddasynyň (b) bölümine laýyklykda hereket edip,

Adam hukuklary boýunça Ýewropa Konwensiýasynyň düzgünlerini göz öňünde tutup;

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1990-njy ýylyň dekabrynda makullan Birleşen Milletler Guramasynyň aklawçylaryň orny boýunça Esasy ýörelgelerini göz öňünde tutup;

1994-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda Ýewropa Geňeşiniň Ministrler Komiteti tarapyndan kabul edilen kazylaryň garaşsyzlygy, netijeliligi we orny barada R (94) 12 belgili Teklibi göz öňünde tutup;

Adam hukuklarynyň we esasy azatlyklaryň goragyny üpjün etmekde aklawçylaryň we aklawçylaryň hünärmen birleşmeleriniň esasy orun tutýandygyny belläp;

Aklawçylaryň gatnaşmagy bilen, ýlaýtada, şahsyýet azatlyklaryny goramakdaky bolan ornuna degişli, ýerine ýetirilýän kanunyň ýokary tutulmagyny güýçlendirmek üçin, aklawçylyk kärini ýerine ýetirmek azatlygy ýaýbaňlaşdyrmagy üçin niýet edinip;

Kazylaryň öz wezipelerini haýsy hem bolsa bir tarapdan ýada her bir sebäplere görä gönüden-göni ýada gytaklaýyn hiç hili çäkledirmesiz, daşyndan täsir etmesiz, zor salmasyz, haýbat atylmasyz ýada işine gatyşmasyz ýerine ýetirmegini kepillendirýän adyl kazyýet ulgamynyň zerurlygyna düşünip;

Kazylaryň öz borçlaryny kanagatlanarly ýerine ýetirmegini üpjün etmegiň we, hususanda aklawçylaryň ýeterlik okuw taýýarlygy almagynyň we olaryň borçlarynyň kazyýetleriň we müşderileriniň öňünde deňagramlygyny tapmagyň maksada laýykdygyny bilip;

Adyl kazyýet elýeterligi ykdysady taýdan kyn ýagdaýdaky adamlaryň aklawçynyň kömegini almak zerurlygyny göz öňünde tutup biljekdigini nazara alyp;

Şu Teklipdäki ýörelgeleriň ýerine ýetirilmek maksady bilen, ýagdaýa laýyklykda, özleriniň zerur hasaplaýan çärelerini kabul etmegi ýada güýçlendirmegi Ýewropa Geňeşiniň agza-ýurtlaryň hökümetlerine maslahat berýär.

Şu Teklipde "aklawçy" sözüniň manysy milli kanunçylyga laýyklykda öz müşderileriniň tarapyny tutmaga we olaryň adyndan hereket etmäge, aklawçylyk iş bilen meşgullanmaga, kazyýetde çykyş etmäge ýada hukuk soraglary boýunça öz müşderilerine maslahat bermäge we olaryň adyndan çykyş etmäge hünärli we ygtyýary bar adamy aňladýandyr.

### Ýörelge I. Aklawçy hünärini erkin amala aşyrmagyň umumy ýörelgeleri

1. Häkimiýet edaralary we jemgyýetçilik tarapyndan kemsidilmesiz we bikanun işine goşulmasyz, hususan-da adam hukuklary boýunça Ýewropa

Konwensiýasynyň degişli düzgünlerini nazara almak bilen, aklawçy hüneriniň erkin amala aşyrylmagyna sarpany, goragy we goldawy üpjün etmek üçin ähli zerur çäreler görülmelidir.

2. Aklawçylyk iş bilen meşgullanmaga ýada şol hünär toparynyň agzasy bolmaga rugsat berilmegine degişli çözgütler garaşsyz gurama tarapyndan kabul edilmelidir. Şeýle çözgütlere gözegçilik, olaryň garaşsyz gurama tarapyndan kabul edilýändigine garamazdan, garaşsyz we adalatly kazyýet edarasy tarapyndan ýerine ýetirilmelidir.
3. Aklawçylar ynam, söz, hereket etme, ýygnaklara we birleşmelere gatnaşma azatlygyndan peýdalanýarlar, şeýlede olaryň hukuk soraglary we adyl kazyýetiň amala aşyrylmagy boýunça jemgyýetçilik pikir alyşmalaryna gatnaşmaga we kanuny özgertmeler boýunça teklipler bilen çykyş etmäge hukuklary bardyr.
4. Aklawçylar öz hünär standartlaryna laýyklykda hereket edenlerinde, islendik jezalandyryş çäreleri ýada gysylma howpuna sezewar bolmadan ýada olaryň netijesinden ejir çekmeli däldirler.
5. Gizlinlik şertlerinde maslahat bermek we kesgitlenen hünär standartlaryna laýyklykda öz müşderilerinin adyndan çykyş etmek mümkinçiligi bolar ýaly, aklawçylaryň öz müşderileriniň, hususan-da, azatlykdan mahrum edilenleriň, ýanyna barmaga ygtyýarlary bolmalydyr.
6. Aklawçy bilen önüň müşderisiniň arasyndaky aragatnaşygyň gizlinligine sarpa goýulmagy üpjün etmek üçin ähli zerur çäreler görülmelidir. Diňe kanunyň ýokary tutulmagy bilen laýyk gelýän halatlarynda bu kadadan çykmaklyga rugsat berilmek mümkindir.
7. Aklawçylar, öňünde çykyş etmäge ygtyýarlyklary bar bolan, kazyýete barmak hukugyndan iňkär edilmeli däldir, we öz hüneriniň standartlaryna laýyklykda müşderileriň hukuklaryny we bähbitlerini goran wagtynda, olaryň ähli zerur bolan resminamalary görmäge ygtyýar edilmelidir.
8. Şol bir işiň üstünde işleýän aklawçylaryň ählisine kazyýet tarapyndan deň hormat görkezilmelidir.

## Ýörelge II. Aklawçylyk bilimi, okuw taýýarlygy we işe girişmegi

1. Hiç bir adam, hususan-da, jynsyna, teniniň reňkine, dinine, syýasy ýada beýleki ynamlaryna, haýsy millete degişliligine we sosial gelip çykyşyna, milli azlyga degişliligine, emlägine, dogulyşyna ýada fiziki işe ukupsyzlygyna görä, aklawçylyk bilim almak, işe girişmek we aklawçylyk işi dowam etmek mümkinçiliginden iňkär edilmeli däldir.
2. Käre girişmek hem-de dowamly aklawçylyk bilimini kepillendirmeginiň şerti hökmünde, aklawçylyk okuw taýýarlygynyň we ahlaklygynyň ýokary derejesini üpjün etmek üçin ähli zerur bolan çäreler berjaý edilmelidir.
3. Aklawçylyk bilimi, şol sanda hem, hünäri kämilleşdirmek maksatnamalary, aklawçylyk endikleriň kämilleşdirilmegine, ahlak we adam hukuklary

meseleleri boýunça düşünjeligiň artdyrylmagyna, hem-de öz müşderileriniň hukuklaryna we bähbitlerine sarpa goýmaga we adalatyň dogry berjaý edilmegine goldamak üçin taýýarlyk bermäge niýetlenmelidir.

**Ýörelge III. Aklawçylaryň orny we borçlary**

1. Aklawçylaryň birleşmesi ýada beýleki aklawçylar hünärmen birleşmeleri hünärmen standartlaryny we ahlaklylyk kodekslerini taýýarlamalydyr hem-de öz müşderileriň kanuny hukuklaryny we bähbitlerini goramakda, aklawçylaryň garaşsyz, yhlasly we adyl hereket etmegini borclydygyny üpjün etmelidir.
2. Milli kanunlara, düzgünlere we hünär standartlaryna laýyklykda aklawçylar hünär gizlinligini saklamalydyrlar. Müşderiden rugsatsyz şol syryň aýan edilmegi üçin degişli jeza berilmelidir.
3. Aklawçylaryň öz müşderileriniň öňündäki borçlaryna aşakdakylar girmelidir:
    a) müşderileri olaryň aklawçylyga degişli hukuklary we borçlary barada soraglary, şeýle-de işiň mümkin bolan netijeleri, şol sanda hem, maliýe çykdajylary, boýunça maslahat bermek;
    b) ilki bilen işi parahatçylyk ýoly bilen çözmäge synanyşmak;
    c) öz müşderileriniň hukularyny we bähbitlerini goramak, berjäý etmek we üpjün etmek maksady bilen kazyýet önümçiligini gozgamak;
    d) bähbitleriň çaknyşygyna ýol bermezlik;
    e) özleriniň edip biljeginden artyk iş almazlyk borjy.
4. Aklawçylar kazyýet häkimiýetine hormat goýmalydyrlar we kazyýetiň öňünde öz borçlaryny milli hukuky we beýleki düzgünlerine we hünär standartlaryna gabat geler ýaly ýerine ýetirmelidirler. Aklawçylar tarapyndan öz hünär borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz öwüren halatlarynda, olar müşderileriň we beýleki kömege mätäç adamlaryň bähbitlerine zyýan ýetimezlige çalyşmalydyr.

**Ýörelge IV. Her bir adamyň öz aklawçysy bilen maslahatlaşmaga hukugy**

1. Garaşsyz aklawçylar tarapyndan berilýän hukuk hyzmatlaryny almaga ähli adamlaryň hukugyny netijeli üpjün etmek üçin ähli zerur çäreler görülmelidir.
2. Aklawçylaryň maliýe tarapdan kyn ýagdaýdaky raýatlara hukuk hyzmatlary bermegine höwes döretmek zerurdyr.
3. Ýewropa Geňeşiniň agza ýurtlarynyň hökümetleri, mümkin boldugyça, maliýe tarapdan kyn ýagdaýdaky raýatlar, esasan hem azatlykdan mahrum edilen adamlar, netijeli aklawçylyk hyzmatlary alar ýaly netijeli adyl kazyýet mümkinçiligi bilen üpjün etmelidirler.
4. Aklawçylaryň olaryň galam haky bölekleýin ýada doly döwlet hasabyna tölenýändigi sebäpli, olaryň öz müşderileriniň öňündäki borçlaryna täsir etmeli däldir.

**Ýörelge V. Birleşmeler**

1. Aklawçylar özbaşdak ýada beýleki guramalar bilen hünärmen standartlaryny güýçlendirmäge we aklawçylaryň garaşsyzlygyny we bähbitlerini goraýan ýerli, milli we halkara derejesindäki hünärmen birleşmeleri döretmäge ýada olara goşulmaga mümkinçilikleri we höweslendirmesi bolmalydydyr.
2. Aklawçylaryň birleşmeleri ýada beýleki aklawçylyk hünärmen birleşmeleri özözüni dolandyrmalydyrlar, hem-de häkimiýet edaralaryndan we jemgyýetden garaşsyz bolmalydyrlar.
3. Öz agzalaryny dürli ýaramaz gysylmalardan we çäklendirmelerden goramakda aklawçylaryň birleşmeleriniň ýada beýleki aklawçylyk hünär birleşmeleriniň eýeleýän ornuna sarpa goýmak zerurdyr.
4. Aklawçylaryň birleşmeleri ýada beýleki ýuridiki hünär birleşmeleri aklawçylaryň garaşsyzlygynyň üpjün edilmegini goldamalydyrlar we, mundan başgada:
    a) adyl kazyýetiň bähbitlerini gorkysyz öňe sürmelidirler we goldamalydyrlar;
    b) aklawçylaryň jemgyýetdäki ornuny goramalydyrlar, hususan-da olaryň abraýyny, mertebesini we ýokary ahlak häsiýetlerini goldamalydyrlar;
    c) doly üpjün edilmedik raýatlara adyl kazyýet mümkinçiligini üpjün etmek boýunça, hususan-da olaryň hukuk kömegini we maslahatlary almaklary boýunça, taslamalarda aklawçylaryň gatnaşmagyny öňe sürmelidirler;
    d) hukuk özgertmelerini we hereket edýän kanunçylygyň we kanunlaryň ara alnyp maslahatlaşylmagyny öňe sürmelidirler we goldamalydyrlar;
    e) aklawçy hünäriniň wekilleriniň doly üpjünligini öňe sürmelidirler we olara ýada olaryň maşgalalaryna zerur bolan halatynda kömek bermelidirler;
    f) hususan-da halkara aklawçylar guramasynyň we halkara hökümetara we hökümete degişli bolmadyk guramalaryň işini nazara alyp, aklawçylaryň ornuny öňe sürmek maksady bilen beýleki ýurtlaryň aklawçylary bilen hyzmatdaşlyk etmelidirler;
    g) aklawçylaryň ukuplylygynyň ýokary standartlaryny öňe sürmelidirler we özüňi alyp baryş we düzgün-nyzam standartalaryna aklawçylaryň sarpa goýmagyny goldamalydyrlar.
5. Aklawçylaryň birleşmeleri ýada beýleki aklawçylyk hünärmen birleşmeleri aşakda bellenen halatlarynda, şol sanda hem, degişli edaranyň öňünde aklawçylaryň bähbitleriniň goramagyny içine alýan ähli zerur çäreleri görmelidirler, ýagny:
    a) aklawçy tussag edilse ýada tussag astynda saklanan halatynda;
    b) aklawçynyň ahlak häsiýeti barada guman getirýän önümçiligiň gozgamak barada her bir çözgüdiň çykarlan halatynda;
    c) aklawçylaryň şahsy ýada olaryň emlägini barlanýan halatynda;

d) aklawçylaryň ygtyýarynda bolan resminamalaryň ýada materiallaryň arest edilen halatynda;

e) aklawçylaryň adyndan hereketi talap edýän reportajlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çap edilen halatynda.

### Ýörelge VI. Düzgün-nyzam önümçiligi

1. Aklawçylaryň birleşmeleri ýada beýleki ýuridiki hünär birleşmeleri tarapyndan düzülen ýada kanun boýunça kesgitlenen öz hünärmen ahlaklylyk kodeksi boýunça hereket etmedik halatynda, olara garşy düzgün-nyzam önümçiliginiň gozgamagyny hem içine alýan, degişli çäreler görülmelidir.
2. Aklawçylaryň birleşmeleri ýada beýleki aklawçylaryň hünärmen birleşmeleri aklawçylaryň garşysyna düzgün-nyzam önümçiliginiň geçirilişine jogap bermelidirler ýada, ýerlikli bolan halatynda, olara şol önümçilige gatnaşmak hukugy hem berilmelidir.
3. Degişli aklawçynyň önümçilige gatnaşmak ýada çözgüde kazyýet tarapyndan täzeden seredilmek hukugyndan peýdalanmagy içine alýan düzgün-nyzam önümçiligi adam hukuklary boýunça Ýewropa konwensiýasynda berkidilen ähli ýörelgeleriň we düzgünleriň berjaý edilmegi bilen ýerine ýetirilmelidir.
4. Aklawçylaryň eden düzgün-nyzam jenaýat işleri üçin temmi bellenilende, deňagramlyk ýörelgesi berjaý edilmelidir.

## Ministrler Komitetiniň agza-döwletlere jenaýat hukuk ulgamynda prokurorlaryň orny barada R (2000) 19 belgili Maslahaty

*(2000-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda ministrleriň orunbasarlarynyň 724-nji mejlisinde ministrler Komiteti tarapyndan kabul edildi)*

Ministrler Komiteti Ýewropa Geňeşiniň Düzgünnamasynyň 15-nji maddasynyň (b) bölümine laýyklykda hereket edip,

Ýewropa Geňeşiniň maksadynyň öz agzalarynyň arasynda has berk jebisligi gazanmakdygyny göz öňünde tutup;

şeýlede Ýewropa Geňeşiniň maksadynyň hakyky demokratiýanyň esasy bolan kanunçylygyň berkidilmelidigini nazar alyp;

kanunyň ýokary tutulmagyny kepillendirmekde jenaýat hukuk ulgamynyň esasy orun tutýandygyny nazara alyp;

ähli agza-döwletler üçin ýurduň içinde hem-de halkara derejesinde jenaýatçylyga garşy göreş boýunça çäreleriň görülmeginiň umumy zerurlygyna düşünip;

şol maksada ýetmek üçin diňe bir milli jenaýat hukuk ulgamynyň däl-de, eýsem jenaýat meseleleri boýunça adam hukuklary we esasy azatlyklaryň goragy boýunça Konwensiýada berkidilen ýörelgeleriň goragy üçin halkara hyzmatdaşlygynyň netijeliligini berkitmegi zerur hasaplap;

milli jenaýat hukugy ulgamlarynda, hem-de jenaýat-hukuk meseleleri boýunça halkara hyzmatdaşlygynda prokuraturanyň möhüm ornunyň bardygyna düşünip;

şol maksatlar üçin agza-döwletlerde prokuratuturanyň işiniň esasy ýörelgeleriniň kesgitlenmegini goldanylmagynyň zerurdygyna ynanyp;

Ministrler Komiteti tarapyndan kabul edilen jenaýat işleri boýunça adyl kazyýete degişli namalarda berkidilen ähli ýörelgeleri we düzgünleri nazara alyp,

Jenaýat hukugy ulgamynda agza-döwletleriň Hökümetleri öz kanunçylyklaryny aşakdaky ýörelgelere esaslandyrmaklaryny teklip edýär:

### Prokuroryň wezipeleri

1. Prokurorlar — döwlet häkimiýetiniň wekilleri bolup jemgyýetiň adyndan we döwlet bähbitleri üçin hereket edýän kanunyň ulanmagynda gatnaşyp, kanunyň bozulmagy jenaýat temminiň berilmegini aňladýan halatynda, şahsyýetiň hukuklaryny we jenaýat hukuk ulgamynyň degerli nerijeliligini göz öňüne tutup, kanunyň berjaý edilmegini kepillendirmelidir.
2. Jenaýat hukuk ulgamlarynyň ählisinde prokurorlar:
   - jenaýat işiniň gozgalmagy ýada dowam edilmegi barada çözgüt çykarýarlar;
   - kazyýetde günäleme işlerini geçirýärler;
   - kazyýetiň ähli ýada käbir çözgütlerine täzeden seredilmegini sorap bilýärler ýada täzeden seretmek işleri geçirip bilýärler.

3. Käbir jenaýat hukuk ulgamlarynda, prokurorlar:
   - jenaýata degişli milli syýasatyny mümkin bolan ýerinde sebitleýin we ýerli şertlere uýgunlaşdyryp, amala aşyrýarlar;
   - derňew işini alyp barýarlar ýada, ony ugrukdyrýarlar ýada oňa gözegçilik edýärler; ejir çekenlere netijeli ýardam berilmegini üpjün edýärler; jenaýat çekilmezden başga ulanyp boljak mümkinçilikleri kesgitleýärler;
   - kazyýetleriň çözgütleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýärler;
   - beýlekiler.

**Öz borçlaryny ýerine ýetiren wagtynda prokurorlaryň howpsuzlygynyň kepillikleri**

4. Döwletler jemgyýet prokurorlaryň öz hünäriniň borçlaryny we jogapkärçiliklerini ýerine ýetirmekleri üçin, ýetyerlik kanunçylyk we guramaçylyk şertleriň bolmagyny, hem-de olaryň ygtyýarynda ýeterlik býüjet serişdeleriň bolmagyny üpjün etmek üçin netijeli çäreleri görmelidir. Şeýle şertler hemgyýet prokuraturanyň wekilleri bilen ýakyn aragatnaşykda döredilmelidir.
5. Aşakdaky talaplaryň berjaý edilmegini üpjün etmek üçin döwletler çäreleri görmelidirler:

   a) prokurorlaryň işe alynmagy, wezipesiniň ýokarlandyrylmagy we bir wezipeden başga wezipä geçirilmegi adalatly we ýüz görmez düzgünlere laýyklykda, hem-de belli bir toparlaryň bähbitlerini ileri tutýan usullarynyň ulanylşyna ýol bermän, we jynsyna, teniniň reňkine, diline, dine yrylmagyna, syýasy ýada beýleki garaýyşlaryna, millete degişliligine we sosial gelip çykyşyna, milli azlyga degişliligine, emlägine, dogulyşyna ýada beýleki ýagdaýlar boýunça kemsidilmän amala aşyrylmalydyr;

   b) prokurorlaryň derejesi, ýokary wezipä çekilmegi we bir wezipeden başga wezipä geçirilmegi hünär başarnyklary we tejribe ýaly belli we obýektiw talaplara esaslanmalydyr;

   c) prokurorlaryň bir wezipeden başga wezipä geçirilmegine onuň gulluk zerurlygyna esaslanmalydyr;

   d) prokurorlaryň olaryň ähmiýetli derejesine laýyk gelýän gullugynyň kanagatlanarly şertleri, ýagny zähmet haky, işiniň möhleti we nepaga şertleri, şeýle-de nepaga çykylýan ýaşy ýaly bolmalydyr, we bu şertler kanun tarapyndan kesgitlenmelidir;

   e) prokurorlara garşy düzgün-nyzam önümçiligi kanun tarapyndan kesgitlenmelidir, adyl we obýektiw bahanyň berilmegini kepillendirmelidir we çykarylan çözgüt garaşsyz we ýüz görmez kazyýet tarapyndan täzeden seredilmegine tabyn bolmalydyr.

   f) prokurorlaryň hukuk derejesine degilen halatynda, olaryň kanagatlanarly şikaýat etmek düzgünlerinden peýdalanmak we, ýerlikli bolanda, kazyýetde şikaýat etmek mümkinçiligi bolmalydyr;

g) öz borçlaryny dogry ýerine ýetirmegiň netijesinde jemgyýet prokurorlaryň ýada olaryň maşgalalarynyň şahsy howpsyzlygyna howp abanýan halatynda, döwlet edaralary olara fiziki goragy bilen üpjün etmelidir.

6. Prokurorlary öz pikirini beýan etmek, ynam, birleşmek we ýygnanmak azatlyklaryndan netijeli peýdalanmagyny üpjün etmek üçin döwletler çäre görmelidir. Ylaýtada, olar kanuny hereket etmeginiň netijesinde ýada kanuny duramanyň agzasy bolany üçin hünärinde kynçylykdan ejir çekmän, kanuna, adalatyň berjaň berjaý edilmegine hem-de adam hukuklarynyň goralmagyna degişli jemgyýetçilikde gurnalýan gürrüňdeşliklere gatnaşmagy, we ýerli, milli we halkara guramalary döretmäge we olara goşulmaga, olaryň duşuşyklaryna aýratyn şahsyýet hökmünde gatnaşmaga hukukly bolmalydyrlar. Ýokarda agzalan hukuklar diňe kanunyň belleýşine laýyklykda, hem-de jemgyýet prokurorlaryň konstitusion derejesini saklamaklygyna gerek bolan halatlarynda çäklendirilip bilner. Ýokarda agzalan hukuklar bozulan halatynda prokurorlara netijeli gorag serişdeleri elýeterli bolmalydyr.

7. Wezipä bellenileýinçä we işiň dowamynda gurnalýan hünär taýýarlygy ähli jemgyýet prokurorlaryň hukugy we borjy bolmalydyr. Wezipä bellenilenden öň we soň prokurorlaryň degişli biliminiň we taýýarlygynyň bolmagyna göz ýetirmek üçin döwletler netijeli çäreleri görmelidirler. Hususan-da, prokurorlara aşakdakylar aýan bolmalydyr:

a) olaryň wezipesine mahsus bolan ýörelgeler we ahlak borçlary;

b) şübhelenýänleriň, ejir çekenleriň we şaýatlaryň konstitusion we hukuky goragynyň kepillikleri;

c) adam hukuklary we esasy azatlyklar boýunça Konwensiýada berkidilen adam hukuklary we azatlyklary, esasan hem Konwensiýanyň 5-nji we 6-njy maddalarynda kesgitlenen hukuklar;

d) kazyýet häkimiýetiniň gatnaşmagynda işi gurnamagyň, dolandyrmagyň, işgär üpjünçiliginiň ýörelgeleri we tejribeleri;

e) olaryň hereketiniň yzygiderligini üpjün edýän mehanizmler we serişdeler.

Mundan başga-da, häzirki zaman şertlerinde, hususan-da jenaýatçylygyň göznüşlerini we ösüşini, şeýlede jenaýat meseleleri boýunça halkara hyzmatdaşlygy göz öňünde tutup, aýratyn meseleler ýada aýratyn ugurlar boýunça prokurorlaryň goşmaça taýýarlygyny üpjün etmek üçin döwletler netijeli çäreleri görmelidirler.

8. Jenaýatçylygyň ýüze çykýan täze görnüşlerine, hususan-da guramaçylykly jenaýatlara garşy durmak üçin hünäriň ýöriteleşdirilişi prokuraturanyň işiniň gurnalmagynyň ileri tutulýan ugry hökmünde seredilmelidir; we deň derejede hünär taýýarlygyna we hünär işiniň amala aşyrylmagyna degişli bolmalydyr. Prokurorlar öz wezipelerini ýerine ýetirenlerinde, mümkin boldugyça köp hünärmenleriň kömegini, şol sanda hem, olary köpugurly toparlaryny, ulanylmalydyr.

9. Prokuraturanyň gurnalyşy we içki hereketi, hususan-da işleriň bölünilişi we täzeden bölünilişi, şeýle-de jenaýat hukugy ulgamynyň mümkin boldugyça

dogry hereket etmegine ymtylma, esasan hem her mesele boýunça ýuridiki başarjaňlygyň we ýöriteleşdirişiň derejesi boýunça ýüz görmezlik we garaşsyzlyk ýörelgeleri berjaý edilmelidir.

10. Prokurorlaryň ählisiniň özlerine gönükdirilen görkezmeleriň ýazgy görnüşde berilmegini talap etmäge hukuklary bardyr. Eger prokuroryň pikir etmegine görä, berlen görkezme bikanun ýada onuň ynamlaryna garşy gelýän bolsa, onuň çalşyrylmagyna alyp barýan degişli içerki tertip üpjün edilmelidir.

### Prokuraturanyň ýerine ýetiriş we kanun çykaryş häkimiýetleri bilen aragatnaşyklary

11. Döwletler prokurorlaryň öz hünär borçlaryny we jogapkärçiliklerini işine delilsiz gatyşmasyz ýada olara raýat, jenaýat we beýleki jogapkärçilikleri delilsiz ýüklemesiz ýerine ýetirmegini üpjün etmek üçin çäre görmelidirler. Emma prokurorlary wagtal-wagtal öz hereketleri barada umuman we öz esasy wezipelerini haýsy ýol bilen çözendikleri barada aýratynlykda açyk hasabat bermelidirler.

12. Prokurorlar ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy häkimiýetleriniň işine goşulmaly däldir.

13. Prokuratura hökümetiň bir bölegi ýada oňa tabyn bolan halatyynda, döwlet aşakdakylary kepillendirmelidir:

   a) hökümetiň prokuratura boýunça ygtyýarlyklarynyň häsiýetiniň we göwrüminiň kanun tarapyndan kesgitlenmegini;

   b) hökümetiň öz ygtyýarlyklaryny halkara ylalaşyklaryna, milli kanunçylyga we umumy hukuk ýörelgelerine laýyklykda alyp barmagyny;

   c) eger hökümet umumy görkezme beren halarynda, olaryň ýazgy üsti bilen bolmagyny we degişli görnüşde çap edilmegini;

   d) hökümetiň belli bir işi gozgamak boýunça görkezme bermek ygtyýarlygy bolan halatynda, şeýle görkezmelerde milli kanunçylykda bellenen aýanlyga we deňlige sarpa goýýan ýeterlik kepilliklerini üpjün etmäge döwletler borçly bolmalydyr, meselem:

      - günäleme wezipesini ýerine ýetirýän doly ygtyýarly prokurordan ýada edaradan deslapky hat üsti bilen düşündirişleri talap etmek;
      - esasan hem olar prokuraturanyň tekliplerinden üýtgeşik bolsa, öz ýazuw görkezmelerini dogry düşündirmek we olary tabyn bolmak tertibinde geçirmek;
      - işe seredilmezden öň berlen maslahatlaryň we görkezmeleriň işe goşulmaklygyny hem-de beýleki taraplaryň olar bilen tanyş bolmaklary hem-de düşündiriş bermeklerini üpjün etmek.

   e) prokurorlar kazyýete ähli kanuny delillerini bermäge we şeýle-de olar bu ýazuwda alnan görkezmeler boýunça öz pikirlrini beýan etmäge erkin bolmalydyrlar.

f) belli bir işde jenaýat önümçiligi bes etmek baradaky görkezmelere umuman ýol berilmeli däldir. Şeýle görkezmeleriň bar bolan halatynda, olar kadadan çykma bolmalydyr we diňe ýokarda “d” we “e” bölümlerde görkezilen talaplara däl-de, eýsem görkezmeleriň aýdyňlygynyň kepillikleri nukdaýnazaryndan aýratyn gözegçilige hem tabyn bolmalydyr.

14. Prokuratura döwletden garaşly däl ýurtlarda, kanunda prokuraturanyň garaşsyzlygynyň häsiýetini we göwrümini berkitmegi kepillendirmek üçin döwlet netijeli çäreleri görmelidir.

15. Adalatlygyň we netijeli jenaýat syýasatyň berkemegine ýardam etmek maksady bilen prokurorlar hökümet guramalary we edaralary bilen kanuna laýyk derejede hyzmatdaşlyk etmelidirler.

16. Her bir ýagdaýda, hususan-da parahorluk, wezipesinden bikanun peýdalanmak, adam hukuklarynyň gödek bozulmagy we halkara kanunçylygy tarapyndan ykrar edilen beýleki jenaýatlar boýunça prokurorlaryň wezipeli döwlet işgärleriniň garşysyna päsgelçiliksiz jenaýat yzarlamasyny gozgamaga mümkinçiligi bolmalydyr.

**Jemgyýet prokurorlar bilen kazylaryň arasyndaky gatnaşyklar**

17. Döwletler prokurorlaryň kanuny derejesiniň, başarnyklarynyň hem-de önümçilikde bolan orunlarynyň kazylaryň garaşsyzlygy we ýüz görmezligi barada hiç hili delilli şübhäniň döredilmeýän şekilde kanunda bellenilmegini üpjün etmek üçin ýerlikli çäreleri görmelidir. Hususan-da, döwletler bir wagtda prokuroryň hem-de kazynyň borçlarynyň bir adam tarapyndan ýerine ýetirmezligini kepillendirmelidirler.

18. Muňa garamazdan, hukuk ulgamynda rugsat berilýän halatynda, döwletler şol bir adamyň prokuroryň we kazynyň wezipelerini we tersine yzygiderli ýerine ýetirmeginiň mümkin bolmagy üçin çäreleri görmelidir. Şeýle wezipe çalyşmasy diňe degişli tarapyň açyk bildiren islegi boýunça we zerur kepillikleriň berjaý edilmegi bilen mümkin bolmalydyr.

19. Prokurorlar kazylaryň garaşsyzlygyna we adalatlygyna hormat goýmalydyrlar; hususan-da, olar şikaýat etme hukugyny ulanmakdan ýada beýleki resmi düzgünleri amala aşyrmakdan başga kazyýetiň çözgütlerine şübhe getirmeli ýada olaryň ýerine ýeirilmegine päsgelçilik bermeli däldirler.

20. Prokurorlar kazyýet derňewiniň dowamynda adyl we adalatly bolmalydyrlar. Hususan-da, olar adyl kazyýetiň adalatly amala aşyrylmagy üçin zerur bolan iş boýunça maglumatlary we kanuny dellileri getirmelidirler.

**Prokuratura bilen polisiýanyň arasyndaky gatnaşyklar**

21. Prokurorlar olaryň iş gozgamak ýada jenaýat yzarlamany dowam etmek barada meseläni çözýän wagtyndan islendik halatda gijikdirmän polisiýa derňewleriniň kanunylygyny ykjam barlamalydyrlar. Bu babatda prokurorlar polisiýa tarapyndan adam hukuklarynyň berjaý edilmegine hemişelik gözegçilik etmelidirler.

22. Polisiýanyň prokuratura tabyn bolýan ýada polisiýa derňewleriniň prokuraturanyň gözegçiliginde geçirilýän ýurtlarynda, prokuraturanyň ygtyýarlyklaryny kepillendirmek üçin döwlet degişli çäreleri görmelidir:

    a) jenaýat syýasatynyň esasy wezipeleriniň netijeli ýerine ýetirilmegi maksady bilen, esasan hem haýsy görnüşli işleriň ilkinji bolup seredilmegine çözgütleriň kabul edilmegi, subutnamalary toplamagyň usullary, işgärleriň işi, derňewiň dowamlygy, prokurorlara berilýän maglumatlar we ş. m. boýunça, polisiýa degişli görkezmeleri bermek;

    b) eger polisiýanyň dürli bölümleri bar bolsa, işi prokuraturanyň pikiriçe seretmäge iň ygtyýarlyly bölüme geçirmek;

    c) Prokuraturanyň beren görkezmeleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik üçin zerur derejede baha bermegi we içki gözegçiligi amala aşyrmak;

    d) mümkin bolan düzgün bozulmalar üçin jogapkärçiligi kesgitlemek ýada, eger ýerlikli bolsa, jogapkärçiligiň kesgitlenmegine ýardam etmek.

23. Polisiýanyň prokuraturadan garaşsyz ýurtlarynda, prokuratura bilen polisiýanyň arasynda kanagatlanarly hyzmatdaşlygy kepillendirmek üçin netijeli çäreler görülmelidir.

**Prokurorlaryň raýatlaryň öňündäki borçlary**

24. Öz wezipelerini ýerine ýetirenlerinde prokurorlar:

    a) öz wezipelerini adalatly, ýüz görmesiz we adyl ýerine ýetirmelidirler;

    b) adam hukuklary we esasy azatlyklar boýunça Konwensiýada görkezilen adam hukuklaryny berjaý etmelidirler we goramalydyrlar;

    c) jenaýat hukuk ulgamynyň mümkin boldugyça çalt hereket etmegini üpjün etmäge çalyşmalydyr.

25. Prokurorlar jynsy, haýsy millete degişliligi, teniniň reňki, dili, dini, syýasy ýada beýleki ynamlary, haýsy millete degişliligi we sosial gelip çykyşy, milli azlyga degişliligi, emlägi, dogulyşy ýada beýleki esaslar boýunça islendik kemsitmelerden saklanmalydyrlar.

26. Prokurorlar kanunyň öňünde hemmeleriň deňligini üpjün etmelidirler we işe degişli ähli ýagdaýlar bilen, şol sanda hem, onuň bähbidine ýada garşysyna tassyklanmagyna garamazdan şübhelenýäne degişli ýagdaýlar bilen, tanyş bolmalydyrlar.

27. Eger garaşsyz derňew günälemäniň esassyzdygyny görkezse, prokurorlar jenaýat işini gozgamaly ýada jenaýat yzarlamany dowam etmeli däldirler.

28. Prokurorlar bikanun alynandygyny bilýän ýada şübhelenmäge ýeterlik esasy bar bolan subutnamalary günälenýäniň garşysyna ulanmaly däldirler. Islendik şübhe dörände prokurorlar şeýle subutnamalaryň mümkinligini barlamak boýunça kazyýete haýyşt bilen ýüz tutmalydyrlar.

29. Prokurorlar özlerinde bar bolan we onuň kazyýet önümçiliginiň adalatlygyna täsir edip biljek islendik maglumat boýunça, beýleki taraplara aýan etmän, taraplaryň ýaryşmak ýörelgesini üpjün etmelidirler.

30. Prokurorlar günäsizlik presumpsiýasy barada gürrüň edilende üçünji taraplardan alynan gizlin maglumaty aýan etmeli däldirler, hususan-da, eger aýan edilme adyl kazyýetiň bähbidine ýada kanuna laýyklykda talap edilmeýän bolsa,

31. Haçanda günäleniýäniň esasy hukuklaryna we azatlyklaryna degýän çäreleri ulanmaga kazylaryň ygtyýary bolanda, olaryň hereketlerine kazyýet gözegçiligi mümkinçiligi üpjün edilmelidir.

32. Prokurorlar şaýatlaryň bähbitleri barada ýerlikli alada etmelidirler, esasan hem olaryň saglygynyň, howpsuzlygynyň we şahsy durmuşynyň goragy barada çäreleri görmelidirler ýada şeýle görülmegine seretmelidirler.

33. Prokurorlar şeýlede jenaýatdan ejir çekenleriň, haçanda olaryň şahsy bähbitlerine täsir ýetende, pikirine we aladalaryna üns bermelidirler, we olaryň hukuklary we jenaýat yzarlamanyň gidişi we kazyýet önümçiligi boýunça ejir çekenleriň habarlylygyny üpjün etmek üçin çäreler görmelidirler.

34. Ykrar edilen we kesgitlenen statusy bar gyzyklanýan taraplaryň, esasan hem ejir çekenleriň, prokurorlaryň iş gozgamagy ret etme çözgüdine garşy şikaýat etme hukuklary bolmalydyr; çözgütlere, käbir halatlarda şikaýata ýokarda oturan wezipeli adam seredenden soň, kazyýet tertibinde ýada taraplara şahsy günäleme hukugyny bermek arkaly şikaýat edilip bilner.

35. Prokurorlaryň öz borçlaryny ýerine ýetirenlerinde "özüňi alyp baryş kodekslerine" esaslanmagyny döwletler üpjün etmelidirler. Şol kodeksleriň bozulmagy şu Teklibiň 5-nji bölümine laýyklykda degişli temmi berme çäreleriň ulanylmagyna eltip biler. Prokurorlaryň işine wagtly-wagtynda içki edara gözegçiligi edilmelidir.

36.

a) Prokurorlaryň ýüz görmesiz, ylalaşykly we netijeli işini üpjün etmek üçin döwletler aşakdakylary etmäge çalyşmalydyrlar:

- guramaçylyk tarapyndan ýokary wezipäni tutýan prokurora tabyn bolmagy nygtamak; emma şeýle guramaçylyk usullarynyň netijesiz we bökdençlik döredýän býurokratik düzümleriň döremegine ýol bermeli däldir;
- jenaýata garşy syýasaty amala aşyrmagyň esasy ugurlaryny kesgitlemek;
- çözgütleriň özbaşdak kabul edilmeginiň bolmazlygy üçin, şolaryň esasynda aýratyn işler boýunça çözgütler kabul edilmeli esasy ýörelgeleri we ölçegleri kesgitlemek.

b) Ýokarda agzalan guramaçylyk usullary, esasy ugurlar, ýörelgeler we ölçegler mejlis ýada hökümet tarapyndan ýada, eger milli kanunçylyk prokuroryň

garaşsyzlygyny berkidýän bolsa, prokuraturanyň wekilleri tarapyndan kesgitlenmelidir.

c) Prokurorlaryň işiniň ýokarda agzalan gurnalyşy, esasy ugurlar, ýörelgeler we ölçegler barada jemgyýetçilik habarly edilmelidir; olar barada maglumat her kime onuň haýyşdy boýunça berilmelidir.

**Halkara hyzmatdaşlygy**

37. Beýleki döwlet guramalarynyň adyl kazyýet ugrunda halkara hyzmatdaşlygyna degişli wezipeleri ýerine ýetirip bilýändigine garamazdan, dürli ýurtlaryň prokurorlarynyň arasynda göni aragatnaşyklary ösdürmek zerurdyr. Olar halkara ylalaşyklary ulgamynda berkidilendir ýada iş tertibinde ýerine ýetirilmelidir.

38. Käbir ugurlarda adyl kazyýet pudagynda halkara hyzmatdaşlygyň dowamynda prokurorlaryň arasynda göni gatnaşyklary özdürmek üçin çäreler görülmelidir. Hususan-da, şeýle çäreler aşakdakylardan durýar:

a) resminamalaryň ýaýradylmagy;

b) olara prokuraturanyň dürli edaralarynda ýüz tutup bolar ýaly atlarynyň görkezilmegi bilen habarlaşmak üçin salgylaryň sanawyny düzmek, şeýlede olaryň iş ugurlary, jogapkärçilik ugurlary we ş.m;

c) dürli ýurtlaryň prokurorlarynyň arasynda durnukly şahsy aragatnaşyklary ýola goýmak, hususan-da baş prokurorlaryň arasynda yzygiderli düşüşyklary gurnamak arkaly;

d) bilimleri kämilleşdirmek boýunça okuw seminarlary we çäreleri gurnamak;

e) daşary ýurtda ýerleşýän aragatnaşyk boýunça hukukçylaryň wezipesini girizmek we giňeltmek;

f) daşary ýurt dillerini öwretmek;

g) maglumat alyş-çalyş boýunça elektron serişdeleriniň ulanylyşyny giňeltmek;

h) birek-birege kömek soraglary we jenaýat hukugynyň umumy kynçylyklary boýunça beýleki ýurtlar bilen işçi seminarlary gurnamak.

39. Birek-birege kömek bermek boýunça hereketleriň kadalaşygyny we sazlaşygyny gowulandyrmak maksady bilen aşakdakylara ýardam bermek üçin tagallalar edilmegi zerurdyr:

a) umuman halkara hyzmatdaşlygyna işjeň gatnaşmaklygyň zerurlygyna prokurorlaryň göz ýetirmegi; we

b) halkara hyzmatdaşlygy soraglarynda äýratyn prokurorlaryň ýöriteleşdirilişi.

Şol maksat üçin halkara hyzmatdaşlygyna jogap berýän haýyşt edýän ýurduň prokurory haýyşt edilýän ýurduň soralýan hereketi ýerine ýetirmäge ygtyýary bar wezipeli adamyna özara hyzmatdaşlyk boýunça göni haýyşt etmegini, we degişli wezipeli adamyň alynan subutnamalary prokurora geçirmek mümkinçiliginiň bolmagyny üpjün etmek üçin döwletler çäreleri görmelidirler.

## Kazylaryň statuty barada Ýewropa Hartiýasy we Düşündiriş Memorandumy

*(DAJ/DOC (98))*

Ýewropa Geňeşi tarapyndan 1998-nji ýylyň iýul aýynyň 8–10 aralygynda gurnalan Ýewropada kazylar üçin kanun barada köp taraplaýyn duşuşygyň gatnaşyjylary,

“kanunyň esasynda döredilen garaşsyz we adalatly kazyýet tarapyndan delillendirilen wagtyň içinde işiniň adalatly açyk derňew edilmegine her adamyň hukugy bardygyny” göz öňünde tutýan adam hukuklary we esasy azatlyklary boýunça Konwensiýanyň 6-njy maddasyny göz öňünde tutup;

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1985-nji ýylyň noýbrynda kabul eden kazyýet guramalarynyň garaşsyzlygyna degişli Esasy ýörelgeleri nazara alyp;

Kazylaryň garaşsyzlygy, netijeliligi we orny boýunça Ministrler Komitetiniň agza-ýurtlara № R (94) 12 Teklibini göz öňünde tutup we onuň goýan maksatlaryny doly goldap;

demokratik döwletlerde hukugyň we aýratyn şahsyýetleriň azatlyklarynyň goragynyň artykmaç ornuny güýçlendirmek üçin zerur bolan kazylaryň garaşsyzlygyny goldamaga ymtylyp;

ähli Ýewropa ýurtlaryna gönükdirilen resminamanyň çäklerinde kazylaryň başarnyklygyny, garaşsyzlygyny we adalatlylygyny has gowy usulda kepillendirýän düzgünleriň anyklanmagynyň zerurlygyny tassyklap;

kepillikleriň has gowy berjaý edilişini doly üpjün etmek maksady bilen dürli Ýewropa ýurtlarynyň kazyýet kanunlarynda şol düzgünleriň göz öňünde tutulmagyny isläp;

kazylar üçin kanun barada şu Hartiýany kabul etdiler.

### 1. Umumy ýörelgeler

1.1. Kazylar üçin kanun islendik adamyň öz hukuklaryny goramaga ynanylan azyýet guramalarynyň we her bir kazynyň başarnykly, garaşsyzl we adalatly bolmagyna hukugynyň bardygyny üpjün etmäge niýetlenendir. Ol şol başarnyga, garaşsyzlyga we adalatlylyga bolan ynama şübhe döretmäge ukuply islendik düzgüniň ýada islendik tertibiň ulanmagyna ýol bermeýär. Şol maksatlaryň amala aşyrylmagyna has gowy kepillendirip biljek düzgünler şu Hartiýa goşulandyr. Bu düzgünler Ýewropa ýurtlarynda kepillikleriň derejesiniň ýokarlanmagyna gönükdirilendir. Bular eýýäm käbir ýurtlarda gazanylan kepillikleriň derejesiniň peseldilmegine gönükdirilen milli kanunçylygyň üýtgedilmegi üçin esas bolup bilmezler.

1.2. Her bir Ýewropa ýurtlarynda kazylar üçin kanynyň esasyny düzüji ýörelgeleri iň ýokary derejedäki içki kadalarda, onuň düzgünleri bolsa iň azyndan kanun kadalarynda berkidilýär.

1.3. Kazyny seçip almaga, işe almaga, işe bellemäge, gullugynyň geçmegine ýada ygtyýarlyklarynyň togtadylmagyna zeper ýetirýän islendik çözgüde garşy

statut (kanun) kazylaryň has giň wekilçiligini kepillendirýän tertipde, düzüminiň ýarysy edil şolar ýaly kazylar tarapyndan saýlanan kazylardan duran, ýerine ýetiriş we kanun çykaryş häkimiýetinden garaşsyz edarayň gatyşmaklygyny göz öňünde tutýar.

1.4. Statut öz kanuny hukuklaryna ýada garaşsyzlygyna ýada umuman adyl kazyýetiň garaşsyzlygyna howp abanýan ýada haýsy hem bolsa bir ýol bilen äsgerilmeýän hasaplaýan şol ýagdaýy düzetmek üçin netijeli serişdesi ýada ony düzetmek boýunça teklipleri bar bolan şeýle garaşsyz guramaýüz tutmaga islendik kaza mümkinçilik berýär.

1.5. Öz ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirende kazy adamlara elýeterlilik we hormat goýmalydyr, islendik halatlarda şahsyýetiň hukuklarynyň kepillikleri bilen bagly kazyýet çözgüdini çykarmakda zerur bolan başarjaňlygyň ýokary derejesiniň saklanmagyna, şeýlede prosessual hereketleriň dowamynda oňa ynanylan maglumatyň gizlinliginiň saklanmagyna seretmelidir.

1.6. Döwlet kazyny öz wezipelerini kanagatlanarly ýerine ýetirmegi üçin zerur bolan serişdeler bilen, hususan-da işlere laýyk möhletde seretmek üçin, üpjün etmelidir.

1.7. Kazylar tarapyndan döredilen hünär guramalary, olara kazylar erkin girip bilýärler, esasan hem olara statut tarapyndan ynanylan hukuklaryň goragyna, hususan-da kazylara degişli çözgütleri kabul etmäge gatnaşýan häkimiýet edaralarynyň we instnsiýalarynyň öňünde, ýardam edýär.

1.8. Öz wekilleriniň we hünär guramalarynyň kömegi bilen kazylar kazyýet guramalaryny dolandyrmaga, özlerine berilýän serişdeleriň möçberini kesgitlemäge we ol serişdeleriň ýurduň çäklerinde we ýerli derejede paýlanylmagyna degişli çözgütleriň kabul edilmegine gatnaşýarlar. Edil şol ýaly göz öňünde tutulýan olaryň statutynyň üýtgemegi barada, şeýlede olaryň zähmet hakynyň we sosial üpjünçiliginiň şertleri barada olar bilen maslahatlaşyklar geçirilýär.

## 2. Saýlanma, işe bellenilme we başlangyç taýýarlygy

2.1. Garaşsyz edara ýada komissiýa tarapyndan kazylaryň saýlanylmagyna we işe alynmagyna degişli statutyň düzgünleri dalaşgärleriň olara berlen kanunçylyk meselelerini erkin we ýüz görmezlik bilen kesgitlemäge we şahsyýetiň mertebesini hormatlaýan şekilde kanuny ulanmak baradaky başarnyklaryna esaslanýarlar. Statut boýunça her bir dalaşgäriň jynsy, millete ýada sosial topara degişliligi, ýada olaryň filosofiýa we syýasy garaýyşlary ýada dini ynamlary boýunça saýlawdan çykarylmagyna ýol berilmeli däldir.

2.2. Kazyýet wezipelerini aýratyn ýerine ýetirmek ukuplylygy degişli bilim alynmagy ýada iş tejribesiniň bolmagy bilen bagly talaplaryň kömegi bilen kepillendirilýändiginiň şertlerini statut göz öňünde tutýandyr.

2.3. Statut döwlet tarapyndan tölenýän degişli bilimiň alynmagy arkaly, görkezilen wezipeleri netijeli ýerine ýetirmegi üçin saýlanan dalaşgärleriň taýýarlygyny üpjün edýändir. 1.3 bölümde agzalan edara okuw maksatnamalarynyň we

olary ýerine ýetirýän gurluşlaryň laýyklygyna, kazyýet wezipeleriniň ýerine ýetirlişi bilen bagly aýdyňlyk, başarjaňlyk we adalatlylyk talaplaryna seredýändir.

## 3. Işe bellenmek we çalşyrylmazlyk

3.1. Saýlanan dalaşgäriň kazy hökmünde işe bellenme çözgüdi we ony belli bir kazyýete ugratmak barada çözgüt 1.3 bölümde agzalan garaşsyz edara tarapyndan onuň teklibi, maslahaty, onuň razylygy ýada habar bermeginden soň kabul edilýär.

3.2. Statut dalaşgäriň öňki işiniň ýada onuň ýakyn garyndaşlarynyň ýerine ýetirýän işiniň kazyýete işe bellenende onuň adaltlylygyna ýada garaşsyzlygyna kanuny şübhe bildirip biljek ýagdaýlary kesgitleýär.

3.3. Eger işe alma düzgüni kazy hökmünde bellenenden soň, emma şol bellenme doly ykrar edilmezinden öň, hökmany tertipde gysga synag möhleti göz öňünde tutýan bolsa, ýada işe alma uzaltmak mümkinçiligi bilen çäklendirilen möhletde amala aşyrylýan bolsa, onda hemişelik esasda kazynyň bellenmegini ýada onuň ygtyýarlyklarynyň uzaldylmagyny ret etmek boýunça çözgüt 1.3 bölümde kesgitlenen garaşsyz edara tarapyndan onuň teklibi, maslahaty, onuň razylygy ýada habar bermegi esasynda kabul edilip bilner. 1.4 bölümiň düzgünleri synag möhletinde bolan şahsyýete garşy hem ulanylýandyr.

3.4. Kazyýetde öz ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirýän kazy, wezipesini galdyrmak düzgünleriniň çäklerinde hem, onuň bilen ylalaşyksyz başga kazyýet wezipesine bellenip ýada başga kazyýete işe geçirilip bilinmez. Diňe degişli çözgüt çykarmak bilen düzgün-nyzam temmise hökmünde başga ýere geçirmek çözgüdi bolan halatynda, kanuny tertipde kazyýetiň düzüminde üýtgegeşme bolan halatynda ýada goňşy kazyýetiň düzümini giňeltmek üçin wagtlaýyn bellenme bolan ýagdaýynda bu ýörelgeden daşyna çykma mümkin bolup biler. Özem şeýle bellenmäniň iň ýokary möhleti 1.4 bölümiň düzgünleriniň ulanylmagyna zeper ýetirmezden statut tarapyndan anyk kesgitlenendir.

## 4. Ýokary wezipelere çekilme

4.1. Eger wezipesini ulaltma iş tejribesiniň uzaklygyna esaslanan bolmasa, onda ol kaza tabşyrylan gulluk borçlaryny ýerine ýetirende bellenen häsiýetlerine we mertebesine bir ýada birnäçe kazynyň adalatly baha bermegi arkaly esaslanýandyr we gyzyklanýan kazy bilen maslahatlaşylýandyr. Wezipesini ulaltmak boýunça çözgüt 1.3 bölümde agzalan garaşsyz edarayň teklibi ýada ylalaşygy esasyndaçykarylýar. Wezipesini ulaldylmaga teklip edilmedik dalaşgär kazynyň görkezilen edaraa şikaýat etmek mümkinçiligi bolmalydyr.

4.2. Kazy öz kazyýet ygtyýarlyklarynyň çäginden çykýan dürli görnüşdäki işleri, olaryň içinde onuň raýat hukuklaryny aňladýanlary hem bar, erkin amala aşyrýar. Ol daşyndan edilýän işleriň kaza ynamyň, onuň adalatlygynyň we garaşsyzlygynyň ýada onuň seretmegine berilen işlere delillendirilen wagtyň içinde ünsli seretmek üçin zerur wagtyň barlygy derejesinde şu erkinlik çäklendirilip bilner. Edebiýat ýada döredijilik işinden başga, kazyýetden daşary tölegli iş

bilen meşgullanmak üçin statut tarapyndan kesgitlenen şertler boýunça deslapky rugsatnama almak zerurdyr.

4.3. Onuň adalatlylygyna we garaşsyzlygyna ynamy ýitirmäge mümkinçiligi bolan islendik özüni alyp barmadan, hereketden ýada garaýyşdan kazylar saklanmalydyrlar.

4.4. Döwlet tarapyndan tölenýän hünär bilimini almaga yzygiderli mümkinçilik bermek arkaly öz ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan tehniki hem-de sosial-medeni bilimleriniň belli derejesini saklamagy we çuňlaşdyrmagy statut kaza kepillendirýändir we şol taýýarlygyň şu resminamanyň 2.3 bölüminde agzalan şertleri berjaý etmek bilen gurnalmagyny üpjün edýändir.

## 5. Jogapkärçilik

5.1. Statutda kesgitlenen haýsy hem bolsa wezipe borçlaryny kazynyň ýerine ýetirmezligi, diňe kazyýet edarayň ýada bäsleşik esasynda geçirilen tertibiň çäklerinde düzüminiň azyndan ýarysy saýlanan kazylardan bolan edarayň çözgüdi, teklibi, maslahaty ýada ylalaşygy boýunça temmi berilme ulanmagyna alyp baryp biler. Onuň dowamynda jogapkärçilige çekilýän kazy aklawçynyň hyzmatyndan peýdalanyp biler. Ulanylýan temmi berilmeleriň görnüşi statut tarapyndan kesgitlenýär we olaryň ulanylyşy deňagramlyk ýörelgesine laýyk gelýär. Temmi bermek boýunça şu bölümde göz öňünde tutulan ýerine ýetiriş häkimiýetiň, kazyýet häkimiýetiň ýada beýleki edarayň çözgüdi ýokarda duran kazyýet guramasynda şikaýat edilip bilner.

5.2. Kazy tarapyndan çykarylan çözgüdiň ýada onuň gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek bilen eden hereketleriniň netijesinde bikanun ýetirilen zyýanlaryň öwezini dolma döwlet tarapyndan üpjün edilýär. Kazynyň işini tertibe salýan kadalaryň gödek we ýol berilmesiz bozulan halatynda kazyýet tertibinde kesgitlenen möhletde öwezini dolmagy döwlet tarapyndan kazydan talap edilmek mümkinçiligini statut göz öňünde tutup biler. Ygtyýarly kazyýet guramasyna ýüz tutma 1.3 bölümde agzalan edarayň deslapky ylalaşygyny talap edýär.

5.3. Belli bir iş boýunça adyl kazyýetiň kanagatlanarly bolmadyk usulda ýerine ýetirilmegi barada üýtgeşik resmilikleri talap edilmän garaşsyz edarayň seretmegi üçin öz şikaýatyny bermek mümkinçiligi her bir adamda bolmalydyr. Eger yhlas bilen we ünsli seretmegiň netijesinde, 5.1 bölümde görkezilişi ýaly, kazynyň işinde anyk düzgün bozulmalar ýüze çyksa, şol edarayň düzgün-nyzam instansiýasyna ýüz tutmaga ýada iň bolmanda statuta laýyklykda degişli ygtyýarlyklary bar bolan häkimiýet edarayna şeýle ýüz tutma bilen çykyş etmegi teklip bermäge hukugy bardyr.

## 6. Zähmet haky we durmuş taýdan üpjünçilik

6.1. Kazynyň kazyýet ygtyýarlyklaryny hünärmenli ýerine ýetirmegi we sylagynyň derejesi onuň çözgütlerine we umuman onuň kazyýetde hereketine täsir

etmek maksady bilen onuň garaşsyzlygyna we adalatlylygyna zor salmadan kazyny gorar ýaly görnüşde kesgitlenýär.

6.2. Zähmet hakynyň tölegi zähmet stažyna, kaza ynalynan wezipe borçlarynyň häsiýetine, şeýlede onuň öňünde goýulan meseleleriň wajyplygyna görä üýtgedilip bilner we düşnükli şertlerde baha berilmelidir.

6.3. Statut, öz hünär işini ýerine ýetirýän kazynyň kesel, çaga seretmeklik, işe ukupsyzlyk, garrylyk we ölüm bilen bagly sosial töwekgelçiliklerden goragyny kepillendirýär.

6.4. Hususan-da, kanun tarapyndan kesgitlenen nepaga çykmak ýaşyna ýeten kazylary, olar öz hünär borçlaryny belli bir wagtyň dowamynda ýerine ýetiren bolsalar, nepaga tölemek bilen üpjün edýär. Şol nepaganyň möçberi onuň kazy wezipesindäki soňky aýlygyna mümkin boldugyça golaý bolmalydyr.

## 7. Ygtyýarlyklaryň bes edilmegi

7.1. Işden çykmagyň, medisina barlagyň esasynda fiziki ukupsyzlygynyň kesgirlenilmeginiň, nepaga çykmak ýaşyna ýetmeginiň, kanunda göz öňünde tutulan ygtyýarlyklarynyň möhletiniň tamamlanmagynyň ýada 5.1 bölümde göz öňünde tutulan tertibiň çäklerinde çözgüt kabul edilen halatynda, wezipesinden boşadylmagynyň, netijesinde kazy öz wezipe borçlaryny ýerine ýetirmegini doly bes edýär.

7.2. Ýaşynyň ýetmegi we kanunda göz öňünde tutulan ygtyýarlyklarynyň möhletiniň tamamlanmagyndan başga 7.1 bölümde göz öňünde tutulan esaslaryň biriniň bolmagy 1.3 bölümde agzalan edara tarapyndan kesgitlenmelidir.

## Düşündiriş Memorandumy

### Umumy ýörelgeler

Ýewropa Hartiýasynyň hereketi diňe bir profesional kazylara däl-de, profesional däl kazylara hem degişlidir. Hususan-da, kazylary hakyna tutma, kazylaryň ýol berilmesiz hereketleri, olaryň işden daşary hereketleri ýada ygtyýarlyklarynyň bes edilmegi bilen bagly kepillikleriň käbiriniň ähli kazylara garşy ulanylmagy dogrudanam wajypdyr. Emma, Hartiýada diňe profesional kazylaryň garşysyna ulanylmaly düzgünler hem bardyr, sebäbi olaryň aýratyn häsiýeti, meselem dereje ýaly, käbir düşünjelere mahsusdyr.

Hartiýanyň düzgünleri raýat, jenaýat, administratiw ýada beýleki kazyýet guramasy bolmagyna garamazdan, raýatlaryň öz işlerine seredilmegini tabşyran ýada olaryň işleri boýunça çözgüt çykarmaly ähli kazyýet guramalarynyň düzümine girýän kazylar kanuna degişlidir.

1.1. Hartiýa öňde goýulan maksatlar nukdaýnazaryndan kazylar üçin kanunyň mazmunyny kesgitlemäge niýetlenendir, ýagny: raýatlaryň hukugyny goramaga çagyrylan kazyýet guramasyndan we aýratyn kazydan her bir adamyň garaşýan başarjaňlygyň, garaşsyzlygyň we adalatlylygyň üpjün edilmegi. Şeýlelikde, düýp maksady statutyň özi däl-de eýsem kazyýet guramalary we kazylar tarapyndan raýatlaryň netijeli goragy üçin zerur bolan kepillikleri üpjün etmegiň serişdesidir. Raýatlaryň hukuklarynyň bu kepillikleri kazylaryň hünär taýdan başarjaňlygynda, garaşsyzlygynda we adalatlygynda beslenendir.

Görkezilen ölçegler hakykata esaslanandyr, sebäbi kazylar üçin kanun olary belli bir kepillikler bilen üpjün etmäge niýetlenendir; emma olaryň ters tarapy hem bardyr, sebäbi kazylar üçin kanun olaryň başarjaňlygyna, garaşsyzlygyna we adalatlylygyna bolan ynama zyýan ýetirmäge ukuply islendik alamatlary aradan aýyrmalydyr.

Bu ýerde Hartiýanyň düzgünleri hökmany bolmagy barada, ýagny olar kazyýet ulgamynyň hereket edişini tertibe salýan milli kanunçylykda hökmany bolmalymy, ýada ynalyşyna görä, kepillikleriň şol bir derejesini üpjün edip biljek başga düzgünleriň ulanylmagyna päsgel bermeýän, olaryň maslahat beriji häsiýeti bolmagy barada sorag ýüze çykýar.

Soňky agzalan çemeleşme kepillikler düýbünden diýen ýaly berkidilmedik milli ulgamlaryň tankyt edilmezligine dyrjaşmaga esaslanyp bilerdi, emma köpýyllyk we hemişe ulanylýan tejribe şeýle kepillikleriň netijelidigini subut edýär.

Emma, örän köp ýurtlaryň, olaryň arasynda Ýewropa Geňeşine golaýda giren ýurtlar hem bardyr, tejribesiniň görkezişine görä, kazylary işe belleme, gulluk ýerine ugratma, wezipesini ulaltma we ygtyýarlyklaryny bes etme ugrunda syýasy häkimiýetleriň ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly kanuny häsiýetdäki düzgünleriň bolmazlygy başarnyklyk, garaşsyzlyk we adalatlylyk kepillikleriniň netijesizlige getirendigi hem bellenip geçildi.

Şol sebäpli, Hartiýanyň düzgünleri hökman ediji bolmasada, olar ýokarda agzalan maksatlara iň amatly ýol bilen ýetmegi kepillendirmäge ukuply düzgünler hökmünde hödürlenýär.

Hartiýanyň köp düzgünleri kazylaryň raýatlar tarapyndan gös-göni saýlanýan ulgamlarynda ulanylmagy mümkin däldir. Diňe şeýle saýlaw ulgamyna laýyk gelýän düzgünleri içine alýan Hartiýany düzmek mümkin bolmazdy, sebäbi netijede biz ýönekeý "umumy ähmiýete" gelerdik. Şeýlede Hartiýa onuň ulanylýan ýurtlarynda raýatlar tarapyndan "demokratiýanyň düýp manysy" hökmünde seredilip bilinjek saýlaw ulgamyny "ýatyrmaklygy" maksat edinmeýär.

Hartiýanyň düzgünleri kazylaryň saýlanylmagyny göz öňünde tutýan ulgamlarda, mümkin bolşuna görä, ulanylmalydyr. Mysal üçin, 2.2 we 2.3 (birinji sözlem) bölümleriň düzgünleri degişli kepillikleri berýän ulgamlarda gürrüňsiz ulanyp bolýandyr.

Hartiýanyň düzgünleri dürli Ýewropa ýurtlarynda kepillikleriň derejesini ýokarlandyrmaga niýetlenendir; onuň ähmiýeti şol ýurtlaryň eýýäm gazanan derejesine bagly bolar. Emma Hartiýanyň düzgünleri düýbünden milli kanunçylygy üýtgetmäge, eger şeýle üýtgetme tersine ol ýada beýleki ýurtda eýýäm gazanylan kepillikleriň derejesinin peselmegine eltse, esas bolup bilmezler.

1.2. Kazylaryň we kazyýet guramalarynyň ygtyýarlygynyň, garaşsyzlygynyň we adalatlylygynyň kepilliklerini kesgitleýän kazylar üçin kanunyň esasyny düzüji ýörelgeleri iň ýokary derejedäki milli kadalarda berkidilmelidir, başgaça aýdanyňda ýewropa ýurtlarynyň esasy kanuny bolan Konstitusiýada berkidilmelidir. Statutyň düzgünleri kesgir konstitusiýasy bar ýurtlaryň kanun derejesiniň kadalary bilen utgaşýar.

Esasyny düzüji ýörelgeleriň we kadalaryň berkidilmegi üçin zerur bolan kadalaşdyryjy derejä degişli şu talaplar seredilýän soragyň wajyplygyna deň bolmadyk ýönekeýleşdirilen tertipde üýtgeşme girizilmegine päsgelçilik berýär. Hususan-da, esasyny düzüji ýörelgeleriň konstitusion derejesi maksady we netijesi şol ýörelgeleriň bozulmagy bolaýjak kanunlaryň kabul edilmegine päsgel bermelidir.

Şu ýörelgeleriň içki kanunçylyk ulgamyna goşulmagyny göz öňünde tutmak bilen, Hartiýa ýewropa ýurtlary üçin hökmany bolan halkara resminamalarynyň düzümindäki gorag häsiýetli düzgünleriň berjaý edilmegine zeper ýetirilmän ulanylýar. Bu dogry, sebäbi, girişde görkezilişi ýaly, Hartiýany döredenler görkezilen düzgünleriň iň esasylaryna daýanandyr.

1.3. Kazylary işe alma, belleme, ýokary wezipä çekme ýada ygtyýarlyklaryny bes etme soraglaryna täsir edýän islendik çözgüt kabul edilen ýagdaýynda, ýerine ýetiriş we kanun çykaryş häkimiýetinden garaşsyz edaranyň gatyşmaklyk mümkinçiligini Hartiýa göz öňünde tutýar.

Şu kesgitlenen pikir iň dürli ýagdaýlary öz içine almaga mümkinçilik berýär: garaşsyz edaranyň ýerine ýetiriş we kanun çykaryş häkimiýetine beren maslahatyndan başlap, şol garaşsyz edarayň özbaşdak çözgüt kabul etmegine çenli.

Şu aragatnaşykda milli ulgamlardaky käbir tapawutlyklary göz öňünde tutmak zerur. Megerem, käbir ýurtlar kazylaryň bellenmegini amala aşyrýan syýasy edarany haýsy hem bolsa garaşsyz gurama bilen çalyşylmagy kynçylyk bilen kabul ederler. Emma, şeýle ýagdaýda garaşsyz edaranyň iň bolmanda maslahatyny ýada pikirini almak kesgitlenen borjy gürrüňsiz düýpli höweslendirme bolup hyzmat eder, ýada kazylary bellemegi amala aşyrýan resmi edara üçin hökmany häsiýeti eýelär.

Hartiýa laýyklykda, garaşsyz edaranyň teklipleri ýada pikiri kepillik bolup diňe olaryň umuman we dolylykda durmuşda ulanylan halatynda bolup biler. Şol teklipleri ýada pikiri eýermejek häkimiýetiň syýasy ýada administratiw edarany, iň bolmanda özüniň boýun gaçyrmasynyň sebäpleri barada habar bermäge borçly bolar.

Hartiýanyň görkezilen düzgünleriniň kesgitlenen pikiri ýönekeý ýada resmi netije, maslahat, teklip ýada gönüden-göni çözgüt arkaly garaşsyz edaranyň gatyşmaklygyna ygtyýar berýär. Bu ýerde garaşsyz edaranyň düzümi barada sorag ýüze çykýar. Hartiýanyň düzgünlerine laýyklykda, şol edaranyň düzüminiň azyndan ýarysy öz kärdeşleri tarapyndan saýlanan kazylardan durmalydyr. Şeýlelikde, kazylar azlyk bolup galmaýarlar we şo bir wagtyň özünde agzalan edarada olardan köpçülik düzmegi talap etmeýär. Ýewropa ýurtlarynda dürli filosofiki konsepsiýalaryň we düşünjeleriň bolmagy, aşaky çägiň 50 % derejede kazylardan bolmak görkezmesi ol ýada beýleki ulgamda agdyklyk edýän esasy pikirleriň berjaý edilmeginde kepillikleriň göze ilip duran derejesini üpjün edýändigini görkezýär.

Garaşsyz edara gatnaşýan kazylaryň öz kärdeşleri tarapyndan saýlanýandygy Hartiýada görkezilýär. Şu düzgün şeýle edara mahsuz garaşsyzlygyň oňa gatnaşýan kazylarynyň ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy edaralara degişli syýasy häkimiýet tarapyndan saýlanmagyna ýada bellenmegine ýol bermeýändigine esaslanýar. Şu tertibe laýyklykda kazylaryň bellenmeginde partiýa-syýasy ynamsyzlyk howpy bolardy, bu bolsa olaryň ornuna hem täsir ederdi. Garaşsyz edara gatnaşýan kazylar, hiç bir halatda şol partiýalar tarapyndan ýada olaryň gatnaşmagynda ýada saýlanan syýasy partiýalaryň ýada edaralaryň kömegi bilen döredilen bolsa, olaryň hoşamaýlygyndan peýdalanmazlar diýilip ynanylýar.

Galybersede, ses bermegiň belli bir görnüşini ündew etmän, şu edara kazylary saýlamagyň şertleriniň olaryň has giň wekilçiligini üpjün etmegi Hartiýa göz öňünde tutýar.

1.4. Statuta laýyklykda onuň hukuklary ýada has giň manyda onuň garaşsyzlygyna ýada prosesiň garaşsyzlygyna howp abanýandygyny ýada haýsy hem bolsa bir ýol bilen bozulýandygyny hasaplasa, kazynyň “şikaýat etmäge hukugyny” Hartiýa berkidýär. Şeýle ýagdaýlarda kazy ýokarda agzalan garaşsyz edara ýüz tutup biler.

Bu kazynyň onuň garaşsyzlygyna göz gyzdyrylmakdan goraglydygyny aňladýar. Şikaýat etmäge hukugy zerur kepillik bolup durýar, sebäbi eger olaryň netijeli ýerine ýetirilişine mümkinçilik döredýän mehanizmler bolmasa, goragyň ýörelgeleriniň tassyklanmagy sadaja bir ýagşy niýet bolup galýar. Kazynyň

indiwidual statusyna degişli islendik çözgüde garaşsyz edaranyň gatyşmaklygy hemişe kazylaryň garaşsyzlygyna göz gyzdyrylmagyň ähli mümkin bolan ýagdaýlaryny öz içine almaýar, we şol garaşsyz edara ýüz tutmaklyk kazynyň öz şahsy başlangyjy bilen bolmagy zerurdyr.

Şeýle görnüşde ýüz tutulan garaşsyz edaranyň kazynyň garaşsyzlygyny bozýan ýagdaýy özbaşdak düzetmegi ýada ygtyýarlyy edaranyň düzetmegini teklip etmegi üçin zerur serişdeleriň bolmalydygy Hartiýada kesgitlenilýär. Şu kesgitlenen pikirde milli ulgamlaryň dürli-dürliligi göz öňünde tutulýar, we belli bir ýagdaý boýunça garaşsyz edaranyň teklibi degişli edara üçin ýagdaýy düzetmäge höweslenme döredýär.

1.5. Hartiýada kazynyň öz wezipesini ýerine ýetirmeginiň dowamynda esasy borçlaryny beýan edilýär.

“Elýeterlik” sözi şol bir wagtyň özünde wagtyň bolmagyny we şeýle wajyp mesele ýerine ýetirilende anyk zerur bolan doly üns we hüşgärlik bilen işlere kanagatlanarly seredilmegi aňladýar, sebäbi kazylar tarapyndan çözgütleriň kabul edilmegi arkaly şahsyýetiň hukuklarynyň kepillikleri üpjün edilýär. Mysal üçin, kazylar ýaly häkimiýetli ygtyýarlyklary bar bolan adamlaryň ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirende raýatlara hormat goýmagy esasan hem wajypdyr, sebäbi raýatlar kazyýet guramalary bilen iş salyşanda özlerini örän ejiz duýýarlar. Şeýlede prosessual hereketleri amala aşyrmakda ynanylan kazynyň maglumatyň gizlinligini saklamaklyk borjy ýatlanylýar. Galybersede, kazydan işe seredilmegiň islendik halatlarynda talap edilýän başarjaňlygyň ýokary derejesini saklamalydygy göz öňünde tutulýar. Şol bir wagtyň özünde bu başarjaňlygyň, bilimiň we hünärliligiň ýokary derejesini saklamagyň işe seredende we olar boýunça çözgütler çykaranda kazydan edilýän hemişelik talaby aňladýar. Eger zerur bolsa dowamly bilim almak arkaly kazy öz başarjaňlygynyň ýokary derejesini saklamalydyr. Şu ýazgyda soň görkezilişine görä, kazylara bilim almak mümkinçilikleri üpjün edilmelidir.

1.6. Döwletiň kazyny öz wezipelerini kanagatlanarly ýerine ýetirmegi üçin, hususan-da işlere laýyk möhletde seretmegi üçin ähli zerur serişdeler bilen üpjün etmelidigini, Hartiýada bellenilip geçilýär.

Döwletiň borjy bolan şol mesele anyk görkezilmese, kazylaryň jogapkärçiligine degişli düzgünleriň esaslandyrylmagy gowşak bolar.

1.7. Hartiýa ähli kazylaryň erkin goşulyp bilýän hünärmen birleşmeleriniň ornuny ykrar edýär, bu bolsa kazylaryň şol guramalara girmek hukugy amala aşyrylanda islendik kemsidilmä ýol berilmeýändigini görkezýär. Şeýlede şuňa meňzeş guramalaryň kazylaryň bähbidine täsir edýän çözgütleri çykarmaga gatnaşyp biljek häkimiýet guramalarynyň öňünde kazylaryň statut hukuklarynyň goragyna ýardam edýändigini resminamada görkezilýär. Şeýlelikde, kazylara şoňa meňzeş hünärmen birleşmeleri döretmeklik we olara agza bolmaklyk gadagan edilip bilinmez.

Hartiýa birleşmeleri kazylaryň statut hukuklaryny goramak boýunça aýratyn hukuk bilen üpjün etmese hem, kazylara degişli çözgüt çykarmaga gatnaşýan

häkimiýet guramalarynyň öňünde olaryň şeýle goraga goşandynyň ykrar edilmelidigini we ünsüni çekmelidigini Hartiýa görkezýär. Şu düzgüniň hereketi 1.3 bölümde agzalan garaşsyz edara hem degişlidir.

1.8 Özleriniň wekilleriniň, hususan-da 1.3 bölümde agzalan garaşsyz edarayň agzalarynyň, kömegi bilen, şeýlede özleriniň hünärmen birleşmeleriniň üsti bilen kazylaryň kazyýet edaralaryny dolandyrmaga degişli bolan çözgütleri çykarmak prosesine, olaryň býujet serişdelerin kesgitlemäge we görkezilen çözgütleri ýerli we sebitleýin derejede amala aşyrylmagyna gatnaşýandygy Hartiýada göz öňünde tutulandyr.

Belli bir guramaçylyk-hukuk görnüşiniň ýada onuň hökmanylygynyň derejesiniň tarapdary bolman, umuman kazyýet ulgamyna hem-de aýratynlykda dürli kazyýet guramalaryna goýberilen býujetiň tassyklanmagyna kazylar gatnaşmagy, şu düzgünler boýunça kesgitlenýär. Bu bolsa,milli we sebitleýin derejede maslahatlaşyk we wekilçilik tertibini göz öňünde tutýar. Has giň manyda, bu adyl kazyýetiň amala aşyrylmagyna we kazyýet guramalarynyň dolandyrmagyna hem degişlidir. Hartiýa şeýle dolandyrmagyň kazylaryň üstüne ýüklenmegini talap etmeýär, emma kazylaryň dolandyryş çözgütleriniň kabul edilmegine gatnaşmagyny talap edýär.

Olaryň wekilleriniň ýada hünärmen guramalarynyň üsti bilen statuta üýtgeşme girizmek ýada olaryň zähmet hakynyň we sosial goragynyň, şol sanda hem, garrylyk nepagasynyň şertlerini kesgitlemek boýunça kazylar bilen maslahatlaşyk şol soraglar boýunça çözgütleriň kabul edilmek prosesine kazylaryň gatnaşmagyna mümkinçilik döredýär. Emma Konstitusiýa laýyklykda doly ygtyýarly milli häkimiýet guramasynyň kabul edýän çözgütleri boýunça ygtyýarlyklaryna göz gyzdyrmaklyga Hartiýa tarapyndan ýol berilmeýär.

## 2. Saýlanma, işe bellenilme we başlangyç taýýarlyk

2.1. Kazylyga dalaşgärler garaşsyz edara ýada kollegiýa tarapyndan saýlanylýar we işe alynýar.

Hartiýa 1.3 bölümde agzalan edara barada gürrüň edilýändigini anyklamaýar. Bu bolsa, meselem, bäsdeşlik jýuri usulyny ýada saýlaw komissiýasyny ulanmaga, olaryň garaşsyzlygy bar şertinde, mümkinçilik berýär. Durmuşda saýlaw tertibi bellenme tertibinden köplenç tapawutlanýar. Dalaşgärleri saýlamak tertibi bilen bagly aýratyn kepillikleri bellemek wajypdyr.

Saýlaw edaraynyň seçip alynmasy wezipe ygtyýarlyklarynyň häsiýetine degişli ölçeglere esaslanmalydyr.

Esasy maksat — bu kazylyga dalaşgäriň kazylar tarapyndan seredilýän işler boýunça, özbaşdak pikirlenmäni talap edýän garaşsyz garaýyşyny öňe sürmeklik ukuplylygyna baha bermekden ybaratdyr. Kazyýet ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirende zerur bolan adalatly bolmak ukuplylygy hem wajyp ölçegdir. Kanunçylygy dogry ulanmak ukuplylygy hukuk bilimleriniň derejesi we olary durmuşda ulanmak ukuplylygy bilen baglydyr, bular bolsa hemişe meňzeş düşünjäni aňlatmaýar.

Saýlaw edarasyna dalaşgäriň özüni alyp baryşyny şahsyýetiň mertebesine we hormat bilen sazlaşdyrmak ukybyna göz ýetirmek wajypdyr. Bu häkimiýet ygtyýarlyklary berilen adamlar we köplenç kyn ýagdaýda bolan kazyýet prosesiniň taraplary bilen galtaşylanda aýratyn wajyplyga eýe bolýar.

Galybersede, seçip almaklyk jynsy, milli we sosial gelip çykyşy, filosofiki we syýasy pikirleri, dini ynamlary bilen bagly hukuklary kemsidiji ölçeglere esaslanyp bilmeýändir.

2.2. Kazyýet wezipesinde borçlaryny amala aşyrmakda kazynyň ukuplylygyny kepillendirmek üçin kazylary seçip almak we hakyna tutmak bilen bagly kanunyň kadalarynyň hünärliligi we öňki iş tejribesi ýaly talaplary öz içine almagy zerurdyr. Meselem, haçanda talaplaryň biri ýuridiki ýada kazyýet häsiýetli wezipeleri birnäçe ýylyň dowamynda ýerine ýetirmeli bolanda, işe alynanda bu ulanylyp bilner.

2.3. Köp halatlarda adamlaryň mertebesine täsir edýän kyn ýagdaýlara gatyşmaklygy talap edýän kazylaryň wezipeleriniň we ygtyýarlyklarynyň häsiýeti şeýle bolup, kazyýet wezipelerini ýerine ýetirmek ukuplylygynyň “abstrakt” barlagy ýeterlik bolmaýar.

Kazy wezipesine saýlanan dalaşgärler döwlet tarapyndan maliýeleşdirilýän degişli hünär taýýarlygyny geçmäge taýýar bolmalydyrlar.

Okuw maksatnamalarynyň mazmunynyň hem-de olary amala aşyrmagy üpjün edýän edaralaryň ygtyýarlylygy, adalatlylygy we zerur açyklygy kepillendirer ýaly kazylaryň garaşsyz we adalatly çözgütleri kabul etmegi üçin degişli yhlaslyk bilen taýýarlamak zerurdyr. Şeýlelikde, kazyýet wezipelerini ýerine ýetirmek bilen bagly açyklyk, ygtyýarlylyk we adalatlylyk talaplaryna laýyklygy barada 1.3 bölümde agzalan garaşsyz edara okuw maksatnamalarynyň mazmunynyň hem-de olary amala aşyrmagy üpjün edýän edaralaryň alada etmegi göz öňünde tutulýar. Şol wezipeleri ýerine ýetirmek üçin görkezilen edarany ýeterlik serişdeler bilen üpjün etmek zerurdyr. Bu maksatnamalara we ygtyýarly guramalaryň ony amala aşyrmagy üçin bolan talaplara garşy şol garaşsyz edaranyň ýerine ýetirýän gözegçilik tertibini jikme-jik kesgitleýän düzgünleri statutyň berkitmelidigini aňladýar.

## 3. Işe bellenmek we üýtgedilmezlik

3.1. Milli ulgamlarda kazyny seçip alma tertibi gysga manyda ony wezipä bellemе we kazy bolup bellenen adamy belli bir kazyýete işe ugratma tertibinden tapawutlanyp biler. Işe belleme we ýerleşdirme boýunça çözgütleriň 1.3 bölüminde agzalan garaşsyz edara tarapyndan, onuň hödürlemegi, teklibi, onuň ylalaşygy ýada pikirini göz öňünde tutmagy esasynda kabul edilýändigini bellemelidir.

3.2. Hartiýada kazynyň wezipesi bilen gabat gelmeýän ölçegler seredilip geçildi. Kazyny wezipä bellemekde dalaşgäriň ýada onyň ýakyn garyndaşlarynyň öňki işi bilen bagly düýbünden gabat gelmezlik mümkinçiligi Hartiýa tarapyndan ret edilýär. Beýleki tarapdan, eger olar onuň adalatlygy we garaşsyzlygy

boýunça kanuny we hakyky sübhe döredýän bolsa, kazyýete bellenende agzalan ýagdaýlaryň göz öňünde tutulmagy onda bellenip geçilýär. Mysal üçin, öň bir şäherde işlän aklawçy şol ýere kazy hökmünde ygradylyp bilinmeýär. Şeýlede, eger şäheriň häkimi ýada mejlisiň agzasy onuň ýan-ýoldaşy, kakasy ýada ejesi bolan şähere şol kazynyň işe ugradylmagyny göz öňüne getirmek kyn. Şeýlelikde, belli bir kazyýete işe ugradylanda kazylaryň garaşsyzlygyna we adalatlylygyna kanuny we hakyky sübhe döredip biljek ýagdaýlar göz öňünde tutulmalydyr.

3.3. Käbir milli ulgamlarda seçip alma tertibi işe bellenenden soň we bellemäni gutarnykly ykrar edilýänçä synag möhleti, beýlekilerde täzeden dowam etdirip bolýan çäklendirilen ygtyýarlyk möhelti göz öňünde tutulýar.

Şeýle halatlarda, bellenmezlik ýada ygtyýarlyk möhletini dowam etdirmezlik boýunça çözgüdiň diňe 1.3 bölümde agzalan garaşsyz edara tarapyndan, onuň hödürlemegi, teklibi ýada onuň habar bermegi esasynda kabul edilmegi zerurdyr. Hususan-da, wezipä bellenmeginiň tassyklanmagyna umyt edýän ýada ygtyýarlyklarynyň möhletiniň dowam etdirilmegine garaşýan seredilýän kazynyň garaşsyzlygy we adalatlylygy nukdaýnazaryndan synag möhleti ýada möhletini dowam etdirmek boýunça düzgün käbir kynçylygy, howpy diýseňem boljak, döredýär. Diýmek, bu ýerde garaşsyz edarayň hereket etmegi arkaly kesgitli kepillikler göz öňünde tutulmalydyr. Kazylyk wezipesine bellenmek üçin synag möhletini geçýän adamyň ukuplylygyna garşy çykylýan bolsa, 1.4 bölümde göz öňünde tutulan şikaýat etme hukugynyň şol adam tarapyndan ulanyp bolýandygy Hartiýada anyklanýar.

3.4. Kazyny başga kazyýete bellemek mümkinçiligi ýada onuň erkin ylalaşygy bolmazdan ygtyýarlyklarynyň üýtgedilmegi hökmünde düşünilýän kazylaryň üýtgedilmezlik ýörelgesini Hartiýa tassyklaýar. Emma kadadan çykma ýagdaýlary hem mümkin: düzgün-nyzam temmisi hökmünde milli kanunçylykda göz öňünde tutulan kazyny başga ýere işe geçirmek boýunça çözgüt kabul edilende; kanunda göz öňünde tutulan, mysal üçin kazyýetiň ýapylmagyna eltýän kazyýet ulgamyny özgertme amala aşyrylanda; goňşy kazyýete kömek bermek üçin wagtlaýyn geçirilen halatynda. Soňky agzalan halatda, wagtlaýyn başga ýere geçirmek möhletiň dowamlylygy degişli kadalaşdyryjy resminama tarapyndan çäklendirilmelidir.

Emma, kazyny ondan rugsatsyz başga ýere geçirmek soragynyň irnik häsiýetini göz öňünde tutmak bilen, 1,4 bölüme laýyklykda kazylaryň garaşsyz edara şikaýat etme umumy hukugynyň bardygyny ýene bir gezek bellemelidir. Garaşsyz edara şonuň ýaly başga ýere geçirilmegiň kanunylygyny barlap biler. Kazy şikaýat etme hukugyny käbir Hartiýanyň düzgünlerinde ýörite sazlaşdyrylmadyk ýagdaýlaryň çözülmegi üçin ulanyp biler, meselem kazy çendenaşa iş ýüki sebäpli öz borçlaryny adaty rejede ýerine ýetirip bilmeýän halatynda.

## 4. Ýokary wezipä çekilmek

4.1. Kazylaryň ýokary wezipä diňe gullugynyň dowamlylygy esasynda bellenilen halatyndan, muňa Hartiýa boýunça mümkinçilik berilýär, sebäbi bu

garaşsyzlygyň netijeli goragyny we şol bir wagtyň özünde seredilýän ýurtlarda işgärleri saýlamagyň iň ýokary hilini üpjün edýär, başga ýagdaýlarda ýokary wezipä çekilmek soragynda kazynyň garaşsyzlygynyň we adalatlylygynyň bozulmazlygyna seretmek wajypdyr. Bu ýerde iki sany döräp biljek kynçylygyň bardygyny anyklamak zerurdyr: ýokary wezipä bellenmegine bikanun päsgelçilik döredilen kazylar we degişli däl ýokary wezipä çekilen kazylar.

Şol sebäpli, Hartiýada ýokary wezipä çekmek ölçegleri diňe kazylyk ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirende görkezen hili we hyzmaty hökmünde bir ýada birnäçe kazy tarapyndan adalatly baha bermek we baha berilýän kazy bilen maslahatlaşmak arkaly kesgitlenilýär.

Wezipesini ulaltmak boýunça çözgütler 1.3 bölümde agzalan garaşsyz edaranyň hödürlemegini, onuň teklibini, onuň ylalaşygyny ýada onuň netije çykarmagyny göz öňünde tutmak bilen şol baha bermeleriň esasynda kabul edilýär. Wezipesini ulaltmak teklibi garaşsyz edarayň seretmegine geçirilen kazynyň şol edarada seredilýän mysal boýunça diňlenilmäge mümkinçiliginiň bolmalydygy göni kesgitlenýär.

4.1. bölümiň düzgünleriniň ýokary wezipä çekmeklik we kazylaryň iýerarhiýsy ýok ulgamlarda, şeýlede olaryň garaşsyzly bu ugurda berk goralýan ulgamlarda ulanylmaga niýetlenen däldigi anykdyr.

4.2. Bu ýerde Hartiýa tarapyndan kazyýet wezipelerini ýerine ýetirmek bilen bilelikde alynyp barylýan iş boýunça soraga seredilýär. Kazynyň öz kazyýet ygtyýarlyklaryndan daşary iş bilen meşgullanmaga erkinligi, şol sanda hem, raýat hökmünde onuň hukuklaryny aňladýan işleri, göz öňünde tutulýar. Kazynyň onuň garaşsyzlygyna we adalatlylygyna ynama garşy gelýan hereket bilen, ýada oňa ynanylan işe seretmek üçin zerur bolan wagtda dogry, akýüreklik bilen we delillendirilen wagtyň içinde eden hereketlerinden başga ýagdaýlarda, ýörelge bolan bu erkinlik çäklendirilip bilinmeýär.

Ondan başga-da, Hartiýada hereketleriň anyk görnüşeri görkezilmeýär. Kazyýet wezipeleriniň ýerine ýetirilmegine täsir edýän daşarky hereketleriň görnüşiniň ters netijelerine pragmatiki baha bermegi amala aşyrmak zerurdyr. Edebiýat we çeperçilikden başga,tölegli işleriň dürli görnüşleri bilen meşgullanmak üçin kazylaryň rugsat almalydygy Hartiýada göz öňünde tutulýar.

4.3. Kähalatlar “kazynyň garaýyşy” diýip atlandyrylýan soraga Hartiýada seredilýär. Hartiýada beýan edilen garaýyş adam hukuklary boýunça Ýewropa konwensiýasynyň 6-njy maddasyndan we adam hukuklary boýunça Ýewropa Kazyýetiniň tejribesinden gelip çykýar. Onuň manysy kazynyň onuň adalatlylygyna we garaşsyzlygyna jemgyýetçilik ynamynay gaçyryp biljek özüni alyp baryşyndan we hereketlerden saklanmalydygy aňladýar. Şeýle ynamy gaçyrmak howpy ýatlatmak bilen, kazyny jemgyýetden we onuň raýatlaryndan daşlaşdyrmaga alyp barmagy mümkin bolan çendenaşa berklikden saklanmaga mümkinçilik berýär.

4.4. Hartiýa “kazynyň edaranyň içindäki taýýarlyga hukugyny” berkidýär. Döwletiň hasabyna gurnalan we kazylaryň tehniki, sosial we medeni endikleriniň

saklanmagyna we ýokarlandyrmagyna gönükdirilen okuw maksatnamalaryna kazynyň dowamly mümkinçiligi bolmalydyr. 2.3 bölümde beýan edilen talaplara laýyklygyny we 2.3 bölümde agzalan garaşsyz edarayň ornuna degişli maksatnamalaryň mazmunynyň we şol okuwlary geçirýän guramalaryň işiniň açyklyk, ygtyýarlylyk we adalatlylyk talaplaryna laýyklygyny kepillendirer ýaly şoňa meňzeş maksatnamalaryň gurnalyşyny döwlet üpjün etmelidir.

2.3 we 4.4 bölümlerde göz öňünde tutulan okuwlar boýunça kepillikleriň kesgitlenmegi ýeterlik derejede çeýe bolýar, bu bolsa olary dürli milli bilim ulgamlaryna uýgunlaşdyrmaga mümkinçilik döredýär: Adalat Ministrliginiň garamagyndaky hünärmen kolejler, kazylaryň Ýokary Geňeşindäki bilim edaralary, hususy hukuk guramalary we ş. m.

**5. Jogapkärçilik**

5.1. Şu madda boýunça kazynyň düzgün-nyzam jogapkärçiligi kesgitlenýär. Temmi bermegiň ýeke-täk sebäbiniň kazylaryň kanunynda kesgitlenen borçnamalaryň ýerine ýetirilmezligi bolup biljekdigini we ulanylýan temmileriň görnüşleriniň kazylar üçin kanunda suratlandyrylmalydygyny berkidip, ilkibaşda ol düzgün-nyzam temmi bermeleriň kanunylyk ýörelgesine salgylanýar.

Mundan başgada, Hartiýada düzgün-nyzam seredilmelerine degişli kepillikler berilýär: düzgün-nyzam temmi bermeleri diňe kazyýetiň ýada agzalarynyň azyndan ýarysy kazylardan durýan beýleki guramanyň çözgüdi, görkezmegi, teklibi ýada onuň razylygy esasynda ulanylmalydyr. Kazyda öz garaýşy bilen doly tanyşdyrmak mümkinçiligi bolmalydyr, hem-de onuň wekilçilik hukugy bardyr. Temmi berme ulanylanda, onuň anyk görnüşi laýyklylyk ýörelgesi göz öňünde tutulyp saýlanylýar. Galybersede, häkimiýetiň ýerine ýetiriş edarasy, kazyýet ýada agzalarynyň azyndan ýarysy saýlanan kazylardan durýan beýleki gurama tarapyndan kabul edilen temmi berme ulanmak boýunça çözgüdi ýokarda duran kazyýet edarasyna şikaýat etmek bilen ýüz tutmak mümkinçiligi Hartiýada göz öňünde tutulandyr.

Şu düzgüniň şeýle aýdylmagy mejlis tarapyndan berilen temmilere garşy şikaýat etme hukugynyň bardygyny göz öňünde tutmaýar.

5.2. Şu bölümde Hartiýa kazylaryň raýat we maddy jogapkärçiligi boýunça soragyň üstünden durup geçýär. Ol kazynyň dereksiz özüni alyp baryşy ýada öz wezipelerini ýerine ýetirmekde bikanun hereketleri netijesinde ýetirilen zeper üçin döwlet tarapyndan öwezini dolma töleginiň bolýandygy baradaky ýörelgesini görkezýär. Bu döwletiň islendik halatda şeýle zeper çekenler üçin güwä geçiji bolup çykyş edýändigini aňladýar.

Döwletiň kepillikleriniň kazynyň gereksiz özüni alyp baryşy ýada öz wezipelerini ýerine ýetirmekde bikanun hereketleri netijesinde ýetirilen zeper üçin hereket etýändigini kesgitläp, Hartiýa gereksiz we bikanun häsiýetli herekete salgylanman, şeýle hereketler netijesinde çekilen zyýana aýratyn üns berýär. Bu kazynyň bikanun hereketi bilen bagly jogapkärçilik bilen däl-de, gereksiz özüni alyp barmagynyň ýada ygtyýarlyklaryny bikanun ýerine ýetirmegiň

netijesindäki zyýanyň aýratyn we agyr häsiýeti bilen doly ylalaşýandyr. Bu raýat jogapkärçiliginiň kazynyň kazyýet garaşsyzlygyna täsiri boýunça bar bolan ynjalyksyzlygyň nukdaýnazaryndan wajypdyr.

Eger döwlet tarapyndan kepillikli öwezi dolunýan zyýan kazyýet ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmegi sazlaşdyrýan düzgünleriň gödek we bagyşlanmajak bozulmagy netijesinde çekilen bolsa, kanunda kesgitlenen limitiň çäklerinde tölenýän tölegiň öwezini dolmak maksady bilen statutyň döwlete prosessual hereketleri gozgamak mümkinçiligini berýändigi Hartiýada göz öňünde tutulýar. Gödek we bagyşlanmajak perwaýsyzlygyň bardygy barada, şeýlede öwezini dolma almak üçin prosessual hereketleriň ýuridiki häsiýeti barada talap şu tertipden kanunsyz peýdalanmalara garşy düýpli kepillikleri öz içine alýar. Goşmaça kepillikler 1.3 bölümde agzalan garaşsyz edaranyň deslapky rugsadyny almak arkaly, doly ygtyýarly kazyýete talap arzasy berilmezden öň berilýär.

5.3. Bu ýerde Hartiýa tarapyndan kazyýet ýalňyşlyklary boýunça jemgyýetçiligiň wekilleriniň şikaýatlary barada soraga seredilýär.

Şikaýat etmegiň we oňa seredilmegiň gurnalyşy ýurtlarda dürli derejede bolýar hem-de onuň derejesi hemişe ýokary däl. Şol sebäpli, ýörite formallyklary saklamak talaby bolmazdan şahsyýete her bir aýratyn ýagdaýda kazyýet ýalňyşlygy boýunça garaşsyz edara şikaýat etme mümkinçiligi Hartiýada göz öňünde tutulýar. Eger garaşsyz edara tarapyndan doly we yhlasly seredilmeden soň kazy tarapyndan düzgün-nyzam bozulmanyň anyk alamatlary aýan bolsa, onda garaşsyz edaranyň işi kazylar garamagynda bolan düzgün-nyzam instansiýasyna geçirmäge, ýada iň bolmanda milli kanunyň düzgünlerine laýyklykda şol işi geçirmäge hukugy bolan häkimiýet guramasyna geçirmäge hukugy bardyr. Agzalan edaranyň we düzgün-nyzam instansiýasynyň nukdaýnazarynyň ilkibaşda şikaýat edilen edaranyňky bilen meňzeş bolmagy hökman däldir. Netijede dogrudanam kazyýet ulgamyna zor salmak isleýän günäkärleriň şikaýat etme tertibini ýoýmazlygyndan goragyň hakyky kepillikleri bolýar.

Garaşsyz edara hökman kazylar tarapyndan düzgün bozma halatlary barlamak üçin döredilýän däldir. Adyl kazyýet amala aşyrylanda ýalňyşlyk goýberýän diňe kazylar bolmaýar. Şol sebäpli, eger garaşsyz edara şeýle ýüz tutmany esasly hasaplasa, ol ony düzgün-nyzam instansiýasyna ýada aklawçylaryň, kazyýetiň wezipeli adamlarynyň, kazyýet ýerine ýetirijileriniň we ş. m. garşysyna iş gozgamaga jogapkär gurama geçirmegi mümkindir. Emma, kazylar üçin kanuna degişli bolan Hartiýa diňe kazylara degişli işleriň ugradylmagy baradaky soraglara seredýär.

## 6. Zähmet haky we sosial üpjünçilik

Şu bölümde beýan edilen düzgünler diňe hünärmen (professional) kazylara degişlidir.

6.1. Öz wezipe borçlaryny ýerine ýetirmegi üçin kazynyň zähmet hakynyň onuň garaşsyzlygyna we adalatlylygyna zyýan ýetirmek bilen çözgüdine ýada

umuman kazynyň hereketine täsir etme maksady bilen gysylmadan onuň goragyny üpjün etmek üçin ýeterlik derejede ýokary bolmalydygy Hartiýada göz öňünde tutulýar.

Tölenýän zähmet hakynyň derejesiniň ýerine ýetiriş we kanun çykaryş häkimiýet edaralarynyň ýokary wezipesindäki adamlaryň zähmet haky bilen laýyk bolmagy däl-de, ozaly bilen kazyny gysylmadan goramak derejede bolmalydygy görkezmesi ileri tutulýan boldy, sebäbi ady agzalan adamlaryň ýagdaýy dürli milli ulgamlarda düýbünden deň däldir.

6.2. Kazynyň zähmet hakynyň möçberi beýleki kazy bilen deňeşdireniňde iş tejribesine, ýerine ýetirilýän borçlaryň häsiýetine ýada kaza ýüklenen wezipeleriň wajyplygyna görä, mysal üçin dynç alyş günleri nobatçylyk, tapawutlanyp biler. Has ýokary zähmet hakyna mynasyp zähmet borçlaryna ýerine ýetirilen işiň göwrümi ýada ol üçin zerur bolan wagt bilen bagly bolmadyk ýüz tutmalaryň tapawudyny aradan aýyrmak üçin aýdyň ölçegleriň esasynda baha berilmelidir.

6.3. Sosial üpjünçilik hyzmatlaryndan, ýagny adaty sosial töwekgelçilikler boýunça kazynyň çykdajylarynyň ýapylmagy (syrkawlyk, göwrelilik rugsady, maýyplyk, garrylyk, ölüm-ýitim) peýdalanmagy Hartiýa göz öňünde tutýar.

6.4. Onuň ygtyýarlyklarynyň bes edilmegi üçin kanunda göz öňünde tutulan ýaşa ýeten kazynyň garrylyk boýunça nepaga almagy Hartiýa tarapyndan anyklanýar. Onuň möçberiniň derejesi kazyýet wezipelerini ýerine ýetiren wagtyndaky iň soňky aýlygyna mümkin boldugyça golaý bolmalydyr.

## 7. Ygtyýarlyklarynyň bes edilmegi

7.1. Kazynyň ygtyýarlyklaryny bes edilýän şertlere hüşgärlik etmek zerurdyr. Ygtyýarlyklarynyň bes edilmegi üçin esaslaryň doly sanawy kesgitlenmelidir. Bu otstawka, medisina barlagyň netijesi bilen tassyklanan fiziki ukypsyzlyk, belli bir ýaşa ýetilmegi, wezipede bolmagynyň kanuny möhletiniň tamamlanmagy ýada düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekilmegi boýunça çözgüdiň esasynda wezipeden boşadylmagy bolup biler.

7.2. Kynçylyksyz kesgitlenip bolýan ygtyýarlyklaryny bes edip bolýan esaslardan, ýagny belli bir ýaşa ýetmegi ýada wezipede bolmagynyň kesgitlenen möhletiniň tamamlanmagy, beýleki esaslar 1.3 bölümde agzalan garaşsyz edara tarapyndan tassyklanmalydyr. Haçanda şol edaranyň kabul eden çözgüdi, onuň teklibi, maslahaty ýada razyçylygy netijesinde ygtyýarlyklary bes edilse, bu şert aňsat amala aşyrylýar.

## B. Şertnamalaýyn kadalar

### Adam hukuklary we esasy azatlyklar boýunça Ýewropa Konwensiýasy

*(1950-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda Rim şäherinde kabul edildi)*

---

**6-Madda**

1. Raýat hukuklary we jogapkärçiligi boýunça jedel ýüze çykan halatynda ýada onuň garşysyna islendik jenaýat günälemesi bildirilende işine delillendirilen wagtyň içinde kanunyň esasynda döredilen garaşsyz we adalatly kazyýet tarapyndan adalatly we açyk seredilmegine her adamyň hukugy bardyr.

## C. Beýleki standartlar

### Adam hukuklary we terrorçylyga garşy göreşe degişli Ýewropa Geňeşiniň Ministrler Komitetiniň ýol görkeziji Ýörelgeleri

*(2002-nji ýylyň 15-nji iýulynda kabul edildi)*

---

**IX. Kazyýet önümçiligi**

1. Terrorçylyk hereketde günälenýän adamyň onuň işine kanunyň esasynda döredilen garaşsyz we adalatly kazyýet tarapyndan delillendirilen wagtyň içinde adalatly seredilmegine hukugy bardyr.

# 4. Amerikanyň döwletara ulgamy

## A. Şertnamalaýyn kadalar

### Adam hukuklary boýunça Amerikan Konwensiýasy

*(Adam hukuklary boýunça Amerikanyň döwletara ýöriteleşdirilen Konferensiýada kabul edildi, San-Hose, Kosta-Rika, 1969-njy ýylyň 22-nji noýabry)*

**8-Madda. Adalatly kazyýet derňewine hukuk**

1. Onuň garşysyna islendik jenaýat häsiýetli günälemä seredilmegi üçin, ýada onuň raýat, zähmet, salgyt ýada başga häsiýetli hukuklarynyň we borçlarynyň kesgitlenmegi üçin işine degişli kepillikller bilen we delillendirilen wagtyň içinde kanunyň esasynda öň döredilen ygtyýarlykly, garaşsyz we adalatly kazyýet tarapyndan seredilmegine her adamyň hukugy bardyr.

## B. Deklaratiw kadalar

### Adam hukuklarynyň we borçnamalarynyň Amerikan Jarnamasy

*(Amerikan ýurtlarynyň Dokuzynjy halkara Konferensiýasynda goldanyldy, Bogota, Kolumbiýa, 1948-nji ýyl)*

---

**XXVI Madda**

Günäsi subut edilýänçä, her bir günälenýän adam günäsiz hasaplanýar.

Kanuny bozmakda günälenýän her bir adamyň öz işiniň adalatly we jemgyýet üçin açyk seredilmegine, şeýlede eýýäm hereket edýän kanunlaryň esasynda döredilen kazyýet tarapyndan derňew edilmegine we onuň garşysyna rehimsiz, naýynsap we adaty däl jeza ulanylmazlygyna hukugy bardyr.

## Amerikan döwletara demokratik Hartiýasy

*(Amerikan Döwletleri Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ýörite mejlisinde kabul edildi, Lima, Peru, 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabry)*

### 3-Madda

Wekilçilikli demokratiýanyň iň wajyp elementleri, bulardan başga-da, adam hukuklarynyň we esasy azatlyklaryň berjaý edilmegini [...], häkimiýetleriň paýlanmagyny we häkimiýet pudaklarynyň garaşsyzlygyny öz içine alýar.

### 3-Madda

[...]

Kanuny kesgitlenen raýat häkimiýetine ähli döwlet edaralarynyň konstitusion tabynlygy we ähli guramalar we jemgyýet gatlaklary tarapyndan hukugyň ýokarda tutulmak ýörelgesiniň berjaý edilmegi demokratiýa üçin deň derejede wajypdyr.

# 5. Afrikan düzgünnamasy

## A. Kazylaryň, aklawçylaryň we prokurorlaryň garaşsyzlygynyň ýörite talaplary

## Afrikada adyl kazyýet we aklawçylyk kömegi baradaky hukugyň Ýörelgeleri we Düzgünnamalary

*(2003-nji ýylyň 4–12 iýul aralygynda Maputo şäherinde, Afrika Bileleşiginiň Döwlet Baştutanlarynyň 2-nji ýokary derejede geçirilen ýygnagynda Afrikanyň Komissiýasynyň iş hasabatynyň bölegi bolup kabul edildi)*

---

### A. Ähli kazyýet önümçilikleri üçin ulanylýan umumy Ýörelgeler

#### Adalatly we jemgyýet üçin açyk seredilme

Şahsyýetiň ýada onuň hukuklarynyň we borçlarynyň garşysyna islendik jenaýat günälemesi kesgitlenende, kanuny, ygtyýarly, garaşsyz we ýüz görmez kazyýet guramasy tarapyndan adalatly we jemgyýet üçin açyk seredilmegine her bir adamyň hukugy bardyr.

#### 4. Garaşsyz kazyýet

(a) Kazyýetçilik edaralaryň we kazyýet işgärleriň garaşsyzlygy ýurduň konstitusiýasy we kanuny tarapyndan kepillendirilmelidir we hökümet, onuň guramalary we dolandyryş edaralary tarapyndan berjaý edilmelidir;

(b) Kazyýetçilik edaralary kanunyň ýokary tutulmak ýörelgesiniň esasynda hemde bellenen tertipde geçirilýän önümçilige laýyklykda, kazyýet wezipelerini amala aşyrmak üçin öz ygtyýarynda bolan meseleleriň üstünde işlemek üçin kanun tarapyndan döredilmelidir;

(c) Kazyýet häsiýeti bolan ähli meseleler kazyýetiň garamagynda bolmalydyr we onuň çözgüt çykarmagy üçin berilen meseläniň kanun boýunça onuň ygtyýaryndadygyny kesgitlemäge aýratyn hukugy bolmalydyr.

(d) Kazyýet edarasynyň ygtyýarlygy, ondan başgada, jedeliň ýada jenaýatyň bolup geçen ýeri, jedelli emlägiň ýerleşýän ýeri, taraplaryň ýaşaýan ýeri ýada ýuridiki salgysy, hem-de taraplaryň razyçylygy göz öňünde tutulyp, kesgitlenýändir.

(e) Kanuny önümçiligiň bellenen tertibini ulanmaýan harby ýada beýleki ýörite tribunallar adaty kazyýet edaralara degişli ygtyýarlyklarynyň ornuny tutmak üçin döredilmeli däldir;

(f) Kazyýet önümçiligine hiç hili ýerliksiz ýada delilsiz goşulmaklyga ýol berilmeli däldir, hem-de, kazyýetiň çykaran çözgütleri täzeden seredilmäge tabyn

bolmaly däldir; ýagny, diňe kanuna laýyklykda ygtyýarlandyrylan edaralar tarapyndan olara täzeden seredilmegi, ýada ýeňilleşdirilmegi, ýada üýtgedilmegi mümkindir.

(g) Ähli kazyýet edaralary ýerine ýetiriji häkimýetlerden garaşsyz bolmalydyr.

(h) Kazyýet edaralara işe bellemeklik aýan we hasabatly bolmalydyr, hem-de bu maksatlary nazarda tutup garaşsyz edaranyň döredilmegi maslahat berilýär. Kazyýet işine bellenmegiň her bir usuly kazyýetiň garaşsyzlygyny we ýüz görmezligini kepillendirilmelidir.

(i) Kazyýet wezipesine bellemekligiň ýeketäk talaplary dalaşgäriň ýokary derejede ahlaklylygy, ýeterlik okuw taýýarlygy ýada okuwa bolan ukyplylygy hem-de başarnyklary bolmalydyr.

(j) Talaplara laýyk gelýän her bir adamyň onuň jynsy, teniniň reňki, millete degişlidigi, dili, gender meseleleri, syýasy we beýleki garaýyşlary, dine garaýşy, fiziki maýyplylygy, haýsy millete we sosial topara degişlidigi, gelip çykyşy, emläk hem wezipe ýagdaýy boýunça kemsitmesiz, kazyýet wezipesine bellenilmek üçin seredilmegine hukuklydyr. Emma döwletler üçin aşakdaky talaplar kemsidiji diýip hasaplanylýan däldir, ýagny:

1. Kazyýet wezipelerine saýlanmak üçin dalaşgärden talap edilýän minimal ýaşy we iş tejribesini bellemeklik;
2. Maksimal ýa-da nepaga çykylýaň ýaşy, ýada kazyýet işgärleri üçin gullugyň möhletini bellemeklik;
3. Maksimal ýa-da nepaga çykylýan ýaşynyň ýa-da gulluk möhletiniň kazylaryň ýada beýleki kazyýet önümçiliginiň işgärleriniň derejelerine görä üýtgedilmekligiň mümkinçiligi barada bellemeklik;
4. Diňe döwletiň milli raýartlary kazyýet önümçiligine saýlanylyp bilýändiklerini talap etmeklik.

(k) Hiç bir adam kazynyň wezipesini degişli derejede ýerine ýetirmek üçin gerekli taýýarlyk okuwynyň ýada bilimiň bolmadyk halatlarynda kazyet önümçiligine bellenilip bilmez.

(l) Kazylar ýada kazyýet edaralarynyň agzalary hökmany nepaga çykmak ýaşyna çenli ýada olaryň ygtyýarlyklarynyň möhletiniň tamamlanmagyna çenli, iş möhletiniň kepilligi bilen üpjün edilmelidir.

(m) Iş möhleti, mynasyp zähmet haky, nepaga, öý, transport, fiziki we sosial üpjünçiligiň şertleri, nepaga çykylýan ýaş talaplary, tertip-nyzam we şikaýat mehanizmleri hem-de kazyýet işgärleriň beýleki iş şertleri kanunda ýazylmalydyr we kepillendirilmelidir.

(n) Kazyýet işgärleri

1. öz kazyýet wezipelerini ýerine ýetirenlerinde nädogry işleri ýada goýberen ýalňyşlyklary üçin raýat ýada jenaýat jogapkärçiligine çekilmeli däldir;
2. olaryň çykaran çözgütlerine ýokary kazyýet edarasy tarapyndan täzeden seredilmeli ýa-da ýatyrylmagy hasap edilendigi sebäpli wezipelerinden

boşadylmaly däldirler hem-de beýleki düzgün-nyzam ýa-da administratiw jogapkärçilige çekilmeli däldirler;

3. kazyýet işgärleri belli bir möhlet bilen şertnama esasynda bellenilmeli däldirler.

(o) Kazyýet işgärleriň ýokary wezipä çekilmegi obýektiw faktorlara, ýagny, olaryň ukuplylygyna, ahlak derejesi we gazanan tejribesine esaslanmalydyr.

(p) Kazyýet wezipesindäki adamlaryň diňe olaryň wezipesiniň abraýy bilen sygyşmaýan agyr jenaýat edenlikleri üçin ýada fiziki ýa-da ruhy sebäplerden işini ýerine ýetirip bilmezligi üçin ygtyýarlyklary bes edilip ýa-da işden boşadylyp bilner.

(q) Düzgün-nyzam, ygtyýarlyklary bes edilmek ýa-da işden boşatmak çäreler bilen bagly işlerine seredilýän kazylar adyl kazyýet hukugy, onuň içine girýän saýlan kanuny wekil tarapyndan bähbidi goralmak hukugy hem-de düzgün-nyzam, ygtyýarlyklary bes edilmek ýa-da işden boşatmak çäreleriň netijesinde çykarylan çözgütlere garaşsyz edara tarapyndan täzeden seredilmek hukugy hem kepillendirilmelidir.

(r) Kazyýet wezipelerindäki adamlara garşy şikaýatlara seredilmek baradaky düzgünler hem-de onuň agzalarynyň düzgün-nyzam meseleleri baradaky düzgünler kanunda bellenilmelidir. Kazyýet wezipelerindäki adamlara garşy şikaýatlara gijikdirmän, tiz wagtyň içinde, we adyllyk bilen seredilmelidir.

(s) Kazyýetçilik işgärleri öz pikirini beýan etmek, ynanç, birleleşme we ýygnanma baradaky azatlyklardan peýdalanýarlar. Bu hukuklardan peýdalanmakda olar özlerini hemişe kanuna, ykrar edilen standartlaryna hem-de öz käriniň ahlaklylygy bilen laýyklykda alyp barmalydyrlar.

(t) Kazyýet işgärleriniň öz bähbitlerini goramak, hünärmen okuwlaryndan peýdalanmak hem-de öz derejesini goramak maksady bilen hünärmen birleşikleri gurnamak we olara gatnaşmak hukugy bolmalydyr.

(u) Döwletler kazyýet wezipesindäki adamlaryň işiniň netijeliligine gözegçilik etmek üçin hem-de kazyýetçilik edaralaryň adalaty berjaý etmegine jemgyýet seslenmelere gözegçilik etmek maksady bilen, garaşsyz we administratiw mehanizmleri girizmegi mümkindir. Bu mehanizmler deň möçberde kazyýetçilik agzalaryndan hem-de kazyýetçilik meselelerine jogapkärçilikli Adalat Ministrliginiň wekillerinden düzülip, öz serkerdelerine we işgärlerine garşy şikaýatlary kabul etmek we olara seretmek düzgünlerini hem içine almaklygy mümkindir.

(v) Öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin döwletler kazyýet edaralaryny ýeterlik serişdeler bilen üpjün etmelidir. Býüjetiň taýýarlanylmagynda we ýerine ýetirilmeginde kazyýet ulgamy bilen maslahat edilmelidir.

### 5. Ýüz görmez kazyýet

(a) Kazyýetçilik edarasy öz çozgütlerini diňe onuň öňünde beýan edilen obýektiw subutnamalara, delillere we hakyky maglumatlara esaslanyp çykarmalydyr.

Kazyýet wezipeli işgärleri öz öňünde goýlan meseleleri hiç hili çäklendirilmesiz, ýaramaz täsir edilmesiz, hödür etmesiz, zorluklyz, her bir tarapdan we her bir sebäplerden edilýän gönümel ýada gytaklaýyn gorkuzylmasyz ýada goşulmasyz çözmelidir.

(b) Kazyýet önümçiligine gatnaşýan her bir tarapyň kazyýetiň öňünde onuň, kazynyň ýada bütin kazyýetiň ýüz görmezligi barada şübhelenýändigini bildirmäge we subut edilýän delillere esaslanyp bu barada jedelleşmäge hukugy bolmalydyr.

(c) Kazyýetiň ýüz görmezligi üç sany degişli delillere esaslanyp kesgitlenip bilner, ýagny:

1. Kazyýetiň wezipeli işgäriniň ýagdaýy oňa önümçilikde aýgytly orny tutmaga mümkinçilik berýändigi;

2. Kazyýetiň wezipeli işgäri çözgüdiň çykarylşyna täsir edýän garaýşyny bildirdi;

3. Kazyýetiň wezipeli işgäri öňki wezipesinde eden işi üçin çözgüt çykarmaga mejbur boldy.

(d) Kazyýetiň wezipeli işgäriniň ýüz görmezligine aşakdaky ýagdaýlarda zyýan ýetiriler, ýagny:

1. öňki jemgyýet prokurorynyň ýada hukuk wekiliniň derňew geçiren, ýada belli bir tarapyň bähbitlerini goran işinde onuň kazy bolup oturan halatlarynda;

2. kazyýetiň wezipeli işgäriniň işiň derňewine gizlin gatnaşan halatlarynda;

3. kazyýetiň wezipeli işgäri seredilýän iş ýada ol işe gatnaşýan tarap bilen belli bir baglanyşygy bolan ýagdaýda;

3. kazyýetiň wezipeli işgäri belli bir işde özi cöžgüt çykaran, ýada aşakdaky derejelerde gatnaşan işine şikaýat arkaly täzeden seredilmegine, kazyýet agzasy hökmünde oturan halatynda.

   Bu halatlaryň ählisinde kazyýetiň wezipeli işgäri şol işi ret etmäge borçludyr.

(e) Kazyýetiň wezipeli işgäri öz çözgüdine goldaw tapmak maksady bilen, çözgüt çykarmazdan öň özünden ýokary wezipeli işgäriň maslahatyny soramaly däldir.

## B. Kazylaryň okuw taýýarlygy

(a) Kazyýet işgärleriň ýeterlik biliminiň we okuw taýýarlygynyň bolmagyny we işleýän edaralarynyň görelde we ahlak borçnamalary, günälenýäniň we pidanyň hukuklarynyň konstitusion we kanun tarapyndan goraglary, hem-de milli we halkara kanunçylygy tarapyndan ykrar edilen adam hukuklary we esasy azatlyklary barada habarly edilmelidigini döwletler üpjün etmelidir.

(b) Kazyýetiň wezipeli işgärleri üçin ýöriteleşdirilen bilim we okuw taýýarlygyny berýän okuw edaralary bolmadyk ýerlerinde, Döwletler olary döretmäge hem-de sebitde we tutuş Afrika boýunça hyzmatdaşlygy öňe sürmäge borçludyr.

(c) Kazyýetiň wezipeli işgärleri işiniň dowamynda dowamly okuw taýýarlygy we bilim bilen, şol sanda hem, jynsy, medeni we gender meseleleri boýunça düşünjeleri bilen üpjün edilmelidir.

[...]

## F. Prokurorlaryň orny

(a) Döwletler aşakdakylary üpjün etmelidirler:

1. Prokurorlaryň ýeterlik biliminiň we okuw taýýarlygynyň bolmagyny we işleýän edaralarynyň görelde we ahlak borçnamalary, günälenýäniň we pidanyň hukuklarynyň konstitusion we kanun tarapyndan goraglary, hem-de milli we halkara kanunçylygy tarapyndan, hem-de häzirki Hartiýa tarapyndan ykrar edilen adam hukuklary we esasy azatlyklary barada habarly edilmelidir.
2. Prokurorlaryň öz hünär wezipelerini gorkuzylmasyz, hiç hili päsgelçiliksiz, zorluksyz we bikanun goşulmasyz, ýada delillendirilmedik raýat, jenaýat we beýleki jogapkärçilige çekilmesiz ýerine ýetirmek üçin mümkinçilikleri bolmalydyr.

(b) Prokurorlaryň amatly iş şertleri, mynasyp zähmet haky we, degişli ýerinde, gulluk möhleti, jaý, ulag bilen üpjün edilmegi, fiziki we sosial üpjünçiligiň şertleri, nepaga we nepaga çykylýan ýasy we gullugyň beýleki şertleri kanunda ýada çap edilen kadalarda ýada düzgünnamalarda bellenilmelidir.

(c) Prokurorlaryň ýokary wezipä çekilmegi bu düzgüniň bar bolan halatlarynda, obýektiw faktorlara, ýagny, hünäri bilermenlige, başarnyklara, halallyga we tejribä esaslanmalydyr we adyl hem-de ýüz görmez düzgünler boýunça kesgitlenilmelidir.

(d) Prokurorlar, beýleki raýtalar ýaly, öz pikiriňi beýan etmek, dine uýmak, birleşmelere we ýygnaklara gatnaşmak baradaky azatlyklardan peýdalanýarlar. Şu hukuklardan peýdalanylanda, prokurorlar hemişe özlerini kanuna we hukuk hünäriniň ykrar edilen nusgalaryna we ahlaklaryna laýyklykda alyp barmalydyrlar.

(e) Prokurorlaryň öz bähbitlerini goraýan, hünär boýunça okuw taýýarlygyny dowam edýän, hem-de olaryň hukuk ýagdaýyny goraýan hünärmen birleşikleri döretmek we beýleki guramalara girmek hukukgy bolmalydyr.

(f) Prokuraturanyň işi kazyýet wezipelerinden hökmany aýrybaşga bolmalydyr.

(g) Jenaýat önümçiliginde, şol sanda hem, jenaýat işini gozgamaga we, kanun boýunça ygtyýar berilen halatynda ýada ýerli tejribä laýyklykda, jenaýaty derňew etmäge, şol derňewleriň kanunylygyna gözegçilik etmäge, kazyýet çözgütleriniň ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmäge we jemgyýetçilik bähbidiniň

wekilleri hökmünde beýleki wezipeleri ýerine ýetirmäge prokurorlar işjeň gatnaşmalydyrlar.

(h) Kanuna laýyklykda, prokurorlar öz wezipelerini adyl, yzygiderli we çalt ýerine ýetirmelidirler, we adam mertebesine hormat goýmalydyrlar we goramalydyrlar, we adam hukuklaryny berjaý etmelidirler, şeýlelikde bolsa degişli kanuny tertibiň bolmagynyň we jenaýatçylyk kanuny ulgamynyň birsydyrgyn hereket etmeginiň üpjün edilmegini, goldamalydyrlar.

(i) Öz borçlaryny amala aşyranda, prokurorlar:

1. Wezipelerini ýüz görmezlik bilen ýerine ýetirmelidirler we ähli syýasy, sosial, dini, jyns babatda, medeni, jynsy we kemsidilmeleriň islendik beýleki görnüşlerinden daş durmalydyrlar;
2. Jemgyýet bähbidini goramalydyrlar, ýüz görmän hereket etmelidirler, günälenýäniň we pidanyň tarapyny dogry göz öňünde tutmalydyrlar, we ähli degişli ýagdaýlara, olaryň günälenýäniň peýdasyna ýada däldigine garamazdan, üns bermelidirler;
3. Eger borjuny ýerine ýetirmek ýada kanunylygyň zerurlygy başgaça talap etmeýän bolsa, öz garamagyndaky işleri, gizlin saklamalydyrlar;
4. Haçanda pidalaryň şahsy bähbidine zeper ýeten bolsa, olaryň pikirine we aladalaryna seretmelidirler, we aşakda berlen pidalara degişli düşünjelere laýyklykda pidalaryň hukuklary barada habarly bolmaklaryny üpjün etmelidirler.

(j) Haçanda ýüz görmez derňew esassyz günälemäni ýüze çykaran bolsa, prokurorlar iş gozgamaly däldirler ýada ony dowam etdirmeli däldirler, ýada işi ýatyrmak üçin elinden gelenini etmelidirler.

(k) Döwlet işgärleri tarapyndan, esasan hem parahorlyk, berlen ygtyýarlykdan bikanun peýdalanmak, adam hukuklarynyň bozulmagy we halkara kanunçylygy tarapyndan ykrar edilen beýleki jenaýatlar bilen bagly, edilen jenaýatlaryň garşysyna iş gozgamaga prokurorlar ýeterlik üns bermelidirler, we, kanun tarapyndan ygtyýarlyk berlen halatynda, ýada ýerli tejribä laýyklykda, şeýle kanun bozulmalary derňemelidirler.

(l) Eger-de prokurorlarda şübhelenýäniň garşysyna belli bir subutnama bar bolsa, we bu subutnama olaryň delillendirilen bilşine görä ýada pikirine görä, bikanun usullar bilen, ýagny, günälenýäniň adam hukuklaryny agyr derejede bozmak bilen, esasan hem, gynamak, ýada rehimsiz, adama mahsus bolmadyk ýada adamyň mertebesini peseldýän hereket etmek, ýada jezalandyrmak, ýada beýleki adam hukuklaryny bozmak bilen bagly hereketleriň netijesinde alynan bolsa, prokurorlar bu usullary ulanan adamlardan başga hiç kimiň garşysyna ulanmagy ret etmelidir, kazyýet edaralary bellenen tertipde habarly etmelidirler hem-de bu usullary ulanan adamlaryň jogapkärçilige çekilmegini üpjün etmek üçin, ähli degişli çäreleri görmelidir.

(m) Derňew işleriniň adyllygyny we netijeliligini kepillendirmek üçin prokurorlar polisiýa, kazyýetler, aklawçylar, kanunçylar, jemgyýet guramalary we

beýleki döwlet edaralary we guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmäge çalyşmalydyrlar.

(n) Prokurorlaryň garşysyna düzgün-nyzam bilen bagly günälemeler kanuna we kanuny düzgünnamalara esaslanmalydyr. Özlerini hünär ýörelgelerine gabat gelmeýän äheňde alyp baranlygyny görkezýän prokurorlaryň garşysyna şikaýatlar degişli düzgün boýunça çalt we adalatly seredilmelidir. Prokurorlaryň işine adyl seredilmegine, şol sanda hem, özleriniň saýlan aklawçysynyň kömeginden peýdalanmaga hukuklary bolmalydyr. Çykarylan çözgüt garaşsyz edara tarapyndan täzeden seredilmegine tabyn bolmalydyr.

(o) Prokurorlaryň garşysyna düzgün-nyzam önümçiligi obýektiw baha berilmegini we çözülmegini kepillendirmelidir. Olar kanuna laýyklukda, hünär boýunça özüňi alyp barmak kadalaryna we beýleki bellenilen ýörelgelere we ahlaklara laýyklykda kesgitlenmelidir.

[...]

## I. Aklawçylaryň garaşsyzlygy

(a) Döwletler, aklawçylaryň hünärmen birleşikleri we bilim institutlary aklawçylaryň ýeterlik derejede bilim we hünäri boýunça taýýarlyk almaklaryny, aklawçynyň göreldesi we ahlak borçlary barada, milli we halkara kanunda ykrar edilen adam hukuklary we azatlyklary barada habarly edilmegini, üpjün etmelidirler.

(b) Döwletler aklawçylar üçin aşakdakylary kepillendirerler, ýagny:

1. hiç hili gorkuzmasyz, päsgelçiliksiz, zorluksyz we bikanun goşulmasyz öz hünäri bilen bagly ähli wezipelerini ýerine ýetirmek mümkinçiligi;
2. daşary ýurtlarda we ýurduň içinde ýerleşýän müşderilere maslahat bermek üçin saparda bolmak mümkinçiligi;
3. kabul edilen borçlaryna, standarlaryna we ahlaklylygyna laýyklykda, hünärleri bilen bagly işleri ýerine ýetirmek üçin hiç hili ejir çekmän, gorkuzylman, aňtalman, ýada olara garşy administratiw, ykdysady we beýleki çäreleri görülmän wezipelerini ýerine ýetirmek mümkinçiligi.

(c) Hökümetler aklawçylaryň we olaryň müşderileriniň arasyndaky hünäriň çäklerinde edilýän gürrüňdeşlikleri we maslahatlaşyklary gizlinligini tassyklamalydyrlar we kepillendirmelidirler.

(d) Aklawçylaryň öz müşderilerine netijeli hukuk kömegini bermegi üçin ýeterlik wagtda özünde saklanýan ýada gözegçiligindäki degişli maglumatlardan, kagyzlardan we resminamalardan peýdalanmagyny üpjün etmek abraýly häkimiýetleriň borjudyr. Şeýle peýdalanmalar boldugyça ir üpjün edilmelidir.

(e) Aklawçylar halallyk bilen, ýazgyda ýada dilden degişli beýannamalary edenligi üçin, ýada kazyýetiň, tribunalyň we beýleki kanuny ýada administratiw edaranyň öňünde hünärmen çykyşlary edenligi üçin, raýat we jenaýat eldegrilmezlik hukugyndan peýdalanmalydyrlar.

(f) Aklawçylaryň hünärleri boýunça işleriň netijesinde howpsyzlyklaryna zyýan ýetirilse, olar wezipeli edaralar tarapyndan kanagatlanarly gorag bilen üpjün edilmelidir.

(g) Aklawçylar öz wezipelerini ýerine ýetirmek netijesinde, öz müşderileri we müşderileriň bähbitleri bilen deň hasaplanylmaly däldir.

(h) Aklawçylar adalatyň berjaý edilmeginde hemişe öz hünäriniň mertebesini we abraýyny saklamaga borçludyr.

(i) Öz müşderileriniň hukuklaryny goramakda we adalatlylyk işini ýaýbaňlandyrmakda, aklawçylar milli we halkara kanunçylygy tarapyndan ykrar edilen adam hukuklaryny we esasy azatlyklary goramaga ymtylmalydyrlar we kanuna we hukuk hünäriniň ykrar edilen nusgalaryna we ahlaklaryna laýyklykda hemişe erkin we yhlas bilen hereket etmelidirler.

(j) Aklawçylar hemişe öz müşderileriniň bähbitlerini goramalydyrlar.

(k) Aklawçylar, beýleki raýtalar ýaly, öz pikiriňi beýan etmek, dine ynanmak, birleşmelere we ýygnaklara gatnaşmak baradaky azatlyklardan peýdalanýarlar. Esasan hem olar kanun boýunça soraglaryň jemgiýetçilik jedelleşmelerine gatnaşmaga, kanunylygyň ýerine ýetirilmegine we adam hukuklaryny ýaýbaňlandyrmaga we goramaga we özleriniň kanuny hereketleri ýada kanuny guramalarda agza bolmagy sebäpli çäklendirilmesiz ýerli, milli we halkara guramalara girmäge ýada döretmäge we olaryň ýygnaklaryna gatnaşmaga hukuklary bolmalydyr. Şu hukuklardan peýdalanylanda, aklawçylar hemişe özlerini kanuna we hukuk hünäriniň ykrar edilen nusgalaryna we ahlaklaryna laýyklykda alyp barmalydyrlar.

(l) Aklawçylaryň bähbitlerini goraýan, hünär boýunça okuw taýýarlygyny dowam edýän hem-de olaryň hünärmenlik jebisliligini goraýan, özüni dolandyrýan hünär birleşikleri gurnamak we goşulmak hukuklary ykrar edilmelidir. Hünärmen birleşmeleriň ýerine ýetiriji häkimýeti olaryň agzalaryndan saýlanylmalydyr, işine daşardan goşulmasyz öz wezipelerini ýerine ýetirmelidir.

(m) Aklawçylaryň özüni alyp barmak kadalary ýuristler topary tarapyndan onuň degişli guramasynyň üsti bilen ýada kanun tarapyndan milli kanunçylyga we adatlara we ykrar edilen halkara düzgünlerine we kadalaryna laýyklykda düzülmelidir.

(n) Aklawçylaryň garşysyna olaryň hünärini alyp barmagy boýunça edilen günälemelere we şikaýatlara degişli kadalar boýunça çalt we adalatly seredilmelidir. Aklawçylaryň işlerine adalatly seredilmegine, şol sanda hem, özleriniň saýlan aklawçysynyň kömeginden peýdalanmaga hukuklary bolmalydyr.

(o) Aklawçylara garşy düzgün-nyzam önümçiligi kanunda bellenilen tertip boýunça, ýuristler topary tarapyndan düzülen garaşsyz edarada ýada kazyýetde, ýüz görmez düzgün-nyzam meselelerine seredýän komitet tarapyndan seredilmelidir we kazyýet gözegçiligine tabyn bolmalydyr.

(p) Ähli düzgün-nyzam önümçilikleri hünär boýunça özüňi alyp barmak kadalaryna we aklawçylyk hünäriniň beýleki ykrar edilen düzgünlerine we kadalaryna laýyklykda we şol ýörelgeleri göz öňünde tutup çözülmelidir.

[…]

## L. Raýatlaryň işine harby kazyýet tarapyndan seredilmezlik baradaky hukugy

(a) Harby kazyýetleriň ýeke-täk maksady harby işgärleriň eden jenaýatlarynyň anyk harby aslyýetini kesgitlemekden ybarat bolmalydyr.

(b) Bu wezipesini ýerine ýetiren wagtynda Harby kazyýetlerden Afrikan hartiýasynda we şu ýörelgelerde bellenen adyl kazyýetiň standartlarynyň berjaý edilmegi talap edilýar.

(c) Harby kazyýetler hiç bir ýagdaýda raýatlaryň işlerine seretmäge ygtyýarlygy bolmaly däldir. Şuňa meňzeşlikde hem, Ýörite tribunallar adaty kazyýetleriň ygtyýarlygyndaky jenaýatlara seretmeli däldirler.

[...]

## Q. Däp-dessur boýünça ýöredilýän kazyýetler

[...]

(c) Däp-dessur boýunça ýöredilýän kazyýetleriň garaşsyzlygy ýurduň kanunlary tarapyndan kepillendirimelidir we hökümet, onuň edaralary we wezipeli adamlary tarapyndan hormatlanmalydyr:

1. Olar ýerine ýetiriji häkimiýetden garaşsyz bolmalydyr;
2. Däp-dessur boýunça ýöredilýän kazyýetleriň işine hiç hili ýerliksiz ýada islenmedik goşulma edilmeli däldir.

(d) Döwletler däp-dessur boýunça ýöredilýän kazyýeleriň ýüz görmezligini üpjün etmelidirler we, ylaýtada, däp-dessur boýunça ýöredilýän kazyýetleriň agzalarynyň çözgüt çykarmaklarynda her tarapdan gönümel ýada aýlap edilýän hiç hili çäklendirilme, ýaramaz täsirler, hödür etmek, zorluk, gorkuzmak ýada işine goşulmaklyga ýol berilmeli däldir.

1. Däp-dessur boýunça ýöredilýän kazyýeleriň ýüz görmezligi aşakda görkezilen halatlarda ynamdan gaçar, ýagny, onuň agzalaryryň biri

   1.1 Çözgüt çykarmaklyga täsir edýän pikiri aýdan bolsa;

   1.2 Seredilýän işe ýada işe gatnaşýan bir tarapyna belli bir baglanyşygy ýada gatnaşygy bolsa;

   1.3 Işiň netijesinde maliýe ýada beýleki bähbidi bolsa.

2 Kazyýet önümçiligine gatnaşýan her bir tarap däp-dessur boýunça ýöredilýän kazyýetiň agzasy ýada bütin kazyýetiň ýüz görmezligi barada şübheleňýändigini bildirmäge we subut edilýän delillere esaslanyp bu barada jedelleşmäge mümkinçiligi bolmalydyr.

(e) Däp-dessur boýunça ýöredilýän kazyýetiň şikaýatlara seredilmek baradaky düzgünleri hem-de onuň agzalarynyň düzgün-nyzam meseleleri baradaky düzgünler kanunda bellenilmelidir. Däp-dessur boýunça ýöredilýän kazyýetiň

agzalaryna garşy şikaýatlar gijikdirilmän, tiz wagtyň içinde seredilmelidir, hem-de şikaýatçynyň öz saýlan kanuny wekili tarapyndan bähbitlerini goramak, düzgün-nyzam, işden wagtlaýyn aýyrmak we işden boşatmak bilen bagly çözgütlere garaşsyz edara tarapyndan täzeden seredilmek hukuklaryny içine alýan, adyl kazyýet baradaky hukugyň ýerine ýetirilmegi ählitaraplaýyn kepillendirilmelidir.

# B. Ylalaşyk kadalary

## Adamyň we halklaryň hukuklary baradaky Afrikan Hartiýasy

*(1981-nji ýylyň iýun aýynyň 27-ne kabul edildi, 1986-njy ýylyň oktýabr aýynyň 21-ne güýje girizildi)*

**26-Madda:**

Häzirki Hartiýa gatnaşýan döwlet taraplary kazyýetleriň garaşsyzlygyny kepillendirmäge borçludyrlar, hem-de şu hartiýa tarapyndan kepillendirilýän hukuklaryň we azatlyklaryň ýaýbaňlandyrmaklygy we goramaklygy ynanylan degişli milli edaralaryň döredilmegine ýardam bermelidirler.

## Çaganyň hukuklary we abadançylygy baradaky Afrikan Hartiýasy

*(1999-njy ýylyň noýabr aýynyň 19-na güýje girizildi)*

### 17-Madda: Kämillik ýaşyna ýetmedik ýaşlar üçin adalatyň berjaý edilişi

[…]

2. Şu hartiýa gatnaşýan döwlet taraplary ylaýtada aşakdakylary berjaý etmelidir, ýagny:

   […]

   (c) jenaýat kanunçylygy bozmaklykda günälenýän her bir çaga üçin

   […]

   (iv) garaşsyz kazyýet tarapyndan tiz wagtyň içinde işine seredilen hem-de, günäkärligi subut edilen halatynda, ýokary kazyýete işine täzeden seretmek baradaky hukugyndan peýdalanmaga mümkinçilik döredilmelidir.

# 6. Ýewropa Bileleşigi

## Ýewropa Bileleşiginiň esasy hukuklar baradaky Hartiýasy

*(Ýewropa Parlamentiniň Prezidentleri tarapyndan, Ýewropa Geňeşiniň Maslahatynda hem-de Komissiýasynda 2000-nji ýylyň dekabr aýynyň 7-ne gol çekildi we yglan edildi)*

---

### Bap VI: Adalat

#### 47-Madda: Netijeli kazyýet goragy we adyl kazyýet baradaky hukuk

[...]

Ähli adamlar laýyk wagtyň içinde kanun tarapyndan bellenilen doly ygtyýarly, garaşsyz, adyl we jemagat üçin açyk tertipde işine seredilmegine hukuklydyr. Her bir adamyň maslahat almagyna, goralmagyna we bähbitlerine wekilçilik edilmegine mümkinçiligi bolmalydyr.

## 7. Aziýa-Ýuwaş Umman

### LAWASIA sebitinde kazyýet ulgamynyň garaşsyzlyk Ýörelgeleri baradaky Pekin Beýannamasy

*(LAWASIA sebitiň baş kazylary we Aziýa hem Ýuwaş Umman ýurtlarynyň beýleki kazylary tarapyndan, 1955-nji ýylda kabul edildi, hem-de LAWASIA Geňeşi tarapyndan 2001-nji ýylda kabul edildi)*

---

**Kazyýet garaşsyzlygy**

1. Her bir jemgyýetde kazyýet iň ýokary gymmatlyga eýe bolýan ulgamdyr.
2. Adam hukuklary baradaky ählumumy jarnamasynda (10-njy madda) we Raýat we syýasy hukuklar baradaky halkara ylalaşykda (14(1) madda) her bir adamyň doly ygtyýarly, garaşsyz we adyl kazyýet tarapyndan işine adalatly we jemagat üçin açyk seredilmegine hukugy bardygy ykrar edilýär.

   Bu hukugyň ýerine ýetirilmeginde garaşsyz kazyýetçilik örän wajypdyr.
3. Kazyýetçiligiň garaşsyzlygy aşakdakylaryň berjaý edilmegini talap edýär:
   a) Kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygy kazylardan delillere ýüz görmesiz baha bermek bilen, ýagny her bir çeşmeden bolsa-da, göni ýada gytaklaýyn ýollar bilen daşyndan täsiriň edilmezligi bilen öňünde goýulan meseleleri çözmelidir; we

   (b) Kazyýet göni ýada täzeden seretmek usuly bilen ähli kazyýetçilik meselelere seretmäge ygtyýarlydyr.
4. Kazyýetleriň açyk jemgyýetde kanunyň ýokary tutulmagyny berjaý edip, öz maksatlaryna ýetmegi hem-de işlerini dogry ýerine ýetirmegi üçin ýeterlik serişdeler bilen üpjün edilmegi wajypdyr. Bu garaşsyzlygyň Döwlet tarapyndan kepillendirilmegi we Kostitusiýda ýada kanunda berkidilmegi ähmiýetlidir.
5. Kazyýetler hökümetiň beýleki edaralarynyň wezipelerine we işlerine sarpa goýmaga we olary berjaý etmäge borçludyrlar. Hökümetiň beýleki edaralary bolsa Kazyýetleriň wezipelerine we işlerine sarpa goýmaga we olary berjaý etmäge borçludyrlar.
6. Çözgüt kabul etmekde kazyýetiň iýerarhiýa gurluşy we dereje ýada wezipe tapawutlylyklary kazynyň ýekelikde ýada kazylaryň toparlaýyn işläp, 3(a) maddasyna laýyklykda çözgüt çykarmak bilen bagly ygtyýarlygyny berjaý etmek borjuna goşulmaly däldir. Kazyýetçilik hem, öz gezeginde, ýekelikde ýada toparlaýyn, öz wezipelerini Konstitusiýa we kanuna laýyklykda berjaý etmelidir.
7. Kazylar ähli işlerinde we hereketlerinde Kazyýetçiligiň dogruçyllygyny we garaşsyzlygyny saklamalydyr, kanuny bozmaly däldir hem-de kanuny bozýan usulda hereket etmeli däldir.

8. Kazyýetiň agzalary hökmünde, öz wezipelerine laýyklykda, kazylar, beýleki raýatlar ýaly, öz pikirini beýan etmek, dine ynanmak, birleşmek we ýygnanmak azatlyklaryndan peýdalanýarlar.

9. Kazylar degişli kanunyň çäklerinde öz bähbitlerini goraýan, hünär boýunça okuw taýýarlygyny dowam edýän, hem-de öz garaşsyzlygyny goramak üçin gerekli hereketleri etmek üçin kazylaryň birleşmelerini gurnamaga we bar bolan birleşmelere gatnaşmaga hukuklydyr.

**Kazyýetiň wezipeleri**

10. Kazylaryň wezipeleri we işleri aşakdakylardan ybaratdyr:

    (a) kanunyň ýokary tutulmagy bile ähli adamlaryň howpsyz ýaşamaklaryny üpjün etmek;

    (b) kazyýet wezipeleriniň degişli çäklerinde adam hukuklarynyň berjaý edilmegini gazanmak we öňe sürmek; hem-de

    (c) ýüz görmezlik bilen adamlaryň arasynda hem-de adamlar bilen döwletiň arasynda kanuny berjaý etmek.

**Kazylaryň işe bellenilşi**

11. Kazyýetiň wezipelerini we işlerini ýerine ýetirmegi üçin, kazylar öz görkezen başarnyklary, halallygy we garaşsyzlygy esasynda saýlanylmalydyr.

12. Kazylary işe bellemeklik düzgünleri kazyýetde işlemäge mynasyp dalaşgärleri saýlap alynmagy nukdaýnazardan düzülmelidir. Bu düzgünler saýlamak işine bikanun goşulmaklygyň bolmazlygyny, hem-de diňe kärini bilýän, ahlakly we garaşsyz adamlaryň işe bellenilmegini kepillendirmelidir.

13. Kazylary saýlamakda şol ýurduň milli raýaty bolmagy kemsidiji hasaplanmaýan ýagdaýlardan beýleki halatlarda şahsyýete garşy onuň jynsy, teniniň reňki, aýal-erkekligi, syýasy ýada beýleki garaýyşlary, milli we sosial gelip çykyşy, maşgala ýagdaýy, jynsy gatnaşyklarynyň ugry, emläk ýagdaýy, dogulyşy ýada statusy boýunça kemsidilmä ýol berilmeli däldir.

14. Kanunçylyk käriniň gurluşy hem-de kanunçylykda kazylary saýlamagyň çeşmeleri dürli jemgyýetlerde tapawutlanýarlar. Käbir jemgyýetlerde kazy aýratyn kär diýlip hasaplanylýar, we beýleki jemgyýetlerde kazylar tejribesi bolan kanunçylaryň arasyndan saýlanylýar. Şonuň üçin dürli jemgyýetlerde kazylary işe bellemegiň dürli düzgünleri we kepillikleri kabul edilip bilner.

15. Käbir jemgyýetlerde kazylaryň Kazyýetçilik Hyzmatlarynyň Komissiýasynyň razyçylygy bilen ýada onuň maslahaty boýunça işe bellenilmegi, şol saýlanan kazylaryň işe mynasypdygyny kepillendirýän diýip hasaplanylýar. Kazyýetçilik Hyzmatlarynyň Komissiýasy hereket edýän jemgyýetlerde bu gurama kazyýet başarnyklaryny, halallygyny we garaşsyzlygyny kepillendirmek üçin, onuň düzüminde ýokary kazyýetçiligiň we garaşsyz aklawçylyk käriniň wekilleri hem bolmalydyr.

16. Kazyýetçilik Hyzmatlarynyň Komissiýasynyň bolmadyk halatlarynda, kazylary işe bellemek düzgünleri anyk we resmi taýdan kesgitlenilmelidir, hem-de bu düzgünler baradaky habar jemgyýet üçin açyk bolmalydyr.
17. Kazylaryň hünär boýunça ýokary wezipä çekilmekligi hünäriň bilermenligi, dogruçyllyk, garaşsyzlyk we gazanylan tejribe ýaly faktorlaryň obýektiw kesgitlenilmegine esaslanmalydyr.

**Iş möhleti**

18. Kazylaryň iş möhleti kepillendirilmelidir.
19. Käbir ýurtlarda kazylaryň iş möhletiniň wagtal-wagtal geçirilýän ses berme ýada beýleki resmi düzgünlere tabynlygy ykrar edilýär.
20. Emma, meňzeş ýurisdiksiýasyny amala aşyrýan ähli kazylaryň iş möhleti belli bir ýaşa ýetenlerinde tamanlanmalydygy maslahat berilýär.
21. Kazynyň işleýän wagtynda, onuň iş möhleti, onuň bähbitlerine garşy gelýän usulda üýtgedilmeli däldir.
22. Kazylar diňe işlerini berjaý etmäge başarnyksyzlygy, jenaýat etmişi edendigi, olaryň wezipesiniň abraýy bilen sygyşmaýan hereketleri subut edilen halatynda, işden boşadylmalydyr.
23. Taryhy we medeni tapawutlyklar sebäpli, kazylary işden boşatmak düzgünleri dürli jemgyýetlerde tapawutlanýandygy hemmelere mälimdir. Adatça käbir jemgyýetlerde işden boşatmaklyk parlamentiň düzgünleri boýunça ýerine ýetirilýär. Beýleki jemgyýetlerde bu düzgün ýerlikli däldir, ýagny: ol işden boşatmak baradaky käbir düzgünlere laýyk gelmeýär; ol seýrek ulanylýar ýada ulanylmaýar; we unuň ulanylşy agyr ýagdaýlardan daşary bolanda, bikanun ulanylmagyna eltýär.
24. Parlamentiň düzgünleri boýunça ýa-da ses berme usulyna degişli bolmadyk halatlarynda, kazylary işden boşatmaklyk kazyýet tarapyndan alnyp barylmalydyr.
25. Parlamentiň düzgünleri boýunça ýa-da ses berme düzgünleri kazylary işden boşatmaklyk üçin ýerlikli bolmaýan halatlarynda, hem-de kazyny işden boşatmak üçin çäre görmeklik teklip edilse, onda, resmi işiň degişlidigini kesgitlemek üçin, ilkinji bilen, işden boşatmak üçin berlen delilleriň barlagy geçirilmelidir. Diňe ilkinji barlagyň netijesinde ýeterlikli delilleriň barlygy gözkezilen ýagdaýynda, resmi iş başlanylmalydyr.
26. Islendik ýagdaýda işinden boşadylýan kazynyň adyl kazyýet baradaky hukugynyň berjaý edilmegi hökmandyr.
27. Düzgün-nyzam temmisini bellemeklik, işden wagtlaýynça aýyrmaklyk ýada boşatmaklyk bilen baglanyşykly ähli önümçilik kazyýet tertibiniň bellenen standartlary bilen laýyklykda geçirilmelidir.
28. Düzgün-nyzam ygtyýarlyklary togtatmak, ýada bes etmek baradaky ähli düzgünler kazylaryň özlerini alyp barmakda bellenen standartlaryna laýyklykda

kesgitlenilmelidir. Açyk ýada ýapyk kazyýetde seredilmegine garaman, düzgün-nyzam meselelerine degişli çözgütleriň çykarylşy çap edilmelidir.

29. Belli bir kazynyň agzalygy bolan kazyýetiň işiniň ýatyrylmagy şol kazyny işden boşatmaklygynyň delili ýada sebäbi hökmünde kabul edilmeli däldir. Kazyýetiň ýatyrylan ýada düzümine üýtgeşmeleriň girizilen halatynda kazyýetiň ähli işleýän agzalary şol kazyýete, ýada derejesi we möhleti deň bolan beýleki kazyýete täzeden bellenilmelidir. Iş tapylmadyk kazyýetiň agzalary üçin bolsa işi ýitirenleri sebäpli öwezi doly tölenmelidir.

30. Kazylar ýerine ýetiriji häkimiýet tarapyndan belli bir ygtyýarlykdan ýada wezipeden beýlekä olar bilen ylalaşylman geçirilmeli däldir, emma ýerine ýetiriji häkimiýet tarapyndan umumy düzgün boýunça geçirmeklik meýilleşdirilen halatynda, kazyýet bilen degişli maslahat geçirilenden soň, hiç bir kazy beýle geçirilmekden esassyz boýun gaçyrmaly däldir.

## Kazyýet gullygynyň amala aşyrmagyň şertleri

31. Kazylara ýeterlikli zähmet haky bellenilmelidir we wezipelerine laýyklykda degişli iş şertleri bilen üpjün edilmelidir. Umumy ykdysady özgertmeleriň bölegi hökmünde geçirilen halatlarynda, hem-de degişli kazyýetiň ylalaşygy ýada kazylaryň köpüsiniň ylalaşan halatlaryndan daşary, kazylaryň iş haky we şertleri bellenen iş möhletiň dowamynda olaryň bähbitlerine garşy üýtgedilmeli däldir.

32. Her bir düzgün-nyzam önümçiligine, ýada şikaýat etme hukugyna ýada kanuna laýyklykda döwlet tarapyndan ýitginiň öwezini doldurmak hukugyna, ynanmazlyk edilmän, kazylar öz wezipelerini ýerine ýetiren wagtynda nädogry hereketleriň ýada hereketsizligiň netijesinde maliýe zyýany ýetirmek bilen bagly raýat şikaýatlardan şahsy eldegrilmesizlikden peýdalanmaga hukuklydyrlar.

## Ygtyýarlyklar

33. Kazyýetçilik ulgamy ähli kazyýetçilik önümçilige degişli meseleler boýunça ygtyýarlygy bolmalydyr we onuň garamagyna berilen belli bir meseläniň kanunda bellenilşine görä, onuň ygtyýarlygyna degişliligini kesgitlemäge aýratyn hukugy bolmalydyr.

34. Ýokary kazyýetiň jemgyýetdäki ygtyýarlygy kazyýet agzalary bilen ylalaşylman çäklendirilmeli däldir we kemeldilmeli däldir.

## Kazyýetiň dolandyrylşy

35. Kazylara iş öňümçiligiň berilmegi kazyýetiň dolandyryş meselesidir we degişli kazyýetiň baş ýolbaşçysy gözegçiliginde amala aşyrylýar.

36. Dolandyryş işgärleri işe bellemek, olaryň işine ýolbaşçylyk etmek, goldaw bermek we düzgün-nyzam meselelerine gözegçilik etmek meselelerini içine

alýan kazyýet dolandyryşynyň esasy jogapkärçiligi kazyýetiň özi, ýada kazyýetiň wekilçilik edýän we işjeň gatnaşýan edarasy tarapyndan ýerine ýetirilmelidir.

37. Kazyýetleriň býüjeti, kazyýetçiligiň garaşsyzlygy we dolandyrylşy bilen bagly zerurlyklary nykdaýnazarda tutup, kazyýetler ýada degişli ygtybarly edara tarapyndan, kazyýetçilik bilen hyzmatdaşlykda taýýarlanylmalydyr. Goýberilen maliýe serişdeleriň möçberi kazyýete artykmaç iş agramyny döretmän, öz öňünde goýulan wezipelerini ýerine ýetirmekligi üpjün etmek üçin ýeterlik bolmalydyr.

**Ýerine ýetiriji häkimiýet bilen aragatnaşygy**

38. Kazylaryň işine, olaryň zähmet haklaryna we şertlerine, ýada olaryň serişdelerine täsir edip biljek ýerine ýetiriji häkimiýetler belli bir kaza ýada kazylara garşy gorkuzmak ýada zorluk etmek şekilde ulanylmaly däldirler.

39. Kazylaryň wezipeleriniň amala aşyrmaklygyna täsir edýän, ýada edip biljek sosial ýeňillikler kazylara hödürlenmeli däldir we kazylar tarapyndan kabul edilmeli däldir.

40. Ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary elmydama kazylaryň we olaryň maşgalalarynyň howpsyzlygyny we fiziki goragyny üpjün etmelidir.

**Serişdeler**

41. Kazylaryň wezipelerini ýerine ýetirmekligi üçin ýeterlik serişdeleriň goýberilmegi zerurdyr.

42. Ykdysady çäklendirmeleriň kazylaryň öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin gerekli diýip hasaplanýan serişdeleri ulgama goýberilmegine kynçylyk döredýän halatynda hem, muňa garamazdan, kanunyň ýokary tutulmagynyň hem-de adam hukuklaryny goramaklygyň ýörelgelerini berjaý etmeklik kazyýet ulgamyna maliýe serişdeleriň meýilleşdirmeginde birinji ähmiýetlilik berilmegini talap edýär.

**Adatdan daşary ýagdaýlar**

43. Ilatyň durmuşyny howp astynda goýýan adatdan daşary ýagdaýlar dörände, kazyýet garaşsyzlygy baradaky ýörelgesinden çykmak mümkindir, emma bu çykmaklyk diňe adatdan daşary ýagdaýlar boýunça talap edilýän wagtyň dowamynda we kanun tarapyndan bellenilen şertleriň çäklerinde, hem-de diňe halkara derejesinde kabul edilen standartlaryň talap edýän iň az möçeriniň çäklerinde we kazyýetleriň garamagynda edilmek mümkindir. Bu adatdan daşary ýagdaýlaryň wagtynda raýatlaryň jenaýat işleriň ähli görnüşleri adaty raýat kazyýetlerde seredilmegi hem-de adamlary günälemesiz administratiw tussag edilmegi kazyýet ýada beýleki garaşsyz edara tarapyndan "*habeas corpus*" (bikanun tussag edilmekden gorag hukugy) düzgüni ýada beýleki şuňa meňzeş düzgünler arkaly seredilmegini döwlet tarapyndan üpjün edilmelidir.

44. Harby tribunallaryň ygtyýarlygy diňe harby jenaýatlar bilen çäklendirilmelidir. Bu tribunallaryň çözgütlerini kanuny ygtyýarlygy bolan şikaýatlara seredýän kazyýet tarapyndan täzeden seretmek hukugy hökmany suratda hemişe bolmalydyr.

## 8. Arkalaşyk döwletleriň milletleri

### Parlamentiň ýokary tutulmagy we kazyýetiň garaşsyzlygy baradaky arkalaşygy boýunça Latimer Öýüniň Düzgünnamalary

*(1998-nji ýylyň 19-njy iýunda Arkalaşygyň Parlament Birleşiginiň, Arkalaşygyň Magistratlar we Kazylar birleşiginiň, Arkalaşygyň Aklawçylar birleşiginiň we Arakalaşygyň ýuridik bilimi boýunça birleşiginiň wekilleriniň duşuşygynda kabul edildi)*

---

[...]

### II. Kazyýetiň garaşsyzlygyny saklamak

#### 1. Kazyýet işlerine bellemek

Kazyýetde kazyýet işlerine bellemek barada degişli garaşsyz düzgünleriň bellenilmegi zerurdyr. Garaşsyz düzgünler bolmadyk halatynda, işe bellemek wezipesi (Konstitusiýa ýada statut tarapyndan bellenilen) kazyýet hyzmatlarynyň komissiýasy ýada komissiýanyň maslahaty boýunça degişli ýerine ýetirýän döwlet işgäri tarapyndan amala aşyrylmalydyr.

Işe bellemeklik düzgünleri degişli usulda düzülen we kazyýet hyzmatlarynyň komissiýasynyň wekili bolan halatlaryň barlygyna ýada ýoklugyna garamazdan, kazyýetiň ähli derejelerinde saýlanan adamlaryň pikirini hilini we garaşsyzlygyny kepillendirýän usulda taýýarlanymalydyr.

Kazyýet wezipelerine bellemekligiň ähli derejeleri hünärmenlik derejesine görä esaslanmalydyr we jynsy deňsizligi hem-de beýleki taryhdan gelýän kemsidilme täsirlerini gitdigiçe aýyrmak bilen edilmelidir.

Kazyýet işi adatça hemişelik bolmalydyr; käbir kazyýetlerde şertnama esasynda işe almak zerurlygy sebäpli, şeýle işe bellemeklik ýerlikli iş möhleti bilen kepillendirilmelidir.

Boş duran kazyýet wezipeleri barada bildiriş berilmelidir.

#### 2. Maliýeleşdirme

Kazyýetler öz wezipelerini ýokary derejede berjaý etmek üçin ýeterlikli we durnukly maliýeleşdirme bilen üpjün edilmelidir. Bu maliýe serişdeleri kanunçylyk tarapyndan goldanylandan soň, olaryň döwlet haýyryna yza alynmagyndan we bikanun ulanylmagyndan öňi alynmalydyr. Maliýe serişdeleriň goýberilmegi ýa-da saklanylmagy kazyýet ulgamyna garşy bikanun gözegçilik etmek üçin ulanylmaly däldir

Ýeterlik zähmet haky we bähbitler, kömekçi işgärler, gerekli serişdeler we enjamlar kazyýetiň dogry işlemeginiň esasydyr.

Düzgün hökmünde kazylaryň zähmet haky we bähbitleri garaşsyz edara tarapyndan bellenilmelidir hem-de olaryň gymmatlygy saklanylmalydyr.

### 3. Okuw taýýarlygy

Kazyýet bilimini ýokarlandyrmak medeniýeti ösdürilmelidir. Okuwlar yzygiderli we bellenen tertipde, ýeterlikli derejede maliýeleşdirilýän kazyýet edarasynyň gözegçiliginde gurnalmalydyr.

Kazyýetçilik okuwy hukugy okatmak, kazyýet başarnyklary öwretmek we milletlilik we gender meselelerini içine alýan sosial gurşaw meselelerini içine almalydyr. Okuw maksatnamasy hukukçy bolmadyk hünärmeleriň kömeginden peýdalanmak bilen kazyýet işgärleri tarapyndan gözegçilik edilmelidir.

Ýerlikli okuw jaýlary bolmadyk ýurisdiksiýalarda kazyýetler beýleki kazyýetlerde gurnalýan okuwlara gatnaşmaga mümkinçilik bilen üpjün edilmelidir.

Işleýän kazylara, olaryň hünärmenlik ösüş taýýarlygynyň bir bölegi hökmünde, kazyýet taýýarlyk okuwlary hödür edilmelidir

[...]

## V. Kazyýetiň we Parlamentiň ahlaklylyk kadalary

### 1. Kazyýet ahlaklylygy

(a) Her bir kazyýetçilik tarapyndan kazylaryň hasabatlylygyny berjaý etmek üçin Ahlaklylyk we özüňi alyp barmak kodeksi taýýarlanylmalydyr;

[...]

## VI. Hasabatlylyk Mehanizmleri

### 1. Kazyýetiň hasabatlylygy

(a) Düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekilme :

Eger kazyny işinden boşatmak töwekgelçiligi bar bolan halatynda, onuň özüne garşy goýulýan günäkärleme barada doly habarly bolmagyna, kanuny wekili tarapyndan bähbidiniň goralmagyna, doly goragynyň bolmagyna, hem-de garaşsyz we ýüz görmez kazyýet tarapyndan işine seredilmegine hökmany suratda hukugy bolmalydyr.

Kazyny işden boşatmak sebäpleri aşakdakylar bilen çäklendirilmelidir:

(i) wezipelerini ýerine ýetirmäge ukupsyzlygy we agyr etmişleri üçin;

(ii) beýleki meseleleriň ählisinde önümçilik kazyýetleriň baş kazysy tarapyndan alnyp barylmalydyr;

(iii) Düzgün-nyzam çäreleri kazylary jemgyýetiň öňünde ýazgarmaklygy öziçine almaly däldir. Her bir ýazgarmaklyk hut kazynyň özi bilen aýratynlykda, baş kazy tarapyndan geçirilmelidir.

(b) Jemgyýet tankydy

(i) kazynyň işine berilen delilli jemgyýet tankydy kazyýet hasabatlylygynyň kepilligidir.

(ii) Jenaýat kodeksi we kazyýete sarpa goýmazlyk boýunça amala aşyrylýan önümçilikler kazyýet wezipeleriniň ýerine ýetirilişine bolan delilli tankydy çäklendirmek üçin ulanylmaly däldir.

[...]

## VII. Kazyýete we Parlamente degişli bolmadyk edaralaryň orny

[...];

2. Ýerine ýetiriji häkimiýet köpçülik habar beriş serişdeleriň azatlygyna päsgelçilik bermezden hem-de resmi bildiriş bermek düzgüni bikanun ulanmak ýaly ýaramaz usullaryndan peýdalanmakdan saklanmalydyr.
3. Garaşsyz, guramaçylykly aklawçylyk kanunyň ýokary tutulmagyny goramagyň wajyp özeni bölegidir.
4. Pukara we gurby pes bolan taraplar ýerlikli hukuk kömegi, şol sanda hem, jemgyýetçilik bähbidini goraýan aklawçylar kömegi, bilen üpjün edilmelidirler.
5. Professional hukukçy edaralary pukaralara adalaty mugt ulanmaklary üçin ýardam bermelidir.
6. Ýerine ýetiriji häkimiýet hünärmenlik rugsatnamalaryny bermezlik usuly bilen garaşsyz ýuridik edaranyň işine goşulmakdan saklanmalydyr.

[...]

## Hökümetiň üç şahamçasynyň arasyndaky aragatnaşyklary we hasabatlylygy boýunça Arkalaşygyň Ýörelgeleri

*(Adalat ministrleri tarapyndan ylalaşylan we Arkalaşygyň döwlet ýolbaşçylarynyň duşuşygynda tassyklandy, Abuja, Nigeriýa, 2003 ý.)*

[...]

**I) Hökümetiň üç şahamçasy**

Arkalaşygyň her döwletiniň Parlamentleri, ýerine ýetiriji edaralar we kazyýetler, öz degişli ugurlarynda, kanunyň ýokary tutulmagynyň, adam hukuklarynyň öňe sürülmeginiň we goramagynyňa hem-de halallyk, dogruçyllyk we hasabatlylyk ýaly ýokary standartlara esaslanýan, häkimiýetiň ýerlikli dolandyrmak ýörelgelerini berkitmekligiň kepillikleridir.

**II) Parlament we Kazyýet**

(a) Parlament we kazyýet arasyndaky aragatnaşyklar parlamentiň kanun çykarmak esasy borjyna, bir tarapdan, we kazyýetiň kanuna dogry düşünmek we dogry ulanmak borjuna, beýleki tarapdan, hormat goýmaklygyň esasynda ýöredilmelidir.

(b) Kazyýet we parlament ulgamlary kanunyň ýokary tutulmak barada öz degişli borçlaryny biri birini doldurýan we goldaw berýän usulda ýerine ýetirmelidir.

[...]

**IV) Kazyýetiň garaşsyzlygy**

Garaşsyz, ýüz görmez, halal we bilimli kazyýet kanunyň ýokary tutulmakda, jemgyýet ynamyny döretmekde we adalaty berjaý etmekde aýrylmasyz bölegidir. Kazyýetiň wezipesi milli konstitusiýalara we kanunçylyklara Arkalaşygyň her bir ýurdunyň içerki kanunçylygynyň çäklerinde dogry düşünmek we ulanmakdyr.

Bu maksatlara ýetmek üçin:

(a) Kazyýet işe bellemeklik anyk kesgitlenen talaplara esaslanmalydyr we jemgyýete açyk bolmalydyr. Işe bellemek bilen bagly işler aşakdakylary içine almalydyr:

- Mynasyp dalaşgärleriň deň mümkinçilikleri;
- Iş başarnyklary esasynda bolmagy, we
- Aýal-erkek deňligine we beýleki taryhdan gelýän kemsidiji faktorlara garaman, progressiw düşünjelere esaslanmak zerurlygyna ýeterlikli ünsüň berilmegi;

(b) iş möhletiniň kepilligi we zähmet hakynyň derejelere laýyklykda bellenilmegi;

(c) Kazyýet ulgamynyň garaşsyzlygyna zyýan ýetirip biljek artykmaç agram salynman, onuň netijeli işlemegi üçin ýeterlik serişdeleriň goýberilmelidir;

(d) Ýerine ýetiriji şahamçasy we kazyýetiň arasyndaky aragatnaşyklar bolan ýagdaýlarynda, kazyýetiň garaşsyzlygyna päsgelçilik döredilmeli däldir.

Kazylar diňe işini başarmaýanlyklary ýada ýaramaz hereketleri subut edilen halatlary sebäpli, öz wezipelerini berjaý edip bilmeýänlikleri üçin işden boşadylmalydyr.

Kazyýet önümçiligi kanun ýada jemgyýetiň bähbitleri üçin başgaça talap edilmese, jemgyýete açyk bolmalydyr. Ýokary kazyýetiň çözgütleri çap edilmelidir, jemgyýet üçin açyk bolmalydyr we wagtynda berilmelidir.

Garaşsyz, netijeli we bilermen ýüridik käri kanunyň ýokary tutulmagynyň we kazyýetiň garaşsyzlygynyň özenidir

## V) Jemgyýet wezipeli adamlar

(a) Jemgyýet wezipelerine işiň başarnygy we görkezen halallyk talaplary boýunça bellenmelidir.

(b) (a) punktynda bellenen talaplara tabynlykda wezipeli adamlar işe bellenilede, mümkin we ýerlikli boldugyça, aýal-erkek deňeçerligi, millete, sosial we dini toparlara degişliligi, hem-de sebitleýin deňagramlylygy nukdaýnazaryndan jemgyýetiň düzümi nazarda tutmalydyr.

## VI) Ahlakly ýolbaşçylyk

Ministrler, Parlamentiň agzalary, kazyýet işgärleri we wezipeli adamlar öz ygtyýaryna degişli özüňi dogry alyp barmak baradaky kadalary taýýarlamaga, kabul etmäge we wagtly-wagtynda seredip täzelemäge borçludyr. Bu kadalar hakyky we bähbitleriň çaknyşygy meselesine, aýdyňlygy, hasabatlylygy we jemgyýetiň ynamyny güýçlendirmek nukdaýnazaryndan taýýarlanylmalydyr.

## VII) Hasabatlylyk mehanizmleri

[...]

(b) Kazyýetiň hasabatlylygy

Kazylar Konstitusiýanyň we kanunyň öňünde, olary hökmany suratda halallyk, ahlaklyk bilen, we garaşsyz berjaý etmäge hasabatlydyr. Kazyýetiň hasabatlylyk we garaşsyzlyk baradaky ýörelgeleri jogapkärçilikli hökümetiň esaslarynyň üç söýelgeleriniň biri hökmünde kazyýetçilige bolan jemgyýetiň ynamyny hem-de kazyýetiň ähmiýetini goldaýandyr.

Kazyýet garaşsyzlygy baradaky ýörelgäni goldamak üçin hökmany bolan, kazylaryň iş başarnyksyzlygy we ýaramaz hereketi sebäpli işinden boşatmak boýunça degişli düzgünleri üpjün etmekden daşary, düzgün-nyzam düzgünleriň her birisi adyl we obýektiw berjaý edilmelidir. Kazyýet işgärini işden boşatmaklyga eltýän düzgün-nyzam önümçiligi adyllygy kepillendirýän düzgünleri içine almalydyr.

Jenaýat kodeksi we kazyýete sarpa goýmazlyk boýunça amala aşyrylýan düzgünler kazyýet wezipeleriniň ýerine ýetirilşine bolan delilli tankydy çäklendirmek üçin ulanylmaly däldir.

(c) Kazyýet gözegçiligi

Öňdebaryjy demokratik ýörelgeleri, çykarylan çözgütleriň Konstitusiýa, degişli düzgünnamalara we beýleki kanunlara, şol sanda hem, adaty adalatyň ýörelgelerine, laýyk gelmegini üpjün etmek üçin, hökümetiň hereketleriniň kazyýetiň gözegçilik etmegi üçin açyk bolmagyny talap edýär.

[...]

# 9. Halkara gumanitar kanuny

## 1949-njy ýyldaky dört Ženewa Konwensiýalaryna degişli 3-nji madda

Şertnama gatnaşýan ýokary taraplaryň biriniň teritoriýasynda halkara bolmadyk ýaragly söweşiň bolan halatynda, söweşýan her Tarap azyndan aşakdaky düzgünleri berjaý etmäge borçly edilmelidir:

1. Harby hereketlere gatnaşmaýan adamlara, şol sanda hem, kesel, ýaralanma, tussag edilme, we beýleki sebäplere görä ýaragly söweşden çykan we ýaraglaryny tabşyran ýaragly güýçleriň agzalaryna we beýleki adamlara, olaryň jynsy, teniniň reňki, dini we ynanç garaýyşlary, gelip çykyşy we emläk ýagdaýy hem-de beýleki şuňa meňzeş häsiýetleri boýunça hiç hili duşmanlyk edilmän, adama mahsus şekilde seredilmelidir.

   Şol maksat bilen, ýokarda agzalan adamlara garşy aşakdaky hereketler islendik wagt we islendik ýerde kim tarapyndan edilenine garamazdan gadagan edilmelidir, ýagny:

   [...]

   (d) ösen halklar tarapyndan aýrylmasyz diýlip ykrar edilen ähli kazyýet kepillikleri ýerine ýetirýän adaty düzülen kazyýet tarapyndan deslapky çözgütleri çykarylmadan günälemek we jezalandyrmak.

## 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýasyna goşmaça we Halkara bolmadyk ýaragly söweşde ejir çeken adamlaryň goragy barada Resminama (I Resminama)

### 75-Madda. Esasy kepillikler

[...]

4. Ýüz görmez we adaty tertipde döredilen, umumy ykrar edilen adaty kazyýet önümçiligine degişli ýörelgelerini berjaý edýän, adaty kazyýet tarapyndan çykarylan çözgüt bolmasa, ýaragly söweşde günäsi subutlanan adama hiç bir höküm çykarylyp we ýerine ýetirilip bilinmez.

[...]

## 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýasyna goşmaça we Halkara bolmadyk ýaragly söweşde ejir çeken adamlaryň goragy barada Resminama (II Resminama)

### 6-Madda. Jenaýat önümçiligi

1. Bu madda ýaragly söweşler bilen bagly degişli jenaýat işleriň önümçiligine we jezalandyrylmak halatlaryna degişlidir.
2. Garaşsyzlygyň we ýüz görmezligiň esasynda kepillikleri üpjün edilen kazyýet tarapyndan hökümi çykarylyp yglan edilmese, günäsi subutlanan adama hiç bir höküm çykarylyp we ýerine ýetirilip bilinmez.

# KHK Komissiýasynyň agzalary

2016-njy ýylyň oktýabr aýy (täzelenen sanawy üçin www.icj.org/commission/salgyny barlaň)

## Prezident

Prof.  Ser Naýjel Rodli, Birleşen Patyşalyk

## Wise-Prezidentler

Prof. Robert Goldman, Amerikanyň Birleșen Ștatlary
Kazy Michel Riwe, Kanada

## Ýerine ýetiriji komiteti

Prof. Karlos Aýala, Wenesuela
Kazy Ažhar Kaçaliýa, Günorta Afrika
Kazy Radmila Diçij, Serbiýa
Prof. Jenni E. Goldșmidt, Niderland Patyşalygy
Hanym Imrana Jalal, Fiji
Hanym Hina Jilani, Päkistan
Jenap Belisario dos Santos Junior, Braziliýa

## Ýerine ýetiriji komitetiň kömekçileri

Prof. Endrýu Klephem, Birleşen Patyşalyk
Prof. Marko Sassoli, Șweýsariýa
Kazy Stefan Treksel, Șweýsariýa

## Komissiýanyň beýleki agzalary

Prof. Kýon-Wan An, Koreýa Respublikasy
Kazy Adolfo Azkuna, Filippinler
Jenap Muhannad Al-Hassani, Siriýa
Dr. Katarina de Albukerke, Portugaliýa
Jenap Abdelaziz Benzakur, Marokko
Kazy Ian Binni, Kanada
Kazy Ser Nikolas Bratza, Birleşen Patyşalyk
Prof. Migel Karbonel, Meksika
Kazy Mozes Çinhengo, Zimbabwe
Kazy Elizabet Ewatt, Awstraliýa
Jenap Roberto Garreton, Çili
Prof. Mihelo Hansungule, Zambiýa
Hanym Gulnora Işanhanowa, Özbegistan
Jenap Șawan Jabarin, Palestina
Kazy Kaltum Kennou, Tunis
Prof. Dawid Kretsmer, Ysraýyl
Prof. Sezar Landa, Peru
Kazy Ketil Lund, Norwegiýa
Kazy Kwinisile Mabuza, Swazilend
Kazy Hose Antonio Martin Paýýin, Ispaniýa
Kazy Çarlz Mkandawaýr, Malawi
Jenap Katurima M'Inoti, Keniýa
Kazy Ivon Mokgoro, Günorta Afrika
Kazy Sanji Monageng, Botswana
Kazy Tamara Morşçakowa, Orsýet
Hanym Karinna Moskalenko, Orsýet
Kazy Jon Lorens O'Meally, Awstraliýa
Kazy Fatsah Ugerguz, Alžir
Dr. Ýarna Petman, Finlandiýa
Prof. Monika Pinto, Argentina
Prof. Wiktor Rodrigez Resiýa, Kosta-Rika
Kazy Ajit Prakaș Șah, Hindistan
Jenap Raji Surani, Palestina
Kazy Filip Teksýe, Fransiýa
Prof. Rodrigo Uprimny Ýepes, Kolumbiýa

Her ýurduň kazyýet ulgamy adam hukuklaryny goramakda hem-de kanunyň ýokary tutulmagyny berjaý etmekde merkezi orun tutýandyr. Kazylar, aklawçylar we prokurorlar adam hukuklary bozulan pidalary goramakda, hem-de günäkär adamlary jogapkärçilige çekmekde esasy orun tutýandyr. Ylaýtada, olar adamyň adyl kazyýet baradaky hukugynyň berjaý edilmegini kepillendirýärler. Kazyýet gullugy halkara adam hukuklary hem-de kanunyň ýokary tutulmagy baradaky ýörelgeleriniň ýerine ýetiriji we kanunçylyk häkimiýetler tarapyndan berjaý edilmegini kepillendirýärler.

Bu gollanmanyň maksady amaly hukuçylar we karar çykarýan wezipeli adamlar üçin kazyýet düzgüniniň garaşsyzlygy baradaky milli standartlarynyň doly we amaly salgylanmalary bilen üpjün etmekden ybaratdyr. Bu gollanmanyň birinji bölümi kanunçylygyň seljerişini geçirýär hem-de halkara tejribesinden aýratyn mysallary hödürleýär. Bunuň bilen bilelikde, bu gollanmada garaşsyz hukukçy hünäriniň we adalatly hem-de obýektiw iş dolandyryjy guramasynyň orny barada maglumat berilýär. Ikinji bölümi bolsa düşündirişi aňsat tapmak üçin belli bir mowzukdan ähli degişli global we sebitleýin standartlaryny içine alýar.



International Commission of Jurists
P.O. Box 91
33 Rue des Bains
CH-1211 Geneva 8
Switzerland

ISBN 978-92-9037-245-5